JON BIWER

IŇ KÖP SATYLÝAN KITAPLARYŇ AWTORY

# HUDAÝDAN GORKMAK

HUDAÝDAN SAGDYN GORKY ARKALY DURMUŞYŇYZY ÜÝTGETMEGIŇ AJAÝYP USULY

Gadyrly dost!

Titremek – bu gorky we täsin galma bilen garylan sylaşykly hormat duýgusy hökmünde suratlandyrylýar.

Hudaýyň öňündäki sagdyn, hormat goýýan, mukaddes gorkyny her bir gullukçy gözlemelidir, sebäbi dogrudanam Hudaýdan gorkmak Hudaýyň her bir wadasynyň esasynda ýerleşýär.

Bu gorkynyň bähbidi beýikdir, muňa çuňňur paýhas, Hudaý bilen ýakynlyk, uzak ömür, abraý, howpsuzlyk we dowamly miras gurmak ýaly köp zatlar degişlidir. Mukaddes Ýazgyda Hudaýyň Özüne gulak asmak we hakykat arkaly tutanýerli ýetmäge çalyşýan adama nähili ýakynlaşýandygy hakda aýdyň beýan edilýär. Isa bu ýagşy gylygy hemme zatdan ýokary hasaplady – biz hem şunuň ýaly akylly hereket ederis.

Men sizi nadan içgysgynç mesihi dinindäki durmuşy başga gorkulardan we aladalardan mahrum edilen, ýagny Hudaý bilen ýakyn, uzak dowamly, ähmiýetli, netijeli we çuň manyly gatnaşyklara çalyşmaga çagyrýaryn.

Mesihdäki doganyňyz,



Jon
JohnBevere@ymail.com

MessengerX

Messenger
INTERNATIONAL

# HUDAÝDAN GORKMAK

## HUDAÝDAN SAGDYN GORKY ARKALY DURMUŞYŇYZY ÜÝTGETMEGIŇ AJAÝYP USULY

**JON BIWER**

**The Awe of God,** Turkmen, by John Bevere
© 2024 Messenger International
MessengerInternational.org
Originally published in English as The Awe of God
ISBN 978-1-400-33670-8

Author photo © Meshalli Mitchell
Additional resources in Turkmen by John and Lisa Bevere
are available for free download and video streaming at
**MessengerX.com** and on the **MessengerX** App
To contact the Author: JohnBevere@ymail.com

This book is a gift from Messenger International and is NOT FOR SALE

**Hudaýdan gorkmak,** Türkmen dilinde, awtory Jon Biwer
© 2024 Messenger International
MessengerInternational.org
Asyl nusgasy iňlis dilinde The Awe of God ady bilen neşir edildi.
ISBN: 978–1–400–33670–8

Suratyň awtory © Meşalli Mitçell
Jon bilen Liza Biweriň türkmen dilindäki goşmaça resurslary mugt indermek we
wideolary görmek üçin **MessengerX.com** saýtyna we **MessengerX** App-e giriň.
Habarlaşmak üçin: JohnBevere@ymail.com

Bu kitap Messenjer Internesenldan sowgat we SATUWA DEGIŞLI DÄL

Ýüklemek App Store

Almak Google Play

App Store Apple Inc-iň söwda belgisi bolup, ABŞ-da we beýleki ýutrlarda hasaba alnandyr.
Google Play we Google Play logotipi Google LLC-iň söwda belgisidir.

*Meniň ajaýyp aýalym, iň gowy dostum we gymmatly söýgim*
*Liza Biwere bagyşlanýar.*

«Rebden gorkýan aýal taryplanýandyr».
Süleýmanyň pähimleri 31:30

*Men bu kitaby biziň är-aýallyk durmuşymyzyň kyrk ýyllygyna bagyşlap ýazdym. Seniň bilen geçýän her bir ýyl diňe gowulaşýar, şonuň üçin, eger maňa ýene bir mümkinçilik berseler, onda men oýlanyp durman saňa öýlenerdim. Seniň meniň ýüregime berýän şatlygyňy hem guwanjyňy wasp etmäge söz ýetmeýär. Eger seniň söýgiň hem goldawyň bolmadyk bolsa, onda men şu günki ýeten derejäme ýetmezdim. Sen pähimli, ajaýyp, güýçli, batyr hem özüne çekiji zenansyň.*
*Men seni ebedi söýýärin.*

# SÖZBAŞY

*Bu kitaba nädip syýahat etmeli* ..... IX

*Giriş* ..... XIII

## 1-NJI HEPDE. GUDRATYGÜÝÇLI HUDAÝ

1. Hudaýyň hazynasy ..... 3
2. Gapma-garşy gorkular ..... 9
3. Hudaýyň öňündäki mukaddes gorky näme? ..... 15
4. Hudaýyň duýlup duran barlygy ..... 21
5. Ýatdan çykmajak agşam ..... 27
6. Hudaýy görmek ..... 33
7. Hudaýyň şöhraty ..... 39

## 2-NJI HEPDE. ÖZ BOLŞY ÝALY AÇYK

8. Siziň gymmatyňyz ..... 47
9. Ölümli netijä duş gelmek ..... 53
10. Hudaý meni unutdy ..... 59
11. Gorky hem titreme ..... 65
12. Ýokuşagan ikiýüzlülik ..... 71
13. Üç keşp ..... 77
14. Ebedi çözgütler ..... 83

## 3-NJI HEPDE. ÝEŇIP BOLMAÝAN MUKADDESLIK


15. Adamdan gorkmak ........ 91
16. Hukuk ........ 97
17. Ýamanlykdan daşlaşyň ........ 103
18. Uzak ömürlik ........ 109
19. Özümizi arassalalyň ........ 115
20. Biziň maksadymyz ........ 121
21. Isleg we güýç ........ 127


## 4-NJI HEPDE. BIZIŇ HUDAÝYŇ SÖZÜNE JOGABYMYZ


22. Hudaýyň Sözüniň öňündäki titreme ........ 135
23. Haýal etmän ........ 141
24. Munuň hiç hili manysy ýok ........ 147
25. Göze görnüp duran hiç hili peýda ýok ........ 153
26. Gowy agyry ........ 159
27. Berjaý boldy ........ 165
28. Ynsaby nädip basyp ýatyrmaly? ........ 171


## 5-NJI HEPDE. HUDAÝ BILEN ÝAKYNLYK


29. Ýakynlygyň başlanýan ýeri ........ 179
30. Ol Isa däl ........ 185
31. Men sizi tanamok ........ 191
32. Rebbiň syry ........ 197
33. Gizlin maglumat ........ 203
34. Ýüzbe-ýüz ........ 209
35. Siz meniň dostlarym ........ 215

## 6-NJY HEPDE. HAZYNANYŇ PEÝDASY

36. Onuň wadalarynyň tassyklamasy .................................................... 223
37. Beýleki gorkulary aýyrýan gorky ..................................................... 229
38. Miras ............................................................................................... 235
39. Iň wajyp zat ..................................................................................... 241
40. Üstünlikli durmuş ............................................................................ 247
41. Jemleýji etap .................................................................................... 253
42. Hazynany almak ............................................................................... 259

*Goşundy. Hudaýyň beýikligine bolan garaýyş* ......................................... 269

# BU KITABA NÄDIP SYÝAHAT ETMELI

Gadyrly okyjy!

Bu ýöne bir nobatdaky habar däl-de, eýsem, oňa ynanan we oňa laýyklykda hereket eden ýagdaýyňyzda, sizi ebedilik özgerdip biljek jan derejesindäki habardyr. Men muňa ynanýaryn, sebäbi bu hakykatlar meniň durmuşymy we başga-da köp sanly adamlaryň durmuşyny üýtgetdi. Her gezek menden – nika, maşgala ýa-da gulluk meselelerinde – maslahat bermegimi haýyş edenlerinde, men derrew bu kitapda ýazylan zatlara ýüzlenýärin.

Bu habaryň ägirt wajyplygy bolany sebäpli, ony size ýetirmek üçin men köp wagtymy Hudaýa doga edip geçirdim. Häzirkizaman durmuşynyň ritmini we pulsuny – grafika we biziň hereket edýän çalt tempimize bolan talaby – hasaba alanymda olara görä bolup, bu hakykatlary kiçiräk göwrümde bermegiň wajypdygyny duýdum. Bu siziň şol gysga tekstler hakda çuň pikirlenip bilmegiňiz üçin zerur.

Ilki seredeniňde bu kitap her gün üçin niýetlenen gysgajyk Mukaddes Kitap oýlanmalarydyr diýip pikir etmegiňiz mümkin, ýöne size dogrusyny aýdýaryn, bu beýle däl. Maňa düşündirmäge rugsat ediň. Mukaddes Kitap oýlanmalary adatça her güne dürli temany teklip edýär, ol temalaryň gysgajyk sistematik temada birikmegi hökman bolmaýar. Bu kitap gysgajyk Mukaddes Kitap oýlanmalaryna meňzeş bolsa-da, her günki temanyň esasynda indiki günüň temasy gurulýar-da, doly derejede çeper eser bolmadyk kitapda tapyp

bolýan zady emele getirýär. Onuň artykmaçlygy ony nähili okamak isleseňiz, şonuň ýaly hem okap bilýändigiňizde jemlenendir. Ony, eger isleseňiz, bir ýa-da iki günüň içinde anyk okap bolýar, şeýle-de bolsa, men ony alty hepdäniň dowamynda (günde bir bap) ýa-da üç hepdäniň (ertir bilen bir bap we agşam bir bap) içinde okamagy tutanýerlilik bilen teklip edýärin.

Her babyň ahyryndaky "Muny şahsy kabul ediň" diýen bölümde siz ony okamaklykdan gelýän peýdany artdyrmaga kömek edýän bäş guraly taparsyňyz:

1. **Mukaddes Kitap aýady.** Men Mukaddes Ýazgydan şol gün üçin wajyp bolan aýady getirýärin. Onuň esasy tekstde bolmazlygy mümkin, ýöne ol onuň manysyny güýçlendirýär. Şol parçalary ýat tutmagy tutanýerlilik bilen teklip edýärin.
2. **Many.** Bu şol bapda bellenilen esasy many bolup, onuň wajyplygyny ýetirmek gerekdir. Gaýtalamaklyk onuň netijeliligini güýçlendirer we baba gaýdyp gelip, oňa seredeniňizde, size onuň gysgaça suratlandyrmasyny berer.
3. **Oýlanma.** Bu aňry ýany bilen wajypdyr. Mezmurçy: "Men Seniň buýruklaryň hakda pikire giderin, Seniň ýollaryňa nazar salaryn" (Zebur 118:15) – diýýär. Biz şu wagtky ýagdaýymyza Hudaýyň Sözüni nädip ulanyp boljakdygyny kellämizde aýlaýarys. Şeýle etmek bilen biziň gülläp ösjekdigimiz we üstünlik gazanjakdygymyz ýazylypdyr (Ýeşuwa 1:8, Zebur 1 we 1 Timoteoss 4:15).
4. **Doga-dileg etmek.** Mundan başga-da, şol babyň taglymatyny şöhlelendirýän doga getiriler. Hudaýyň biziň sesimizi eşitmegi we Öz Sözüne laýyklykda özümizi üýtgetmegine Oňa rugsat etmegimiz örän möhümdir.
5. **Toba etmek.** *Ýaşaýşyň we ölümiň* öz aýdan sözümiziň ygtyýaryndadygy ýazylypdyr (Süleýmanyň pähimleri 18:21). Biz Onuň özümiz, ruhumyz, janymyz we tenimiz hakda aýdýan zatlaryny gürlesek, onda Onuň biz hakda aýdanlaryna laýyk bolmaklyga gelýäris, bu durmuşyň dolulygyny duýmanyň synagdan geçen usulydyr.

Hudaýyň Sözüniň hakykatlary siziň ýüregiňize we aňyňyza aralaşar ýaly, men sizi bu kitaby okamaga wagt goýmaklyga ýene çagyrýaryn. Eger siz öňdäki hepdelerde şol hakykatlaryň üstünde her gün oýlansaňyz, onda olar siziň aňyňyza ýetip, durmuşyňyzda kök urar. Bu ýöne bir maglumat däl-de, Hudaýymyza golaý bolmanyň ýoludyr. Men, şeýle hem, baplary okap, el astynda gündelik goýup, "Muny şahsy kabul ediň" bölüminde bäş

bölümiň her birini geçmegi teklip edýärin. Soňrak oňa gaýdyp geleniňizde, Mukaddes Ruhuň öz aňyňyza nämäni açandygyny ýada salyp bileriňiz ýaly, öz pikirleriňizi we dogalaryňyzy gündelige ýazyň.

Goşmaça teklipler: birinjiden, smartfonuň ýa-da goşar sagadynyň kömegi bilen baby okamaga, “Muny şahsy kabul ediň” bölümini we gündelikde işlemäge näçe wagtyň özüňize gerek boljakdygyny belläň. Howlukmaň, bu ýaryş däl. Wagty bellemeklik birnäçe baby okanyňyzdan soň, ortaça wagtyňyza esaslanyp, indiki baplary akyldarlyk bilen meýilleşdirip bilmegiňiz üçin gerek.

Ikinjiden, endik edinmäge çalşyň we bu kitap bilen işleşmäge goýlan wagtyňyzda bir zadyň ünsüňizi çekmegine ýol bermäň. Bu kitaby okan wagtyňyzda Hudaýyň maňa soňky kyrk ýylyň dowamynda beren sylaglarynyň hemmesini size-de bermegi üçin umyt bilen doga edýärin.

Üçünjiden, bu habary öwretmegim ýa-da ony dostlarym bilen bile öwrenenimde hemişe has köp netije berýär. Ýakyn dostlaryňyzyň birnäçesini saýlaň-da, olar bilen bile işläň. Özüňiz we Mukaddes Ruh bilen bir baby özbaşdak öwreneniňizden soň, Onuň özüňize näme görkezenini paýlaşmak üçin dostlaryňyz bilen ýygnanyşyň. Muny yzygiderli ediň.

“Hudaýyň öňündäki titreme” temasyna syýahat edeniňizde Hudaý bilen ýakynlykda ösmegiňiz üçin doga edýärin. Siziň derrew kitabyň birinji baby bilen tanşyp başlaman girişi okamagyňyz zerurdyr, sebäbi giriş siziň ýüregiňizi ara alyp maslahatlaşmaklyga açýar. Ony okap gutaranyňyzdan soň, Hudaýyň öňündäki mukaddes gorkynyň kömegi bilen imanyňyzyň berkeýşi we durmuşyňyzyň üýtgeýşi baradaky taryhy eşidenime şat bolaryn.

Siziň päk ýürekliňiz,<br>
Jon Biwer.

Ýene ýatladýaryn, girişi sypdyrmaň! Onuň ýüregiňizde ot ýakmagy we siziň hem, mukaddes titremeden dolup, gönüden-göni bu habara siňmegiňiz üçin Hudaýa doga edýärin.

# GIRIŞ

Gorky. Adamlar köp ýyllaryň dowamynda ondan saplanmaga dyrjaşdylar. Olar derňewler geçirdiler, oňa garşy göreşdiler we onuň biziň durmuşymyza edýän täsirini aýyrmak üçin kampaniýalar guradylar. Hatda prezident Franklin D. Ruzweltiň meşhur sözleri-de oňa ünsi çekýär: “Biziň gorkmaly bolan ýeke-täk zadymyz – bu gorkynyň özüdir”. Gorkyny ýeňip geçmegiň usulyny tapmagymyzyň gerekdigi, hut şu maksat bilen, ýörite özüňe kömek etmek boýunça ýazylan kitaplaryň müňlerçesini bolmasa-da, ýüzlerçesini tapyp bilýändigimizi platformalaryň hemmesiniň üstlerindäki sesler gygyryp aýdýarlar. 1980-nji ýyllaryň ahyrlaryndan başlap, adamlar hemme ýerlerde batyrlyk bilen “Gorky ýok” diýip ýazylan hatly geýimleri geýýärler. Durmuşymyzdaky islendik gorkyny aýyrmak islegimizde biz boýun egmeýän ýaly.

Bu mukaddes uruş esasly, paýhasly we asylly ýaly bolup görünýär, ýöne onuň ulgamlarynyň köpüsinde bu hakykatdan hem şeýle bolýan bolsa-da, hakykat *gorkularyň hemmesiniň erbet däldiginde* jemlenendir. Bu aýrylmazak pikir gorkularyň hemmesini “zyýanly” atly uly bir derejede birikdirýändigimiz sebäpli peýda bolýar diýip pikir edýärin. Ýöne bu çaklama hakykatdanam dogrumy?

Birinjiden, esasly ýaly bolup görünýän bolsa-da, *weýran ediji* gorkynyň gürrüňsiz bardygyny boýun almagymyz gerek. Eger bar pulumyzy we bar emlägimizi ýitirmekden gorkýan bolsak, onda biz aňymyzy şol zatlara aldyrandyrys, şonuň üçin öz pulumyza hem emlägimize sežde edýän gaty gysganç hem harsydünýä adama öwrülip bileris. Eger adamymyzy ýa-da aýalymyzy ýitirmekden gorkýan bolsak, onda oňa gaty berk ýapyşyp, onuň edýän her bir zadyna şübhe bilen seredip başlarys. Bu ýagdaýlaryň ikisinde-de beýle zatlar inkär edilmä alyp barar we munuň netijesinde

gatnaşyklara zyýan ýeter. Eger içimiziň çuň ýerinde bir zady sypdyrmakdan gorky bar bolsa, onda bu bizi täze duýgulary we täze syzgyrlygy gözlemäge mejbur edip biler, ýöne ol muny wepalylyk bilen bile gelýän sagdyn gatnaşygyň, berk aragatnaşyklaryň we ajaýyp asudalygyň hasabyna edýär. Eger çagalarymyzyň howpsuzlygyndan gorkýan bolsak, onda olaryň ulalmaklaryna päsgel berip, olara basyş ederis ýa-da olaryň biderek sarp edijilikli häsiýetini goldarys. Bu sanaw gutarmaýana meňzeýär.

Başga bir tarapdan, *položitel* gorkular bize pähimli pikirlenmäge mümkinçilik berýär. Iki müň metrlik ýokarlykdaky gaýadan ýykylmakdan gorkmaklyk bize typmagyň mümkin bolan ýere golaý barmazlyga akyldarlyk berýär. Goňras aýynyň penjesine düşmekden gorkmaklyk aýy çagalary bolan ene aýyda howp döretmeli däldigimize pähim berýär. Üçünji derejeli ýanygy almakdan gorkmaklyk, howurly pejiň içindäki protiweni alanymyzda elimize ýörite ellik geýmeklige paýhas berýär.

Şeýle-de bolsa, položitel gorky, peýdasynyň bardygyna garamazdan, ýoýulyp, biziň durmuşymyzy erbetleşdirmäge başlap biler. Aşak gaçmakdan erk edip bolmajak derejede gorkmaklyk bizi uçarda syýahat etmekden saklar, şeýle etmek bilen bizi ýere gondurar. Aýynyň penjesine düşmekden aşa gorkmaklyk bizi tokaýa gezelenç etme lezzetinden mahrum eder, bir ýerimizi ýakmakdan gorkmaklyk bolsa, bizde howurly peji işledip, süýjüje öý kökesini bişirmekden gorkma endigini döredip biler.

Biziň bermeli hakyky soragymyz şudur: *biz hemme zatdan beter nämeden gorkýarys*? Bu weýran ediji gorkudan nädip saklanmalydygynda ýa-da položitel gorkularyň hötdesinden nädip gelmelidiginde ünsi jemlemekden has wajypdyr. Bu paýhasly soragdyr, şonuň üçin, eger oňa bolmalysy ýaly jogap bersek, onda ol beýleki gorkularyň hemmesini ikinji orna süýşürip – häzir bolşy ýaly, bakyýetde hem – durmuşymyzyň hilini ýokarlandyrar. Ol gowy hem doly derejesindäki durmuşa tarap barýan ýoly şöhlelendirer. Mukaddes Kitapda gorky barada köp gürrüň edilýär, ondan çykýan esasy netije şeýledir: "Rebden gorkmaklyk bilimiň başlangyjydyr" (Süleýmanyň pähimleri 1:7). Bu ýöne bir akyldarlyk däl-de, başlamak üçin hem gowy ýerdir.

Şeýlelikde, pikirleniň: eger dogry gönükdirilen gorky dogry zat bolsa, onda bu *gowy işmi*? Eger Hudaýdan gorkmaklyk Onuň bilen hakyky gatnaşyklara barýan täsin ýol bolsa näme? Eger hut şu mukaddes gorky Mesihiň yzyna eýerijileriň ýüzýyllyklaryň dowamynda alyp gelýän doly derejesindäki durmuşyny bize açýan bolsa näme? Hut şu gorky bizi

beýleki gorkularyň hemmesinden – öz telekeçiligiňi başlama gorkusyndan, döwletiň edýän zatlaryndan gorkmakdan, çagalaryňyza bir zat bolmagyndan gorkmakdan, was-wasy adamyň ejir çekýän gorkusyndan, ruhy keselleri ýa-da depressiýany döredýän gorkudan (sanawy näçe uzaltsaň uzaldybermeli) saplaýan gorky bolsa näme?

Syýahatymyza başlamazymyzdan öňürti hakykatyň dört tassyklamasyny getirmäge maňa rugsat ediň.

1. Biz adam, şonuň üçin gorky duýýarys.
2. Hudaýdan gorkmaklyk ýa-da Onuň öňündäki titreme köpleriň göz öňüne getirişinden has çuňdur, ajaýypdyr hem mukaddesdir.
3. Hudaýdan gorkmaklyk weýran ediji gorkularyň hemmesini ýuwudýar.
4. Hudaýdan gorkmaklyk – gowy zatlaryň hemmesiniň başlangyjydyr.

Käbir adamlaryň bize Mukaddes Kitabyň 365 gezek “gorkma” diýýänini, şonuň üçin köp mesihileriň “Hudaý biziň gorkmagymyzy islemeýär” diýen netijä gelýänini ýatlatmaga haklary bardyr. Ýöne bu gorkular *weýran ediji* gorka degişlidir. Mundan başga-da men bizi “Hudaýdan gormaklyga” çagyrýan Mukaddes Kitapdan 200 töweregi aýady mysal getirip bilýärin. Ine, näme has gynandyrýar: durmuşymyzdaky islendik gorkyny (şol sanda Hudaýdan gorkmagyň gowy işlerini-de) köki bilen aýyrjak bolup dyrjaşmamyz we synanyşygymyz, ýagny imanymyzyň şu ulgamy öwrenilmän, bilinmän galýar we peýda getirmeýär.

Rebden gorkmaklyk has şöhratlysydyr, ol biziň pikir edişimizden-de köp titreme, hatda şatlyk hem berýär. Mundan soň men dogry gönükdirilen gorkynyň – has takygy, Hudaýdan gorkmanyň gowy işiniň – siziň şu wagta çenli pikir eden zatlaryňyzyň hemmesinden-de ýokary bolan durmuşa tarap ýoly açýandygyny görkezmek isleýärin. Diňe şonda biz durmuşyň bize getirjek zarlarynyň hemmesine batyrlyk bilen jogap bermäge ukyply bolup bileris. Çarlz Sperjeniň sözleri bilen aýtsak: “Hudaýdan gorkmaklyk – bu beýleki islendik gorkynyň ölümidir, ol edil güýçli ýolbars kimin bolup, beýleki gorkularyň hemmesini kowýar”[1].

Bu kitaby okap, şol gowy işe doly aralaşarsyňyz, ýasama dindarlygyňyzy aýrarsyňyz we ýagşylygyň aýagyňyzy berk toprakda goýýandygyny özüňiz üçin açarsyňyz diýip umyt edýärin. Hawa, ýamanlykdan gorkmaň, Rebbiň öňündäki ýagşylyk gorkusyna nädogry düşünmäniň öz durmuşyňyzy haýran

galdyryjy ajaýyp zada öwrülmäge mejbur edýändigine göz ýetiriň.

Geliň, Hudaýymyzyň näderejede gudratygüýçlüdigini, Onuň takwa gorkyny berýändigini öwrenip başlalyň.

Biz öz derňewimizi “Hudaýyň öňündäki titreme” diýip atlandyrýarys!

## GUDRATYGÜÝÇLI

# HUDAÝ

**1-NJI HEPDE**

Rebden gorkmaklyk –
bu Onuň... diňe söýenlerine
beren hazynasydyr,
gymmat daşydyr.

– JON BUNÝAN

# 1| HUDAÝÝŇ HAZYNASY

Size öz tebigaty boýunça bütin durmuşyň açary bolup durýan bir gizlin ýagşylyk hakda gürrüň berseler näme bolardy? Ol siziň ýaşaýşyňyzyň maksadyny açýar we Ýaradanyňyzyň barlygyny, goragyny we öňden görmesini özüne çekýär. Bu asylly häsiýetiň köküdir, bagtyň esasydyr we siziň duş gelip biläýjek erbet ýagdaýlaryňyzyň hemmesinde zerur bolan üýtgeşmeleriň girewidir. Şol ýagşylyga berk eýe bolmaklyk siziň ömrüňizi uzaldyp, size tut ýaly saglyk sowgat berip, üstünlik hem howpsuzlyk bilen üpjün edip, ýetmezçiligiňizi aradan aýryp we mynasyp miras kepil geçip bilýär.

Juda ertekidäki ýaly eşidilýärmi? Belki, siz eliňize çeper proza mazmunly kitap düşendir diýip pikir edensiňiz? Bu beýle däl. Size dogrusyny aýdýaryn, men doly hakykaty aýtdym.

Şunuň ýaly hakykylyga duş gelen adamlaryň köpüsiniň ýaňsyly ýylgyryp, şobada garşy çykyp: “Munuň ýaly ýagşylyk bolmaýar!” – diýmegi mümkin. Ýöne ýokarda getirilen her bir wadany ýer ýüzünde ýaşap geçen adamlaryň iň pähimlisi ýazdy, üstesine-de ol ony Ýaradyjymyzyň ruhlandyrmasy bilen ýazdy – Onuň sözleri bolsa, ýalňyş bolmaýar!

Şeýle-de bolsa, Süleýman ýerdäki durmuşyndan gitmezinden öň öz ýazan bagtyýarlyklaryndan daşlaşdy, sebäbi onuň ýüregi öz akyldarlygynyň Çeşmesini terk etdi, şeýdip, ol kem-kemden dogry durmuş ýolundan çykdy.

Onuň taryhyny gysgajyk beýan etmäge maňa rugsat ediň. Süleýman çagalykdan başlap, şol ýagşylygy öwrendi we ony kabul etdi. Ol güýçli asylly häsiýetli we ösen ýiti garaýyşly bolup ulaldy. Ol liderlik endiklerini derrew ele aldy, şeýdibem, soňunda millionlarça adamlaryň hökümdary boldy. Ol Hudaýa tarap öwrüleninden soň ummasyz akyldarlyga eýe boldy,

onuň akyl-paýhasy üçin hiç hili kyn zat bolmady. Ol müňlerçe pähimleri ýazdy we ýüzlerçe aýdymlary düzdi: “Ol Liwandaky kedr agajyndan başlap, diwaryň ýüzünde gögerýän käkilik otuna çenli bolan agaçlardan söz açardy, haýwanlar, guşlar, süýrenijiler we balyklar barada sözlärdi” (1 Patyşalar 4:33).

Bu pähimli adam şeýle bir üstünlige, bagta we şöhrata ýetdi welin, munuň ýaly zada ondan öňki we soňkularyň hijisem ýetmedi. Patyşalar we şa zenanlar, ilçiler we ýokary wezipeli adamlar onuň ýanyna gelmek, onuň pikirlerini eşitmek, onuň töweregindäkileriň ajaýyplygynyň hem agzybirliginiň şaýady bolmak, onuň halkyna berlen beýik güýjüň hem baýlygyň täzelikleriniň täsirini duýmak üçin uzak ýollary sökýärdiler. Ol adamlarda şeýle bir täsirleri galdyrýardy welin, bir şa zenany, onuň ýanyna gelip, ony gözi bilen görýänçä, ol baradaky gürrüňlere ynanmady. Ýöne onuň bilen birazrak wagtyny geçireninden soň ol şeýle diýdi: “Ýurdumda seniň işleriň hakda, seniň parasatyň hakda eşiden sözlerim dogry eken, ýöne men gelip, öz gözlerim bilen görýänçäm, aýdylanlara ynanmadym. Maňa onuň ýarysyny hem aýtmandyrlar. Seniň pähim-paýhasyň, rowaçlygyň meniň eşidişimden has artyk eken. Seniň köşk emeldarlaryň, hyzmatkärleriň nähili bagtly. Olar hemişe seniň huzuryňda bolup, seniň pähim-paýhasyňy eşidýärler” (1 Patyşalar 10:7, 8).

Okalan parçadan biz onuň patyşalyk eden döwründe ýaşan adamlaryň bagtly ýaşandyklaryna we öz başlangyçlarynda netijeli bolandyklaryna düşünýäris. Garyplyk ýokdy, onuň patyşalyk eden döwründe her bir maşgalanyň öz öýi hem bagy bolupdyr. Taryh adamlaryň “iýip-içendiklerini we şatlanandyklaryny” habar berýär (1 Patyşalar 4:20). Olar asudalykda hem howpsuzlykda ýaşapdyrlar.

Wagt geçýär, şol pähimli hökümdar ähli ýeten derejeleriniň çeşmesinden kem-kemden daşlaşýar. Ol öz nazarynda akyldar boldy we şol gowulygyň akyldarlygyna üns bermek indi gerek däl diýip hasap etdi. Ol ýoldan çykdy we haýasyz adama öwrüldi. Bu ýalňyşdan diňe onuň özi ejir çekmän, eýsem onuň yzyna eýerdip getirenleri hem ejir çekdiler.

Onuň üçin durmuş manysyz bolup galdy. Ol: “Hemme zat biderek, durşuna biderek, hiç kim ondan hiç hili many tapmaýar” we “Taryh gaýtalanýar, sebäbi Gün astynda hiç hili täze zat ýok” diýen ýaly perwaýsyz sözleri aýdýar. Ol bulardan-da agyr zatlary aýdýar: “Ölen günüň doglan günüňden gowudyr”, “Gyşyk zat gönelmez, ýok zady sanap bolmaz”.

Ol öz durmuşynyň manysyzdygyny suratlandyrýan tutuş bir kitap ýazdy, onuň üçin hemme zat salgym boldy. Bu adam diýseň gysga wagtyň

dowamynda üstünligiň belentliklerinden göwnüçökgünligiň iň aýylganç çuňluklaryna çenli pese düşdi. Häzirki döwürdäki psihologlaryň köpüsi oňa “maniakal-depressiw psihoz” diýip diagnoz goýardylar. Bir adam nädip munuň ýaly soňky derejä düşüp biler?

Onuň taryhynyň umytsyzlygyň çuňluklarynda tamamlanmaýandygy gowy täzelik bolup durýar. Soňunda ol durmuşdaky iň wajyp gowy işe gaýdyp gelýär. Onuň şol gaýgyly kitaby ýazmak üçin näçe aý ýa-da ýyl sarp edendigini biz bilemzok, ýöne kitabyň soňky baby onuň sagalandygyna umyt berýär. Ol her dürli görnüşde ýedi gezek: “Ýaradany ýatda sakla” diýip ýazýar we ony şeýle sözler bilen tamamlaýar:

> “Indi hemme zat eşidileninden soň, şeýle netije çykýar: *Hudaýdan gork* we Onuň buýruklaryny ýerine ýetir, onda adam baradaky hemme zat [onuň ýaradylmagynyň ilkibaşdaky doly maksady, Hudaýyň öňdengörüjiliginiň sebäbi, häsiýetiň köki, her bir bagtyň esasy, ähli erbet ýagdaýlardaky üýtgeşmeler we Gün astyndaky şertler] şunda jemlenendir *we* her bir adam üçin bolan her bir zat [borç] şundadyr” (Wagyz kitaby 12:13, iňlis dilinden terjime).

Beýik baha berilýän gowy iş – bu *Hudaýdan gorkmakdan* başga hiç zadam däldir. Awtor, Süleýman patyşa, munuň manydan doly bolçulykdaky durmuşyň girewidigini aýdýar. Mukaddes Ýazgyda biz: “Rebden *gorkýan* adam kim? Ol saýlamaly ýoluny oňa öwreder” (Zebur 24:12) – diýen setirleri okaýarys. Bu adaty bolmadyk ýoldur, sebäbi, gynansak-da, Süleýman patyşa ýaly adamlar gaýgylanýan wagtlarynda özleriniň akyldarlygy özlerine üstünlik hem bagt getirýär diýip hasap edýärler. Mukaddes gorky Ýaradyjymyzyň – bizi nämäniň güýçlendirýänini, nämäniň mynjyratjagyny bilýän ýeke-täk Biriniň – akyldarlygy bilen biziň aragatnaşygymyzy saklaýar.

Mukaddes gorkynyň wajyplygy beýleki gowy işleriň hemmesinden ýokary bolany üçin Mukaddes Ýazgy ony “Isanyň şatlygy” diýip atlandyrýar (Işaýa 11:3) we ol barada şeýle ajaýyp zatlary aýdýar: “Rebden gorkmaklyk [Hudaýyň] hazynasydyr” (Işaýa 33:6). Birneme säginiň-de pikirleniň: Rebden gorkmaklyk – bu Gudratygüýçli Hudaýyň *şatlygy hem hazynasy*. Geň galaýmaly! Tizara biz bu haýran galdyryjy hakykata has çuň serederis, ýöne ilki Süleýman patyşa gaýdyp baralyň.

Näme üçin men bu habary onuň üstünligi, pese düşmesi we gutarnykly dikelmegi barada oýlanmadan başlaýaryn? Öz gullugymyň ilkinji ýyllarynda bir akyldar lideriň sözleri meniň ünsümi özüne çekdi we meniň bilen

hemişelik galdy. Ol: “Men şeksiz işçi abraýy bolan adamy ýolbaşçylyk wezipesine çekmekden saklanmagy özüme kada edip aldym” – diýdi.

Meniň “Näme üçin?” diýen soragyma ol şeýle jogap berdi: “Men adamyň häsiýeti barada onuň şowsuzlyga bolan garaýşy boýunça has köp bilýärin. Ol jogapkärçiligi aldymy, toba etdimi we şol tejribäniň kömegi bilen ösdümi? Ýa-da ol eden zadyny ýöne bir akladymy we günäni başga biriniň üstüne atdymy? Şowsuzlyklar adamyň jogapkärçiligi almaga ukyplymydygyny görkezýär”. Men düşündim, *bu adamyň akyldarlygy başga zatlardan gymmat hasap edýänmidigini aýdýar*.

Süleýman Mukaddes Ruhuň ruhlandyrmasy arkaly öwreden bolsa-da, mukaddes gorkynyň gymmatyna doly düşünmedi! Şonuň üçin ol şol gorkyny ýitirdi. Ol pese düşmezinden öň mukaddes gorky onuň hazynasy hem şatlygy bolmandy, ol öz maksatlarynyň we hereketleriniň yranmaz köki bolmandy. Süleýman büdräp, öz kalbynda akylsyzlyk duýanyndan we ahyrsoňy dikeleninden soň, şol gorkynyň beýikliginiň möçberine has doly akyl ýetirdi.

Resul Pawlus şeýle ýazýar:

> “Ýok, men öz tenimi türgenleşdiremok-da, ony özüme tabyn edýärin, sebäbi başgalara Hoş Habary we onuň bilen baglanyşykly bolan zatlaryň hemmesini wagyz edenimden soň özüm mynasyp däl bolup galaryn [synagdan geçmerin, goldaw almaryn we ýasama ýaly bolup, inkär edilerin] diýip gorkýaryn” (1 Korintoslylar 9:27, iňlis dilinden terjime).

Pawlus Hudaýyň Ruhunyň özüne ynanan akyldarlygynyň gadryny bilmegiň wajypdygyna we Süleýman patyşanyň goýberen gaty erbet ýalňyşyny goýbermezligiň zerurdygyna düşünýärdi. Hudaýyň köp adamlara azatlyk peşgeş berýän ähtiniň hakykatynyň syry oňa açyldy, ýöne ol mukaddes *gorkudaky* hazynany we zerurlygy görmedik bolsa, onda ahyrsoňunda ol hem umytsyz, utançsyz – mynasyp däl, ýaramsyz we ýasama hökmünde inkär edilen adam bolardy.

Mukaddes gorkyny iň gymmat hazyna hökmünde kabul etmeklik hakykata tabyn bolup galmaklyga güýç berýär, şeýlelikde, ol bizi haýran galdyryjy sylaglary getirjek durmuş ýolunda saklaýar.

Adamlaryň köpüsi gorkyny peýdasyz, hatda zyýanly bir zat hasap edenlerinde, *Rebden gorkmaklygy* haýyrly hem gymmatly zat hökmünde wagyz etmäniň esasy ýok ýaly bolup görünmegi mümkin. Şeýle-de bolsa, Mukaddes Ýazgynyň abraýyna esaslanyp, size aýdýaryn, biz ony kabul

edenimizde, güýç we durmuş ýolunda özümizi saklama ukybyny alýarys. Şeýle etmek bilen biz Hudaýa hakyky ýakynlaşmany we durmuşymyzy üýtgedip biljek, şol sanda Isa Mesihiň keşbine öwrülmäge-de kömek etjek peýdany alýarys. Şoňa görä-de, geliň, Hudaýyň öňündäki gorkyny gözlemek üçin syýahatymyza başlalyň.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Seniň howpsuz döwürleriň geler, bereketli gutulyş, akyldarlyk we ugrukdyrmalar geler, Rebden gorkmaklyk seniň hazynaň bolar” (Işaýa 33:6).

**Many.** Mukaddes gorky – bu Hudaýyň hazynasydyr; ol biziň hem hazynamyz bolmalydyr.

**Oýlanma.** Ulanyş manysynda mukaddes gorkyny hazyna hökmünde gymmat saýmak nämäni aňladýar? Men oňa nähili garamaly? Ony näme etmeli? Men ony nädip ýitirmän saklamaly?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Gökdäki Atam, Rebden gorkmany gözlemek üçin edýän syýahatymda ony tanamany, onuň bilen ýaşamaklygy we ondan lezzet almaklygy ber. Goý, ol Seniň üçin bolşy ýaly, meniň hem hazynam bolsun. Goý, ol maňa Seniň nazaryňda dogry bolan gurply hem üstünlikli durmuş üçin zerur bolan akyldarlygy hem bilimi bersin. Goý, meniň ýakynlarymyň hem hemmesi, meniň bilen gatnaşykda bolýanlaryň hemmesi ony gymmatlyk hökmünde tanasynlar. Men muny Rebbim hem Halasgärim Isa Mesihiň ady bilen soraýaryn. Omyn.

**Toba etmek.** Men mukaddes gorkyny durmuşdaky beýik hazyna hökmünde saýlaryn, şeýle etmek bilen men durmuş ýolunda galmaklyga güýç alýaryn.

Hudaýdan gorkuň,
hawa, ýöne
Ondan heder etmäň.

– J. A. SPENDER

# 2| GAPMA-GARŞY GORKULAR

1994-nji ýylyň tomsunda meni Birleşen ştatlaryň günorta-gündogaryndaky bir ýygnakda gulluk etmäge çagyrdylar. Bu uly ýygnak bolup, iki ýyl şondan ozal ol ýere dört hepdelik gelen hoşhabarçynyň gulluk eden wagtynda Hudaýyň barlygyny güýçli duýmany başdan geçiripdi. Galkynyş Hudaýyň merhemetini, söýgüsini we şatlygyny duýmaga mümkinçilik beripdi, bu ýagdaý köp adamlaryň durmuşyna gudrat bilen täsirini ýetiripdi. Ýöne, gynansak-da, ýygnak galkynma döwründe alan duýgularynda saklanyp galypdy-da, ondan soň Hudaýyň ýüregini duýmandy. Göni manysynda adamlar onda durup galyp, deňagramlylygy ýitiripdiler.

Ol wagtlar men mukaddes gorky temasyny öwrenmek bilen meşgullanyp ýördüm. Men Rebden gorkmanyň wajypdygyna düşünýärdim, ýöne onuň nämedigine doly düşünmeýärdim, şonuň üçin ol hakda münberde durup wagyz etmäge taýýar däldim. Muňa garamazdan, ilkinji agşamda öz howatyrlanýan zatlarymy bir gyra süýşürip, Rebden gorkmaklyk hakda wagyz etmegiň wajypdygyny duýdum.

Men sahna çykyp, bu tema baradaky çäkli düşünjäme esaslanyp, ýygnaga ýüzlenip başladym. Zaldaky adamlaryň garaýyşlarynyň parhsyzlygy we doly perwaýsyzlyklary meniň özüme bolan ynamymy artdyrmady. Meniň sözlerim ünssüz galan ýaly boldy. Ýöne men mamla bolup çykdym we munuň näme üçin beýle bolandygyny gaty basym bildim.

Ertesi agşam Rebbi şöhratlandyrma gutaranyndan soň, uly ruhy çopan sahna çykdy. Ol gullukçyny ýygnak bilen tanyşdyrjakdyr diýip pikir etdim, ýöne ýalňyşan ekenim. Ol on bäş minudyň dowamynda meniň geçen ýygnanyşykda eden wagzymdaky ýalňyşlary düzetdi. Onuň eden bellikleri

Rebden gorkmaklygyň köneäht döwürlerine degişlidigine, mesihilere bolsa, Timoteosa ýazylan ikinji hatda ýazylyşy ýaly (1:7), “gorky ruhunyň” berilmändigine syrykdy.

Men birinji hatarda muňa haýran galyp otyrdym. Men özümi edil gorkunç düýşdäki ýaly duýdum. Ol uzak gürledigiçe men özümi gaty oňaýsyz duýdum. Soň ol: “Täze Ähtde: “Söýgüde gorky ýokdur. Kämilleşen söýgi gorkyny kowup çykarýandyr” [1 Ýohanna 4:18] – diýilýär. Şonuň üçin Jonuň agşamky öwreden zady – ýalňyş, şol sebäpden men size muny duýdurmak isleýärin” – diýdi. Soň ol ýene birnäçe minutlap meniň aýdanlaryma düzediş berdi.

Ol sözüni gutaranyndan soň, onuň ýygnagy meniň bilen tanyşdyryp, meni wagyz etmek üçin sahna çagyranyna haýran galdym. Men şonda sahna çykyp barşyma içimden: “Onuň bu eden zadyndan soň men bu adamlara nädip gulluk edeýin? Bu mümkin däl” diýip pikir edenim entegem ýadymda. Ýöne men muny edip bildim, şol wagt gaçyp gitmegi hemme zatdan köp isleýän bolsam-da, bar güýjümi jemlemeli boldum. Maňa pikirimi bir ýere jemlemek agyr düşdi, zalda oturanlaryň durmuşyny üýtgedäýjek zady wagyz etmeklik ondan-da kyn boldy.

Men wagyz edip durkam, aňym yzyny üzmän onuň düzedişlerine gaýdyp geldi durdy, men onuň sözlerini kellämden çykaryp bilmedim. Mendäki duýgular gaty erbetdi we bolgusyzdy. Aýdýan sözlerimiň baglanyşygyny ýitirmejek bolup, men wagyz edýän wagtymda birnäçe gezek öz pikirlerimi saklamaly boldum. Men: “Muny ýatdan çykar, gürlemegi bes et-de, şu ýerden ýok bol” diýýän duýgularym bilen göreşdim. Men gaty erbet boldum. Gysgajyk wagyz edip bolanymdan soň, men ýygnagy oňa goýdum-da, derrew myhmanhanadaky otagyma gaýtdym. Baryp, ol ýerde gaharlanyp hem özümi ýigrentgi ýaly duýup, krowada geçip ýatdym.

Ertesi gün ertir bilen myhmanhanadan çykyp, işgärlerden hiç kim bolmadyk bir ýer tapyp, ol ýerde Hudaýyň düzedişine garaşyp, yhlas bilen doga etdim. Men: “Rebbim, men Seniň ýygnagyňy ýaralaýdymmy? Men ýalan zady öwretdimmi? Men Seniň halkyňy zynjyrlaýarynmy?” – diýip, ýürekden soradym.

Men doga etmegi dowam etdirdim. Birneme wagt geçenden soň, men dogamyň sözleriniň üýtgäp başlanyny duýdum. Men şol agşam aýdan zatlarymyň nädogrudygyna şübhelenmegi bes etdim we ýüregimiň çuň ýerinde mukaddes gorka köpräk düşünmekligi bermegini soraýanymy duýdum. Men bolup geçen zada haýran galdym. Men Hudaýyň özümden nägile däldigini, tersine, meniň eden zadymyň Onuň

göwnünden turandygyny duýdum. Ol Täze Ähtdäki Rebden gorkmalydygy baradaky köp sanly aýatlary ýadyma salyp başlady. Men özümiň indi gynanmaýandygymy, ýöne alaçsyz ýagdaýda: "Atam, Rebden gorkmanyň nämedigini men bilmek we onda bolmak isleýärin" diýip, güýjümde baryny edip gygyrýanymy bildim.

Täze Ähtiň awtorlary ruhy çopanyň salgylanyp aýdan sözlerini hakykatdan hem ýazypdylar, ýöne olar başga tekstleri-de ýazypdylar.

- Resul Pawlus şeýle ýazýar: "...*gorky hem titreme bilen* öz gutulyşyňyzy amala aşyryň" (Filipililer 2:12).
- Başga bir ýerde ol şeýle nesihat berýär: "Eý, söýgüli doganlar, bu wadalarymyzyň barlygyna görä, her hili ten we ruh pisliginden tämizlenip, *Hudaýdan gorkmakda* mukaddesligi kämilleşdireliň" (2 Korintoslylar 7:1).
- Ýewreýlere hatyň awtory şeýle ýazýar: "Şeýdip, Hudaýyň halajak ýoly bilen, *takwalyk hem gorky* bilen Oňa gulluk edeliň" (Ýewreýler 12:28).
- Resul Petrus şeýle ýazýar: "Ýüz görmän, her kimiň üstünden öz etmişine görä höküm çykarýany "Ata" diýip çagyrýan bolsaňyz, bu dünýädäki mysapyrlyk çagyňyzy *gorky bilen* geçiriň" (1 Petrus 1:17).
- Resul Ýahuda şeýle diýýär: "gorky bilen halas ediň" (Ýahuda 23).
- Isa bize şeýle duýduryş berýär: "Bedeni öldürip, jany öldürip bilmeýänlerden gorkman, eýsem, dowzahda hem teni, hem jany ýok etmäge gudraty bar bolan *Hudaýdan gorkuň*" (Matta 10:28).

Men dowam etdirip bilýärin, ýöne muny kitabyň dowamynda ederin, ýöne siz düýp mana düşünensiňiz: *mukaddes gorky* – bu täzeäht hakykaty. Men doga eden wagtymda Rebbiň Mukaddes Ýazgydan ýüregime salan aýatlarynyň käbirleri.

Şol günüň ertirinde men ruhy çopanyň "gorky ruhuny" "Rebden gorkma" bilen çalşanyna düşündim. Olaryň arasynda uly tapawut bar. Ol Musa ysraýyl halkyny Sinaýdaky Hudaý bilen duşuşyga alyp barýarka bolup geçen zatda görünýär.

Bütin halk ýygnanan badyna Musa ilki Hudaý bilen özi duşuşmak üçin daga galýar. Gudratygüýçli Özüniň beýik halas etmesiniň aňyrsynda duran maksadyny oňa açyp görkezýär:

> “Ysraýyllara, ýagny Ýakubyň nesline şuny aýt: Müsürlilere näme edendigimi siz gördüňiz, bürgüdiň öz çagasyny ganatynda göterip alyp gelşi ýaly, Men hem *sizi ýanyma şeýdip alyp geldim*” (Müsürden çykyş 19:3, 4).

Hudaýyň kuwwatly azat etmesiniň esasy sebäbi *tutuş halky* Öz ýanyna alyp gelmekde jemlenendi. Ol halka teşnedi, şol sebäpden hem, Musanyň Hudaýy tanaýşy ýaly, olar hem Ony tanar ýaly, Ol halk bilen duşuşmak isleýärdi. Ýöne üç gün geçenden soň, Hudaý Özüni aýan etmek üçin dagyň üstüne inende, halk şobada gaçyp pytrap başlady. Olar gaty gorkup, Musa: “Bize sen geple, biz eşideris, ýöne goý, Hudaý bize geplemesin, ýogsam, biz öleris” diýdiler” (Müsürden çykyş 20:19). Halkyň serdary olary köşeşdirmek üçin: ˝Gorkmaň, çünki Hudaý sizi synamak üçin we Ondan gorkup, günä etmezligiňiz üçin geldi” (Müsürden çykyş 20:20) – diýdi.

Ilki seredende Musa öz-özüne garşy çykýan ýaly bolup görünýär: “Gorkmaň”, sebäbi Hudaý “Ondan gorkup, günä etmezligiňiz üçin geldi”. Ol öz-özüne garşy çykýarmy? Asla beýle däl. Musa “Hudaýdan gorkmak (heder etmek)” we “Rebbiň öňündäki gorky” diýen iki düşünjäni üzňe edýär. Gaýtalaýaryn, bularda ullakan tapawut bar.

Hudaýdan gorkýan (heder edýän) adamda gizleýän zady bardyr. Ýada salyň, Adam bagda günä edende, How bilen ikisi-de Rebbiň nazaryndan gizlendiler. Munuň ýaly hereketi Mukaddes Kitabyň tümlüge giden beýleki gahrymanlarynda hem görmek bolýar.

Ýöne Hudaýdan gorkýan adamda gizlär ýaly zat bolmaýar. Ol Hudaýdan daş düşmekden gorkýar. Bu Musada bolan ýagdaýda görünýär. Bütin halk dagdan yza çekilende, Musa Hudaýa golaýlaşýar. Hudaýdan gorkýan adam öz ýanyndan: “Men günä çyzygynyň ýanyna näderejede golaý baryp, oňa ýykylman bilerin?” diýmeýär. Ýok, ol: “Men Hudaýa şeýle golaý bolup, şol çyzykdan gaty uzakda bolmak isleýärin, şol çyzygy, hatda görmek hem islemeýärin” diýer.

Şonuň üçin mukaddes gorka kesgitleme bermezden we bu tema hakda gürrüňe geçmezden öňürti, geliň, ilki bilen gorkynyň näme bolup durmaýandygyny düşündireliň. *Mukaddes gorky – bu Hudaýdan gorkmagy, şonuň üçin hem Ondan daşlaşmagy aňlatmaýar.* Biz gorkýan adamymyz bilen ýakynlykdan nädip lezzet alyp bileris? Hudaý biziň Özünden daşlaşmagymyzy islemeýär. Mezmurda: Sen: “Meniň ýüzümi agtar” diýdiň. Ýüregimem Saňa diýdi: “Ýa Reb, men Seniň ýüzüňi agtarýaryn” (Zebur 26:8) – diýilýär. Siz ýakynlyga çagyryşy eşidýärsiňizmi?

Ol sizi Öz ýanyna çekmek, siziň bilen gürleşmek, bile gülüşmek, paýlaşmak we durmuşda bile ýaşamak isleýär. Başga bir ýerde mezmurçy: “Rebbiň syry Ondan gorkýanlara aýan edilýändir” (24:14) – diýýär. Bir zat gürrüňsizdir: Hudaý siziň bilen gatnaşykda hem ýakynlykda bolmak isleýär. Şonuň üçin ynanaýyň, mukaddes gorky söndürmeýär-de, gaýtam, biziň Hudaý bilen gatnaşyklarymyzy diňe güýçlendirýär.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** ˝Gorkmaň, Hudaý sizi synamak we günä etmeziňiz ýaly, içiňize çuň gorky hem titreme salmak isleýär” (Müsürden çykyş 20:20, iňlis dilinden terjime).

**Many.** Mukaddes gorky – bu Hudaýdan gorkmagy, şonuň üçin hem Ondan daşlaşmagy aňlatmaýar-da, Onuň bilen gatnaşygy ýitirmekden gorkmagy aňladýar.

**Oýlanma.** Hudaýyň Ysraýyly Müsürden halas etmeginiň baş maksady nämede jemlenendi? Hudaýyň meni gulçulykdan we ýerdäki dünýäniň zynjyrlaryndan azat etmeginiň baş maksady nämede jemlenen?

**Doga-dileg etmek**. Gadyrly Gökdäki Atam, Rebbim Isa Mesihiň üsti bilen meni gorky ruhundan azat edeniň üçin Saňa minnetdar. Saňa garşy günä etmezim ýaly, meniň içime mukaddes gorkyny sal, sebäbi şeýle etsem, onda men Seniň bilen ýakyn gatnaşygymy ýitirýärin, ýöne Sen meniň bilen, men hem Seniň bilen gatnaşykda bolmak isleýärin. Men Senden Isanyň ady bilen soraýaryn. Omyn.

**Toba etmek**. Hudaý meni Özi bilen ýakyn gatnaşykda bolmaklyga çagyrdy, şonuň üçin men Hudaýdan gorkmaýaryn-da, günä etmezim ýaly, Rebbiň öňündäki gorkuda bolmak isleýärin.

Rebbiň öňündäki
gorky – Onuň pähimli
edip Ýaradanlarynyň ilkinji
hem iň beýik
borçlarynyň biridir.

– ÇARLZ INGLIS

# 3| HUDAÝÝŇ ÖŇÜNDÄKI MUKADDES GORKY NÄME?

Bir sözlemde, paragrafda ýa-da bapda Hudaýýň öňündäki mukaddes gorka kesgitleme bermek mümkin däl. Beýle etmeklik Hudaýýň söýgüsini bu çarçuwalarda düşündirmek ýaly bir zatdyr. Munuň üçin köp baplar gerek bolýar, ýöne şonuň ýaly bolanda-da, özümiziň oňa düşünişimizde uzakda galýarys. Mundan başga-da, biz mukaddes söýginiň çuňlugyny açyp görkezişimiz ýaly, bakyýetdäki mukaddes gorkynyň hem çuňlugyny açyp görkezmegi dowam etdirýäris.

Ýokarda aýdylyp geçilenleriň esasynda mukaddes gorka berilýän kesgitlemäni umumy görnüşde size teklip etmäge maňa rugsat ediň. Içindäki suratlar reňklenilýän kitapçadaky suratlary çagalykda dürli reňkli galamlar bilen reňkläniňizi ýada salyň. Siz albomy açyp, sahypany saýlanyňyzda, öz öňüňizde reňklerden doldurmasy gerek bolan öýjükleri görensiňiz. Bu bap şoňa meňzeşlikde predmetleriň umumy şekilini berer, ýöne olary reňklerden doldurmak üçin kitabyň galan bölegi tutuşlygyna gerek bolýar. Eger siz diňe bir şu baby okan bolsaňyz, mukaddes gorky barada düşünje alardyňyz, ýöne özgerdiji hakykatlary sypdyrardyňyz.

Geçen bapda biz Rebbiň öňündäki gorkynyň bizi Hudaýýň barlygyndan alyp gitmeýändigini, gaýtam, muny tersine edýändigini aýdypdyk. Rebbiň öňündäki sagdyn ajaýyp gorky bizi Oňa çekýär, şoňa görä-de, dowam etdirmezimizden öňürti şol berk fundamenti goýmagymyz aňry ýany bilen wajypdyr.

Käbir adamlar Rebden gorkmaklygyň diňe Hudaýa titreme içinde sežde etmegi aňladýandygyny aýdýarlar. Men hemmelere belli bolan gullukçylaryň münbere çykyp we stoluň başynda beýleki liderler bilen gürrüň edenlerinde aýdýan zatlaryny eşidýärin. Şeýle-de bolsa, bu kesgitleme ullakan şekiliň diňe başlangyjy bolup, ony dolulygyna öz içine almaýar. Bu Hudaýyň söýgüsine “sabyrly bolýan hem rehimdarlyk edýän” (1 Korintoslylar 13:4) söýgi hökmünde kesgitleme berýän ýaly bir zatdyr. Ýöne biz şu ýerde saklansak, bimamla bolarys-da, maksadymyza ýetmeris.

Liza ikimiz kyrkdan ýaňy geçen wagtlarymyzda, örän sylanylýan bir lideriň giýewsi öz kompaniýasyna inwestirleme (maýa goýmaga) mümkinçiligiň bardygyny aýtmak üçin öýümize geldi. Biz iki sagada golaý gürrüň etdik, onuň bize bolan ýürekdeşligi we sabyrlylygy gaty gowy ýadyma düşýär. Onuň özüni alyp barşyny gören bolsaňyz, sizem onuň hoşniýetli adamdygyny aýdardyňyz. Ýöne birnäçe gün doga edenimizden soň, Liza ikimiz inwestiýa (goýum) etmeli däldigimizi duýduk. Indi köp ýyllar geçeninden soň, özümiziň inwestiýa etmänimize begendik, sebäbi ol ägirt maliýe piramidany gurnany üçin köp ýylyny tussaglykda geçirdi.

Bu adam sabyrly hem mylakatly bolupdymy? Gürrüňsiz. Ol söýgi görkezipdimi? Elbetde, ýok. Mukaddes Ýazgy bize: “Çünki Hudaýyň söýgüsi Onuň buýruklaryny berjaý etmekdir, Onuň buýruklary bolsa agyr däldir” (1 Ýohanna 5:3) diýýär. Ogurlyk öz tebigaty boýunça egoistlik (öz bähbidiňi gözlemek) bolup, ol Hudaýyň söýgi baradaky tabşyrygyny bozýar (Efesliler 4:28). Kiçi çagalara zorluk edýän adamlar mähirli, hatda sabyrly hem bolup biler, ýöne şol bir wagtyň özünde-de olar kiçi çagalaryň ömrüni kül edýär. Şol adam çagalary söýýärmi? Elbetde, ýok!

Edil şunuň ýaly, Rebbiň öňündäki mukaddes gorkyny diňe titreme içindäki sežde etme bilen çäklendirsek, onda nyşana degmän, ýalňyş pikire gidip bileris. Şonuň üçin, geliň, çäk geçireliň, soňrak hem, taglymatyň, Mukaddes Ýazgydan alnan mysallaryň we indiki baplardaky taryhlaryň kömegi bilen reňkleri goşarys. Başlamazymyzdan öňürti men size duýdurmak isleýärin, mukaddes gorkynyň kesgitlemesiniň içinde sizi gorkuzýan sözleriň bolmagy mümkin, ýöne gorkar ýaly zadyň ýokdugyny size aýdýaryn. Habary tutuşlygyna soňuna çenli okasaňyz, onda Hudaýyň öňündäki mukaddes gorkynyň, biziň aladamyzy çuňdan edýän we bize teşne bolan Ýaradanyň özümize peşgeş beren söýgi hem alada sylagydygyny bilersiňiz.

Täze Ähtde başlaberer ýaly aýatlar köp, ýöne men aşakdaky aýadyň gerek öwüşgini berjekdigine ynanýaryn.

> “Şonuň üçin yranmaz patyşalyga gowşanlygymyz üçin şükür edeliň. Şeýdip, Hudaýy hoşnut etmek üçin Oňa *tabynlyk hem gorky bilen* gulluk edeliň. Çünki Hudaýymyz iýiji otdur” (Ýewreýler 12:28, 29).

Eger siz ünsli seretseňiz, onda bu aýatda iki jümle – *tabynlyk hem gorky* – hakda gürrüňiň gidýändigini görersiňiz. Bu derrew bizde Hudaýyň öňündäki gorkyny diňe gorky bilen çäklendirmeli däldigi baradaky pikire alyp barýar, ýogsam, awtor ikinji sözi goşmazdy. Diňe bir iňlis dilinde bu ýerde iki dürli söz ýazylman, eýsem, olar grek dilinde-de tapawutlanýar: “aýdos” we “ýewlabeýa”. Tabynlyk – birinji grek sözüniň ajaýyp terjimesidir. “Sözleri öwrenmek boýunça doly sözlüge” (Complete Word Study Dictionary) görä, “tabynlyk” – bu “aýratyn çuň sylaşyk we hormat goýma, doly gowy görmedir”[7]. Bu sözleri bir hatarda görmeklik maňa ýaraýar. Olaryň her biriniň üstünde aýratynlykda oýlanmak bilen biz öz düşünjämizdäki täze derejä galýarys!

Ikinji söz – “gorky” – özünde mukaddes titreme manyny saklaýar. “Mukaddes titremä” kesgitleme gözlänimde men Noa Uebsteriň sözlüginiň 1828-nji ýyldaky asyl nusga neşirine seretdim. Ine, men näme tapdym: “gorky – bu haýsydyr bir ullakan hem gorkuzyjy bela-beterden gelýän eýmençlik duýgusydyr, gorky we titreme bilen weýran etmedir; gorkynyň, eýmençligiň we hormatyň kömegi bilen täsir etmekdir”. Goý, “eýmençlik” we “bela-beter” sözi sizi gorkuzmasyn. Grek sözlüginde-de şu sözleriň ulanylýandygyna garamazdan, mukaddes gorkynyň itiji däl-de, özüne çekiji häsiýetiniň bardygyny ýatda saklaň. Şeýlelikde, biz şuny soramalydyrys: “Bu sözleriň položitel hem sagdyn tarapy barmy?” Bardygyny Mukaddes Ýazgynyň görkezýändigine men ynanýaryn, biz ony soňrak reňkleri goýuşdyranymyzda göreris.

Geliň, öz kesgitlemelerimizi hasaba alyp işe başlalyň. Hudaýyň öňündäki gorkynyň bolmagy – Onuň öňünde *tabynlykda* we *mukaddes titremede* bolmagy aňladýar.

Hudaýyň öňündäki gorkynyň bolmagy – diýmek, Hudaýy *mukaddeslikde sylamakdyr*. Mukaddeslikde sylamak – diýmek, “beýik hormat goýmakdyr”.

Hudaýyň öňündäki gorkynyň bolmagy – diýmek, Hudaýy başga birinden ýa-da başga zatdan köp gymmat görmekdir, hormatlamakdyr, sylamakdyr, Oňa baş egmekdir we Ony söýmekdir.

Biz Hudaýdan gorkanymyzda, Onuň ýüregini duýýarys. Biz Onuň söýýän zadyny söýýäris, ýigrenýän zadyny ýigrenýäris. (Üns beriň, men Onuň ýigrenýän zadyna “ýakymsyzlyk duýýarys” diýip ýazamok-da, Onuň ýigrenişi ýaly “ýigrenýäris” diýip ýazdym). Onuň üçin wajyp bolan zat biziň üçin hem wajyp. Onuň üçin zerur däl zat biziň üçin hem zerur däl.

Hudaýyň öňündäki gorkynyň bolmagy – bu günäni ýigrenmekdir.

Hudaýyň öňündäki gorkynyň bolmagy – bu adalatsyzlygy ýigrenmekdir.

Hudaýyň öňündäki gorkynyň bolmagy – bu ýamanlykdan sözüň ähli manylarynda – pikirlerimizde, sözlerimizde we işlerimizde – daşda durmakdyr. Bu ýalan sözlerden saklanmakdyr. Ýüregimize hem pikirlerimize ýigrenji bolan zady aýtmazlykdyr we onuň bilen ylalaşmazlykdyr. Hudaýyň öňündäki gorky biziň daşky hereketlerimizi içki pikirlerimize, maksatlarymyza hem garaýyşlarymyza laýyk gelmeklige alyp barýar.

Hudaýyň öňündäki gorkynyň bolmagy – Hudaýyň we adamlaryň öňünde doly pes göwünlilikde bolmakdyr.

Hudaýyň öňündäki gorkynyň bolmagy – bu Oňa Özüniň mynasyp bolan öwgüsini aýtmakdyr, hormatyny goýmakdyr, minnetdarlygyny bildirmekdir we seždesini etmekdir.

Hudaýyň öňündäki gorkynyň bolmagy – bu Oňa Özüne degişli bolan zatlaryň hemmesini bermekdir.

Hudaýyň öňündäki gorkynyň bolmagy – bu Onuň öňünde haýran galma we guwanma bilen titremekdir. Bar ünsüňi Onuň Sözünde we barlygynda jemlemekdir. Hudaýyň öňündäki gorkynyň bolmagy – bu Oňa gulak asmakdyr. Bu ýöne bir isleg däl-de, her neneň ýagdaý bolanda-da, Onuň islegini ýerine ýetirmeklige gönükdirilen içki güýçdür. Göwnümize bize hiç hili peýdasy ýok ýaly bolup görünýän bolsa-da, Oňa yhlas, höwes bilen we haýal etmän gulak asýarys ýa-da hiç hili manysy ýok ýaly bolup görünse-de, islegini ýerine ýetirýäris.

Hudaýyň öňündäki gorkynyň bolmagy – bu dürli görnüşdäki arzlardan, hüňürdilerden we iňirdilerden saklanmakdyr.

Hudaýyň öňündäki gorkynyň bolmagy – bu Onuň göni hem ygtyýarly hökümdarlygyna hormat goýmakdyr, sylamakdyr we tabyn bolmakdyr. Bu, şeýle hem, bu ýerdäki ygtyýarlyga diňe bir ýagdaýdan başgasynda – eger ygtyýarlyk günä etmegi buýurmaýan bolsa – tabyn bolmagy-da aňladýar.

Rebden gorkmaklyk biziň niýetlerimizi, pikirlerimizi, sözlerimizi we işlerimizi emele getirýär.

Indi, geliň, mukaddes gorkynyň artykmaçlyklaryny bölekleýin sanap geçeliň. Ine, köp sanly Mukaddes Kitap wadalarynyň birnäçesi, olar şol wadalarda gezýänlere peşgeş berlendir.

Rebden gorkmaklyk – bu Hudaý bilen ýakyn gatnaşyklar üçin başlangyç nokadydyr. Biz Onuň dostlary bolýarys, şonda bize Onuň syrlary açylýar.

Rebden gorkmaklyk – bu akyldarlygyň, düşünjäniň we bilimiň başydyr. Ol bize öňden görmäni we Hudaýyň takyk ugruny berýär.

Rebden gorkmaklyk – bu biziň halas bolmadaky we Isanyň keşbine öwrülmedäki ösüşimiziň girewidir.

Rebden gorkmaklyk päk zatdyr, ol biziň durmuşymyzda hakyky mukaddesligi emele getirýär.

Rebbiň öňündäki gorkuda bolmaklyk – öz ebedi mirasyňy üpjün etmekdir.

Rebden gorkmaklyk ynamlylyk, gaýduwsyzlyk we howpsuzlyk döredýär. Ol beýleki gorkularyň, şol sanda adamdan gorkmaklygy hem ýok edýär.

Rebden gorkmaklyk perişdeleriň goragyny wada berýär, isleglerimizi ýerine ýetirýär, üstünlik, takwalyk, abraý, uzak ömür, bereketli günleri, lezzeti we durmuşda bagt, zähmetiňden lezzet almany, teniň şypa almagyny we başga-da köp zatlary berýär.

Rebden gorkmaklyk ebedi bolýar, ol hiç haçan ýitmeýär.

Rebden gorkmaklyk – bu Gökdäki Atamyzyň beren gymmat sowgadydyr.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** "Şonuň üçin yranmaz patyşalyga gowşanlygymyz üçin şükür edeliň. Şeýdip, Hudaýy hoşnut etmek üçin Oňa *tabynlyk hem gorky bilen* gulluk edeliň. Çünki Hudaýymyz iýiji otdur" (Ýewreýler 12:28, 29).

**Many.** Rebden gorkmaklyk – bu Hudaýyň söýýän zatlaryny söýmekdir we ýigrenýän zatlaryny ýigrenmekdir. Onuň üçin wajyp bolan zat biziň üçin hem wajyp bolýar. Onuň üçin onçakly wajyp bolmadyk zat biziň üçinem beýle bir wajyp bolmaýar.

**Oýlanma.** Ulanyş manysynda gymmat hasap etmek, hormatlamak, sylamak, baş egmek we Hudaýy başga birinden ýa-da başga bir zatdan has köp gowy görmeklik nämäni aňladýar?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Gökdäki Atam, Seniň adyň, Sözüň, barlygyň öňündäki we Seniň öňüňdäki gorkyny öwret. Mukaddes gorkyny söýmäge we ondan lezzet tapmaklyga maňa kömek et. Mukaddes Ruh, bu syýahatyň dowamynda maňa Hudaýyň ýollaryny öwret we olary mende aç, bu kitaby okan wagtymda ýöne bir maglumat alman, eýsem, goý, bu sözler meniň durmuşymy Rebbim Isa Mesihiň keşbine öwürsin. Men bu zatlaryň hemmesini Isanyň ady bilen soraýaryn. Omyn.

**Toba etmek.** Goý, meniň sözlerim we ýüregimiň pikirleri Hudaýyň göwnünden turýan bolsun.

Onuň tutuş häsiýeti bizde hormat döredýär, sebäbi Ol ýokary derejede mukaddesdir, Onuň ady biziň üçin – mukaddes titreme döredýän söz bolup, ony hiç haçan ýeňilkellelik bilen ýatlamaly däldiris, çynlakaý pikirsiz we Oňa tabyn bolmadyk ýüreksiz agzamaly däldiris.

– Ç. G. SPERJEN

# 4| HUDAÝÝŇ DUÝLUP DURAN BARLYGY

Eýýäm ýokarda aýdylyp geçilişi ýaly, Hudaýdan gorkmaklyk logika laýyk gelmeýän zat ýaly bolup görünýär. “Gorky” sözüni eşiden badymyza, biziň aňymyzda heläk ediji we zyýan ýetiriji zada meňzeş bir zat peýda bolýar. Ýöne size aýdýaryn, aslynda Rebden gorkmaklyk – bu ynamlylygyň, tesselliniň we goragyň iň kuwwatly güýji bolup, ol Älemdäki her bir adama elýeterdir. Biz bu hakykaty syýahatymyzyň mundan beýläkki gidişinde açarys. Ýöne ilki mukaddes gorkyny iki sany esasy derejä bölüp bolýandygyny aýdýarys:

1. Hudaýýň barlygyndaky titreme.
2. Onuň Sözüniň öňündäki titreme.

*Biz* bularyň ikisinem ara alyp maslahatlaşarys. Geliň, birinjiden başlalyň. Mezmurçy: “Hudaý mukaddesleriň uly ýygnagynda hormatlanylýandyr, töweregindäkileriň hemmesi üçin haýbatlydyr” (Mezmur 88:8) – diýýär. Üns beriň, bu ýerde Hudaýýň ýöne bir *gorkunç* bolman, eýsem, “*haýbatlydygy*” hem ýazylypdyr. Arassa hakykat: Hudaý hormatlanylmaýan we Ondan gorkulmaýan ýerde, Onuň ajaýyp barlygyny siz hiç haçanam duýmarsyňyz.

Bu 1997-nji ýylyň ýanwarynda meniň üçin hakykat boldy. Meni Braziliýanyň paýtagtyndaky milli konferensiýada çykyş etmäge çagyrdylar. Men entek ol ýurda baryp görmändim, şonuň üçin bu beýik ýurda gitmäge begenip taýýarlyk gördüm.

Uçar Braziliýa ir ertir baryp gondy, şonuň üçin mende Hudaýa doga etmäge, taýýarlyk görmäge we myhmanhanadaky otagymda dynç almaga bütin günüm bardy. Şol agşam stadionyň ýanyna baranymyzda, biz

barmazdan öň köçeleri dolduryp duran sansyz-sajaksyz ulaglaryň duranyny görmän bilmedim. Öňünden bilşimiz ýaly, ulagy goýara ýer ýokdy, diýmek, konferensiýada adam örän köp bolýar.

Meni stadiona alyp bardylar, birnäçe liderler bilen duşuşanymdan soň men derrew sahna çykdym. Hudaýa teşnelikden doly müňlerçe imanlylar bilen seždämi başlap biljek wagtyma garaşdym. Ýöne ol ýerde Hudaýyň barlygynyň ýokdugyny duýan badyma, meniň joşgunym zym-zyýat boldy. Men näme etjegimi bilmedim. Konferensiýa imanly adamlar gelipdi, şöhratlandyryjy topar hem, ýurtdaky iň gowy toparlaryň biridi ahyry. Beýle bolsa, näme üçin Hudaýyň barlygy ýokka?

Gürrüňimi dowam etdirmezimden öňürti, Hudaýyň barlygy hakda birnäçe söz aýtmaga maňa rugsat ediň. Mukaddes Ýazgy onuň iki görnüşini belleýär. Birinjisi – bu Onuň hemme ýerde bar bolmagydyr. Ine, Dawut: “Men Seniň Ruhuňdan niräk gideýin? Seniň huzuryňdan niräk gaçaýyn? Göge çyksam, Sen ol ýerdesiň; ölüler diýaryna insem, ol ýerde-de Sen bar... Garaňkylyk hem Senden gizlemez, gaýtam gije gündiz kimin ýagty bolar, garaňkylyk we ýagtylyk Seniň üçin birdir” (Zebur 138:7,8,12) Nähili şaýatlyk edýär. Bu: “Seni taşlamaryn we seni terk etmerin” (Ýewreýler 13:5) diýip wada beren Hudaýyň barlygydyr.

Ikinji görnüş – Isanyň: “Menem ony söýerin we oňa görnerin” (Ýohanna 14:21) diýýän barlygydyr. “Görnerin” – bu grek dilindäki “emfaniz” diýen söz bolup, ol “öňünde durmak... özüňi ýakyndan tanamaga we düşünmäge rugsat etmek” diýmegi aňladýar. Hudaý Özüni biziň aklymyza we duýgy organlarymyza açanda şeýle bolup geçýär. Isa: “Çünki iki ýa üç adam Meniň adymdan haýsy ýerde üýşse, Menem şol ýerde, olaryň arasynda bolaryn” (Matta 18:20) – diýýär. Onuň Hudaýyň hemme ýerdäki barlygyny göz öňünde tutmaýandygy görnüp dur, ýogsam, Oňa muny bellemek nämä gerekdi? Has takygy Ol duýulýan barlyk hakda gürrüň edýän bolsa gerek. Muny bilenim üçin men gözlerimi ýumup, Mukaddes Ruhdan: “Seniň barlygyň nirede?” – diýip soradym.

Soň men gözlerimi açanymda, aňry ýany bilen göze görnüp duran, ýöne özümiň birbada görmedik zadymy gördüm. Adamlaryň köpüsi Hudaýy şöhratlandyrmaga gatnaşmaýardy. Käbirleri ellerini jübülerine salyp ýa-da ellerini döşünde gowşuryp, töweregine perwaýsyz seredişýärdiler ýa-da içleri gysýan ýaly görünýärdiler. Aýallar sumkalaryny dörüşdirýärdiler, köpler zalyň içinde maksatsyz aýlanyp ýördüler ýa-da bardan garbanar ýaly bir zat satyn almak üçin çykýardylar. Myhmanlaryň käbirleri biri-biri bilen gülşüp gürleşip durdular. Olaryň bu hereketleri

köp zatda tomaşanyň başlanaryna garaşýan adamlaryň mähellesini ýatladýardy. Men, *elbetde, bu basym gutarar, adamlar sežde etmäge başlar diýip pikir etdim. Emma* men ýalňyşan ekenim.

Şöhratlandyrma aýdymlary gutaranyndan soň hereketiň liderleriniň biri Mukaddes Ýazgydan tekst okamak üçin sahna çykanda hem, diňe sazyň sesiniň ýatyrylmagyndan başga, hiç zadyň üýtgemändigi, sesleriň pessejikden ýaňlanmasynyň gitdigiçe aýdyň eşidilýändigi meni gaty haýran galdyrdy. Men öz gözlerime ynanmadym. Bolup geçýän zatlary görenimde içimdäki gahar gitdigiçe artyp ugrady.

Soň men Mukaddes Ruhuň meniň ýüregime: "Men seniň bu zatlara garşylyk görkezmegiňi isleýärin" diýip pyşyrdaýanyny eşitdim.

Meniň adymy tutanlarynda men sahna öz terjimeçim bilen çykdym. Men hiç zat gürlemän, ýöne bir zala seredip durma kararyna geldim.

Men adamlaryň ünsüni çekmegiň ýeke-täk usuly sahnadaky hereketleriň hemmesini bes etmekdir diýen netijä geldim. Bu pikir başa bardy, bir minutlap dymyp durmaklyk hemmeleriň ünsüni çekdi. Adamlar zalyň içinde aýlanyp ýörmeklerini bes etdiler, kellelerini sahna tarap öwürdiler, şeýdip, atmosferada ümsümlik höküm sürdi. Indi men zaldaky adamlaryň hemmesiniň sahnada duran maňa seredýändiklerini bildim.

Şol agşam men: "Braziliýa gelenime örän şat" ýa-da "Meni çagyranyňyz üçin sag boluň" diýmedim. Men özüm hakda gürlemedim, ýöne olara çynym bilen: "Eger stoluň başynda bile oturyp gürleşýän adamyňyz size üns bermän, özüne gyzykly däl ýaly bolup, potologa seredip otursa ýa-da ýanynda oturanlaryň biri bilen gürleşip otursa, bu size ýararmy?" – diýip sorag berdim.

Birazrajyk dymanymdan soň men öz soragyma özüm jogap berdim: "Bu size ýaramazdy, dogry dälmi?"

Soň sözümiň üstüni ýetirip: «Eger her gezek goňşyňyzyň öýüne baranyňyzda, onuň perwaýsyz garaýanyny görseňiz we birsyhly sesi bilen: "Hä..., bu bary-ýogy sen ekeniň-laý" diýýänini eşitseňiz, siz onuň öýüne ýene barardyňyzmy?" – diýdim.

Ýene birazrajyk dymanymdan soň men jogap berdim: "Asla barmazdyňyz!"

Soň şeýle diýdim: "Älemiň Patyşasy Özüniň sylanylmaýan we şöhratlandyrylmaýan ýerinde Öz barlygyny görkezer ýa-da gürlär diýip pikir edýärsiňizmi?"

Bu gezek men: "Hiç haçan!" diýip, çürt-kesik aýtdym.

Soň gürrüňi dowam etdirip: “Eger ýurduňyzyň prezidenti bu sahna çyksa, siz oňa doly üns bererdiňiz we sylardyňyz ýa-da gowy görýän futbolçylaryňyzyň biri sahna çyksa, siziň köpiňiz oturgyjyň gyrajygynda oturyp, onuň her bir aýdan sözüni diňlärdiňiz. Emma bir minut mundan ozal bu ýerde Hudaýyň Sözüni okadylar, ýöne siz oňa hiç hili üns bermediňiz, bu siziň üçin ýöne bir ses ýaly boldy!” – diýdim.

Soň men ýygnananlara Rebbiň öňündäki gorky barada ýene bir ýarym sagatlap wagyz etdim. Zalyň içinde ýekeje sesem eşidilmedi. Olar paş edilme sebäpli aljyran ýalydylar, şeýle-de bolsa, ünsli diňlediler.

Wagzymyň soňunda men: “Eger siz imanly adam bolsaňyz, ýöne size mukaddes gorky ýetmezçilik edýän bolsa, özüňizem toba etmäge taýýar bolsaňyz, ýeriňizden turuň!” – diýip teklip etdim.

Zaldaky adamlaryň ýetmiş göterimi ikirjiňlenmän ýerinden turdy. Şol pursatyň özünde, men entek olar üçin Hudaýa doga etmäge hem ýetişmänkäm, Hudaýyň duýlup duran barlygy stadiony doldurdy. Hudaýyň barlygy olara galtaşyp durka, adamlar horkuldadylar we agladylar. Mukaddes gorky olary Hudaýdan ürküzmedi-de, gaýtam, olary Oňa tarap çekdi.

Mundan soň meniň kyrk ýyllyk gullugymyň dowamynda gören iň haýran galdyryjy wakalaryň biri bolup geçdi. Ýöne bu waka geçmezimizden öňürti, geliň, aşaky sözler bilen sözümizi tamamlalyň:

> “Soňra men onuň sesiniň owazyny eşitdim. Geplände onuň sesini eşidip, huşumdan gitdim we ýere ýüzin ýykyldym. Emma bir el maňa galtaşyp, *titräp* duran meni, dyzyma galdyrdy. Ol maňa: «Danyýel, *sen jandan eziz söýülýänsiň*. Meniň saňa aýtjak sözlerime gulak goý. Tur, aýaga gal, çünki men seniň ýanyňa iberildim» diýdi. Ol bu sözleri aýdanda, men titräp ýerimden galdym” (Danyýel 10:9–11).

Danyýeli Hudaý eziz görüp söýýärdi, şeýle-de bolsa, ol durky bilen titräp, ýere ýykylýar. Hatda oňa dyzyna, soň hem, aýak üstüne galmaga kömek edenlerinde-de, ol titredi durdy. Eger Hudaýyň goýbereniniň – perişdäniň ýanynda şeýle bolýan bolsa, onda Hudaýyň Özi gelse näme bolar?

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Hudaý mukaddesleriň uly ýygnagynda hormatlanylýandyr, töweregindäkileriň hemmesi üçin haýbatlydyr” (Mezmur 88:8).

**Many.** Biz Hudaýyň aýdyň barlygyny diňe Oňa beýik hormat bilen seredilýän atmosferada taparys.

**Oýlanma.** Hudaýyň barlygynda titremeklik nämäni aňladýar? Men ýekekäm ýa-da dostlarym bilen köpçülik ýerlerindekäm, ýa-da ýygnakda ýygnanyşyk wagtyndakam muny iş ýüzünde nädip edip bilerin?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Gökdäki Atam, sežde edilme atmosferasyna sylaşyksyz perwaýsyzlyk bilen giren gezeklerimi bagyşla. Seniň barlygyňa öz-özünden bolmaly zat ýaly seredenim we ony bolýan zat ýaly kabul edenim üçin toba edýärin. Goý, Isanyň gany meni arassalasyn. Men Seniň öňüňde tabyn bolýaryn we üýtgärim ýaly, Senden merhemet soraýaryn. Men nirede bolsam-da, näme edýän bolsam-da, Seniň barlygyňa düşünmek we ony sylamak isleýärin. Men mydama Seniň öňüňdäki mukaddes titreme içinde ýaşamak isleýärin. Men Isanyň ady bilen soraýaryn. Omyn.

**Toba etmek.** Men mydama özümiň bar ünsümi Hudaýyň Sözünde jemlärin we sözlerimiň hem işlerimiň hemmesinde Hudaýyň barlygyny sylaryn.

Doga-dileg etmeziňizden öň,
Kime ýüzlenýändigiňizi ýatda saklap,
Kime golaýlaşýandygyňyzy we Kim
bilen gürleşmekçi bolýandygyňyzy
düşünmäge çalşyň.

– TEREZA AWILSKAÝA

# 5| ÝATDAN ÇYKMAJAK AGŞAM

Markyň Hoş Habarynda Isanyň şägirtleri bilen “amala aşýan gudratly alamatlar arkaly Öz sözüni tassyklandygy” (Mark 16:20) ýazylypdyr. Bilelikdäki bu iş Isa göge alnan badyna başlanýar, ýöne Mukaddes Ýazgynyň hiç ýerinde, Ol gaýdyp gelýänçä, şol işiň gutarjakdygy ýazylmandyr.

Şeýlelikde, geliň, Braziliýadaky agşama gaýdyp geleliň. Men adamlary özleriniň perwaýsyzlyklaryna toba etmäge çagyranymda, ol ýerdäkileriň ýetmiş göterimi ýerinden galdy. Men başymy egip, gaty ses bilen: “Ýa Reb, bu günki wagyz edilen Öz Sözüňi tassykla” diýip, Hudaýa doga etdim.

Şobada adamlaryň arasynda agy sesleri eşidildi. Soň birnäçe minudyň dowamynda Hudaýyň barlygynyň tolkuny atmosferany dolduryp, ol ýerdäkileriň ýüreklerini täzeledi we arassalady. Hatda ol gidip başlanda hem, asudalygyň gudratly duýgusy galdy.

Adamlar sesli ötünç soramadylar we doga-dileg etmediler, şeýle-de bolsa, Hudaýyň barlygy olaryň ýürekleriniň üýtgändigi sebäpli geldi. Soňrak bu barada pikir edenimde, ýiten ogluň kakasynyň ogly ötünç soraýança garaşyp durman, onuň öňünden ylgap çykandygyna düşündim. Oglunyň ýüreginiň ýagdaýy üýtgänden we öýüne gelme kararyna geleninden soň, kakasy onuň öňünden ylgap çykyp, ony gujaklaýar we ogşaýar. Stadionda hem edil şonuň ýaly zat bolup geçen ýaly boldy.

Biz üýtgeşik pursatlary gördük. Adamlar hormatlaýjy ümsümlikde durdular, olaryň ýürekleri mähirden doludy. Meniň göwnüme toba dogasy bilen ýygnagy alyp barmak üçin örän oňaýly wagt gelen ýaly bolup göründi. Olaryň sözleriniň çyn ýürekden we päk kalbyndan çykýandygyny görmek üçin ýiti syzgyrlygyň bolmagy hökman däldi. Doga-dileg edenimizden soň,

Hudaýyň duýlup duran barlygy stadiony täzeden doldurdy. Men ýene adamlaryň aglaýanyny we möňňürýänini eşitdim, ýöne bu gezek öňküden güýçlüräkdi. Hudaýyň bu barlygy juda ajaýypdy, ýöne birnäçe minutdan soň ol hem gitdi.

Hudaýyň bize görkezen gudratly hem asudalykdan doly barlygynyň iki tolkunyndan soňky hemmämiziň duýan täzelenmämiz üçin men minnetdardym. Biziň hemmämiz Hudaýyň asudalygynyň atmosferany dolduraryna garaşyp durduk. Ümsümlikde men Hudaýyň Ruhunyň öz ýüregime: “Men Özümi ýene bir gezek aýan etmek üçin gaýdyp gelýärin” diýip pyşyrdanyny eşitdim.

Men muny sesli aýtdym, ýöne biziň hiç birimiz mundan soň näme boljakdygyny göz öňüne hem getirip bilmeýärdik – bize düýbünden täze barlyk geldi. Şol wagt bolan zady söz bilen beýan etmek kyndy, sebäbi bolan zady sözler mynasyp suratlandyryp bilmeýär. Meniň häzirki ýazjak zadym çişirilip aýdylan ýaly bolup görner, ýöne hatda ýigrimi ýyl geçenden soň hem, köp adamlar munuň bolandygyny tassyklarlar.

Göz öňüne getiriň, siz tokaýda durkaňyz birden güýçli ýel öwsüp başlaýar. Siz onuň gaty sesini agaçlaryň ýokarsynda eşidýärsiňiz. Şonda arenada şoňa meňzeş ýeliň sesi eşidildi. Biz ýeli duýmadyk, ýöne sesini eşitdik. Munuň bilen bir wagtyň özünde diýen ýaly, adamlaryň dillerinden agy gatyşykly gyzgyn dogalar çykdy. Olaryň sesleri bir güwwüldä goşuldyda, edil gök gümmürdisi ýaly bolup eşidildi, ýöne ýeliň sesi olaryň seslerini basdy. Men Onuň barlygynyň öňünde aňk bolup titräp, gaty gorkup diýen ýaly durdum. Men gymyldap, gürläp bilmedim, bütin endamym tikenekledi. Atmosferada meniň öň hiç haçan görmedik ygtyýarlygym duýuldy. Men: “*Bu Abba Atanyň barlygy däl, bu biziň mukaddes, gudratygüýçli, hökmürowan Patyşamyz!*[9]” – diýip pikir etdim.

Ýeliň şuwwuldysy togsan sekunda golaý dowam etdi. Ol kem-kemden ýuwaşanda hem, yzynda galkynyş galdyrdy – adamlar agladylar, käbirleri huşlaryndan gitdiler, ýene birleri öňünde duran kürsiniň arkasyna ýykyldylar, ýöne biziň hemmämiz söýgi içinde titredik. Biz bu mukaddes atmosferada ýene on minuda golaý wagtlap durduk. Men hiç zat diýip bilmedim, biziň hemmämiz doly ümsümlikde durduk. Soň men ýygnagy lidere tabşyryp, ýuwaşjadan gullukçylar bilen maşyna tarap gitdim.

Şöhratlandyrma toparynyň lideri bilen onuň adamsy menden soň maşyna mündi. Ol menden derrew:

– Siz ýeliň sesini eşitdiňizmi? – diýip sorady.

Men munuň ýeldigini şobada boýun almak islemedim. Men bolan zadyň

tassyklamasyny başga bir adamyň dilinden eşitmek isledim. Şonuň üçin men:

– Belki, ol binanyň üstünden uçup geçen reaktiw uçardyr? – diýip jogap berdim.

(Bu binada üçek bilen potologyň arasynda howa wentilýasiýasy üçin ullakan aralyk bardy, şonuň üçin daşdaky sesler ýapyk jaýdakydan has gowy eşidilýärdi.)

Ol öňdäki oturgyçda otyrdy, şonuň üçin yzyna öwrülip, ýüzündäki haýran galyjy keşp bilen güýçli garşy çykdy:

– Ýok, Ol Hudaýyň Ruhudy!

Onuň ýuwaş, agras adamsy hem:

– Ýok, jenap, bu reaktiw uçar däldi – diýdi.

Men:

– Siz nireden bilýärsiňiz? – diýip soradym.

Ol:

– Binanyň diwarlaryndan daşarda howpsuzlyk bölüminiň işgärleri we poliseýler durdy, olaryň köpüsi imansyz adamlar. Olar ýeliň sesini eşidenlerinde içerik ylgaşyp girdiler-de, biziň toparymyzyň adamlaryndan binanyň içinden çykýan güýçli ýeliň gaty sesi hakda soradylar. Mundan başga-da, men esasy ses pultunyň ýanynda durdum (ol aýaly aýdym aýdan wagtynda sesi gowulaşdyrmak üçin şol ýerde durýardy). Ýekeje sesem ses sistemasynyň üstünden geçmedi, ýel öwsüp durka ses ölçeýji gural hiç zady hasaba almady – diýdi.

Soň ýene onuň aýaly gürledi, onuň ýaňaklaryndan gözýaş syrykdy.

– Men otly tüweleýiň binanyň üstüne inýänini gördüm, hemme ýerde perişdeleriň barlygyny duýdum.

Men özümi derrew myhmanhana alyp gitmeklerini haýyş etdim. Biz ýolboýy ümsüm gitdik. Soňrak men birnäçe sagatlap öz otagymyň balkonynda oturyp, diňe Hudaýa tagzym edip bildim. Men şol agşam bolan zada juda tolgunýardym.

Ertesi gün ertir bilen zala girenimizde, atmosfera düýbünden başgaçady. Öten agşam ýygnakda bize gelen Hudaýyň barlygy öňküsi ýaly duýlup durdy. Adamlaryň ýüreklerinde Hudaýyň öňündäki gorky dikeldilipdi, şeýdip, olar gudrat bilen Hudaýyň barlygyny we merhemetini duýdular.

Eýýäm bellenilip geçilişi ýaly, şol agşamky bolan zady birnäçe adam tassyklady we onuň özleriniň durmuşyna täsir ýetirendigini hatlaryň, elektron poçtalaryň üsti bilen we ýüzbe-ýüz paýlaşdylar. 2016-njy ýylda men Braziliýanyň Goýaniýa şäherine on iki müň lideriň gatnaşan

ýygnagynda çykyş etmek üçin gitdim. Kabul edýän ýygnagyň ruhy çopanynyň elleşen wagtymyzda aýdan ilkinji sözleri: “Ýigrimi ýyl mundan ozal men Braziliýadaky ýel öwsen ýygnakda bardym. Meniň aýalym şondan soň hiç haçan öňküsi ýaly bolmady” – diýen sözler boldy. Ol bary-ýogy on alty ýylyň dowamynda üç ýüz müňe çenli ösen ýygnaklar zynjyryna ýolbaşçylyk edýär.

Meniň aýalym 2019-njy ýylda Braziliýadaky konferensiýada gulluk edende, başga bir gullugyň liderleriniň biri ýigrimi ýyldan gowrak wagt mundan ozal ýel öwsen ýygnakda özüniň bolandygyny oňa aýdypdyr. Ol hem, şondan soň öz durmuşynyň üýtgändigini tassyklapdyr.

Hudaýyň barlygynda bolmaklyk her bir imanly adama ruhy saglyk üçin zerur. Birwagtlar doga edýän wagtymda Hudaýyň barlygyna girmek maňa kyn bolýardy. Ýöne bir gezek men tötänden bir zat etmäge başladym. Men dogamy şöhratlandyrmakdan ýa-da haýsydyr bir sözleri aýtmakdan başlamazlyk kararyna geldim. Men ýöne bir Hudaýymyzyň ajaýyplygy hem mukaddesligi hakda oýlandym. Men şobada diýen ýaly, Onuň barlygyna gurşaldym. Ertesi gün men ýene şonuň ýaly etme kararyna geldim, munuň netijesi edil öňki ýaly boldy. Bu üçünji gün hem gaýtalandy.

Men haýran galyp: “Ýa Reb, näme üçin soňky üç günüň dowamynda maňa Seniň barlygyňa girmek şeýle aňsat bolýar?” – diýip soradym.

Men Hudaýyň Ruhunyň: “Isa Öz şägirtlerine doga etmegi nädip öwretdi?” – diýenini eşitdim.

Men “Gökdäki Atamyz” dogasyny aýdyp başladym: “Gökdäki Atam, goý, Seniň adyň mukaddes bolsun...” Men birden şatlykly gygyrdym: “Dogry! Isa şägirtlerine Hudaýyň barlygyna mukaddes titreme hem sylaşyk bilen gelmelidigini öwredipdir!” Indi maňa doly düşnükli boldy.

Dawut bu hakykaty şeýle sözler bilen tassyklaýar: “*Senden gorkup*, mukaddes ybadathanaňa sežde ederin” (Zebur 5:8). Hudaý – biziň Atamyz, Isa – Rebbimiz hem Halasgärimiz, Hudaýyň Ruhy bizi güýçli söýýär. Ýöne Täze Ähtde (Ýewreýler 12:29) Onuň “iýiji otdugy” hem ýazylypdyr. Isa hemmelerden ýakyn bolan söýgüli resul Ýohanna, öli ýaly bolup, Onuň aýaklaryna ýykylýar (Aýanlyk 1:17), Hudaýyň Ruhy hem – bütin şäheriň ünsüni Özüne çekmek üçin Hudaýyň gudratyny görkezen (Resullaryň işleri 2-nji bap), jaýy sarsdyran (Resullaryň işleri 4-nji bap) we başga-da köp haýran galdyryjy zatlary eden Biridir.

Ine, esasy hakykat: *Rebbiň öňünde mukaddes gorkuda bolunýan ýerde hem, Onuň barlygy peýda bolýar.*

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Men size ejizlik we gorky içinde geldim, gaty-da sandyraýardym. Sözüm hem wagzym ynsan akyldarlygynyň ynandyryjy sözlerine däl-de, siziň imanyňyz ynsan akyldarlygynda durman, Hudaýyň güýjünde durar ýaly, Ruhuň we Onuň güýjüniň görkezilmegine daýanýardy” (1 Korintoslylar 2:3–5).

**Many.** Rebbiň öňündäki gorky atmosferany üýtgedýär. Ol Mukaddes Ruhuň güýji biziň durmuşymyzy we beýleki adamlaryň durmuşyny üýtgeder ýaly ýagdaý döredýär.

**Oýlanma.** Men Hudaýyň barlygynyň we güýjüniň aýan bolmagyna garaşýarynmy we ynanýarynmy? Hudaýyň ýanyna mukaddes titreme bilen gelsem, meniň doga-dileg edýän durmuşym nähili üýtgär? Men bu öňe süýşmäni nädip ýerine ýetirip bilerin?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Gökdäki Atam, öňki bolan zatlar sebäpli Seniň barlygyň aýan bolmasyny çäklendiren bolsam ýa-da başga adamlaryň çäklendirmeleri Seniň etjek zadyňa täsirini ýetiren bolsa, onda haýyş edýärin, meni bagyşla. Men Seniň barlygyňa mukaddes titreme bilen girerin we Saňa hiç hili çäklendirme goýmaryn. Haýyş edýärin, meniň sorajak, pikir etjek we umyt edip biljek zatlarymyň hemmesinden üstün gelip, Öz güýjüňi aç. Muny Rebbim Isany şöhratlandyrmak we meniň bilen gatnaşykda bolan adamlara gulluk etmek üçin etmegiňi Senden soraýaryn. Men muny Isanyň ady bilen soraýaryn. Omyn.

**Toba etmek.** Eger diňe ynansam we Hudaýyň ýanyna mukaddes gorky bilen barsam, hemme zat mümkin bolar.

Ony beýik mukaddesliginde we öwşün atýan şöhratynda dolulygyna görenimizde, kellämize haçan hem bolsa bir wagt Ol barada adaty pikiriň gelendigi mümkin däl ýaly bolup görner.

– JOÝ DOUSON

# 6| HUDAÝY GÖRMEK

Biziň mukaddes gorkymyz Hudaýyň beýikligine düşünişimiz bilen deň derejede ösýär. Ýöne hakykat şeýledir: “Onuň ululygy çäksizdir” (Zebur 144:3), sebäbi Onuň şöhratyna akyl ýetirip bolmaýar. Onuň şöhratyny öwrenip bolmaýar, çäksiz hem akyl ýetmezekdir. Şeýle-de bolsa, biz öz düşünjämizde ösmäge dyrjaşmalydyrys.

Uzyýa patyşanyň ölen ýylynda, takmynan biziň eramyzdan 742 ýyl ozal, Işaýa pygamber göge alynýar. Ol beýik hem ýokary galdyrylan tagtda oturan Rebbi bütin şöhraty içinde görýär. Onuň beýikligi ägirt uly ybadathanany – milliard janly-jandary içinde ýerleşdirip biljek binany doldurýardy.

Işaýa diňe bir Ýaradanyň görnüşine guwanman hem haýran galman, eýsem Hudaýyň tagtynyň üstünde uçup ýören serafimler diýilýän kuwwatly perişdelere-de onuň akly haýran bolýar. Mukaddes titreme döredýän bu jandarlaryň dillerinden Işaýa şeýle sözleri eşidýär:

> Hökmürowan Reb mukaddesdir, mukaddesdir, mukaddesdir. Tutuş älem Onuň şöhratyndan doludyr (Işaýa 6:3).

1800-nji ýylda Jon Bahus Daýkyň şu Mukaddes Kitap aýatlary esasynda ýazan “Mukaddes, mukaddes, mukaddes” atly nusgawy senasy biziň köpimize tanyşdyr. Ol iki ýüz ýyldan gowrak wagtyň dowamynda ýygnagyň esasy senasy bolýar, soň hem seždе etmäniň asuda aýdymyna öwrülýär. Ýöne ol Işaýanyň gören zadyndan gaty uzakdaky zatdy.

Şol äpet jandarlar ajaýyp aýdymy Hudaýa lezzet bermek üçin aýtmadylar-da, görýän zatlaryna bolan duýgularyny beýan eden bolsalar gerek! Olaryň öňlerinde mydama Hudaýyň akyl ýetmeýän beýikliginiň täze çäkleri açylýar, şonuň üçin olar diňe: “Mukaddes, mukaddes, mukaddes...” diýip ýüzlenip bildiler.

Serafimler üç gezek “mukaddes” diýip gaýtalamaýarlar. Işaýa ýaly gadymy ýewreý awtory sözi bellemegiň usulyny gözlände, ol ony iki gezek ýazýar. Biz muny Isanyň: “Maňa ýa Reb! Ýa Reb diýen her bir adam Gögüň Patyşalygyna girmez...” (Matta 7:21) – diýen sözlerinde görýäris. Eger siz oturyp, Isany diňleýän Matta bolan bolsaňyz, onda Ol “Reb” diýen sözi aýdanda Onuň äheňiniň eslije güýçlenenini duýarsyňyz. Isanyň sesindäki güýçlenmäni bellemek üçin Matta bu sözi iki gezek ýazýar. Iňlis dilinde pikiri güýçlendirmek üçin biz has gara şrifti ýa-da kursiw ulanýarys.

Gadymy ýewreý awtory manysyny aňlatmak üçin sözi örän seýrek ýagdaýda üç gezek ýazypdyr. Aslynda beýle ýagdaý Mukaddes Ýazgyda iki ýa-da üç gezek duş gelýär. Şeýle edileninde biz sözüň ýa-da jümläniň güýçlendirmesiniň iň ýokary derejesini görýäris. Aslynda şol perişdeleriň sesleri, edil gök gümmürdisi ýaly derejede güýçli ýaňlanýar welin, hatda şol ägirt uly binanyň gapylarynyň söýeleri-de sarsýar.

Biz maşgalamyz bilen Florida göçüp baranymyzda, ol ýerde suw derejesiniň juda ýokary bolandygy sebäpli, jaýlaryň aşaklarynda podwal gurmandyklaryny gördük. Biziň öýümiziň gurluşykçysy maňa: “Öz etrabyňyzda güýçli harasat turan ýagdaýynda jaýyň içki otagynyň gapysynyň bosagasynda gizleniň, sebäbi şol ýer konstruksiýanyň iň ygtybarly ýeridir” – diýdi. Işaýanyň gökdäki aňyrsyna göz ýetmeýän arenadaky gapylaryň söýeleriniň sarsyşyny takyk belleýşi barada diňe pikir edeniňde beýniň ýarylara gelýär. Eger şeýle bolsa, onda perişdeleriň şol kuwwatly seslerinden bütin konstruksiýa sarsandyr!

Hudaýyň şöhratyny görenine jogap edip, Işaýa näme diýýär? Ol: “Oho, anha Ol!” – diýmedi.

Ýok, ol: “Meniň halyma waý! Men heläk boldum, çünki men agzy murdar adamdyryn” (Işaýa 6:5) – diýip gygyrdy. Bu hakyky ýagdaýy göz öňüne getirip bir görüň: ol öz kitabynyň öňki babynda: “Ýagşylyga ýamanlyk, ýamanlyga ýagşylyk diýýänleriň, alkogol içýänine buýsanýan adamyň dat gününe!” (Işaýa 5:20-22 awtor başga sözler bilen aýdýar) – diýip ýüzlenýän takwa pygamber adam. Ine, bir bap geçenden soň ol Hudaýyň beýikligini görýär-de, indi “günäkärleriň dat gününe!” diýmeýär-de, “meniň dat günüme, men öldüm!” – diýip gygyrýar. Ol özi bilýändirin öýdýärdi, emma indi Gudratygüýçli Hudaýyň Kimdigine ol has köp düşünýär. Şeýle hem, ol mukaddes Hudaýyň öňünde özüniň kimdigine düşünýär. Bu duşuşyk onuň mukaddes gorkusynyň ep-esli derejede güýçlenmegine alyp bardy!

Rebbi Öz şöhraty içinde gören adamlarda şunuň ýaly garaýyşlaryň bolandygyny biz tutuş Mukaddes Ýazgynyň dowamynda görýäris. Eýýuby

ýatlalyň. Gudratygüýçli ol barada: “Sen gulum Eýýuba üns berdiňmi? Dünýäde onuň ýaly adam ýokdur” (Eýýup 1:8) – diýdi. Hudaýyň siz ýa-da men barada şonuň ýaly sözleri aýdýanyny göz öňüne getirip bilýärsiňizmi? Biz-ä şatlykdan ýaňa bökerdik! Ýöne bu adam Hudaýyň şöhratyny görüp:

“Sen hakda gulagym bilen eşidipdim,
Indi Seni öz gözlerim bilen gördüm.
Munuň üçin özümi ýigrenip,
Başymdan gumdur kül sowrup toba edýärin” (Eýýup 42:5, 6) – diýýär.

Ezekiýeli ýada salalyň. Ol Rebbi gördi-de: “Bu Rebbiň şöhratyna *meňzeş* bir *görnüşdi*. Men muny gören badyma ýüzin ýykyldym” (Ezekiýel 1:28) – diýdi.

Ybraýym babatda näme? Biz Hudaýy gören wagtynda, “Ybraýymyň ýüzin ýykylandygyny” (Gelip çykyş 17:3) okaýarys.

Hudaý Sinaýyň üstünde Öz şöhraty içinde peýda bolanda, “görnüş şeýle gorkunçdy welin, Musa: “Men gaty gorkýaryn, sandyraýaryn” diýipdi” (Ýewreýler 12:21).

Isanyň söýgüli şägirdi bolan resul Ýohanna biziň şöhratlandyrylan Isamyz bilen duşuşanda: “Men Ony gören badyma, öli kimin aýaklaryna ýykyldym” (Aýanlyk 1:17) – diýip ýazýar.

Ýokarda getirilenler – bu doly sanaw däl. Mukaddes Ýazgyda muňa meňzeş ýagdaýlar köp ýazylypdyr.

Ýygnagyň taryhynda onçakly bir köp wagt geçmedik wagtynda, takmynan 1266-dan 1237-nji ýyllaryň arasynda Foma Akwinskiý “Summanyň teologiýasy” atly kitaby ýazýar. Ol ony iň wajyp eser hasap edýär. Ýöne bir gün ol Hudaý bilen akyla sygmajak güýçli duşuşygy başdan geçirýär. Bu duşuşyk onuň garaýşyny hemişelik üýtgedýär, şonuň üçin ol derrew ýazmagyny bes edýär. Dosty Rejinald ony işini dowam etdirmäge yrjak bolýar, emma Foma Akwinskiý: “Meniň işlerimiň soňy geldi. Sebäbi meniň ýazan zatlarymyň hemmesi özüme açylan zat bilen deňeşdirende maňa saman ýaly bolup görünýär”– diýip jogap berdi.

Ysraýylyň taryhynyň belli bir pursatynda Hudaý Öz halkynyň arasynda mukaddes gorkyny täzelemek isleýär, şonuň üçin Ol halka birnäçe takyk soragy berýär. Rebbiň şöhratyny gören Işaýa:

“Rebbiň Ruhuna kim akyl ýetirdi?
Kim Onuň maslahatçysy boldy we Oňa öwretdi?
Akyl üçin Ol kimden maslahat sorady?
Adalat ýoluny Oňa öwreden kim?

> Oňa bilim berip, paýhas ýoluny görkezen kim?...
> Onda Hudaýy kime meňzedýärsiňiz?
> Ony nämä meňzedýärsiňiz?" (Işaýa 40:13, 14, 18).– diýip soraýar.

Soňra Hudaý: "Meni kime meňzedersiňiz we kim bilen deňeşdirersiňiz?" (Işaýa 40:25)– diýip, göni soraýar. Eger taryhda ýöne bir ýüzleý tanşyp geçmän, eýsem bu soraglaryň üstünde çuň pikirlenmeli wagt bolan bolsa, onda şol wagt häzirki döwürdir. Şu gün we şu sagat biziň köpimiz mydama aňymyzy dolduryp durýan maglumatlar akymy bilen şeýle bir başagaý welin, bu wajyp soraglaryň üstünde oýlanmaga ýerimizem, wagtymyzam galmaýar. Mukaddes gorkyny kalbymyza ornaşdyrmaga nämedir bir zat bize päsgel berýär, şonuň üçin imanlylaryň köpüsi ejiz bolýarlar-da, azmanyň, bähbidiň we adam derejesiniň tekepbirliginiň dünýewi sistemasyna aňsatlyk bilen goşulýarlar.

Şunuň ýaly ýagdaýda biz zehinli sportsmenlere, Golliwudyň öwşün atýan ýyldyzlaryna, zehinli sazandalara, telekeçiligiň ekspertlerine, harizmatik liderlere we beýleki wajyp adamlara aýdylýan aşa öwginiň güýçli hüjümi astyna düşýäris. Olaryň sözleri telewideniýede, sosial ulgamlarda, esasy köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde we başga-da köp jemgyýetçilik platformalarda arşa galdyrylýar. Eýmenç hakykat, ine, şunda jemlenendir; maglumatlaryň we adamyň ýeten derejesiniň bu zyýansyz ýaly bolup görünýän bölejikleri Hudaýa golaýlaşmaga we Ony görmäge edilýän ajaýyp çagyryşlardan biziň ünsümizi sowýar ýa-da itekleýär.

Eger biz ýöne bir saklanyp, içimize seretsek we Hudaýyň beýikligine guwansak, onda baýardyk, berkärdik we parahatlykda bolarys. Bize wada gerek:

> "Çünki tümlükden nur parlasyn diýen Hudaý Mesihiň ýüzünde Hudaýyň şöhratyny tanamak nuruny bermek üçin biziň ýüregimizi ýagtylandyrdy" (2 Korintoslylar 4:6).

Öz kalbymyzyň ümsümliginde, Mukaddes Ruh bilen ýekelikde biz Isany Onuň Sözüniň üstünde oýlanmak bilen görüp bileris. Onuň ýüzüni görmeklik biziň ýüreklerimizde Hudaýyň şöhratyny nurlandyrýar, şeýle etmek bilen hem, *mukaddes titremämizi* güýçlendirýär.

Şonda biz ýokarda sanalyp geçilen, Reb bilen duşuşan, Onuň bilen ýörän, Onuň göwnünden turan, wada ähtini alan we öz ýoluny gowy tamamlan Işaýa we beýleki beýik adamlar ýaly bolarys. Iň esasy zat bize Ony görenimizde "gitdigiçe Oňa meňzeş boljakdygymyza, Onuň şöhratynyň bizde gitdigiçe artjakdygyna" (2 Korintoslylar 3:18) wada berilýär.

Siz kime meňzeş bolmak isleýärsiňiz – häzirkizaman meşhur adamlaramy ýa-da Älemi Ýaradana? Pähim bilen saýlaň we eşidýän hem üns berýän zadyňyza ünsli serediň.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Mukaddes gözellik içinde Rebbe sežde ediň; eý, bütin dünýä, Onuň öňünde sandyra” (Zebur 95:9).

**Many.** Biziň mukaddes gorkymyz Hudaýyň beýikligine düşünişimiz bilen deň derejede ösýär.

**Oýlanma.** Eger her gün on minut daşardan gelýän islendik täsiri söndürip, Hudaýyň beýikligi barada pikir etsem näme bolarka? Muňa wagt ýitireniňe degýärmi? Ahyr netijesinde meni paýhaslyrak etjek mukaddes gorkymy güýçlendirmek bilen men gündelik durmuşymda has netijeli bolup bilerinmi?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Gökdäki Atam, Senden haýyş edýärin, maňa Isa bolan täze garaýşy ber. Öz ýüregimde Ony görsem, Onuň keşbine öwrüljekdigime, şöhratyň bir derejesinden beýlekisine geçjekdigime Seniň Sözüň wada berýär. Isanyň şöhraty has aýan boldugyça, meniň mukaddes gorkym güýçlensin. Men Saňa Isanyň ady bilen doga edýärin. Omyn.

**Toba etmek.** Men şöhratdan şöhrata geçip, Isanyň keşbine öwrülerin.

Adamlar Hudaýyň däl-de,
biri-biriniň öňünde
hormatly bolýarlar.

– GENRI DEWID TORO

# 7| HUDAÝYŇ ŞÖHRATY

*Hudaýyň şöhratynda* ünsüňizi jemlemezden mukaddes gorky hakda gürrüň etmek mümkin däl. Geçen bapda biz bu tema degip geçdik, indi bolsa, geliň, ony dowam edeliň.

Ölümli ten Hudaýyň şöhratynyň barlygynda durup bilmez. Habakuk pygamber ol hakda şeýle sözleri ýazdy:

> "Onuň ýagtysy Gün kimindir, elleri nur saçýandyr, gudratynyň syry elindedir" (3:4).

Pawlus Isanyň "ýetdirmez nurda ýaşaýan, hiç bir ynsanyň görmedik we görüp hem bilmejek Hudaýy Mesihdigini" (1 Timoteos 6:16) ýazýar. Şu setirler bilen birlikde biz Ýewreýlere hatda *Hudaýyň iýiji otdugyny okaýarys* (12:29-a seret).

Munuň ýaly sözleri eşideniňizde, Ol otda odun ýakýan, iýiji bolsa-da, öz ýanyna gelmäge rugsat edýän oda meňzeş diýip pikir etmäň. Tersine, geliň, has ýagtyly, hemme zady iýýän ody, mysal üçin, biziň ýerimizi ýagtyldýan Güni göz öňüne getireliň. Ol hemme zada ýetýär, ýöne ýanyna baryp bolmaýar. Hatda bu mysal hem, hakykata doly golaýlaşmaýar, sebäbi: "Hudaý nurdur, Onda hiç hili garaňkylyk ýokdur" (1 Ýohanna 1:5) – diýilýär. Gün her neneň ýagtyly bolsa-da, onda gara tegmiller bar. Mundan başga-da, Pawlus: "Eý patyşa, günortanlar ýolda Gökden meniň we meniň bilen barýanlaryň daş-töweregini ýagtyldan, Günüň şöhlesinden hem güýçli bir nur gördüm" (Resullaryň işleri 26:13) – diýýär.

Pawlus Isanyň ýüzüni görmeýär, ýöne ol diňe Isadan çykýan, ýakyn gündogaryň gözüňi gapyp barýan ýagty Gününden hem ýiti ýagtyny görýär! Ol ertirki ýa-da öýlänki Güni görmeýär-de, günortanky ýaly Güni görýär.

Men dünýäniň dürli ýurtlaryna ýygy-ýygydan gidip durýaryn. Käwagt Günden goraýan äýnegi almagy ýatdan çykarýaryn. Men köp ýurtlarda onsuz oňup bilýärin, ýöne Ýakyn Gündogarda däl. Ol ýere birinji gezek gidenimde, Günden goraýan äýnegiň aňry ýany bilen zerurdygyna düşündim. Äýneksiz men gözlerimi Gün sebäpli güýçli ýumup ýörmeli boldum. Ol ýeri üç sebäbe görä has ýagty bolýar: ol ýeriň klimaty gury, tonlary açyk, tebigatyň aýratynlyklary (çölüň çägesi, daglar) we ýerleşişi ekwatora golaý. Eger ertirine hem agşamyna Günüň ýagtysy gündizkä görä pesräk bolsa, onda günortan gorag linzasyz daşary çykaýsaň, ol gözüňi kör edip barýan ýaly bolýar.

Indi, geliň, şu wagtky okan zadymyz hakda pikirleneliň. Pawlus Isadan çykýan ýagtynyň Ýakyn Gündogaryň günortanky Gününiň ýagtysyndan-da ýagtydygyny ýazýar! Isanyň şöhraty Günüň ýagtysyndan köp esse ýiti.

Bu Ýowel bilen Işaýanyň, Isa ýere gaýdyp gelen gününde, Günüň we Aýyň garaljakdygyny, ýyldyzlaryň şöhle saçmagy bes etjekdigini näme üçin ýazýandygyny düşündirýär (Işaýa 13:9, 10; Ýowel 2:31, 32). Maňa düşündirmäge rugsat ediň. Biz aýly gije gezelenç edip ýörkäk näme görýäris? Ýyldyzly asmany. Ýöne ertir bilen Gün doganda näme bolýar? Ýyldyzlar gaýyp bolýarlar. Biz: “Näme, Gün çykanyndan soň ýyldyzlaryň hemmesi basymjak gaçyp gidip, ol batanyndan soň birden ýene gijeki asmana gaýdyp gelýärlermikä?” diýip soramalydyrys. Bu soraga beriljek jogabyň “ýok” bolýandygy göze görnüp dur. Näme bolýar? Ýyldyzlaryň şöhraty – bu bir dereje, ýöne Günüň şöhraty welin, has-da ýokary derejedir. Şonuň üçin Gün çykan wagtynda, ol ýyldyzlaryň ýagtysyny basýar, sebäbi ol olardan has ýagtylydyr.

Isa gaýdyp gelende, Onuň şöhraty Günüňkiden köp esse ýagtyly bolýar. Gün öňküsi ýaly şöhle saçyp duran bolsa-da, Isanyň şöhraty onuň ýagtysyny basar! Indi siz Onuň şöhratynyň nämedigini has gowy göz öňüne getirýärsiňizmi? Meniň pikirimçe, hut şunuň üçin ýer ýüzündäki adamlaryň hemmesi: “Daglara hem gaýalara: Biziň üstümize ýykylyň! *Bizi* tagt üstünde Oturanyň *ýüzünden*, Guzynyň gazabyndan *gizläň*” (Aýanlyk 6:16) – diýerler.

Şeýlelikde, indi şeýle sorag ýüze çykýar: “Rebbiň şöhraty näme?” Bu soraga jogap bermek üçin, geliň, Musanyň “maňa Öz *şöhratyňy* görkez” (Müsürden çykyş 33:18) diýen haýyşyna ýüzleneliň.

Iwrit dilinde şöhrat – bu “kawod” diýmekdir. Strongyň Mukaddes Kitap sözlügi boýunça ol: “Maňa agyrlyk, agram” diýmegi aňladýar. Ol, şeýle hem, beýikligi we hormaty aňladýar. Şonuň üçin, Musa: “Özüňi bar

ajaýyplygyňda maňa görkez” – diýip haýyş edýär. Hudaýyň oňa näme jogap berýänini ünsli okaň:

> “*Men* siziň öňüňizden (r.d. seniň öňüňden) *bütin şan-şöhratym* (iňlis dilinde “ýagşylygym”. – *Terjimeçiniň belligi*) bilen geçerin we siziň öňüňizde (r.d. seniň öňüňde) Reb (r.d. Ýehowa) *adymy jar ederin*” (Müsürden çykyş 33:19).

Musanyň özüne şöhratyny görkezme haýyşyna Hudaý oňa Özüniň bar “ýagşylygyny” görkezjekdigini aýdyp jogap berýär. Iwrit dilinde bu söz “sözüň iň giň manysyndaky gowulygy” aňladýar. Başga sözler bilen aýtsak, hiç hili galyndysyz gowulygy aňladýar.

Mundan soň Hudaý: “Reb adymy jar ederin” – diýýär. Ýerdäki patyşalyklarda, patyşa tagtly zalyna girmezinden öňürti jarçy onuň adyny yglan edýär. Soň surnaýlaryň sesi astynda patyşa tagtly zalyna özüniň ajaýyplygy içinde girýär. Onuň ajaýyplygyny hemmeler görýär, köşkde kimiň patyşadygyna şübhe bolmaýar. Ýöne patyşa özüniň uly ýurdunyň köçesinde adaty geýimde, ýanyna wezirlerini alman aýlansa, onda ol göze ilmän galar.

Geçen bapda biz Isa Mesihiň öňünde Rebbiň şöhratynyň açylýanyny bildik. Köp adamlar Isanyň özleriniň ýanyna görnüşde gelendigini aýdýarlar. Munuň şeýle bolan bolmagy ahmal, ýöne Onuň şöhratynyň dolulygynda däl. Pawlus muny şeýle suratlandyrýar: “Şindi her zady aýnadaky ýaly ümüzli görýäris, ýöne şol wagt ýüzbe-ýüz göreris” (1 Korintoslylar 13:12). Onuň şöhraty Köne Ähtdäki ýaly, gara buludyň aňyrsynda gizlener, sebäbi hiç bir beden Onuň örtülmedik şöhratyny görüp, diri galyp bilmez.

Isa ölümden direleninden soň Onuň ilkinji gürleşeni Magdalaly Merýem bolupdy, ýöne ol Isany bagbandyr öýdüpdi (Ýohanna 20:15, 16). Şägirtleri Isa bilen bile kölüň kenarynda balyk iýip ertirlik edinipdiler, ýöne olar Ony başda tanamandylar (Ýohanna 21:9, 10). Iki şägirt Isa bilen Emmausa barýan ýolda bile barýardy, ýöne “olaryň gözleri baglanypdy” (Luka 24:16). Olar Isanyň ýüzüni gördüler, sebäbi Ol Özüniň şöhratyny doly açmady.

Köne Ähtde hem Rebbi gören adamlar bolupdy, ýöne Ol olara Özüniň bar şöhratyny açmandy. Reb Ybraýyma Mamräniň dub tokaýjygynyň ýanynda göründi, ýöne bar şöhratynda görünmedi (Gelip çykyş 18:1, 2). Ýakup Hudaý bilen göreşdi, ýöne şol wagt Ol Özüniň bütin şöhraty içinde däldi (Gelip çykyş 32:24).

Ýeşuwa Ýerihonyň diwarlarynyň ýanynda durka, ýalaňaç gylyç tutup

duran Rebbi gördi we Onuň Ysraýylyň tarapyndamydygyna jogap talap etdi. Ol Onuň Rebdigini bilip, ýüzin ýykylyp, Oňa tagzym etdi. Sanawy Gedegon, Şimgonyň ene-atasy we başga-da köpler dowam etdirýärler.

Olardan tapawutlylykda resul Ýohanna Rebbi Patmos adasynda Ruhda, Onuň doly şöhraty içinde görýär. Ýohanna Onuň daşky görnüşini bar güýji bilen şöhle saçýan Günüň öwüşginine deňeýär we edil öli ýaly bolup, ýüzin ýykylýar. Ýohanna Oňa nädip seredip bildikä? Ol tende däldi-de, Ruhdady. Işaýa bilen başga käbirleri-de şeýledi. Musa bolsa, Hudaýyň ýüzüni görüp bilmedi, sebäbi ol özüniň ölümli tenindedi.

Rebbiň şöhraty – ine, bu Hudaýy Hudaý edýän zatdyr. Onuň ähli gylyklary, ygtyýary, güýji we akyldarlygy – Hudaýyň ölçäp bolmajak agramy we beýikligidir. Hiç zat gizlin we saklanylan däldir! Ol Öz barmaklary bilen asmanda ýyldyzlary goýup çykdy we olaryň her birine at berdi. Ol Älemi Öz elleriniň barmaklary bilen – Öz aýasy bilen – ölçedi. Ol tutuş ýeri, edil çäge bölejigi ýaly edip alyp bilýär, Ol suwuň her bir damjasyny Öz aýasynda ölçedi, Ol ýeri we daglary Öz terezisinde çekdi, Ony biz öz ýüregimizde görüp bilýäris we kem-kemden Onuň keşbine, şöhratdan şöhrata öwrülip bilýäris!

Ol bizi aýdyp bolmajak derejede çuň söýýär, şeýle güýçli söýýändigi sebäpli, biziň Öz maşgalasynyň agzasy bolmagymyz üçin Ol biziň günälerimiz zerarly örän eýmenç bahany töleme kararyna geldi. Sizi-hä bilemok welin, ýöne bu meni doly buýsanja alyp barýar!

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** "Mübärek, täk Hökümdar, patyşalar Patyşasy, rebler Rebbi, Ölümsizligiň ýeke-täk eýesi, ýetdirmez nurda ýaşaýan, hiç bir ynsanyň görmedik hem görüp bilmejek Hudaýy Mesihi öz wagtynda görkezer. Hormat hem gudrat baky Onuňky bolsun! Omyn" (1 Timoteos 6:15, 16).

**Many.** Şöhrat – ine, bu Hudaýy Hudaý edýän zatdyr. Onuň ähli gylyklary, ygtyýary, güýji we akyldarlygy – Hudaýyň ölçäp bolmajak agramy we beýikligidir. Hiç zat gizlin we saklanylan däldir!

**Oýlanma.** Gözüňi gapyp barýan ýagtyly we arassa, ýanynda garaňkylyk, kölege, perde, ümüzlenme bolup bilmejek ýagtyny göz öňüne getiriň. Maňa Ondan nämedir bir zady birden gizlemek nämä gerek? Bu barada pikir etmek hem mümkin däl.

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Gökdäki Atam, maňa Seniň şöhratyňa çuň

düşünmekligi bermegiňi haýyş edýärin. Men oňa adaty we ortaça, käwagt ýada salýan zadym hökmünde garamak islemeýärin. Men Seniň beýikligiň şöhraty meniň üçin göze görnüp duran we töwerekdäki dünýäden-de hakyky bolmagyny isleýärin. Goý, Seniň şöhratyň mydama meniň ýüregimde hem aňymda bolsun. Men muny Isanyň ady bilen soraýaryn. Omyn.

**Toba etmek.** Men Mesihde özüme duş gelenleriň hemmesine Onuň şöhratyny görkezýän dünýäniň nurudyryn.

# ÖZ BOLŞY ÝALY

# AÇYK

2-NJI HEPDE

Biz Hudaýy Ondan
gorkýanymyz üçin
söýmeli däl-de,
Ony söýýänimiz üçin
gorkmalydyrys.

– MUKADDES FRANSISK SALSKIÝ

# 8| SIZIŇ GYMMATYŇYZ

Bu bölüm diýseň agyr, belki-de, paş ediji temalary öz içine alýar. Şonuň üçin dowam etdirmezden öňürti, geliň, saklanalyň-da, Hudaýyň bize bolan akyla sygmajak söýgüsine akyl ýetirmeklige çuň aralaşalyň. Men Isanyň çürt-kesik aýdan, gorkuzyjy diýen ýaly sözlerinden başlaýaryn. Ol sözler bu bölümdäki gepleşiklerimiziň eslije ýerini eýelär. Eger olary kontekstsiz okasaň, onda olara nädogry düşünmegiň mümkin, munuň bolsa, sagdyn bolmadyk gorkyny döretmegi mümkin, şonuň üçin olary Hudaýymyza tabyn bolmadan we hormatdan doly ýürekden okamagy haýyş edýärin.

> “Kimden gorkmalydygyňyzy Men size aýdaýyn: öldürenden soň (jany r.d. bar) dowzaha zyňmaga güýji ýetýän Hudaýdan gorkuň. Hawa, size aýdýaryn, Ondan gorkuň (Maňa ynanaýyň, ine Kimden gorkmak gerek eken) (Luka 12:5).

Isa bize *Hudaýdan gorkmalydygyny* aýdýar, Ol muny bir gezek aýdyp goýmaýar, Ol bu buýrugy gaýtalamak bilen güýçlendirýär. Onuň “jany dowzaha zyňmaga” diýen aňk ediji sözleri ünsüňi hemmesinden-de beter özüne çekýär. Nähili çürt-kesik aýdylan sözler! Şeýle-de bolsa, onuň yzyndan aýdylan jümlä serediň:

> “Bäş serçe iki teňňä satylmaýarmy? Muňa garamazdan, Hudaý olaryň hiç birini unutmaýar. Siziň başyňyzyň saçlary hem sanalgydyr. *Gorkmaň*, siz köp serçelerden *gymmatlysyňyz*” (Luka 12:6, 7).

Üns beriň, men 5-nji aýatdaky “Hudaýdan gorkmak” we “gorkmaň”

diýen sözleri belledim. Biz ýene *mukaddes gorky* bilen *mukaddes däl gorkynyň* arasyndaky tapawudy görýäris. Men gaýta-gaýta gaýtalamak isleýärin, mukaddes gorky Hudaýdan gaty gorkmak bilen Ondan daşlaşmagy aňlatmaýar, beýle etmeklik *mukaddes däl gorky* bolýar. Bize muny bilmek we bu hakykatda berkidilen bolmak gerek.

Isa sözüni ünsüňi çekiji we eýmendiriji diýen ýaly sözlerden başlaýar, ýöne Ol Hudaý üçin biziň gaty uly *gymmatymyz* hakda aýtmak bilen sözüni dowam etdirýär. Düýp manysynda Ol Hudaýyň bizi juda gymmat görýändigini, şol sebäpden hem, Onuň mukaddes gorky sylagyny berendigini aýdýar. Bu sylag bizi gorap, ýaşaýyş Berijiniň ýanynda saklaýar we bizi heläk edip biläýjek zatlaryň hemmesinden – mukaddes gorkynyň doly garşydaş bolan zadyndan – adamlardan gorkmaklykdan saklaýar. Özümiziň indiki çekeleşmämizde biz gorkynyň bu iki görnüşi barada köp gürrüň ederis, ýöne sözümizi dowam etdirmezimizden öňürti, özümiziň *gymmatymyz* hakda gürrüň edeliň.

Isanyň sözlerinden çen tutsaň, Hudaý bizi aňry ýany bilen gymmat görýär, Ol hatda kellämizdäki saçymyzyň sanyny-da bilýär. Ylmy maglumatlara görä, adamlaryň köpüsiniň kellesinde ortaça ýüz müňe golaý saç bolýar. Eger bir zala on müň adamy alyp gelsek, siz nähili pikir edýärsiňiz, olaryň haýsynda 99569 tar saçynyň bardygyny anyklap bilersiňizmi? Hatda muny dogry biläýen ýagdaýyňyzda-da, minudynda ýalňyşarsyňyz, sebäbi adam her gün 50-den 100-e çenli tar saçyny ýitirýär. Isa bolsa, islendik minutda her birimizde näçe tar saçyň bardygynyň anyk mukdaryny bilýär! Bu biziň Onuň üçin näderejede gymmatdygymyz, şonuň üçin hem, biz barada mydama pikir edýändigi hakda gürrüň berýär. Dawut şeýle diýýär:

> "Seniň pikirleriň meniň üçin nähili gymmatly, eý Hudaý! Olaryň jemi nähili köp! Sanajak bolsam, çägeden köp; men oýananymda ýene Seniň bilendirin" (Zebur 138:17, 18).

Hemme çäge! Ýer ýüzündäki – suwa düşülýän ýerlerdäki, çöllerdäki we golf meýdançalaryndaky – çägeleriň hemmesini göz öňüne getiriň. Bu ummasyz mukdar bolýar! Matematika we fizika boýunça hünärmenler göwrümine we gatylygyna baglylykda suwa düşülýän ýerdäki çägäniň bir kub futda takmynan bäş ýüz milliondan milliarda çenli çäge bölejikleriniň bardygyny aýdarlar[11]. Biziň aňymyz diňe Floridanyň suwa düşülýän ýerlerinde nähili mukdardaky çäge bölejikleriniň bardygyny göz öňüne getirmäge ukyplydyr. Indi göz öňüne getiriň, planetadaky çägeleriň hemmesini goşsagam, Hudaýyň siz baradaky pikirleri barybir köp bolýar!

Özüňize sorag beriň: siz näme barada hemme zatdan-da köp pikir edýärsiňiz? Siz gymmat hasap etmeýän zadyňyz barada seýrek pikir edýärsiňiz. Liza ikimiziň käbir zatlarymyzy, mysal üçin, Roždestwo degişli zatlary olar saklanylýan çekmä ýylda bir gezek seredenimde görýärin. Men “*görýärin*” diýýärin, sebäbi şol zatlaryň bizde bardygyny ýatdan çykarýaryn. Men bütin ýylyň dowamynda ol zatlar hakda pikir etmeýärin, sebäbi ol zatlaryň meniň üçin gymmaty ýok. Ýöne meniň Liza hakda kyrk ýyldaky maşgala durmuşymyzyň dowamynda eden pikirlerimi sanasam, onda olar köwüş gabynyň ýarty bölegini doldurmaga ýetýär. Bu takmynan iki ýüz million pikir bolup, her bir 6,3 sekuntda pikir edilendigini aňladýar. Öz aýaly hakda şeýle pikir edýän är ony çyn ýürekden söýýän är hasap edilýär.

Hudaýyň siz baradaky pikirleri planetadaky ähli çägeleriň mukdaryndan-da artyk gelýär! Siz şuňa düşünýärsiňizmi? Hudaýyň çişirip aýtmaýandygy täsin zatdyr! Biziň töweregimizi bir zady çişirip we hakykatdan uzakda bolan zatlary aýdýan adamlar gurşap alypdyr, ýöne Hudaý hakykatdan ýekeje millimetr hem daşlaşmaýar. Ol aldap bilmeýär. Şonuň üçin Ol Özüniň siz hakdaky pikirleriniň planetadaky çägelerden-de köpdügini aýdýan bolsa, onda bu Onuň biz baradaky pikirleriniň ummasyz mukdardadygyny aňladýar!

Geliň, öňe süýşeliň-de, gymmatymyzyň takyk nämededigi hakda gürrüň edeliň. Gymmaty alyjy kesgitleýär. Meniň oglum sport auksionyna gatnaýardy, sebäbi onuň kompaniýasy Bill Rasseliň 1960-njy ýyllarda çempionlyk derejesi ugrunda oýnan oýny wagtynda meýdança geýip çykan maýkasyny almak bilen gyzyklanýardy. Olar ony almakdan ýüz öwürdiler, sebäbi onuň iň ýokary bahasy bir million kyrk dört müň dollara çenli baryp ýetdi! Bill Rassel her neneň beýik oýunçy bolanda-da, meniň özüm-ä onuň maýkasy ýa-da NBA-nyň islendik oýunçysynyň geými üçin bir-iki ýüz dollardan artyk pul bermezdim. Ol bary-ýogy bir eşikdi.

Mesele biziň adamlar üçin gymmatymyzyň nähilidiginde jemlenen, sebäbi şol gymmatymyzyň üýtgeme häsiýeti bar. Mundan başga-da, dünýä adamlara mynasyp bolşy ýaly baha bermekde uly ukyby bilen tapawutlanmaýar. Millionlarça çagalar ejeleriniň göwrelerinde öldürildi. Adamlar şol çagalaryň janlaryny gymmat hasap etdilermi? Seks söwdasy üçin gulçulyga satylýan gyzlar we aýallar babatda näme? Eger olaryň gymmatyny olary şol ýerlere iberýän adamlar ölçeseler, onda ol diňe birnäçe ýüz dollara ýeterdi.

Älemdäki gymmatyň hakyky ölçegini adam däl-de, Hudaý belleýär. Biziň gymmatly hasap edýän zatlarymyz barada-da Isa şeýle diýip ýatladýar: “Adamlar arasynda gymmatly saýylýan zat Hudaýyň ýanynda ýigrenjidir (Luka

16:15). Ol ýene bir meşhur sözleri aýdýar: “Sebäbi bir adam bütin dünýäni gazanyp, janyna zeper ýetirse, oňa näme peýdasy bolar?” (Matta 16:26).

Bir sekuntlyk dünýäniň ähli baýlyklary hakda pikirleniň. Köp millionlyk bahasy bolan mülk jaýlar, gozgalmaýan emlägiň kaşaň obýektleri, gymmat bahaly daşlar we gymmat bahaly metallar, gymmat awtoulaglar, gämiler we uçarlar. Muny göz öňüne getirmek mümkin däl diýen ýaly. Öňräkki geçirilen derňewleriň netijesinde dünýädäki tutuş önümleriň 84,97 trillion amerikan dollaryna deňdigi ýüze çykaryldy. Bu göz öňüne getirip bolmajak mukdardaky pul. Ýöne Isa öz janyňyzy bu zatlaryň hemmesine çalyşsaňyz, onda siziň peýdasyz şertnama baglaşýandygyňyzy aýdýar!

Şeýlelikde, siziň gymmatyňyz nähili? Pawlus: “Siz gymmat gana satyn alyndyňyz” (1 Korintoslylar 6:20) – diýýär. Hudaýyň size goýan goýumy – Onuň bellän bahasy – şu sözlerde jemlenendir: “Çünki Hudaý dünýäni köp söýýänligi üçin, Ogluna iman edenleriň hiç biri heläk bolman, ebedi ýaşaýşa gowuşsyn diýip, Özüniň ýekeje Ogluny berdi” (Ýohanna 3:16). Oho, gör-ä! Bu Bill Rasseliň maýkasyndan köp derejede uly zat. Hudaý biziň gymmatymyzy Özündäki iň gymmat zat bilen deň gördi. Hakykat şunda jemlenendir, eger Hudaý üçin biziň gymmatymyz Isanyň bahasyndan ýekeje teňňe pes bolan bolsa, onda bu çalşyk bolmazdy, sebäbi Hudaý amatly bolmadyk şertnamany baglaşmazdy, Ol has gymmat zadyny bahasy ondan pes bolan zat üçin bermezdi. Özüňiziň Hudaý üçin nähili gymmatyňyzyň bardygyna düşünýärsiňizmi? Hudaýyň size bolan söýgüsi nähili beýik!

Isa Özüniň dogasynda iň haýran ediji sözlerini aýdýar:

> “Meni [Isa Mesihi] Seniň [Hudaýyň] iberendigiňi, Meni söýşiň ýaly, olary-da söýýändigiňi dünýä biler ... “ (Ýohanna17:23).

Muňa akyl ýetirmek mümkin däl diýen ýaly! Hudaý sizi, edil Isany söýşi ýaly söýýär! Siziň barybir Ol diňe taglymat hakda gürleýär diýip pikir etmegiňiz mümkin. Bu nädogry, sebäbi Isa: “Men diňe olar üçin däl, eýsem, olaryň sözi bilen Maňa iman etjekler üçin hem dileg edýärin” (Ýohanna 17:20) – diýip düşündirýär. Eger siz Isa Mesihe iman edýän bolsaňyz, onda ýa-ha göni, ýa-da şägirtleriň şaýatlyklary boýunça göni däl ýagdaýda iman edýärsiňiz. Hudaýyň söýgüsiniň size bolan söýgüsiniň çuňlugyna, siziň Onuň üçin näderejede gymmatdygyňyza akyl ýetirip bolmaýar.

Indi bu hakykatda berk berkäniňizden soň, mukaddes gorkynyň Onuň bilen gatnaşyklarymyzda näme sebäpden beýle wajypdygyny öwrenmegi dowam etdireris.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Hiç kim doganyny satyn alyp ýa-da onuň jany üçin Hudaýa töleg töläp bilmez; janyň tölegi uludyr, onuň ýaly töleg ýokdur” (Zebur 48:7–9).

**Many.** Akly ýerinde bolan ýekeje adam hem, özüne bähbitli bolmadyk şertnamany baglaşmaz we bahasy pes zadyň ýerine gymmat bahaly zadyny bermez. Edil şonuň ýaly Hudaý hem, hiç haçan bähbitsiz çalşygy etmeýär. Hudaýyň ýeke-täk Oglunyň jany Onuň siz üçin tölän tölegi bolupdy. Bu bolsa, Onuň sizi hem, edil Isany gymmat görşi ýaly gymmat görýändigini aňladýar. Bu, şeýle hem, Onuň siziň töweregiňizdäki adamlary-da, edil Isany gymmat hasap edişi ýaly hasap edýändigini hem aňladýar.

**Oýlanma.** Öz durmuşyň beýik gymmaty, ýagny Isanyň bellän gymmaty hakda pikirleniň. Indi biz özümize nähili seretmeli? Ol meniň özüme bolan garaýşyma we her gün maňa duş gelýän adamlara bolan garaýşyma nähili täsirini ýetirýär?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Gökdäki Atam, meniň janymy şeýle gymmat görüp, hatda meniň ýerime Isany ölüme bermäge-de taýýar bolanyň üçin sag bol. Isa, haçda meniň ýerimi eýeläp, ýazyklarymy üstüňe alanyňda, meni Özüňden-de köpräk gymmat hasap edeniň üçin köp sag bol. Mukaddes Ruh, ýüregime hem aklyma, Seniň meni nähili güýçli söýýäniňe we gymmat hasap edýäniňe berk düşünmäni bermegiňi, başgalary-da edil şonuň ýaly söýmekligi bermegiňi Senden haýyş edýärin. Isanyň ady bilen. Omyn.

**Toba etmek.** Edil Hudaýyň meni söýşi we gymmat görşi ýaly, menem başga adamlary şeýle söýjek we gymmat görjek.

Hudaýyň söýgüsini wagyz edenimizde, Mukaddes Kitabyň hemme zatdan öňürti Hudaýyň söýgüsini açman, eýsem Onuň öwşün atýan mukaddesligini, şol mukaddesligiň merkezindäki söýgini açýandygyny ýatdan çykarma howpy bolýar.

– OSWALD ÇEMBERS

# 9| ÖLÜMLI NETIJÄ DUŞ GELMEK

Birinji bölümde biz Hudaýyň şöhraty hakda gürrüň etdik, ýöne bu tema diňe ýüzleý seredip geçdik. Bu bapda biz ünsümizi Hudaýyň barlygynyň dürli güýjünde jemläris. Geliň, ysraýyl halky çölde ýaşan wagtynda Hudaýyň çadyrda mesgen tutma kararyna gelen döwrüne üns bermekden başlalyň.

Köp wagty talap eden agyr hysyrdyly zähmetden soň işçileriň bir topary çadyry gurma işini gutardy. Ol Hudaýyň dagyň üstünde Musa beren takyk meýilnamasy boýunça guruldy we gökdäki çadyryň gödek nusgasy boldy (Ýewreýler 8:1-5). Iş gutaran badyna Hudaý Özüniň şöhraty içinde Özüni aýan etdi.

> “Soňra Rebbe ýüz tutulýan mukaddes çadyry bulut örtdi. Rebbiň şöhraty mukaddes çadyry doldurdy. Musa Rebbe ýüz tutulýan çadyra girip bilmedi” (Müsürden çykyş 40:34, 35).

Hudaý ýene bulut bilen Ysraýyly Öz şöhratyndan gizledi. Ol Özüniň söýgüli halky bilen olar çydap biler ýaly ýagdaýda bolmaga taýýar boldy.

Mukaddesleriň Mukaddesine diňe baş ruhana ýylda bir gezek mallaryň gany arkaly girmäge rugsat edilýärdi. Bu wezipä Hudaý belleýärdi. Ilkinji ruhany Musanyň dogany Harun bolupdy.

Bellenilen günde Harunyň ruhany bolan iki ogly çadyra girdiler-de, “Rebbiň öňüne *nätanyş* ody alyp geldiler. Reb ony olara hödürläň diýip tabşyryk bermändi” (Lewiler 10:1). Şonda bolan zat barada dürli pikirler bar, ýöne işiň düýp manysyna ýetmek üçin olaryň eden hereketleriniň daşyndan aýlanyp geçeliň-de, ünsümizi esasy delilde jemläliň. “Nätanyş” sözüniň

kesgitlemeleriniň biri – “mukaddes bir zada sylaşyksyz garamakdyr”. Bu mukaddes zada adaty hem ortaça zat hökmünde garamagy aňladýar. Aslynda Harunyň ogullary Hudaýyň şöhratly barlygyna hormat goýman geldiler. Ondan soň bolup geçen zat özüňe getirýär, hatda gorkuzýaram.

> “Rebbiň huzuryndan duýdansyz ot gelip, Harunyň ogullaryny ýakyp kül etdi we olar Rebbiň huzurynda şol bada jan berdiler” (Lewiler 10:2).

Hudaýyň barlygyna girme hukugy berlen bu iki adam özleriniň gödekligi sebäpli, şobada jan berýär. Hudaý gazap bilen olaryň üstlerine hüjüm etdimi? Ýok, olaryň özleri özlerini howp astyna saldylar. Göz öňüne getirip görüň: Ýer Günden 93 million mil aralykda ýerleşýär. Suwa düşülýän ýerlerde güne ýanmaklyk adamlaryň köpüsi üçin ullakan lezzet bolup durýar, ýöne siz şol bir Günden on müň mil radiusda güne ýanmakçy bolsaňyz, onda şobada ölersiňiz.

Olar Hudaýyň mukaddes hem şöhratly barlygynda özlerini juda edepsiz alyp baranlarynda, ýalňyşlyk goýberdiler, şeýle etmek bilen hem, eden hereketleri bilen başlaryna bela getirdiler.

Ogullary ölenden soň Musanyň Haruna aýdan sözlerine gulak asyň:

> “Ine, bu Rebbiň: „Hyzmatymy edýän ruhanylar, Meniň mukaddesligime hormat goýmalydyrlar. Bütin halk Meni şöhratlandyrmalydyr“ diýeni şudur diýdi. Harun sesini çykarmady” (Lewiler 10:3).

Musanyň aýdan zady – bu hemmetaraplaýyn we ebedi kanundyr. Hemmetaraplaýyn – bu bir zadyň her bir ýaradylyş – adam, perişde babatda-da ulanyp bolýandygyny aňladýar. Ebedi – şol zadyň hemişe, üýtgewsiz bolýandygyny aňladýar. Siz Onuň barlygyna diňe hormat hem açyk ýürek bilen gelip bilersiňiz.

Geliň, meniň Braziliýadaky agşamyma gaýdyp geleliň. Ýel öwsen wagtynda, Hudaýyň kuwwatly barlygyndan ýaňa meni mukaddes gorky gurşap aldy. Meniň beýnimde: “Jon Biwer, ýekeje nädogry hereket etseň, ýekeje nädogry söz aýtsaň, sen maslyk bolarsyň!” – diýen pikir aýlandy durdy.

Munuň hakykatdan hem şeýle boljakmydygyny bilemok welin, ýöne bir zady anyk aýdyp bilýärin: Täze Ähtde bir erkek bilen bir aýal şuňa meňzeş atmosferada bir nädogry hereket edýärler-de, ikisem jan berýär. “Jan bermek” olaryň ýerden alty fut çuňluga jaýlanandyklaryny aňladýar (Resullaryň işleri 5:1–10). Bu jübüt öz ýygnagynyň liderleriniň we beýleki imanlylaryň huzuryna zekat getirdiler. Emma olar şobada öldüler

we şol gün hem jaýlandylar. Şeýle bolan wagtynda beýleki imanlylar muňa nähili garadylar?

> “Bütin ýygnagyň we bulary eşidenleriň barynyň üstüne *uly gorky* abandy” (Resullaryň işleri 5:11).

Iki zady belläp geçmek gerek. Bu ýerde “bütin şäheri uly gorky gurşap aldy” diýilmeýär-de, “bütin ýygnagy *uly gorky* gurşap aldy” diýilýär. Ikinjiden, üns beriň, bu ýerde ýöne bir “gorky” däl-de, eýsem “uly gorky” diýlip ýazylypdyr. Gadymy ýewreý awtorlary, biziň günbatar medeniýetinde ýygy-ýygydan edişimiz ýaly, sözi çişirip aýtmadylar. Eger Mukaddes Ýazgyda “beýik” diýlip ýazylan bolsa, onda bu mukaddes gorkynyň örän beýik derejesidir.

Resullaryň işleriniň ikinji babynda, Pentikost gününde Mukaddes Ruh inen wagtynda, başda ol ýerde duran käbir adamlar ertir bilen sagat dokuzda şägirtler şerapdan serhoş bolupdyrlar diýen netijä gelipdiler. Ünsüňizi bölüňde, serhoş adamyň özüni nähili alyp barýandygy hakda pikir ediň. Adatça ol özüni asuda alyp barmaga we özüne erk etmäge çalyşmaýar, gaýtam, köp ýagdaýlarda adamlaryň şerap içýän ýerlerinde gülki sesleri eşidilýär we şagalaň duýulýar. Şol meşhur günüň atmosferasyny şeýle suratlandyrmak bolar. Bizi söýýän Hudaýymyzyň barlygy ruhlandyryjydy we ýakymlydy. Ýöne Onuň haýbatly, hatda eýmendiriji barlygy şol adamlaryň arasynda höküm üçin peýda bolanda, bütin ýygnagy uly gorky hem titreme gurşap aldy. Bu waka olaryň Hudaýyň mukaddesligine düşünmesini eslije artdyrdy.

Menden: “Näme üçin häzirki dünýäde adamlar ýykylyp jan bermeýärler?” diýip köp soraýarlar. Gowy hem esasly sorag. Ýokarda gürrüňi edilen är-aýal Petrusa, ahyr netijesinde hem, Mukaddes Ruha ýalan sözledi. XXI asyrda-da ruhy çopanlara ýalan sözleýän adamlar az däl, näme üçin olaryň başyna şol är-aýalyň güni gelenok?” Geliň, olar ölen badyna bolan zada seredeliň:

> “... Petrus geçende, hiç bolmanynda, onuň kölegesi syrkawlaryň biriniň üstüne düşsün diýip, olary köçelere çykaryp, düşek hem çarpaýa üstünde ýatyrýardylar... olaryň hemmesi şypa tapdy” (Resullaryň işleri 5:15, 16).

Bu barada pikir edeniňde, haýran galýarsyň. Üns beriň, bu ýerde “köçelere” (köplük san) diýlip ýazylypdyr! Diňe käbirleri däl-de, eýsem “hemmesi” şypa alypdyrlar! Geliň, bu ýagdaýa häzirkizaman nukdaýnazaryndan seredeliň. Bu resul Petrus baş keselhana girip, ýöne bir

koridorlara aýlanyp, ähli gatlardaky krowatlary arassalap çykan ýaly zatdyr. Munuň ýaly uly güýji diňe Hudaýyň şöhratynyň atmosferasynda görüp bolar.

Mukaddes Ýazgynyň ýene bir mysalynda ýene bir tassyklama getireliň. Harunyň iki oglunda bolup geçen wakadan ýüzlerçe ýyllar geçenden soň, ruhany bolan başga ogullar – Hopny bilen Pinehas – şol Äht sandygynyň gapysynda üýşen aýallar bilen zyna etdiler. Bu Harunyň ogullarynyň ölen ýerinden togsan futdan az bolmadyk aralykda bolup geçen bolsa gerek! Ýöne olara bu hem azlyk edýän ýaly, gurbanlyk bermek üçin gelen adamlary gorkuzyp, ellerinden gurbanlyklaryny alýardylar. Olar “ýaramazdylar. Olar Rebbi tanamaýardylar we ruhanylaryň halk bilen gatnaşyklary hakda bilmeýärdiler” (1Şamuwel 2:11–13). Hudaý bu adamlar hakda: “Şoňa görä Eliýiň maşgalasynyň günäsi gurbanlyk bilen-de, sadaka bilen-de hiç wagt ýuwulmaz diýip, Men onuň nesline garşy ant içdim” (1Şamuwel 3:14) – diýdi. Siz munuň ýaly sözleri Gudratygüýçli Hudaýyň dilinden eşitmegi hiç haçan hem islemersiňiz!

Olaryň edýän hereketleri Hudaýyň öňünde juda kemsidijidi we Harunyň ogullarynyň eden zatlaryna garanda, birnäçe esse haramçylykly işdi, şeýle-de bolsa, olar şol çadyrda duýdansyz ölüm bilen ölmediler. Näme üçin? Munuň jogaby aşaky sözlerde jemlenendir: “Ol günler Rebbiň sözi seýrek gelýärdi, Rebden gelýän aýanlyklar azdy” (1 Şamuwel 3:1). Hudaýyň Sözüniň aýanlygy baradaky görnüşleriň ýetmezçilik etmegi Onuň barlygynyň ýoklugy hakda gürrüň berýär. Ol edil Braziliýadaky ýygnakda bolşy ýaly ýokdy. Ýöne Musanyň günlerinde ol doly derejede bardy.

Biz bu mysallardan nähili netije çykaryp bilýäris? Hudaýyň şöhraty näçe köp ýüze çyksa, hormatsyzlyk üçin höküm şonça-da güýçli bolar we çalt geler. Şoňa görä-de, yza süýşürilen höküm – bu ýatyrylan höküm däldir. Şu sebäbe görä-de, Pawlus şeýle ýazýar:

> “Käbir adamlaryň günäleri belli bolup, günäleri olary göni höküme alyp barýandyr. Käbirleriniňki bolsa soň aýan bolýandyr“ (1 Timoteos 5:24).

Hiç haçan we islendik ýagdaýda-da Hudaýa hormat goýmazlyga, adaty we edepsiz gatnaşykda bolmaga ýol bermezlik pähimli iş etmekdir. Aslynda Onuň şöhraty peýda bolmasa, onda bu has howpludyr. Näme üçin? Sebäbi hökümiň ýoklugy üçin özüň kabul edilendigiňe bolan ýalan ynam sebäpli sylaşyksyzlyk ýagdaýyna düşmek aňsat bolýar. Eger şonuň ýaly zat bolsa, indiki bapda görşümiz ýaly, biziň sylaşyksyzlyk etmegimiz bilen Hudaýyň işi ýok diýip pikir edip başlamagymyz mümkin.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Özüme golaýlaşýanlarda mukaddes bolaryn we bütin halkyň öňünde şöhratlanaryn” (Lewiler 10:3).

**Many.** Hudaýyň şöhraty näçe köp ýüze çyksa, hormatsyzlyk üçin höküm şonça-da güýçli bolar we çalt geler. Şoňa görä-de, hökümiň soňa goýulmagy, hökümiň ýatyryldygy däldir.

**Oýlanma.** Men ýygnakda, sežde etme wagtynda, Hudaýyň Sözi wagyz edilýän wagtda ýa-da gündelik durmuşda Rebbiň öňüne dogada nädip gelmeli? Oňa golaýlaşanymda ortaça garaýşy ösdürmedimmikäm? Onuň diňe bir meniň Atam bolman, eýsem, iýiji ot bolup durýan mukaddes Hudaýdygynyň hakykatyny gözden salaýdymmykam?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Gökdäki Atam, Saňa ortaça hem sylaşyksyz gatnaşykda golaýlaşýanym üçin bagyşlamagyňy haýyş edýärin. Men Seniň Kimdigiňi gözden sypdyryp, Saňa juda edepsiz darap başladym. Men toba edýärin we indi Saňa “dostum” hökmünde garamaryn-da, Seni mukaddes Hudaý hökmünde sylaryn, sebäbi Sen Şolsuň. Merhemetli hem rehimdar bolup, meniň sylaşyksyzlygymy bagyşlaýanyň üçin sag bol. Isanyň ady bilen doga edýärin. Omyn.

**Toba etmek.** Özüniň barlygyny güýçli ýa-da gowşak aýan edýändigine garamazdan, men Hudaýy sylaryn.

Ynsanyň ýollary Rebbiň
gözleriniň alnyndadyr;
Ol onuň ähli ugurlaryna
dykgat edýändir.

– SÜLEÝMANYŇ PÄHIMLERI 5:21

# 10| HUDAÝ MENI UNUTDY

Eýýäm aýdylyp geçilişi ýaly, mukaddes gorky bizde Hudaýyň şöhratyna düşünişimiz bilen deň derejede ösýär. Munuň tersine bolan zat hem dogry: Hudaýdan näçe az gorksak, öz ynsanlyk ukyplarymyz bilen, şonça-da Onuň beýikligini Ony çäklendirmä çenli peselderis.

Dünýäniň gurluşy derýanyň ullakan güýç bilen ýokary galýan we Hudaýyň şöhratyny aňşarma synanyşygynda adamyň psihikasyna agyr urgy bilen urýan böwedine meňzeşdir. Şol derýanyň üýtgewsizligi sözlerde, pikirlerde, keşplerde, wideoroliklerde we beýleki islendik köpçülikleýin habar beriş we media serişdelerinde jemlenip, olaryň kömegi bilen Ýaradyjymyzyň beýikligini peseltmegiň hasabyna ölümli adamy beýgeldip bolýar.

Mukaddes gorky ýetmezçilik edýän adam bu güýje aňsatlyk bilen ýan berip, Hudaý özüne üns bermeýär, şonuň üçin onuň edýän zadyny bilmeýär diýen pikirleriň ummanyna typyp gidýär. Onuň kellesinde aşakka meňzeş pikirler emele gelip başlaýar: “*Men kadadan çykmadyryn, men islän zadymy etmekde azatdyryn, beýlekileriň köpüsinden hiç zatda tapawutlanmaýaryn, Hudaý meniň pikirlerime, sözlerime we edýän zatlaryma ähmiýet bermeýär,* iň soňunda-da*, dünýäde şeýle köp zatlar bolup geçýär welin, hemme zady görmek Oňa kyn bolýar*”.

> “Ol öz ýüreginden: Erbet adam ýüreginde: Hudaý meni unutdy, ýüzüni öwürdi. Ol muny hiç haçan görmez – diýýändir”. (Zebur 9:32).

Pikirleriň bu ýalňyş hem howply görnüşinde birnäçe wariantlar bar, ýöne olaryň hemmesi Hudaýyň ukyplaryna aslynda bolşundan has

zyýanly düşünmeklige syrygýar. Munuň ýaly düşünje adamyň biziň eden zatlarymyzy bilmeýän ýa-da görmeýän ene-ata, başlyk, mugallym, tälimçi ýa-da islendik başga bir lider hakda pikir edişine meňzeşdir. Bu duzaga düşýän adamlar özlerini ownuk-uşaklyklar aşa köp bolany üçin olaryň hemmesini görüp bilmeýärsiň diýen pikir bilen köşeşdirýärler we şeýle etmek bilen Hudaýyň ukyplaryny peseldýärler.

Geliň, öňe ädim ädeliň. Eger adama mukaddes gorky ýetmezçilik edýän bolsa, has beteri-de, ol doly ýok bolan typançaň ýoldan ýöremegini dowam etdirse, onda ol özüni şeýtanyň: "*Hudaý meniň pikirlerimi, sözlerimi we eden zatlarymy görmeýär*" diýen pikiriniň howpy astyna salýar. "Hudaý unutdy" diýip pikir etmek bir zat, "Ol görmäge *ukyply däl*!" – diýip pikir etmek düýbünden başga zatdyr! Bu sylamazlygyň düýbünden başga derejesidir.

Sözleriňi, eden zatlaryňy we pikirleriňi adamlardan gizläp bolýar. Garaňkyda, hatda kölegede-de başgalar görmez ýaly bir zady gizlinlikde edip bolýar. Ýöne pikirlerimizi hem ýollarymyzy Gudratygüýçli Hudaýdan gizläp bileris diýip pikir edýän bolsak, onda öz-özümizi aldaýarys. Beýle pikir, düşünip etseňem, düşünmän etseňem, nädogry çaklama bolup, ol mukaddes gorkudan mahrum bolan ýürekde bolýandyr. Mukaddes Ýazgyda şeýle ýazylypdyr:

> "Öz niýetlerini Rebden gizlemäge çalyşýanlaryň, dat gününe! Işleri garaňkylykda bolup, olar: "Bizi kim görýär?", "Bizi kim tanaýar?" diýýärler" (Işaýa 29:15).

Başda seredeniňde Işaýa ýygnaga gelmeýän we ýygnanyşyklara gatnaşmaýan näletkerde – imansyz adamlar hakda aýdýandyr diýip pikir edip bolar. Şeýle-de bolsa, Işaýa pygamberiň kitabynda ýazylan bu sözler anyk *özlerini imanly diýip atlandyrýan adamlar* hakda ýazylypdyr:

> Reb şeýle diýýär: "Çünki bu halk Maňa ýakynlaşyp, agzy, dodaklary bilen Meni hormatlaýar, ýöne ýürekleri Menden uzakda, ynsan buýruklary arkaly, olar Maňa ybadat edýärler" (Işaýa 29:13).

Muny häzirkizaman diline geçirmäge maňa rugsat ediň. Şol adamlar özleriniň Isa bilen gatnaşyklarynyň bardygyny ykrar edýärler, sebäbi Onuň merhemeti arkaly halas bolupdyrlar. Olar dilinde Ony sylaýarlar, mesihilik konferensiýalaryna gatnaşýarlar, smartfonlarynda ruhy aýdymlary diňleýärler, ýöne ýürekleriniň jümmüşiniň niresindedir bir ýerinde özleriniň

edýän pikirlerini ýa-da edýän zatlaryny görmäge ýa-da eşitmäge Reb *ukypsyz* diýip hasap edýärler. Olaryň akyllarynyň ýagdaýy Isanyň yzyna asla eýermeýän adamlaryňkydan has beter. Olar ýalana ynanýarlar, has beteride, özleriniň düşünjesizdiklerine akyl ýetirmeýärler.

Siziň: "Beýle zat bolup bilmez!" – diýip garşy çykmagyňyz mümkin. Geliň, ýene Täze Ähtdäki gürrüňini eden är-aýalymyzy – Hananýa bilen Sapfirany ýatlalyň (Resullaryň işleri 5-nji bap). Bu är-aýalyň hereketleriniň nädogrudygyna düşünmek üçin onuň öňündäki taryhy bilmek zerurdyr. Olaryň maşgala taryhy 4-nji bapda başlanýar.

> "Imanlylaryň arasynda lewilerden bolan Ýusup atly bir adam bardy. Onuň asly Kiprdendi. Resullar oňa Barnap, ýagny «Ruhlandyryjy» diýip at goýupdylar. Ýusup hem öz ýerini satyp, puluny resullara getirip berdi". (Resullaryň işleri 4:36, 37).
>
> Ol wagtlarda Kipr baý ada bolup, ol ýerden gymmat daşlary gaty köp gazyp alýardylar, mis hem demir magdanlary, agaçlary boldy. Ol özüniň gülleri, şeraby we ýagy bilen meşhurdy. Eger adamyň Kiprde öz ýeri bar bolsa, diýmek, ol gurply adam bolandyr.

Göz öňüne getiriň: Kipr adasyndan bolan baý lewi özüniň satan ýerinden alan puluny getirip, bütin ýygnagyň öňünde ony açyk berýär. Soň näme bolýar?

> "Hananýa atly bir adam hem aýaly Sapfira bilen bir mülki satyp ..." (Resullaryň işleri 5:1).

"Hem" sözüne üns beriň. Ol öňki aýat bilen baglanyşygyň we beýan edilen pikiriň dowamynyň bardygyny görkezýär. Bu aýadyň täze baby başlaýandygy sebäpli, biziň taryhyň umumy baglanyşygyndan ünsümizi aňsatlyk bilen bölmegimiz mümkin.

Bu gurply adam ýygnaga gelip, hemmeleriň gözleriniň öňünde uly möçberdäki puly zekat berýär. Onuň getiren zekaty şol är-aýalda belli bir garaýşy döredýär. Olar şobada özleriniň hususy emlägini satýarlar-da...

> "...onuň bahasyndan bir bölegini özüne aldy we onuň diňe bir bölegini getirip, resullaryň öňünde goýdy. Onuň bu hilesinden aýalynyň-da habary bardy" (Resullaryň işleri 5:2).

Munuň ýaly hereketi etmäge näme itekledikä? Är-aýalyň şol pursatda ýygnakda iň sahy zekat getiriji hökmünde abraýy barmydyka? Eger bu şeýle bolan bolsa, onda bu liderleriň we ýygnak agzalarynyň ünslerini özüne çekmedimikä? Biz şuny ýatda saklamalydyrys, zekat bermek – bu sowgat bermekdir. Köpimiziň bilşimiz ýaly, gulluk etmek, wagyz etmek, myhmansöýerlik, mugallymçylyk, liderçilik we şunuň ýaly beýleki sylaglar hem edil şonuň ýaly zat bolup, köpler özlerindäki dürli sylaglaryň bardygyna begenýärler. Sahylyk hem kanundan çykma däldir, bu sowgat hem üns berilmegine mynasypdyr (2 Korintoslylar 9:12, 13). Bu är-aýal hormatlanmakdan we özlerine üns berilmeginden uly lezzet alýardylarmy? Başga bir adamyň özlerinden köpräk berme mümkinçiliginiň howpuny duýmadymykalar? Ol ýerdäki adamlaryň hemmesi ol adamyň beren zekatyna haýran galdylar, sebäbi onuň kömegi bilen adamlary gazanyp hem garyplaryň aladasyny edip bolýar ahyry. Şeýlelikde, Hananýa bilen aýaly öňki ünsi almagy bes etdiler.

Belki, bu är-aýal ýitirilen ünsi almaga teşne bolandyrlar, şonuň üçin ýerini – belki, özleriniň iň uly hususy zadyny – satma kararyna gelendirler. Olar: “Bu juda köp pul, onuň hemmesini berip bolmaz, ýöne biz hemme zadymyzy *satansyran* bolarys. Şonuň üçin onuň diňe bir bölegini bereris-de, hemmelere satan pulumyzyň hemmesini berendigimizi aýdarys” diýip pikir edendirler. Belki, bu aldawçy pikirler, özleriniň beren zekaty beýleki adamlary-da köpräk pul bermäge ruhlandyrar diýen deliller bilen berkidilendir.

Göz üçin etmeklik hakykatdan wajyp boldy, şonuň üçin ol aldawa alyp bardy. Bu är-aýal Hudaý muny görýän däldir diýip pikir edäýdimikä?

Olar hemme zady oýlandylar, hemme zadyň pikirini etdiler we bu meýilnama bilen öz aralarynda ylalaşdylar. Olar özleriniň meýilnamasyny Rebden gizläp biljekdiklerine ynanyp, tümlükde özleriniň erbet işini etdiler! Şonda ýürekleriniň jümmüşinde *bolan zatlary Reb bilmez* diýip umyt etdiler! (Edil Işaýa 29:15-de aýdylyşy ýaly). Bu iş olaryň ikisiniňem başyna ýetdi, olaryň ikisinem şol gün jaýladylar!

Geçen baplardaky meşhur gudratlaryň – gökden ýeliň öwsüp, bütin şäheriň ünsüni özüne çekişiniň, oňünden hiç kimiň yglan etmedik ýygnanyşyklarynda müňlerçe adamlaryň halas bolmasynyň, agsak adamyň gudrat bilen ýöremesiniň, Hudaýyň güýjünden ýaňa jaýyň titremesiniň we beýleki gudratlaryň – şaýatlary bolan bu iki imanly adam özleriniň pikirlerini Gudratygüýçli Hudaýdan gizläp biljekdiklerine nädip ynanyp bildikäler?

Ýa-da Hudaý bilen bagda gezelenç eden Adam bilen How günä

edenlerinden soň, Ondan gizlenip biljekdiklerine nädip ynanyp bildikäler? (Gelip çykyş 3:8)?

Ysraýyllar nädip: “Reb görmeýär!” (Ezekiýel 9:9) diýip bildikäler?

Şok ýagdaýa salýan bu sözler babatda näme: «Eý, ynsan ogly! Ysraýyl ýaşulularynyň her biriniň garaňkyda öz heýkelli otaglarynda näme edýänini gördüňmi? Olar: “Reb bizi görmez... diýýärler” diýdi» (Ezekiýel 8:12).

Rebden özümiziň sowuk ýüregimizi gizläp bileris diýip, biz köp pikir edýärismi? Bir söz bilen aýtsak, bu sahna görnüşleriň hemmesinde şu gödek ýalňyşy döredýän umumy kök – mukaddes gorkynyň ýoklugy bar. Hudaýyň öňündäki gorkynyň ýetmezçilik edýän derejesinde biz Hudaýyň ukybyny öz kellämizde peseldýäris. Iň gorkunç zat hem, özümiziň ýagdaýymyz hakda pikir etmeýäris, biziň syzgyrlygymyz kütelýär.

Bu ýagdaý barada biz indiki birnäçe bapda pikirlenip geçeris.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Şonda ähli ýygnaklar ýürekleri hem göwünleri barlaýanyň Mendigimi biler. Men siziň her biriňize eden işleriňiziň hakyny bererin” (Aýanlyk 2:23).

**Many.** Hudaý diňe bir biziň hereketlerimizi bilmän, eýsem olaryň aňyrsynda duran pikirlerimizi hem niýetlerimizi-de bilýär.

**Oýlanma.** Men öz durmuşymda Hudaýyň içki pikirlerimi, oýlanmalarymy we niýetlerimi bilýändigine düşünýärinmi? Bu hakykaty men özüm üçin nädip köpräk açyp bilerin?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Gökdäki Atam, Senden haýyş edip soraýaryn, goý, meniň pikirlerim hem niýetlerim edil Isanyňky ýaly arassa bolsun. Men öz pikirlerimiň, isleglerimiň, sözlerimiň hem hereketlerimiň hemmesini Seniň ähli ýollarymy görýändigiň baradaky pikirlerimiň içinden geçireýin. Goý, men bu hakykaty Sen baradaky öz düşünjämde peseltmäýin. Isanyň ady bilen doga edýärin. Omyn.

**Toba etmek.** Men öz pikirlerim, niýetlerim, sözlerim we işlerim barada Hudaýyň bilýändigine göz ýetirip ýaşaryn.

Näme üçin bu halk
Menden ýüz öwürdi?

– ÝERMEÝA 8:5

# 11| GORKY HEM TITREME

Hudaýyň titreme getirýän barlygy we onuň yzyndan gelen Hananýa bilen Sapfiranyň ýazgarylmasy ýygnaga “uly gorky” getirdi. Gürrüňiň ýene-de *şäher* barada däl-de, *ýygnak* – mukaddesleriň ýygnagy – barada barýandygyny bellemek wajypdyr. Eger “uly gorky” manysyndaky sözleri barlasak, bu pikiriň güýçlenýänini görýäris.

Birinji söz – *uly* – bu grek dilindäki “megas” diýen söz bolup, ol “şkalanyň ýokarky görkezijisini... beýik derejäni, güýçli depgini, örän erbedi” aňladýar. Şu ýerden hem kyn sözleriň “mega” bölegi gelip çykýar. Bu jümläniň manysy ony “megagorky” diýip terjime edip bolýandygyna şübhe goýmaýar. Ýatda saklaň, Mukaddes Ýazgynyň awtorlary bir zady çişirip aýtmaýar.

Ikinji söz – *gorky* – grek dilinde “fobos” bolup, ol tutuş Täze Ähtde mukaddes gorky manysynda ýygy-ýygydan ulanylýar. Şeýle hem, ol “gorkyny, gaty erbet gorkmagy, sylaşygy, hormaty, abraýy” aňladýar. Başga bir çeşmä laýyklykda ol “çuň hormat goýmany we mukaddesligiň öňündäki titremäni, sylaşygy, mukaddes titremäni” aňladýar. Biz ýene gorkynyň ýokary derejesini aňladýan *titreme* hem *gaty güýçli gorkma* sözlerine duş gelýäris.

Pawlus aşaky sözleri ýazanda şol sözi ulanýar:

> “Eý söýgüli doganlar, şonuň üçin, mydama söze gulak asyşyňyz ýaly, diňe meniň barlygymda däl, has-da beter şu wagt ýoklugymda gorky hem titreme bilen öz gutulyşyňyzy amala aşyryň” (Filipililer 2:12).

Biziň halas bolmamyz *söýgi hem gowulyk* bilen amala aşyrylmaýar-da, *gorky hem titreme* bilen amala aşyrylýar. Biz bulary jikme-jik öwreneris.

Bu ýerde biz bu parçada täze – *titreme* – söz bilen beýan edilen güýçli depginliligiň nobatdaky derejesini görýäris. Bu grek dilindäki “tromos” bolup, “gorkudan, eýmençlikden, wehimden ýaňa sandyramagy” aňladýar. Bu şu jümläniň ulanylýan ýekeje ýeri däl, Pawlus Täze Ähtde ony dört gezek ulanýar.

Biz entek mukaddes gorkyny doly öwrenmedik, şeýle-de bolsa, Hudaýyň Sözüniň käbir mugallymlarynyň ony “hormatly baş egmä” çenli nädip çäklendirip bilýändikleri hakda pikirlenmek bolýar. Ýöne biz şu bapda diňe saýlanylan käbir aýatlara seredenimizde sözleri täsirli duýguly öwüşginde aýdyň göreris. Olary ýene bir gezek sanalyň: megagorky, mukaddes titreme, çuň hormat goýma, sandyrama, gaty güýçli gorkma.

Bular biziň Mesihdäki durmuşymyzyň ýöne bir ähmiýetsiz tarapyny suratlandyrmaga hyzmat edýän sözler däl, gaýtam, olar *biziň gutulyşymyzyň amala aşyrylyşyny* şöhlelendirýär. Mukaddes Ruh bilen hyzmatdaşlyk etmekdäki tagallalarymyz Onuň güýjüniň täsiri astynda Isanyň bize mugt berýän zadyny doly kämillige çenli alyp baran ýagdaýynda şeýle bolýar.

Şu ýerden başlap, biz şunuň ýaly gürläris: *biziň gutulyşymyz gorky hem titreme arkaly doly kämillige çenli baryp ýetýär*. Özüňize şeýle soraglary beriň: Näme üçin ýygnaklarda, kiçi toparlarda we Mukaddes Kitap mekdeplerinde Hudaýyň öňündäki mukaddes gorkyny ilkinji derejeli hakykatlaryň biri hökmünde okatmaýarlar? Günbatar dünýäsinde netijesiz, ýyly mesihileriň köp bolmagynyň sebäbi hut şundamyka? Mukaddes Ýazgynyň hut şu sebäbe görä, soňky günlerde uly “imandan dönmäniň” boljakdygyny bize duýdurýan bolmagy mümkinmikä? Pawlus “...imandan dönme gelýänçä [ýagny uly gozgalaň, gullukçy mesihileriň imany terk etmesi gelýänçä]” (2 Salonikliler 2:3, Giňeldilen terjime) bikanun adamyň (Mesihe garşy bolanyň) gelmejekdigini ýazýar. Imandan dönmäniň özümizdäki mukaddes gorkynyň sesini basýandygymyz sebäpli bolmagy mümkinmi? Men Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda we dünýäniň altmyş ýurdunda Hudaýa doga edip, öwrenip we gulluk edip, kyrk ýylymy geçirdim, şonuň üçin bu şeýle diýip hasap edýärin.

Geliň, öňe ýene bir ädim ädeliň. Ýygnagyň ilkinji ýa-da esasy baş taglymatlarynyň biri-de – Gorkunç höküm ýa-da Ebedi höküm hakdaky taglymatdyr.

Bu sözleri ünsli okaň:

> “Şonuň üçin Mesih baradaky *başlangyç* taglymatda saklanman... ebedi höküm baradaky taglymatyň *düýbüni* täzeden tutman, kämillige tarap ilerläliň” (Ýewreýler 6:1, 2).

Gep biziň hemmämiziň nähili ýaşandygymyz hakda hasabat berjekdigimizdedir. Şol hökümde näme çykarylsa, şol hem ebedi galar we baky bolar! Imanly adam üçin bu “Mesihiň höküm ýeri” bolar.

Geliň, kursiw bilen bellenilen iki söz barada gürrüň edeliň. Birinjiden, *başlangyç*. Başlangyç synplarda çagalara näme öwredýärler? Olara okamagy, ýazmagy, goşmagy, aýyrmagy we beýleki esasy endikleri öwredýärler. Aslynda biz mundan beýläkki bilimimiz üçin zerur bolan gurluşyk esaslaryny alýarys. Siz okama, ýazma, goşma we aýyrma endiklerini öwrenmeseňiz, uly synplarda ýa-da uniwersitetlerde okuwy dowam etdirmegi göz öňüne getirip bilmeýärsiňiz ahyry!

Men köp mesihiler günleriň birinde höküm öňüne barjakdyklaryna düşünmeýärler diýip pikir edýärin. Gowy bolan ýagdaýynda olar bu jümle bilen tanyş, ýöne ony jikme-jik öwrenmediler. Bu olaryň başlangyç synpdaky alnan bilimiň gerekdigini bilýändiklerine, ýöne ony özleriniň hiç haçan öwrenmändiklerine meňzeş bir zatdyr. Şeýle wajyp sorag ýüze çykýar: Imanly adamlar özleriniň Mesihdäki durmuşyny şol *başlangyç* hakykatsyz nädip gurýarlar?

Indi, geliň, kursiw bilen bellenilen indiki söze geçeliň – *düýp*. Siz fundamentsiz gurlan jaýy göz öňüne getirip bilýärsiňizmi? Ol howa gowy günlerde ýykylman durar, emma güýçli tupan turanda welin, ýykylar! Imandan dönmäni hem şonuň ýaly şekillendirip bolar. 2000-nji ýyldan 2020-nji ýyla çenli kyrk milliondan gowrak adamyň imandan dönendigini Barna Topar agentliginiň derňewleriniň netijesi görkezdi! Olaryň ýarymy indi özlerini mesihi hasap etmeýärler – olar ýa-ha ateistler, ýa-da agnostikler. Imanyň düýbi baradaky taglymatyň ýetmezçilik etmeginiň bu eýmendiriji statistika ýardam beren bolmagy mümkinmi?

Geliň, biziň hökümimiz näme bilen baglanyşyklydygyna gysgaça seredeliň.

> “Rebbiň ýanynda mesgen tutarymyz ýaly, tenden aýrylanymyzy gowy görýäris” (2 Korintoslylar 5:8).

Pawlusyň diňe imanly adamlara ýüz tutýandygyny biz anyk bilýäris. Imansyz adam tenden çykanda, ol Hudaýyň barlygynda mesgen tutmaýar.

> «Emma bu pany bedenimizde ýaşasak-da, baky mesgene girsek-de, Hudaýyň göwnünden turmagy maksat edinýäris». (2 Korintoslylar 5:9).

Biziň ogullarymyz ýetginjekkä, Liza ikimiz olara päk ahlakly ündewleri bermegiň mümkinçiliklerini gözledik. Ogullarymyzy terbiýelänimizde olary

özlerinde emele gelmegi mümkin bolan aýnadylmadan goramaklyk biziň üçin wajypdy.

Bir gün agşam men olara:

– Ýigitler, ejeňiz ikimiziň sizi şu wagtky gowy görşümizden has köp ýa-da az gowy görmegimiz üçin siz hiç zadam edip bilmeýärsiňiz – diýdim.

Biziň olara bolan söýgimiz üýtgewsizligine durýardy. Ýöne birnäçe minutdan soň men: "Ýöne biziň sizden näderejede hoşal bolýandygymyz üçin jogapkärsiňiz" – diýip, sözümiň üstüni ýetirdim.

Bu olar üçin haýran galdyryjy boldy.

Ine, hakykat nämede jemlenen. Hudaýyň bizi köpräk ýa azrak söýmegi üçin hiç zadam edip bilmeýäris, ýöne Onuň bizden näderejede hoşaldygy üçin jogapkärçilik çekýäris. Ine, näme üçin Pawlus öz maksadynyň "göwnünden turmakda" jemlenendigini aýdýan eken. Näme üçin?

> "Çünki ýagşy bolsun, ýaman bolsun, parhy ýok, bedendekäk öz eden işlerimize laýyk almytymyzy almak üçin, hemmämiz Mesihiň höküm kürsüsi öňünde durmalydyrys. Şeýlelikde, biz Rebden gorkmagyň nämedigini bilýändigimiz üçin başgalary-da toba etmelidigine ynandyrýarys" (2 Korintoslylar 5:10, 11).

Hökümiň bu ýerinde biz toba eden günälerimiz üçin höküm edilmeýäris – olar eýýäm Isanyň gany bilen ýuwuldy. "Gündogar günbatardan nähili uzak bolsa, şonça-da Ol [Hudaý] jenaýatlarymyzy bizden uzaklaşdyrdy" (Zebur 102:12). Başga bir ýerde Ol: "Olaryň nädogrulyklaryna rehimli bolaryn, günälerini hiç haçan ýada salmaryn" (Ýewreýler 8:12) – diýýär.

Biziň üstümizden edilýän höküm imanly adamlar bolup, eden ähli *gowy* hem *erbet* işlerimiz we nähili ýaşandygymyz derňelende amala aşar.

Biziň häzirki gürrüňini edýän zadymyzda Pawlusyň Mesihiň höküm ýerini "Rebden gorkma" bilen deňeşdirýändigi wajypdyr. Ýokarda eýýäm aýdyp geçilişi ýaly, grek dilindäki "gorky" sözi "fobos" bolup, ol ýygnagyň Hananýa bilen Sapfira çykarylan hüküme bolan garaýşynda suratlandyrylan. Şeýdip, biz wajyp soraga gelýäris: Bu betbagt är-aýalda bolup geçen ýagdaýda imanlylaryň üstünden çykaryljak hökümiň bize öňünden berlen keşbiniň bolmagy mümkinmikä?

Bu mümkinçilige indiki birnäçe bapda seredip geçeris.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Rebbe mynasyp ýagdaýda gezip, Ony her babatda hoşnut etmegiňiz, her oňat işde miwe berip, Hudaýy tanamakda ösmegiňiz üçin dileg edýäris” (Kolosiýalylar 1:10).

**Many.** Hudaýyň sizi köpräk ýa azrak söýmegi üçin hiç zadam edip bilmeýärsiňiz, ýöne Onuň sizden näderejede hoşaldygy üçin jogapkärçilik çekýäris.

**Oýlanma.** Meniň durmuşym Hudaýa ýaraýarmy? Ony nämäniň begendirýändigini, nämäniň hem gynandyrýandygyny men nädip bilmeli?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Gökdäki Atam, Öz Sözüň we Öz Ruhuň arkaly Saňa nämäniň ýaraýandygyny, nämäniň hem ýaramaýandygyny maňa açmagyňy haýyş edýärin. Saňa şatlyk hem lezzet getirýän zady bilmäge hemme zatdan-da köp ymtylýan ýürek bilen akyl ber. Şeýle etmek bilen men Seniň ýüregiňi bileýin we bütin durmuşym bilen Seni hormatlaýyn. Goý, Senden soraýan zadym meni günleriň birinde imanlylaryň üstünden höküm çykarylyşynda durup, Seniň maňa bermek isleýän ebedi baýragyňy almaga taýýarlasyn. Isanyň ady bilen doga edýärin. Omyn.

**Toba etmek.** Hudaýyň göwnünden turmak – bu meniň durmuşymdaky ilkinji derejeli zatdyr. Ol mende Hudaýa mynasyp gezmegi islemegim we gezmegim hem-de hemme zatda Onuň göwnüni tapmagym üçin hereket edýär.

Hudaýdaky täsin zat şeýledir:
siz Ondan gorksaňyz,
başga hiç zatdan hem
gorkmaýarsyňyz, eger
Hudaýdan gorkmasaňyz, onda
hemme zatdan gorkýarsyňyz.

– OSWALD ÇEMBERS

# 12| ÝOKUŞAGAN IKIÝÜZLÜLIK

Resullaryň işleri kitabynda ömri kesilen är-aýala degişli bir wajyp zady bellemek gerek. Mesele Hananýa bilen Sapfiranyň hereketlerinde däl, olar ýöne bir ýygnaga zekat getirdi. Hudaýyň işi üçin maliýe sowgadyny getirmeklik – bu päk ahlakly, mukaddes hem ajaýyp zatdyr. Günä olaryň pikirlerindedi. Olar belli bir derejede özlerini görkezmek islediler.

Şeýlelikde, wajyp sorag ýüze çykýar: Tagtyň öňünde diňe biziň sözlerimize hem eden zatlarymyza däl-de, eýsem olar bilen deň derejede pikirlerimize hem niýetlerimize-de seredilýärmi?

Geliň, Isanyň Öz şägirtlerine beren duýduryşyny okamakdan başlalyň:

> “Şol wagt müňlerçe adam üýşüp, biri-birlerine gysylyşyp durkalar, Isa öňürti Öz şägirtlerine gürrüň bermäge başlady: Özüňizi fariseýleriň hamyrmaýasyndan, ýagny *ikiýüzlülikden* goraň. Üsti açylmajak ýapyk zat, bilinmejek gizlin zat ýokdur” (Luka 12:1, 2).

Bu iki aýatda uly many bardyr. Göz öňüne getirip görüň, siz Hoş Habaryň gullukçysy, sizi diňlemek üçin hem, adamlaryň uly mähellesi, birnäçe müň adam ýygnanýar. Bu wagyzçylaryň köpüsiniň arzuwydyr! Ýöne Isa näme edýär? Ol Öz toparyna pyşyrdap: “Gulak asyň, oglanlar, Men bu ýerde bular üçin durun. Men Öz işimi edýänçäm bir gyra süýşüň” diýýär. Tersine, Ol munuň deregine üç zady edýär:

Birinjiden, Ol *geçip duran pursatyň täsiri astyna nädip düşmeli däldigini* olara iş ýüzünde görkezme mümkinçiliginden peýdalanýar. Birinjiden, Ol şahsy göreldesini görkezmek we *ikiýüzlülik* barada ders bermek bilen

geljekki ýolbaşçylara duýdurýar. Bu grek dilindäki “hýupokrites” sözi bolup, “hakykatynda başgasy barka, belli bir maksatlar we pikirler barada tasir döretmegi” aňladýar.

Fariseýler ikiýüzlülik ulgamynda hakyky başarjaň adamlardylar, olar köp zatlary göz üçin edýärdiler we ýasama bolmagy başarýardylar. Isa bu duzaga düşmän, öz pikirleriňde arassalygyňa galmalydygyny duýdurdy. Düýp manysynda Ol meşhurlygyň we adamlaryň arasynda ykrar edilmäniň özüňizi herekete getirmegine ýol bermezlige, Mukaddes Ruh tarapyndan ugrukdyrylyp, hakykatda, taglymatda we durmuşda berkligiňe galmaga çagyrýar.

Ikinjiden, Isa ikiýüzlüligiň şeýle basym ýaýrap bilýändigine üns berýär. Ol ony hamyrmaýa, ýagny hamyrda eräp, ony çişmäge mejbur edýän hamyr tozy bilen deňeşdirýär. Isanyň getiren göze görnüp duran mysaly ikiýüzlüligiň ýokuşagandygyny, ýöne hamyrmaýadan tapawutlylykda biziň abadançylygymyza örän weýran edijilikli täsirini ýetirýändigini görkezýär.

Üçünjiden, Ol ikiýüzlüligiň gizlinlikde galyp bilmejekdigini belleýär. Sözleriň we hereketleriň aňyrsynda duran niýetleriň irde-giçde aýan boljakdygy gürrüňsizdir. Soň Isa bizi halal däl pikirlerden nämäniň goraýandygyny düşündirýär.

> “Emma Men, eý dostlarym, size aýdýaryn, teni öldürip, başga zat etmegi başarmaýanlardan gorkmaň. Kimden gorkmalydygyňyzy Men size aýdaýyn: öldürenden soň dowzaha zyňmaga güýji ýetýän gudratygüýçli Hudaýdan gorkuň. Hawa, size aýdýaryn” (Luka 12:4, 5).

Isa emosional öwüşgini boýunça güýçli bolan “*gorkuň*” sözüni ýene ulanýar. Bu öňki bapda eýýäm bellenilip geçilen “fobos” sözi bilen meňzeş eşidilýän “fobeo” sözüdir. “Fobeo” sözi “gorkuzmagy, ürküzmegi, howatyrlandyrmagy” aňladýar. Isa dowzah oduna taşlanylmagy mukaddes gorkyny basgylamak bilen baglanyşdyrýar. Bu gaty gorkunç pikir, oňa ýeňilkellelik bilen garamak bolmaýar. Biz mukaddes gorkynyň nähili wajypdygyny ýene görýäris we onuň ýöne bir takwalyk bilen sežde etmek däldiginiň tassyklamasyny-da ýene görýäris.

Isa bizi adamlardan däl-de, Hudaýdan gorkmaga çagyrýar. Başga sözler bilen aýtsak, *Hudaýdan gorkmaklyk bizi adamlardan gorkmakdan azat edýär, adamlardan gorkmaklyk bolsa, bizi gul edip, Hudaýdan gorkma ukybymyzy elimizden alýar*. Ýalňyşlyk goýbermäň, adamlardan gorkmaklyk hökmany suratda biziň isleglerimize täsirini ýetirýändir. Edil Hudaýdan

gorkmaklyk barada pikir edişiňiz ýaly, adamlardan gorkmak barada hem pikir ediň. Adamlardan gorkmaklyk olardan gaçmagy aňlatmaýar-da, has takygy, aňyňda şahsy kanagatlanmanyň, goragyň ýa-da bähbidiň pikirini etmäni saklap, adamlaryň göwünlerinden turjak bolmanyň azabyny aňladýar. Adamlardan gorkmaklyk bizi ikiýüzlülik hamyrmaýasyndan dolduryar-da, adamlaryň göwünlerinden turup ýaşamaklyga mejbur edýär.

Göräýmäge Hananýa bilen Sapfiranyň eden işi çirksiz ýaly, olary eden zady üçin ýazgarmak bolmaýan ýaly, ýöne olar bu işi bütin ýygnakda özlerini görkezme islegi bilen etdiler-de, jan berdiler.

Adamlar ilki göreniňde takwa hereketleri edip, hudaýhon adamyň sözlerini aýdýan ýaly bolup görnüp bilerler, ýöne olarda mukaddes gorky bolmasa, onda öz niýetleri bilen günä edýärler.

1980-nji ýyllarda ýerli ýygnakda gulluk eden wagtymda men adamlardan gorkma bilen gaty güýçli baglanyşyklydym, ýöne Mukaddes Ruh maňa özümiň pikirimi gökezýänçä, muňa düşünmedim. Ol wagtlar men özümiziň megaýygnagymyzda gözeilginç pozisiýany eýeleýärdim we bile işleşýän adamlaryma mydama mylakatlydym, hemişe ýerlikli bolmasa-da, olara öwgi sözlerini aýdýardym. Men agzalalygy ýigrenýärdim, şonuň üçin ondan, edil mergiden gaçan ýaly gaçýardym. Tizara meniň ýygnakdaky hemmeleri iň gowy görýän adamlaryň biridigim baradaky gürrüňler gulagyma ýetip başlady. Bu maňa şatlyk hem kanagatlanma getirdi.

Bir gün Hudaýa doga edip otyrkam, Rebbiň maňa: “Oglum, adamlar seniň hemmeleri iň gowy görýän we mylakatly adamdygyňy aýdýarlar” – diýdi. Rebbiň öz ýüregime aýdan sözleri häzirem anyk ýadymda, men Onuň sözlerinde hiç hili goldaw äheňini duýmadym, şonuň üçin seresaplyk bilen:

– Hawa, diýýärler – diýip jogap berdim.

Şonda Ol:

– Adamlara, hakyky bolmasa-da, näme üçin ýakymly hem öwgi sözlerini aýdýandygyňy sen bilýärsiňmi? – diýdi.

– Näme üçin?

– Sebäbi sen inkär edilmeden gorkýarsyň. Şeýlelikde, seniň söýgiň merkezinde kim dur – senmi ýa-da olar? Eger sen adamlary hakykatdan söýen bolsaň, onda, hatda inkär edilmäge-de töwekgelçilik edip, olara hakykaty aýdardyň.

Men doňup galdym. Hemmeler meni gowy görýän adam hasap edýärdiler, ýöne hakyky hakykat düýbünden başga zatdady. Edil şonuň ýaly ýagdaýda irki ýygnagyň agzalary hem, Hananýa bilen Sapfirany

hudaýhon adamlar hasap eden bolsalar gerek, aýratynam, olar bütin ýygnagyň öňünde eslije zekaty getirip, ruhy çopanyň eline gowşuranda. Meniň pikirlerim hem, edil şonuň ýaly derejede özümi öňe sürmekde, özümi goramakda we özümi sylaglamakda jemlenendi. Aslynda meniň hereketim ikiýüzlülikdi.

Öz takwalygyňy görkezip, özüňi synlaýanlaryň gözleriniň öňünde haýyr-sahawat işleri bilen meşgullanmak, şol bir wagtyň özünde-de öz bähbidiňi gizlemek aňsat. Hoş Habar baradaky beýik habar bilen adamlary tolgundyryp, ýöne içiňden egoistik pikirlerden ýaňa ýanyp hem bolýar (Filipililer 1:15, 16). Garyplar üçin uly zekatlary bermek bolýar, emma söýgüsiz (1 Korintoslylar 13:3). Sežde etme aýdymlarynda adamlara baş bolup, meşhur hem tanymal bolmaga gizlin niýetiň hem bolup bilýär. Adamlar bilen gatnaşyklaryňda gowy bolup, içiňden olara igenip we olary tankytlap hem bolar. Ahlak taýdan pese düşendigi sebäpli gullugyny goýmak talap edilen ruhy çopana duýgudaşlygyňy bildirip, içiňden onuň mynasyp bolan zadyny alanyna begenip bolar. Pes göwünli adamyň keşbine girip: “Goý, bütin şöhrat Isa Mesihiňki bolsun” diýen bolup, içimizden abraýy hem öwgini söýübem bileris. Hemme zady sanap çykyp bolmaýar.

Ýowuz hakykat, birinjiden, niýetleriň ýa-da pikirleriň ýekejesini-de Hudaýdan gizläp bolmaýandygynda, ikinjiden, olaryň hemmesiniň günleriň birinde aýan boljakdygynda jemlenendir. Wajyp sorag ýüze çykýar: “Olar bizden gizlinmi?” Rebden gorkmaklyk özümiziň ýürek meýillerimizi ýitirmezlige kömek edýär, bu örän wajyp zatdyr, sebäbi olaryň ýok bolmagy bizi ýalanyň we ikiýüzlüligiň öňünde ejiz edýär.

Ýygnakdaky adamlar Hananýanyň ýazgarylanyna gaty haýran galýarlar, ýöne Hananýanyň, soň hem Sapfiranyň özünden köp haýran galmadylar. Mukaddes gorkynyň bolmazlygy bu är-aýalyň gözlerini gapdy, şeýdip, olar öz islegleriniň arassa däldigini görmediler. Biz soragy ýene bir gezek özümize bermelidiris: “Olaryň taryhy Hudaýyň höküminiň başlangyjy bolup hyzmat etmeýärmikä?” Bu barada indiki bapda bileris.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Hudaýyň sözi diri hem täsirlidir, her bir iki ýüzli gylyçdan kesgirdir... ýüregiň düşünjeleridir niýetlerine höküm edýändir” (Ýewreýler 4:12).

**Many.** Rebden gorkmaklyk özümiziň ýürek meýillerimizi ýitirmezlige

kömek edýär, bu örän wajyp zatdyr, sebäbi olaryň ýok bolmagy bizi ýalanyň we ikiýüzlüligiň öňünde ejiz edýär.

**Oýlanma.** Şahsy bähbidi, goragy we kanagatlanmany almak baradaky içki niýetim tarapyndan herekete getirilenimde adamlaryň göwünlerinden turma islegime nädip ýan berýärin? Basyş astynda bolanymda, nämedir bir zatda tabyn bolýarynmy? Haýsy ulgamlarda bu meni öz wyždanyma garşy gitmäge mejbur edýär?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Gökdäki Atam, öz bähbidim üçin adamlaryň göwünlerinden turjak bolup ymtylýanym üçin meni bagyşla. Mukaddes Ruh, durmuşymdaky bu basyşa aňsat boýun bolýan ulgamlarymyň hemmesini açyp görkezmegiňi haýyş edýärin. Isany däl-de, adamlary öz şatlygymyň hem bagtymyň çeşmesi edýänim üçin toba edýärin. Senden haýyş edýärin, men ikiýüzlülige ýüz urman, başgalary hakykatdan gowy görmegim üçin ýüregimi mukaddes gorkudan doldur. Isanyň ady bilen doga edýärin. Omyn.

**Toba etmek.** Gatnaşýan adamlaryma hakykaty aýtmak we özümiň däl-de, olaryň bähbidini gözlemäge çalyşmak bilen olary söýerin.

Çünki biziň hemmämiz öz bolşumyza Mesihiň höküm kürsüsiniň öňüne barmalydyrys we doly açylmalydyrys.

– 2 KORINTOSLYLAR 5:10 (GIŇELDILEN TERJIME).

# 13| ÜÇ KEŞP

Öňdäki sahypadaky Mukaddes Kitapdan alnan aýatda ýazylan “öz bolşumyza doly açylmalydyrys” diýen jümläni ünsli okaň. Her adamda üç keşp – *kabul edilen, islenilýän* we *hakyky* - keşbi bar.

Kabul edilen keşp – adamlaryň bizi görýän keşbi. Islenilýän keşp – başgalaryň özümizi nähili görmegini isleýşimiz. Hakyky keşp – aslynda biz nähili bolsak, şol keşp. Bu keşp gizlin bolup, başgalara görünmeýän bolsa-da, ol Hudaý üçin doly açykdyr. Höküm tagtynyň öňünde biz hut şeýle ýagdaýda durýarys.

Indi Isa seredýäris. Oňa nädogry düşünildi, ýalan aýyplanyldy, Ony arakhor hem horan hasap etdiler, “ýeresçi” diýip atlandyrdylar, hatda dini wagyzçylar we beýleki adamlar Ony inkär etdiler, Ol jyn uran adam bolmakda hem aýyplanyldy. Isanyň kabul edilen keşbi köpleriň, aýratynam, ygtyýarly adamlaryň nazarynda otrisateldi.

Isanyň doganlary şol wagtlarda şübheçil bolandyklary üçin Ony islenilýän keşpde ýaşamaga mejbur etjek bolup, Oňa basyş etdiler. Ine, olar barada näme ýazylypdyr: Isanyň inileri Oňa şeýle diýdiler: “Bu ýerden gidip, Ýahuda bar, edýän işleriňi şägirtleriň görsün. Özüni açyk tanatmak isleýän adam gizlin iş edýän däldir. Sen bu zatlary edýän bolsaň, Özüňi dünýä görkez” (Ýohanna 7:3, 4) – diýdiler. Olar başgalaryň düşünjeleriniň gözegçiligi astynda ýaşaýardylar, şonuň üçin Isany-da şol gulçulyga – adamlardan gorkmaklyga – salmaga synanyşýardylar.

Emma Isanyň *hakyky* keşbi köpleriň Ony kabul edişinden tapawutlanýar, sebäbi Ol “görünmez Hudaýyň keşbidir” (Kolosiýalylar 1:15). Adamlaryň aglaba bölegi Ony inkär eden wagtynda Gudratygüýçli Hudaý hemmelere eşitdirip: “Bu Meniň söýgüli Oglumdyr, Men Ondan köp razydyryn” (Matta 3:17) – diýdi. Wagtyň synagyndan Isanyň *kabul edilen* keşbi däl-de, eýsem, *hakyky* keşbi geçdi.

Ýerde bolan wagtynda Isa Özüniň meşhur bolmagyndan we Özüni şöhratlandyrjak bolup edilýän islendik synanyşykdan seresap boldy. Syrkaw adamy sagaldanyndan soň Ol köplenç: “Seret, muny hiç kim bilmesin” (Matta 9:30) – diýdi. Ol meşhurlykdan, dabaralanmadan, öwgüli aýdymlardan we adamlaryň göwünlerinden turmakdan gaça durdy. Özüni patyşa etjek bolanlarynda, Ol daşa çekildi. Ol Özüne “dereje” döretmedi, ýalan hyýaly zatlary duýmady, aldaw Oňa ýat zatdy. Ol Rebden gorkmadan şatlyk tapdy, şonuň kömegi bilen hem, Atasynda ünsüni jemledi.

Bizem Isanyň keşbini şöhlelendirmelidiris. Adam öz içindäki hakykata laýyklykda ýaşanda, şol wagtyň özünde-de özüni öňe sürmekden we özüni aýap saklamakdan gaça duranda azat bolýandyr. Ünsi özüňde jemlemeklik başlangyjyny Adam bilen Howdan alýandyr. Olaryň günä eden pursaty barada, ine, näme ýazylypdyr: “Olaryň gözleri açyldy-da, özleriniň ýalaňaçdyklaryny bildiler” (Gelip çykyş 3:7). Olaryň nazary Hudaýdan aýrylyp, özlerine tarap öwrüldi, indi olar özlerindäki bilnen kemçiligi gizlemegiň usulyny gözlediler. Ilki bu jübüt özleriniň ýalaňaçlygyny *ýapmaga* synanyşdylar. Biz muny başgaça ýüze çykaryp bileris, ýöne meseläniň köki şollugyna galýar. Eger men ünsümi özümde jemlesem, onda özümiň göze görnüp duran kemçiliklerimiň üstüni *ýapjak* keşbi döretmäge çalşaryn. Isa bizi şu gulçulykdan azat etmek üçin Öz janyny berdi. Pawlus: “Biz özlerini mahabatlandyrýanlaryň käbirleri bilen özümizi bir hatarda goýmaga ýa deňemäge het edip bilmeýäris. Olar özlerini özleri bilen ölçäp, özlerini özleri bilen deňäp, pähimsiz bolýarlar” (2 Korintoslylar 10:12) – diýip ýazýar.

Eger özümizi başga adamlar bilen deňeşdirme basyşynyň astynda gyşarsak, onda öz kemçiliklerimizi ýüze çykaryp, öz-özümizi öňe sürmäge we goramaga başlarys, ýöne hemme zat biziň pikirlerimizden we niýetlerimizden başlanýar. Häzirkizaman dünýäde *kabul edilýän* keşp *hakyky* keşpden köpräk gowy görülýär. Başga sözler bilen aýtsak, biz öz abraýymyzy goraýarys, bar tagallalarymyzy daşky keşbimizde, meşhurlygymyzda, kabul edilmede, abraýda we ş.m. jemläris, sebäbi bu zatlaryň hemmesi kemçiliklerimizi *ýapýar*.

Höküm wagtynda bu zatlar ýüze çykarylmaýar we olara seredilmeýär-de, merkezinde meýillerimiz hem niýetlerimiz bolan hakyky keşbimize serediler.

> “Şonuň üçin Reb gelýänçe, wagtyndan öň hiç bir zadyň üstünden höküm çykarmaň. Ol garaňkylygyň gizlin zatlaryny ýagtyldar, ýürekleriň niýetlerini aýan eder, şol wagt her kes Hudaýdan özüne laýyk tarypyny alar” (1 Korintoslylar 4:5).

Köp adamlar bu imansyzlaryň üstünden çykaryljak hüküme degişlidir öýdüp, Mukaddes Ýazgynyň şu ýeriniň gymmatyny gaçyrýarlar. Bu olara asla degişli däl, sebäbi ýekeje imansyz adam hem, höküm wagtynda öwgi almaýar. Bu ýer diňe imanly adamlar hakda gürrüň edip biler.

Siz “garaňkylykdaky gizlin zatlaryň” we “ýürek niýetleriniň” gökdäki bütin ýygnagyň öňünde açyljakdygyny eşideniňizde, sagdyn gorkyny duýýan bolsaňyz gerek. Belki, bu Pawlusyň imanlylaryň üstünden çykarylýan hökümi “Rebden gorkmaklyk” diýip atlandyrmagynyň sebäpleriniň biridir. Biziň bu hakykata akyl ýetirmämiz mukaddes gorkyny döredýär, bu gorky hem öz gezeginde bizi saklaýar we özümiziň *hakyky* keşbimize laýyklykda ýaşamagymyza mümkinçilik berýär. Ýöne munuň tersine bolan zat hem dogrudyr: bize Rebden gorkmaklyk näçe ýetmezçilik edýän bolsa, şonça-da *kabul edilýän* keşbimize köp daýanýarys.

Hananýa bilen Sapfira hem, şu ölüm howply duzaga düşdüler. Olary özleriniň bäsdeş hasap eden adamlarynyň – dostlarynyň, ýygnaga gelenleriň we wagyzçylaryň – özlerini *kabul edişleri* köpräk gyzyklandyrdy.

Olaryň taryhyny has düşnükli etmek üçin, geliň, waka häzirkizaman dünýäsinde bolan ýaly edip, olary büdremä alyp baran ýoly göz öňüne getireliň. Ýygnagyň döränine bir aýdan köp wagt geçmändi. Resullar hem ýygnaga gelýänler, dürli gulluklar üçin ýaramly bolaýjak liderleri görmek üçin hemmeleri ünsli synlaýardylar.

Isany kabul edip, günäleriniň bagyşlanmasyny alan günleri bu jübüt üçin bagtly gün bolupdy. Olar Hudaýyň we ýygnagyň, doganlaryň söýgüsine gurşalypdylar.

Şeýle-de bolsa, olaryň ünsi ýuwaş-ýuwaşdan başga zatlara geçip ugraýar. Hudaýyň olaryň üsti bilen başda hereket etmegi juda gyzykly bolupdy, belki, olar zekat getirendirler, ündewlerini paýlaşandyrlar, Hudaýy şöhratlandyrýan toparda aýdym aýdandyrlar – umuman, wariantlar köp. Özleriniň gulluklary üçin minnetdarlyk bildirilmeginden, hyzmatlary üçin hoşallyk bildirilmeginden lezzet alandyrlar. Olarda endorfin gormonlarynyň işläp çykmasy artyp, olara tolgundyryjy bagt hem kanagatlanma duýgularyny getirendir. Olaryň abraýy artýar. Ýöne ýaňy emele gelen bu abraýy saklamak üçin olar şübheli hereketlerini daşyndan ýönekeý bolan sözler hem hereketler bilen *ýapmaly* bolýarlar. Belki, olar yzy bilen gazaply göreşi alyp gelen çynlakaý içki agzalalyga ulaşandyrlar. Olaryň gahary hem jedelleri gitdigiçe erbetleşip, uzaga çekendir, ýöne imanlylar bilen ýygnanyşma wagty gelende, özleriniň kemçiligini *ýapmak* üçin birden hereketlerini üýtgetmeli bolandyrlar. Är-aýal özleriniň *kabul edilen*

keşbine howp salyp biljek agzalalygyny we dawalaryny töweregindäkileriň görmegini islän däldir, şonuň üçin biri-biriniň aladasyny etmäni we söýgini *ýasama şekillendirendirler*.

Olar özleriniň gujaklaşyp, ýylgyryp we wagtlaryny bilelikde şadyýan geçirende düşen suratlaryny we wideoroliklerini sosial torlarda we TikTokda goýýarlar. Olaryň suratlary haýsydyr bir pikiri döredýär: “arzuw eden durmuşym” ýa-da “ikitaraplaýyn düşünişmä ýetmek”, ýa-da “men özümiň onuň bilen ýaşaýan durmuşymy söýýärin!” Üstünlikli (aslynda kyn) durmuşy, ösýän (aslynda pese düşen) telekeçiligi, owadan (hereketleri özüne çekiji, gopbamsy hem egoistik) çagalary we başga görnüşli ýetilen derejeleri şekillendirýän başga-da köp sanly çykyşlar bolýar. Bu başa barana meňzeýär, sebäbi sosial torlardaky olara ýazylanlaryň sany derrew köpelýär. Hananýa bilen Sapfira güýçli *islenilýän* keşbi saklamakda bulaşýarlar. Hemme zat ýönekeý ýaly bolup görünýär, ýöne olaryň takwa gorkusy her gezekki täze ikiýüzli hereketi bilen kem-kemden ereýär. Olar özleriniň ikiýüzlüliginde paş edilmeýär. Hemme zat gowy ýaly bolup görünýär, olaryň şeksiz abraýy bardy, sebäbi olar ýygnakda sahylyk bilen zekat berýärler.

Barnabasyň ýygnaga öz zekadyny getiren güni gelip ýetdi. Birden olaryň doganlarynyň ünsi olardan artykmaç zekat beren başga adama sowulýar, şeýdip, olaryň *kabul edilen* keşbi howp astyna düşýär. Olaryň gara bagtyna, şol wagt özleriniň keşbinde ünslerini jemlemesi eýýäm gowuja emele gelipdi. Galan zatlary siz bilýärsiňiz.

Göräýmäge, hemme zat ýönekeý hem başgalar üçin ruhlandyryjy ýaly bolup dur, emma olar howply heläkleýji ýola alyp bardy. Mukaddes Ruh bu jübütiň ykbaly hakda, bize duýdurmak we Hudaýyň höküminiň bar wajyplygyny hem sowulmazaklygyny görkezmek üçin, Mukaddes Ýazgyda habar beräýdimikä? Pawlus şeýle ýazýar:

> “Käbir adamlaryň günäleri bellidir (hemmeler üçin açykdyr) we höküme [höküm ýerine] göni alyp barýandyr. Käbirleriniňki bolsa soň aýan bolýandyr [jenaýatçylaryň yzy bilen höküm binasyna çenli baryp, ol ýerde hemmeleriň öňünde açylýar]” (1 Timoteos 5:24, Giňeldilen terjime).

Şol ýatda galan günde Hananýa bilen Sapfiranyň günäsi hemmelere açyldy. Höküm öňünden çykaryldy. Ýöne adamlaryň köpüsiniň günäleriniň soňrak açylýandygy uly howsala döretmelidir. Şuny ýatda saklamagy haýyş edýärin: Hudaýyň çykaran hökümi olaryň eden hereketlerine däl-de, gizlin niýetine degişlidi.

Gowy täzelik biziň garaňky meýillerimize toba edip bilýändigimizde,

Hudaýyň hem bizi ýöne bir bagyşlaman, eýsem, mukaddes gorky içinde Ondan ýalbaryp sorasak we Mukaddes Ýazgy arkaly aňymyzy täzelesek, onda arassa meýilleri sowgat alyp biljekdigimizde jemlenendir.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady. “**Çünki belli bolmajak gizlin zat ýokdur, bilnip üsti açylmajak ýaşyryn zat ýokdur” (Luka 8:17).

**Many.** Her adamda üç – *kabul edilen, islenilýän* we *hakyky* – keşbi bar.

**Oýlanma.** Men haýsy keşbe tarap çekilýärin? Men hakykat ugrunda ýaşaýarynmy ýa-da öz abraýymy goramak üçin aldap, ýalan zatlary ýaýradýarynmy? Men gatnaşýan adamlaryma dogruçyl daraýarynmy hem olar bilen göni gatnaşýarynmy?

**Doga-dileg etmek.** Özümiň hakyky keşbime däl-de, isleýän we kabul edilen keşplerime uly ähmiýet berýänim üçin toba edýärin. Men öz dogruçyllygyma garşy gidenim üçin Senden ötünç soraýaryn. Meniň pikirlerimi hem niýetlerimi arassala. Goý, meniň ünsümiň merkezinde özüm däl-de, Isa we adamlar bolsun.

**Toba etmek.** Men Hudaýyň Sözüniň iki ýüzli gylyjyna ýüregimiň pikirlerini hem niýetlerimi paş etmäge rugsat berýärin.

Hudaýdan hakykatdan gorkmaklyk gelende, ölüm hem höküm gorkusy bizden çykýar, Hudaýdan gorkmaklyk bolsa ezýet bolman, janyň üçin nurly hem ýeňil ýük bolup, bizi tapdan düşürmeýär-de, gaýtam, asudalyk berýär.

– A. U. TOZER WE GERRI WERPLOÝ

# 14| EBEDI ÇÖZGÜTLER

Bakyýet bilen deňeşdireniňde ýerdäki ýaşaýyş bary-ýogy boş hyýaldyr. Ýöne has takyk aýtsak, biziň ömrümiz hiç zadam däl, sebäbi ýönekeý matematiki hasaplamalar islendik soňky sany tükeniksizlige bölseň, nula deň bolýandygyny görkezýär. Şeýlelikde, togsan (plýus-minus) ýaş bakyýet bilen deňeşdireniňde nula deň. Eýmendiriji bu hakykatyň esasynda özümize bakyýetde garaşýan zada taýýarlyk görsek, pähimli hereket etdigimiz bolar.

Isanyň höküm ýerinde her birimiz babatda kabul etjek karary ebedilik bolar (Ýewreýler 6:1, 2). Bu olara täzeden seredilmejekdigini, düzedişleri we üýtgetmeleri özünde saklamaýandygyny aňladýar. Şeýlelikde, aslynda bakyýetde *nirede* boljakdygymyz biziň Isanyň haçyna bolan garaýşymyz bilen kesgitlenilýär, ýöne imanlylar hökmündäki ýaşaýyş *ýörelgämiz* bakyýetde *nähili* ýaşajakdygymyzy kesgitlär.

Juda köp adamlar gökleri diňe asudalykda hem söýgüde we görgüsiz bolunýan tensiz material däl ýer hökmünde göz öňüne getirýärler. Olar mukaddesleriň ol ýerde bulutlarda uçup ýören, arfa çalyp we üzüm bilen iýmitlenip ýören jandarlar bolaryna garaşýarlar. Käbirleri gökleri yzy üzülmeýän sežde edilýän içgysgynç ýer hökmünde göz öňüne getirýärler. Munuň ýaly garaýyşlar bilen bu birsyhly ebedi ýaşaýşa şatlanmak kyn bolar.

Ýöne bu Mukaddes Ýazgyda tassyklamasyny tapmaýan miflerdir. Bu durmuşdaky iň gowy zatlar – diňe bakyýetiň kölegesidir. Ol ýerde hem, jemgyýetçilik meýilleşdirmesi bilen meşgullanmak, şäherleri gurmak, halklara ýolbaşçylyk etmek, galaktikalary öwrenmek we ösdürmek hem-de başga-da ol ýerdäki durmuş bilen baglanyşykly köp işleri etmek bilen meşgullanmak gerek bolýar, sebäbi biz şol durmuş üçin ýaradylypdyk.

Rebbiň ebedi şäherinde jogapkärçilikli pozisiýalar bolar. Şonuň üçin höküm ýerine Rebbiň täze gögüniň we täze ýeriniň paýtagtyndaky siziň ebedi pozisiýaňyzy kesgitleýän söhbetdeşligi we bahasy hökmünde serediň.

Ýokarda aýdylanlary hasaba alyp, şu ýerde we häzir bolup geçýän zatlaryň höküm wagtynda derňelişi hakdaky gürrüňe gaýdyp geleliň.

> "Çünki ýagşy bolsun, ýaman bolsun, parhy ýok, bedendekäk öz eden işlerimize laýyk almytymyzy almak üçin, hemmämiz Mesihiň höküm kürsüsi öňünde durmalydyrys (2 Korintoslylar 5:10).

Bizi dowzaha barmaklyga höküm eden günälerimiz (imanly adamlaryň günäleri) Isanyň gany bilen ýuwuldy we ebedi bagyşlanyldy (Ýewreýler 8:12). Şeýle-de bolsa, biz barybir imanlylaryň sudunda erbet (ýa-da ýaramaz) işlerimiz üçin hasabat bermeli bolýarys. Bu biziň ünsümizi çekmelidir.

"Erbet" (grek dilindäki "kakos") sözi "zyýan hem zeper ýetirýän ýaramaz işleri", şeýle hem, "daşlaşmany, aýrylmany, söweşde yza çekilmäni-de" aňladýar. Bu söz diňe bir edýän zatlarymyzyň netijesinde zyýan ýetmäni däl-de, eýsem yza çekilmämiziň ýa-da daşlaşmamyzyň, başga sözler bilen aýtsak, *etmeýän* zatlarymyzyň netijesinde ýetýän zyýany hem aňladýar. Şeýlelikde, ol diňe biziň eden işlerimizi däl-de, eýsem, sypdyran mümkinçiliklerimizi-de öz içine alýar. Mukaddes gorky Gökdäki Patyşalygyň öňündäki jogapkärçiligimizde ünsli bolmaga, şeýle hem, Hudaýyň söýýän adamlaryna zyýan ýetirip biläýjek erbet niýetleriň ýa-da hereketleriň bolmagyna hem ýol bermezlige mejbur edýär.

Mukaddes Ýazgy bizi ýygy-ýygydan "gurluşykçy" diýip atlandyrýar. Gurluşykçylary Hudaýyň ebedi ýaşajak öýüni indiwidual sargyt boýunça gurýan kömekçi potratçy hökmünde göz öňüne getirip bolar. Hudaýyň öýüniň ady bar – *Sion* (Zebur 131:13,14-e seret) we ony gurýan materialy bar– janly daşlar, Onuň mukaddesleri (1 Petrus 2:5-e seret), Isa bolsa – esasy burç daşydyr (Işaýa 28:16-a seret).

Pawlus biziň wezipelerimizi anyk suratlandyrýar: "Sebäbi Hudaý bizi Isa Mesih arkaly ýaratdy. Ol bizi *öňden taýýarlap goýan* ýagşy işlerini etmegimiz üçin ýaratdy" (Efesliler 2:10). Üns beriň: Pawlus biziň ýerine ýetirmegimiz üçin Hudaýyň işleri *öňünden taýýarlap goýandygyny* ýazýar, diýmek, biz olary etmeli. Eger wagtlaýyn egoistik bähbitlerimize esaslanyp ýaşanymyzy gowy görüp, özümize öňden bellenilen maksatlardan yza çekilsek, onda muňa edilen "biderek" işleriň biri hökmünde baha berler.

Mundan başga-da, Pawlus: "... ýöne her kişi öz gurýany babatda ünsli

bolmalydyr” (1 Korintoslylar 3:10) – diýýär. Biziň nähili gurýandygymyzyň wajyp ähmiýetiniň bardygy göze görnüp dur. Biz Onuň ebedi Sözi boýunça gurýarysmy ýa-da bu dünýäniň (asyryň) ruhuna gulak asýarysmy? Biz Onuň Ruhy boýunça gurýarysmy ýa-da özümiziň egoistik isleglerimizi kanagatlandyrýarysmy? Pawlus sözüni şeýle dowam etdirýär:

> “Bu düýbüň üstünde gyzyldan, kümüşden, gymmatbaha daşlardan, agaçdan, otdan, samandan, ymarat salan her kişiniň işi belli bolar, çünki Rebbiň güni ony aýan eder, sebäbi otda belli bolar, her biriniň işiniň nähilidigini ot synar” (1 Korintoslylar 3:12, 13).

Biz özümize Hudaý tarapyndan berlen wagty geçirmäniň dürli usullaryny saýlap bileris. Eger biz öz şahsy bähbidimiz üçin wagtlaýyn zady döretmek üçin ýaşaýan bolsak, onda ol basym ýanýan zat bolar. Eger Hudaýyň ebedi Patyşalygyny gurmak üçin öz bähbidimizi gözlemän ýaşaýan bolsak, onda weýran bolmaýan, ýöne arassalanýan materialdan gurarys. Biziň durmuşymyzy ot, ýagny Hudaýyň Sözi derňär. Başga sözler bilen aýtsak, biziň niýetlerimiz, sözlerimiz we edýän hereketlerimiz oňa nähili laýyk gelýär?

Soň Pawlus sözüni dowam etdirip şeýle diýýär: “Kimiň guran binasy oda çydasa, şol sylag alar” (14-e seret). Eger edýän işlerimiz hem zähmetimiz Onuň Sözüne gulak asmadan we öz durmuşymyz babatdaky isleginden syzyp çykýan bolsa, onda guran zatlarymyz ebedi durar. Bu ýerde iki zada üns bermek gerek: birinjiden, guran zatlarymyz başga adamlaryň durmuşyna ýetiren täsirimizi, şeýle hem, Hudaýyň özümize beren zehinini Onuň Patyşalygyny gurmak üçin nähili ulanandygymyzy öz içine alýar. Ikinjiden, biziň ebedi baýragymyz Onuň Patyşalygyndaky ebedi derejämizi kesgitleýär.

Pawlusyň aşaky sözleri ünsi özüne çekýär:

> “Eger guran binasy otda ýansa, ol uly ýitgi çeker, ýöne özi ot içinden geçen ýaly bolup *halas bolar*” (1 Korintoslylar 3:15, iňlis dilinden terjime).

Bu aýatdan örän köp many alyp bolýar. Birinjiden, bina guran adam *halas bolýar*. Gürrüň dowzahyň ebedi oduna höküm edilen imansyz adam barada däl-de, Hudaýyň Patyşalygynda ebedi boljak adam hakda barýar.

Ikinjiden, ýitgi uly bolýar. Bu ýerde ulanylan grek sözi jezany ýa-da zyýany aňladyp bilýär. Alymlaryň köpüsi, şol sanda menem, muny jeza hasap etmeýäris. Ýöne bu sözüň manysy çuň ýitgi duýgusyny göz öňünde tutýar. Göz öňünde tutuň, şol çuň ýitgi diňe höküm wagtynda duýulman, eýsem bakyýetde nähili ýaşajakdygymyza hem täsirini ýetirýär.

Üçünjiden, bu ýerde getirilen deňeşdirme otdan zordan halas bolan adam hakda gürrüň berýär. Bu ýagdaýy häzirkizaman durmuşynda göz öňüne getirmäge synanyşalyň. Günbatardaky adamlar köplenç pensiýa öňünden taýýarlyk görýärler. (Meniň özüm-ä şeýle pikir bilen ylalaşmaýaryn, sebäbi pensiýa çykmaklyk öz etmeli işleriňden gitmek hakda gürrüň berýär, bu bolsa "erbetlik" – κακός. Ýöne pensiýa baradaky tema aktual bolany üçin men ony şekillendirme hökmünde getirýärin).

Göz öňüne getiriň, adam pensiýa çykan güni bank ýarylýar. Onuň bar ýygnan pullary ýitýär, şonuň üçin ol gapjygyndaky birnäçe dollar bilen galýar. Şol günüň özünde onuň indiwidual pensiýa hasaplary saklanylýan döwlet pension fondlary we kompaniýalaryň hemmesi bankrot bolýar. Mundan başga-da, şol pensioneriň öýi düýbüne çenli ýanýar, özi-de ýekeje köýnekde otdan gaçyp gutulýar. Ol hemme zadyny ýitirdi. Beýle ýagdaýa heläkçilik hökmünde baha berip bolar. Ýöne käbir imanlylaryň – ýigrimi bäş ýyl dowam etjek döwri (pensiýa tölegleriniň ortaça dowamlylygyny) däl-de – bütin bakyýete girişini şeýle suratlandyrýar.

Ýene-de Pawlus imanly adamyň halas boljakdygyny, ýöne hemme zadynyň ýanyp, hemişelik ýitirilýändigini aýdýar. Ýatda saklaň, bu ebedi höküm – karardyr. Haýyş edýärin, maňa nädogry düşünmäň, halas bolan adam bolmaklyk – bu ähmiýetsizje bir zat däldir, bu otly dowzahda ebedi ejir çekeniňden, tükeniksiz derejede gowudyr. Biziň hemmämiziň nähili şatlanjakdygymyz akyl ýetirerden aňyrda, ýöne şeýle-de bolsa, hemme zat başgaça bolubam bilerdi diýen duýgy galýar.

Mundan köp wagt geçmänkä Pawlusyň: "Şeýlelikde, biz *Rebden gorkmagyň* nämedigini bilýändigimiz üçin adamlary ynandyrýarys" (2 Korintoslylar 5:11) – diýmegi geň galdyryjy zat däldir. Sizden haýyş edýärin, meniň ýürek sesimi eşidiň, Pawlusyň gürrüňini edýän mukaddes gorkusy wagtyňyzy peýda getirmeýän zatlara ýa-da özüňiziň islenilýän ýa-da kabul edilýän keşbiňizi döretmäge sarp etmeli däldigine sizi ynandyrar diýip umyt edýärin. Ýaradanyň gymmatly sowgady, wagt, Onuň Sözüni diňlemeklige we Mukaddes Ruhuň ugrukdyrmasyna bagyş ediler diýip umyt edýärin.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** "Çünki ýagşy bolsun, ýaman bolsun, parhy ýok, bedendekäk öz eden işlerimize laýyk almytymyzy almak üçin, hemmämiz

Mesihiň höküm kürsüsi öňünde durmalydyrys. Şeýlelikde, biz Rebden gorkmagyň nämedigini bilýändigimiz üçin başgalary-da toba etmelidigine ynandyrýarys” (2 Korintoslylar 5:10, 11).

**Many.** Ine, biziň Isanyň haçyna garaýşymyz bakyýetde *nirede* boljakdygymyzy kesgitleýär, ýöne imanlylar hökmündäki durmuş ýörelgämiz welin, bakyýetde *nähili* ýaşajakdygymyzy kesgitlär.

**Oýlanma.** Durmuşymyň her gününde ünsümi bakyýeti gurmakda, başga adamlaryň durmuşyny hakykat hem söýgi bilen gurmakda jemleýärinmi ýa-da güýjümi, gaýratymy hem wagtymy özümi gurmak üçin sarp edýärinmi?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Gökdäki Atam, öz ünsümi, güýjümi hem gaýratymy we wagtymy wagtlaýyn zady gurmakda jemleýändigim üçin bagyşla. Senden haýyş edýärin, nädip her gün Isanyň Patyşalygyny gurmalydygyny maňa görkez, bakyýet üçin adamlaryň durmuşyna täsir edip bilerim ýaly maňa güýç ber. Isanyň ady bilen Saňa minnetdarlyk bildirýärin. Omyn.

**Toba etmek.** Men diňe bu durmuş bilen bilelikde ýitip gitjek zatlary däl-de, bakyýet üçin wajyp bolan mümkinçilikleri gözlärin we mydama olary ulanaryn.

# ÝEŇIP BOLMAÝAN
# MUKADDESLIK

3-NJI HEPDE

Tende ýaşaýan adam Hudaýdan däl-de, adamdan gorkýar. Güýçli mesihi adamdan däl-de, Hudaýdan gorkýar. Ejiz mesihi adamdan gaty güýçli gorkýar, emma Hudaýdan az gorkýar.

– JON FLAWEL

# 15| ADAMDAN GORKMAK

Hakyky mukaddeslik hiç hili galyndysyz Hudaýa degişli bolmakda jemlenendir. Mukaddeslige berilýän esasy kesgitleme – “Hudaý üçin aýrylyp goýulmadyr”[17]. Onuň manysynyň giňligi şeýle uly bolany üçin ol barada köp tomly kitaplary ýazyp bolýar. Bu ýerde biz onuň esasy taraplaryny açyp görkezeris, sebäbi hormat goýup gorkmaklyk – bu mukaddesligiň aýrylmaz bölegidir. Ýöne ýola düşmezimizden öňürti şuny bellemegimiz zerurdyr: hakyky mukaddeslik – bu gulçulyk däl-de, hakyky azatlykdyr.

Belki, Hananýa bilen Sapfiranyň üstünden çykarylan höküm, her bir adamyň günleriň birinde höküm öňüne barjakdygyny köpçüligiň öňünde görkezmeklik bolandyr. “Bu är-aýalyň soňy näme bolduka? Olar göklerde “uly ýitgi” çekdimikäler ýa-da dowzaha düşdümikäler?” diýen sorag açyklygyna galýar.

Isanyň Hoş Habarlardaky sözlerinde biz bu jübütiň näme üçin ebedi gargyşa höküm edilendigini düşündirmek üçin ýygy-ýygydan ulanylýan Mukaddes Kitap aýadyny tapýarys: “Emma Mukaddes Ruha dil ýetirene asla bagyşlanma ýokdur” (Mark 3:29). Bu pikiriň ýalňyşlygy “*dil ýetirmek*” sözüne berlen kesgitlemede aýdylýar. Bu söz “kimdir biri barada zyýan ýetirmek ýa-da şol adamyň abraýyna şek ýetirmek maksady bilen gürlemegi” aňladýar. Bu är-aýal Mukaddes Ruha *ýalan sözledi*, ýöne kesgitleme boýunça olar Oňa *dil ýetirmediler*. Şeýlelikde, olaryň ykbaly baradaky sorag bir manyly däl. Her neneň ýagdaý bolanda-da, biziň hijimiziň olaryň düşen gününe gözümiz gitmeli däldir.

Şeýle-de bolsa, Mukaddes Ýazgyda, bize belli bolşy ýaly, göklere düşen, ýöne höküm ýerinde agyr ýitgä sezewar bolan adamyň mysaly barmy?

Bar diýip pikir edýärin. Pawlusyň şunuň bilen baglanyşykly aýdan sözlerini getirmäge rugsat ediň:

> “Şunlukda men kimiň göwnünden turjak bolýaryn: adamlaryňmy ýa-da Hudaýyň? Eýsem, men adamlara ýaranjak bolýarynmy? Eger adama ýaranmakçy bolan bolsam, onda Mesihiň hyzmatkäri bolmazdym” (Galatýalylar 1:10).

Nähili güýçli sözler! Eger meşhurlyga ýetme synagyna ýan bersek, onda Rebbiň hyzmatkäri bolma artykmaçlygyndan mahrum bolýarys. Şeýle etmek bilen biz özümizi hormat bilen kabul etmekleri üçin islän keşbimizi ulanarys. Pawlus beýle etmezdi, bizem kadadan çykma bolmaly däldiris.

Ol mukaddes gorkynyň iň ýokary derejesinde boldy. “Gorky hem titreme bilen öz gutulyşyňyzy amala aşyryň” (Filipililer 2:12) diýen sözleri hut ol ýazdy. Ol *islenilýän* keşbinde däl-de, özüniň höküm wagtynda açyljak *hakyky* keşbinde ünsüni jemledi. Bu ony, hatda lapykeçlige, başga adamlar tarapyndan nägilelige ýa-da ret edilmä duş gelen wagtynda-da, hakyky mukaddeslik we Mesihe tabynlyk ýerinde galmaga ýardam etdi.

Biz bu hakykaty mydama öz öňümizde saklamalydyrys: *siz gorkýan adamyňyza gulluk edýänsiňiz!* Eger siz Hudaýdan gorkýan bolsaňyz, Hudaýa gulak asarsyňyz. Eger adamdan gorkýan bolsaňyz, siz onuň isleglerine doly tabyn bolarsyňyz. Biz köplenç fiziki taýdan görmeýän Hudaýymyzy däl-de, öňümizde duran adamyň göwnüne degmezligiň aladasyny edýäris, aýratynam, eger şol adamyň söýgüsini ýa-da dostlugyny isleýän bolsak. Şu sebäbe görä-de, Süleýmanyň pähimleri kitabynda: “Adamdan gorkmak duzak getirýändir” (29:25) – diýlip ýazylypdyr, ýagny Hananýa bilen Sapfiranyň göni düşen duzagyny getirýär.

Beýleki liderler bilen bolan duşuşygyň Pawlusyň gazabyny tutaşdyryşyny, soňrak hem, ony şol hatda paş ediji aşaky sözleri ýazmaga mejbur edenini diňe göz öňüne getirip bilýärin:

> “Petrus Antiýoha gelende, meniň özüm oňa garşy çykdym, sebäbi ol göz görtele nädogry hereket etdi. Ine, gep nämede. Ýakubyň ýanyndan käbir adamlar gelmezden öň, Petrus mydama ýehudy däller bilen iýip içdi, ýöne Iýerusalimden şol konserwatiw topar gelende, ol seresaplyk bilen çekildi-de, özüniň ýehudy däl dostlaryndan daşrakda boldy. Ine, ol sünnetlenmäniň köne sistemasynyň tarapdary bolan konserwatiw ýehudylardan nähili gorkýardy. Gynansak-da, onuň bilen bilelikde Antiýoh ýygnagyndaky beýleki ýehudylar hem ikiýüzlülik etdiler,

> olaryň bolgusyz pyssy-pyjurlygyna, hatda Barnabas hem goşuldy.
>
> Ýöne olaryň Hoş Habaryň hakykatyndan gyşarýandyklaryny görenimde, men hemmeleriň ýanynda Petrusa göni şeýle diýdim: “Eger Iýerusalimden gelen garawul itler synlap durka, sen ýehudy bolup, ýehudy däl ýaly ýaşaýan bolsaň, onda Iýerusalimden gelen köne dostlaryňda diňe ýakymly täsir galdyrmak üçin, ýehudy däplerini berjaý etmegi talap etmäge näme hakyň bar?” (Galatýalylar 2:11-14, iňlis dilinden terjime)

Petrus, Barnabas we ýehudylardan bolan beýleki imanlylar sylaýan adamlarynyň ýazgarmasyndan gorkdular. Olaryň kabul edilme islegi – ilki Petrusy, soň hem beýlekileri – ikiýüzli hereket etmeklige alyp bardy. Olaryň *islenilýän* keşbi dogruçyllykdan üstün çykdy, şeýdibem, mukaddeslikden mahrum bolan hereketleri döretdi. Süleýmanyň pähimleri 29:25-iň beýleki terjimesinde: “Başgalaryň siz barada edýän pikirleri üçin birahat bolmak howpludyr” (iňlis dilinden terjime) diýlip ýazylypdyr.

Öz dogruçyllygyny goran Pawlus Petrusy, şeýle hem, Barnabasy we doganlarynyň basyşyna ýan beren beýlekileri ýazgardy. Eger konserwatiw ýehudy liderler bolmadyk bolsa, onda Petrus bilen onuň topary özleriniň *hakyky* keşbi boýunça ýaşajakdyklaryny bellemegi Pawlus gijikdirip durmady. Olarda Isa Mesihiň hakyky wekilleri bolmaga – butparazlykdan imana täze gelen imanlylary kabul etmäge, söýmäge we olar bilen gatnaşmaga – güýç bardy. Ýöne dinamika üýtgän badyna, Petrus bilen onuň dostlary, ýoldaşlarynyň ugruna bolmak üçin, *islenilýän* keşbe geçdiler. Olaryň hereketleriniň netijesi abatlaýjy bolmady-da, weýran edijilikli boldy.

Petrus mukaddes, ol göklerde. Şeýle-de bolsa, biz onuň durmuşyndaky erbet göreldeleri we heläk ediji pikirleri, sözleri we hereketleri görýäris, olara höküm ýerinde seredilýär. Eger biz mydama Isanyň göwnünden turmagy maksat edinsek, onda başga adamlaryň *kabul etmesiniň* täsiri astyna düşmeýäris-de, hakykatda ýaşaýarys. Bu hakyky mukaddesligiň wajyp tarapydyr. Aşaky sözleri ünsli okaň:

> “Hudaýyň sözi janly hem täsirlidir, islendik iki ýüzli gylyçdan ýitidir we janymyzyň iň çuň ýerlerine, jan bilen ruhuň arasyndaky serhediň geçýän ýerine, bogunlar bilen ýilige çenli aralaşýandyr. Ol pikirleri we ýürek isleglerini höküm edýändir. Bütin ýaradylyşdaky hiç zadam Ondan gizlin däldir. Onuň öňünde hemme zat ýalaňaçdyr we gözleri hemme zady görýändir. Biz Oňa hasabat bereris” (Ýewreýler 4:12,13).

Bu sözler siziň içiňize aralaşdymy? Eger özüňize tanyş bolany üçin olara basym göz aýlap çykan bolsaňyz, onda olary ýene bir gezek haýaljakdan okaň we her bir sözüň üstünde oýlanyň.

Üns beriň, Hudaýyň Sözi siziň çuň gizlin pikirleriňize we islegleriňize-de aralaşýandyr. Ol bize özümizi kim edip görkezýän bolsak, şony görkezmän, eýsem aslynda kim bolsak şony görkezýär. Eger Hudaýyň Sözüne gulak assak we oňa laýyklykda hereket etsek, onda ol bizi özümizi aldamakdan gorar, mysal üçin, hudaýsyzlykly hem mukaddes däl hereketleri etmeklige alyp barýan "Reb bizi görmeýär" diýen pikirden goraýar.

Hudaýyň Sözüne ymykly aralaşyň, şonda Rebden gorkmaklyk ýüregiňizde hereket eder. Siz "bütin ýaradylyşdaky hiç zadam Ondan gizlin däldir. Onuň öňünde hemme zat ýalaňaçdyr we gözleri hemme zady görýändir" (Ýewreýler 4:13) diýen sözlere doly akyl ýetirersiňiz. Indi biz Mukaddes Ruhuň bize näme üçin öwüt berýändigine gowy düşünýäris:

> "Oglum, [ýa-da gyzym] hikmete gulak asyp, ýüregiňi düşünjä tarap ýykgyn etdirer ýaly, sözlerimi unap, tabşyryklarymy ýüregiňde ýygşyrsaň; hawa, paýhasy çagyrsaň, düşünje üçin gygyrsaň; ony kümüş kimin gözleseň, gizlin hazyna kimin agtarsaň; Rebden gorkmalydygyna şonda düşünersiň, Hudaýy tanarsyň" (Süleýmanyň pähimleri 2:1–5).

Iň uly akyldarlyk – bu Onuň Sözüni öz içiňde, öz pikirlerimizi hem niýetlerimizi dolandyrýan ýerde saklamakdyr. Hudaýyň Sözüne özümiziň tapan iň uly hazynamyz hökmünde seredenimizde we onuň özümize açýan zadyny diňlänimizde *howpsuzlyk* zonasyna girýäris. Onuň ýollaryna akyl ýetirmeklige, edil ondan uly baýrak ýok ýaly edip ýürekden dyrjaşsak, Rebden gorkmany bileris we oňa düşüneris, islenilýän ýalan keşbe girmekden gaça durarys. Indi biz dogruçyl bolup, hakykatda ýaşamaga güýç aldyk we mukaddesligiň ýolunda (ýa-da ýodasynda) aýak üstüne ygtybarly galdyk.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** "Güýçler Rebbi – Ony mukaddesikde sylaň, Ondan gorkuň, Ondan heder ediň" (Işaýa 8:13).

**Many.** Siz gorkýan adamyňyza gulluk edersiňiz. Eger siz Hudaýdan gorkýan bolsaňyz, onda Oňa gulak asarsyňyz. Eger adamdan gorkýan bolsaňyz, adamyň isleglerine tabyn bolarsyňyz. Eger siz başgalaryň isleglerini ýerine

ýetirmäge dyrjaşýan bolsaňyz, onda Isa Mesihiň hakyky hyzmatkäri bolup bilmersiňiz.

**Oýlanma.** Fiziki taýdan görmeýän Hudaýymyň däl-de, öňümde duran adamyň göwnüne degmezlige men näme üçin köpräk jan edýärin? Men näme üçin, Hudaýa seredende, adamlardan söýgini, kabul edilmäni we dostlugy köpräk isleýärin? Men muny nädip üýtgedip bilerin?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Gökdäki Atam, Saňa garanda başga adamlardan goldaw gözlän gezeklerim üçin meni bagyşla. Isa, Senden goldaw gözlemän, adamlardan meşhurlyk gözlänim üçin toba edýärin. Men mukaddes, Seniň üçin aýrylyp goýlan bolmagy saýlaýaryn. Şu pursatdan başlap we mundan beýläk, men diňe Seniň göwnüňden turmaga doly jan edýärin. Isanyň ady bilen. Omyn.

**Toba etmek.** Men Mesihiň hyzmatkäri. Men adamlaryň däl-de, Hudaýyň göwnünden turmaga köpräk çalşaryn.

Ýürekde Hudaýdan gorkmanyň
hökük sürýän hemme ýerinde ol
rehimdarlyk işlerinde bolşy ýaly,
takwalykda hem ýüze çykýar,
bularyň biri bizi beýlekisinden
azat etmeýär.

– METÝU GENRI

# 16| HUKUK

Galatýalylara hat takmynan 49-njy ýylda ýazylypdyr, şonuň üçin biz Pawlus Petrusy we beýleki ýehudy liderlerini şondan öň paş edipdir diýen netijä gelip bilýäris. Takmynan on ýyl geçeninden soň, 63-nji ýyllarda, Petrus özüniň birinji hatyny ýazýar. Ol aşaky sözleri ýazan wagtynda bütin galatýa ýygnagyna mälim bolan paş edilmäniň entek onuň ýadynda durandygyna men ynanýaryn:

> “Nadanlykda bolan wagtyňyzda içiňizde ýaşan islegleriňiziň özüňize agalyk etmegine ýol bermäň... Eger asla ýüz görmän her kimiň üstünden eden işlerine görä höküm Çykarýana “Ata” diýýän bolsaňyz, onda bu ýerdäki jahankeşdelikdäki ömrüňizi Onuň öňündäki *hormatly gorkuda* geçiriň” (1 Petrus 1:14,17).

Petrusyň muny imanlylara – özlerini inkär edip, dünýä üçin haça çüýlenenlere we özlerini dolulygyna Isanyň yzyna eýermeklige bagyş edenlere ýazany göze görnüp dur. Özgermäniň bu usuldan daşda bolan islendik başga usuly hakyky däldir (Matta 16:24; Mark 8:34; Luka 9:23; Galatýalylar 6:14-e seret). Täzeden dogulma bolup geçen badyna, biziň içimizde hudaýlyk tebigaty emele gelýär. Bu tebigata tabyn bolmak bilen biz duýgularyň agalygyndan azat bolýarys-da, munuň üçin Mukaddes Ruhdan we Hudaýyň açyk Sözünden täzeçe hereket etmäge güýç alýarys (2 Petrus 1:4 seret).

Resul köne durmuşymyza gaýdyp gelmeli däldigimizi we ozal özümize gözegçilik eden isleglerň özümizi dolandyrmagyna ýol bermeli däldigini bize duýdurýar. Biziň ret etmeli we haça çüýlemeli bolan güýçli isleglerimiziň biri-de – *öz-özümizi gorap saklajak bolmakdyr*. Bu başga adamlar tarapyndan ýakymly kabul edilmegimiz üçin özümizi islenilýän keşpde görkezjek bolmaga höweslendirýän esasy maksatdyr. Başga

sözler bilen aýtsak, adamdan gorkmakdyr. Ol diňe Petrusy däl-de, eýsem, Hananýany, Sapfirany, Barnabasy we başgalary heläk edijilikli hereketi etmäge alyp bardy.

Eger şu isleglere özümizi aldyrsak, bu durmuşda bolşy ýaly, indiki durmuşda hem, ýakymsyz höküm ediljekdigimizi Petrus duýdurýar. Munuň tersine bolan zat hem dogrudyr: eger Hudaýyň islegine eýersek, onda baýrak alarys. Bu nesihatlaryň arasynda ol gazaply duýduryşy hem berýär: *Hudaý ýüz görmezekdir*. Geliň, bu düşündirişiň aňyrsynda nämäniň durandygy hakda pikirleneliň.

Isa bu resula güýçli gulluk berdi. Ol irki Ýygnagyň iň esasy gullukçylarynyň biridi. Şeýle-de bolsa, ol Antiýoha gelmezinden birnäçe ýyl ozal beýleki ýehudy gullukçylary bilen öz bähbidini gözleme duzagyna düşdi. Belki, Pawlusyň şok ýagdaýyna salyjy paş etmesi ony özüniň pikirlerine we hereketlerine dogruçyllyk bilen baha bermeklige itekländir. Düýp özeninde Petrus öz ikiýüzlüliginiň esasynda ýatan “näme üçini” öz öňünde açyk görmeli boldy.

Belki, bu gözüniň açylmasynda ol beýleki Mukaddes Kitap hökümdarlarynyň, mysal üçin, Şawulyň we Dawut patyşanyň nädogry hereketleriniň üstünde oýlanandyr. Şawul öz duşmanlarynyň hormatyny gazanjak bolup, gökden berlen aýdyň buýruga gulak asmady – bu adamlardan gorkmakdy. Dawut aýal bilen zyna etdi, soň hem, öz abraýyny gorajak bolup, onuň adamsyny öldürdi – bu adamlardan gorkmakdy. Hökümdarlaryň ikisem paş edildi, şeýdip, olaryň ikisem dürli görnüşdäki hökümi öz başlaryndan inderdi. Şawul patyşalygyny ýitirdi, Dawut mydama uruş alyp barmaly boldy. Hudaýyň öňünde hormatlanýandyrys diýip pikir etmek bilen olaryň ikisem duzaga düşdüler we öz şahsyýetiniň sagdyn serhetlerini howp astyna saldylar, şeýdibem, kem-kemden ahlaksyz ýa-da tabyn bolmazak hereketi etmeklige çenli baryp ýetdiler.

Petrus şeýle zadyň nähili aňsatlyk bilen bolýandygyny bilýärdi. Ol bize “özümize göwnüň ýetijilikli” pikirlerden, ýagny öz pikirimizçe özümizi hökümden alyp galyp bilýär diýen ýaly pikirlerden gaça durmalydygyny duýdurdy. Olar şeýle pikirlerdir: “Men Hudaý üçin tutanýerli zähmet çekýärin”, “Men Onuň Patyşalygynyň gurluşygyna köp zat berýärin”, “Men töwellaçylyk we doga edip köp ýyllarymy geçirdim”, “Men ýygnagyň lideri hökmündäki gullugymda köp zada ýetdim”. Geliň, şunuň ýaly aldawçy delilleriň tükeniksizdigini, ýöne hemmesiniňem “maňa hereket etmekde azatlyk berlen” diýen ynama syrygýandygyny boýun alalyň. Munuň ýaly pikirler mukaddes gorkynyň hazynasyny ret edýär.

Petrus Isanyň: “Siz hem özüňize buýrulan ähli zady berjaý edeniňizden soň: “Biz mynasyp däl hyzmatkärlerdiris, biz diňe özümiziň etmäge borçly zadymyzy etdik” diýiň” (Luka 17:10) – diýen sözleriniň çynlakaýdygyna has güýçli düşünip başlady. Grek dilindäki “mynasyp däl” sözi “üýtgeşik öwgä mynasyp bolmadyk, aýratyn minnetdarlyga degmeýän”[19] zady aňladýar. Biz Hudaýa her neneň yhlasly gulluk etsek-de, hiç haçan özümize göwnüýetiji bolmaly däldiris. Bu aldawçy höwes bolup, bizi, aýratynam, liderleri, özüniň duzagyna aňsatlyk bilen düşürýär.

Indi Petrus öz hatlaryny tejribeli bolup hem görnüşleri alyp ýazýar. Ol mukaddes gorkudaky durmuşda ýaşamaklygyň adamdan gorkmadan halas bolmakdygyny bilýär. Bu ýene bir gezek çuň hormat we sylaşyk hakda gürrüň berýär. Ol ýüz görülmän höküm edilmäniň deregine, Hudaýdan baýrak almanyň pozisiýasyny nähili eýelemelidigini̇ň açaryny berýär.

Muňa Isanyň “dar gapy we insiz ýol” baradaky taglymaty esasynda seretmek bilen biz köpleriň gözden sypdyrýan haýran ediji hakykatynyň üstüni açýarys.

> “Dar gapydan giriň. Ölüme alyp barýan ýol giňdir, gapysy inlidir, köpler şol ýoldan ýöreýändirler. Ýöne ýaşaýşa alyp barýan gapy dar, ýoly hem insizdir, ony diňe az adamlar tapýandyr” (Matta 7:13, 14).

Isa dar gapy barada gürrüň edýär. Köpleriň pikiriçe bu gapy Isanyň hökümdarlygy arkaly ebedi ýaşaýşa girelge bolup durýar. Men munuň bilen ylalaşýaryn.

Ýöne men köpleriň “ýoly” imansyz adamlaryň ölüme gidýän ýoly hasap edýändiklerini bildim. Ýöne ünsli seretseňiz, onda Isanyň dar gapa *çenli* barýan ýol hakda gürrüň etmän, eýsem, gapydan geçenimizden *soňky* ýöreýän ýolumyz hakda gürrüň edýändigini görersiňiz. Leon Morris: “Biz gapydan iň başynda (ýagny özümizi Mesihiň yzyna eýermeklige bagyş eden wagtymyzda) geçýäris, ondan soň bolsa, öňümizdäki ýol bilen ýöräp gidýäris” diýip ýazýar. Isa biziň halas bolanymyzdan soňky Özündäki durmuşymyz hakda aýdýar. Ol bu durmuşyň (dar ýol ýaly) kyndygyny tassyklaýar.

Biziň günbatar ýygnagymyzdaky şeýle meşhur bolan merhemet baradaky taglymat şol ýoly giňeltdi. Ol “biziň – öňki, häzirki we geljekki – günälerimiziň hemmesiniň bagyşlanandygyny aýdýar ahyry. Bu oňa laýyk gelýän kontekstde dogrudyr, ýöne bize bu barada, edil bütin ömrümize edenimizi edip, dünýädäki günäkärlerden az derejede tapawutlanyp, şol bir wagtyň özünde-de Hudaý bilen gatnaşykda bolup ýaşap bilýän ýaly

edip aýdýarlar. Bu nädogry, sebäbi Petrusyň hatynyň galan böleginde şeýle ýazylypdyr:

> “Nadanlykda bolan wagtyňyzda içiňizde ýaşan isleglериňiziň özüňize agalyk etmegine ýol bermäň, özüňizi çagyran Hudaýyň mukaddes bolşy ýaly, ähli edýän işleriňizde mukaddes boluň. Sebäbi: “Mukaddes boluň, çünki Men mukaddesdirin” diýip ýazylgydyr” (1 Petrus 1:14–16).

“Mukaddes boluň” diýen sözler bize teklip hökmünde däl-de, eýsem buýruk görnüşinde ýazylandyr. Eger birinjisine gulak assak, onda pähimlidiris, ýöne Hudaýyň buýruklaryna ýeňilkellelik bilen seredýän bolsak, onda akmakdyrys. Mundan soň Petrus biziň Mesihdäki pozisiýamyz hakda däl-de, işlerimiz hakda gürrüň edýär. Şunuň ýaly ýaşaýyş ýörelgesine ýetmek üçin biz “fobos” (mukaddes gorky) ýagdaýynda ýaşamalydyrys. Inçe ýoluň iki tarapyndaky ýapdan hem aňyrrak durmaga kömek etmek üçin Hudaý bize uly güýç berdi. Birinji soňky dereje – kanunçylyk, ikinjisi – *kanunsyzlyk*.

Köp ýyllar mundan ozal ençe adamlar kanun boýunça ýaşadylar. Ol wagtlar mukaddeslik adamlaryň ýaşaýyş ýörelgä bolan talaplarynda jemlenýärdi-de, onuň Mukaddes Ýazga hiç hili dahyly ýokdy. Olar gowy işler arkaly halas bolma baradaky ýalan Hoş Habary wagyz edýärdiler. Bu gaty erbet gulçulyk bolup, köpleri nägilelige alyp bardy, hatda käbirlerini imandan gitmäge-de mejbur etdi. Bizi bu gorkunç gulçulykdan alyp çykan esasy aýanlyk – *rehimdar Hudaý* boldy. Gökdäki Atamyzyň söýgüsi biziň üçin hakyky bolup, köpimizi kanunçylygyň çukuryndan alyp çykdy.

Ýöne biz adamlaryň köplenç edişleri ýaly etdik: biz kanunçylygyň çukuryndan çykmaga şeýle aýgytly dyrjaşdyk-da, garşydaş tarapa gyşardyk we kanunsyzlyk çukuryna gaçdyk. Ol çukur hem duzak bolup, bizi dünýädäki beýleki adamlardan hiç hili tapawutlanman ýaşamaga mümkinçilik berýän Hudaýyňky bolmadyk merhemet arkaly halas bolýandygymyza ynanmaga mejbur etdi, şonuň üçin indi biz içimizdäki Mesihiň güýjünde çeşme tapýan haça çüýlenen durmuşda däl-de, duýgularymyzda peýda bolýan isleglериň ugruna bolup ýaşap bilýäris.

Mukaddeslik – bu gulçulyk däl-de, Hudaýdan, durmuşdan lezzet almanyň ýoluny açýan hakyky azatlykdyr. Biz özümizi halas Edene mynasyp durmuşda ýaşamaga çagyrylandyrys. Şol durmuşda bolsa, biz Rebbiň öňündäki gorky bilen ýöremelidiris. Bu hakykat barada biz indiki birnäçe baplarda jikme-jik pikirleneris.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Ol ýerde uly ýol bolar; oňa Mukaddes Ýol diýler. Haramlar ondan geçmez, ol Hudaýyň halky üçin bolar. Özüne umyt baglaýan hiç hili akmak oňa çykmaz”. (Işaýa 35:8).

**Many.** Hudaýyň söýgüsi bizi kanunçylyk çukuryndan goraýar. Rebden gorkmaklyk bolsa, bizi kanunsyzlykdan goraýar. Mukaddes gorky maňa hakyky mukaddeslik ýolunda galmaga güýç berýär.

**Oýlanma.** Men nädip mukaddes gorkyny äsgermezçilik edýärin we öz durmuşymda ahlaksyz hereketlere çydam edýärin? Patyşalykdaky gullugym Hudaýyň mukaddes bolşy ýaly mukaddes bolma buýrugyny äsgermezçilik etmäge maňa nädip ýol berýär? Artykmaç bolmanyň nähili duýgusy meni ýalňyşmaga we kanunsyzlyk çukuryna düşmeklige alyp bardy?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Reb, Seniň Patyşalygyňda gulluk edýänim sebäpli höküm edilmerin diýip pikir edenim üçin meni bagyşla. Men bu pikirime toba edýärin we Seniň mukaddes bolşuň ýaly mukaddes bolma buýrugyňa üns berýärin. Men saýlaw edýärin-de, Seniň maňa bolan söýgiňi, şeýle hem, Seniň öňüňdäki mukaddes gorkyny kabul edýärin. Bularyň ikisinem saýlamak bilen meniň ýaşaýşa alyp barýan ýolda galjakdygymy Seniň Sözüň wada berýär. Isanyň ady bilen. Omyn.

**Toba etmek.** Men Hudaýyň mukaddes bolşy ýaly, mukaddes bolmagy saýlaýaryn!

Çagalar, Hudaýdan gorkuň.
Başga sözler bilen aýtsak,
ýamanlykdan gaça durmak üçin we
gowy bir zady kabul etmegiň hem-
de ýerine ýetirmegiň berk aladasyny
ederiňiz ýaly, aňyňyzda mukaddes
titreme bolsun.

– UILÝAM PENN

# 17| ÝAMANLYKDAN DAŞLAŞYŇ

Rebden gorkmaklyk – bu bizi söýýän, Isadan daşlaşmazlygymyz üçin bizi goraýan Gökdäki Atamyzyň beren sowgadydyr. Ol ebedi ýaşaýşyň, söýginiň, şatlygyň, parahatlygyň, ýagşylygyň, umydyň we köp sanly gudratlaryň hemmesiniň çeşmesidir. Ondan daşlaşmaklyk – ölüme, garaňkylyga, ahyr netijesinde hem, ebedi tümlüge tarap ýöremekdir. “Rehim hem hakykat bilen günä arassalanýar, Rebden gorkmaklyk bolsa, ýamanlykdan sowýar” (Süleýmanyň pähimleri 16:6) diýip ýazylgydyr.

Bu hakykatyň meniň üçin haçan hakykat bolandygyny gürrüň bermäge maňa rugsat ediň. 1980-nji ýyllaryň ahyrlarynda meşhur telewizion hoşhabarçysynyň korrupsiýasy baradaky hakykat giň köpçülige mälim boldy. Ol dünýädäki iň tanymal adamlaryň biridi, emma ol baradaky myş-myşlar gaty gynandyryjydy. Şol wagtlar onuň gullugy göwrümi boýunça bolşy ýaly, maliýe ýagdaýy boýunça hem, dünýäde iň uly gullukdy. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň hemmesi onuň suda taýýarlanylýan jenaýatlary, hökümi, ahyrynda hem, türmä salynmasy barada her gün gürrüň berenlerinde, onuň megaşöhraty has-da artdy.

Ol kyrk bäş ýyl azatlykdan mahrum edilmä höküm edildi, ýöne şikaýat edileninden soň onuň möhletini bäş ýyla çenli gysgaltdylar. 1994-nji ýylda, onuň türmede oturanynyň dördünji ýylynda, meniň kömekçime garaşylmadyk telefon jaňy geldi. Biz onuň bilen tanyş däldik, ýöne kimdir biri oňa meniň “Çöldäki ýeňiş” (häzir onuň ady “Hudaý, Sen nirede?”) atly kitabymy beripdir. Ol türmede ony okapdyr, şonda kitap oňa diýseň çuň täsir edipdir. Ol öz kömekçisinden meniň bilen gürleşip, onuň ýanyna baryp biljekmidigimi bilmegi haýyş edipdir.

Onuň bilen bolan duşuşygy hiç haçan ýatdan çykarmaryn. Ol duşuşyk berilýän otaga türme eşiginde girdi. Ol meniň ýanyma geldi-de, elini uzatdy, soň meni berk gujaklap, bir minuda golaý goýbermän durdy. Soň ol meniň egnimden tutup, ýaşa dolan gözleri bilen seretdi we çyn ýüreginden: “Ony siz ýazdyňyzmy ýa-da ruh-ýazyjymy?” – diýip sorady.

Men:

– Men ýazdym. Men görgüleriň içinden geçmeli boldum, ýöne siziňki ýaly däl – diýip jogap berdim.

Soň ol:

– Bize köp zat hakda gürrüň etmek gerek, ýöne diňe birýarym sagat wagtymyz bar – diýdi.

Men entegem tolgunyp durdum, sebäbi ony ömrümde birinji gezek görýärdim. Bu adama şeýle töhmet atypdylar we masgara edipdiler welin, men özümiň kim bilen gürleşip oturanymy-da bilmedim. Ýöne biz oturan wagtymyzda ol özüniň birinji jümlesi bilen meni ýaragsyzlandyrdy. Ol göni meniň gözlerime seredip: “Jon, bu türme meniň üçin Hudaýyň jezasy bolmady-da, gaýtam, rehimi boldy. Eger men öňkim ýaly ýaşamagy dowam etdiren bolsam, dowzahda ebedi bolardym” – diýdi.

Şol pursatda ol meniň ünsümi özüne doly çekdi. Ol özüniň nähili nejis bolandygy we Hudaýyň halas etmesiniň öz durmuşynda nähili uly bolandygy barada gürrüň bermegini dowam etdirdi. Özümiň Hudaýyň ýürekden gürleýän, perişan we toba eden adamy bilen gürleşýändigime düşünmek üçin maňa birneme wagt gerek boldy. Ol türmede bolan birinji ýylynda özüni Hudaýyň garaňkylykdan azat edişini gürrüň berdi.

Onuň her gün hem ýekelikde bolup, hem topar bolup, birnäçe sagadyny Mukaddes Kitaby okap we doga edip geçirenini men bildim. Ol türmedäki ýygnak we onuň ruhy çopany barada gürrüň berdi (ol ruhy çopan tussaglaryň biridi). Onuň ruhy çopan wezipesine has gowy gabat gelýänini duýup, men ondan näme üçin ýygnaga ýolbaşçylyk etmeýändigini soradym. Ol özüniň üýtgemesi doly amala aşýança, öz üstüne liderligi almak islemeýändigini düşündirdi. Ol: “Men ökde manipulýatordym, şol sebäpden hem, şonuň ýene ýüze çykmagyna mümkinçilik bermek islemeýärin” – diýdi.

Ol bir ýyldan soň, ýagny türmeden çykanyndan soň, Los-Anjelesiň merkezindäki missionerçilik guramasyna goşulanynda özüniň bu sözlerini tassyklady. Ol iki ýylyny köçelerde geçirip, öýsüzleriň aladasyny etdi. Bu iş oňa ýaraýardy, sebäbi köçede ýaşaýan adamlar onuň kimdigini asla bilmeýän az sanly adamlardandylar.

Onuň gürrüň berip oturanyna ýigrimi minut geçende, men, ahyrsoňy,

oňa käbir soraglary bermegiň ýerlikli boljagyny duýdum. Men özümi hemme zatdan-da beter gynap oturan esasy soragymdan başladym: “Siz Isany söýmegi haçan bes etdiňiz?”

Meniň oňa bu soragy bermegimiň sebäbi, ol gullugynda bolan wagtynda, Isa bolan söýgüsiniň uçganaklaýandygy görünýärdi. Onuň ody hem yhlasy ony diňleýänleriň hemmesi üçin göze görnüp duran zatdy. Men şol söýginiň özünde nädip sowandygyny we nämäniň munuň sebäbi bolandygyny bilmek isledim.

Ol maňa seredip, diýseň çyn ýürekden: “Men hiç haçan Isany söýmegi bes etmedim!” – diýdi.

Men şok ýagdaýyna düşdüm we onuň beren jogabyna haýran galdym. Men: “Ol beýle diýmäge nädip het edip bilýärkä?” diýip pikir etdim-de, şobada jogap edip: “Siziň diýýäniňiz näme? Siz poçtadaky hilegärligiňiz üçin jogapkärçilige çekilip, ahyr netijesinde bu türmä düşmeziňizden ýedi ýyl ozal zyna etdiňiz. Siz nädip şol ýedi ýylyň dowamynda Isany söýendigiňizi maňa aýdyp bilýärsiňiz?” – diýip agzyma gelenini aýtdym.

Ol göni gözüme seretmegini bes etmän, asudalyk bilen jogap berdi: “Jon, men mydama-da Isany söýdüm”.

Men özümiň başymyň çaşanyny gizläp bilmedim. Ol dymdy, soň hem: “Jon, men Hudaýdan gorkmadym” – diýip, sözüniň üstüni ýetirdi. Ol ýene dymdy-da, has jikme-jik düşündirip başlady: “Men Isany söýdüm, ýöne Hudaýdan gorkmadym”.

Men aňk boldum we has açygyny aýtsam, şu wagtjyk aýdylan zada haýran boldum. Soň on bäş sekuntlap dymyşlyk dowam etdi, bu wagtyň dowamynda meniň beýnim bu maglumatyň üstünde işledi. Soň ol şu wagta çenli-de gulagymda ýaňlanyp duran sözleri aýtdy: “Jon, millionlarça amerikalylar – edil men ýaly – Isany söýýärler, ýöne Hudaýdan gorkmaýarlar”.

Onuň üsti bilen edil Hudaýyň Özi gürleýän ýaly duýgy boldy. Onuň boýun almasynyň üsti bilen şeýle köp soraglar birden jogaplaryny aldy. Şol pursatda iň uly akyl aýdyňlaşmasyny alanyma haýran boldum – onuň sözlere beslenen taryhy biziň ýurdumyzda şeýle köp adamlaryň imandan daşlaşýandygynyň iň esasy sebäbidi. Gynansak-da, şol ýyllarda bolan imandan dänmeler bu gün diňe güýçlenýär.

Mukaddes Ýazgy anyk görkezýär: Hudaýy tanamaklygyň başlangyç nokady – Rebden gorkmakdyr. Onsuz biz ýasama Isa, şöhrat Rebbi bolmadyk Isa bilen galp gatnaşyklary ösdürýäris. Biz akyl ýetmeýän halasgäre ynanýarys. Bu kitabyň soňragynda biz bu hakykaty has çuňrak

öwreneris. Ýöne ilki maňa subutnama üçin iki mysaly getirmäge rugsat ediň.

Şu wagt, men bu kitaby ýazyp otyrkam, şu hepdäniň içinde maňa çagalygymdan bäri tanaýan bir gyzym baradaky ýüregiňi paralaýjy täzeligi aýtdylar. Ol mesihi maşgalada ulaldy we Isanyň yzyna eýerýändigini ykrar edipdi, ýöne ol ahlaksyz durmuşda ýaşaýan eken we deň-duşlarynyň arasynda "ýeňil gylykly gyz" adyny alypdyr. Öňräk ol sosial toruň sahypalarynda abort etdiren wagtynyň dowamynda öz elinden Isanyň tutup duranyny ýazypdyr. Ol haýsy Isa hakda gürrüň edýär?

Päk ahlakly erkege durmuşa çykan başga bir gyz meniň ýüzüme göni seredip, eger adamsy bilen aýrylyşma kararyna gelse, onda onuň aladasyny etmäge Isanyň söz berendigini aýtdy. Ol aýrylyşdy we adamsy, çagalary, maşgalasy we dostlary bilen bile boşap galmany duýdy. Onuň aýrylyşmagynyň sebäbi dawaly bolmady, ol ýöne bir adamsyny indi söýmeýärdi. Adamsy tarapdan hiç hili kemsitmeler, ahlaksyz hereketler, maliýe meseleler bolmandyr – muny gyzyň özi boýun aldy. Üstesine-de, adamsynyň gowy hem aladaçyl är we ata bolanyny hem aýtdy. Ol haýsy Isa hakda gürrüň etdikä?

Bu Isa bilen gatnaşykdadygyny aýdybam, munuň tersine bolan durmuşda ýaşaýan adamlar hakda getiren mysallarymyň diňe ikisidir. Bu ikisi, başga-da köplerem, nädip şol derejede aldanyp bildikäler? Men-ä gep mukaddes gorkynyň ýoklugynda diýip çak edýärin.

> "Eý söýgüli doganlar, şonuň üçin, mydama söze gulak asyşyňyz ýaly, diňe meniň barlygymda däl, has-da beter şu wagt ýoklugymda gorky hem titreme bilen öz gutulyşyňyzy amala aşyryň" (Filipililer 2:12).

Pawlus biziň halas bolmamyzda *söýgi hem ýagşylykda* ösmelidigimizi aýtmaýar. Şol iki aýalyň gowy hem söýýän adamlar bolandygy bilen köpler ylalaşardylar. Olaryň köp ýyllaryň dowamynda ýygnaga yzygiderli gatnandyklaryny we özleriniň Isa wepalydyklaryny aýdandyklaryny köpler tassyklardy. Ýöne olar nädip munuň ýaly kanuna garşy ýagdaýa düşüp bildikäler? Olara şol meşhur hoşhabarça ýetmedik zat – has takygy, Hudaýa bolan söýgi däl-de, diňe Rebden gorkmaklyk – ýetmezçilik etdi. Hudaýa bolan söýgi däl-de, diňe Rebden gorkmaklyk bizi Oňa çekýär; Hudaýdan gorkmaklyk özümizi ýok etmäge çalyşýan ýamanlykdan goraýar.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Rebden gorkmak ýamanlygy ýigrenmekdir; men tekepbirligi, badyhowalygy, ýamanlyk ýoluny we ýalançy agzy ýigrenýärin” (Süleýmanyň pähimleri 8:13).

**Many.** Rebden gorkmaklyk – bu bizi söýýän, Isadan daşlaşmazlygymyz üçin bizi goraýan Gökdäki Atamyzyň beren sowgadydyr. Bizde günä bolan ýigrenç däl-de, geçirimlilik peýda bolanda, bu Hudaýdan daşlaşyp başlan pursatymyz bolýandyr.

**Oýlanma.** Imandan dänmeklik biri nikada durmadyk adamy bilen düşekde ýatan wagtynda bolup geçmeýär. Ol adam özüne iş berýän adamyň puluny ogrynça ogurlaýan wagtynda başlanmaýar. Ol Isanyň Öz janynyň bahasy bilen bizi halas eden zadyna çydam edip başlamazymyzdan köp öň başlanýar. Men nämä çydam edýärin, Isa Öz janynyň bahasy bilen meni nämeden azat etdi?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Isa, diňe meniň durmuşymdaky günä çydam etmäni däl-de, eýsem gatnaşýan mesihilerimiň durmuşyndakyny hem bagyşlamagyňy soraýaryn. Olar nädogry ýoldan gitmegi dowam etdirmezleri ýaly, olara ýumşaklyk hem söýgi bilen garşy durup bilmeýänim üçin meni bagyşla. Men bu çydam etmä toba edýärin. Bagyşlamaň üçin minnetdar. Isanyň ady bilen. Omyn.

**Toba etmek.** Men adamlary söýerin, sebäbi Hudaý adamlary söýýär. Men günäni ýigrenerin, sebäbi ol meniň söýýän adamlarymy ýigrenji edýär.

Ädimlerim Seniň
ýollaryňdan ýöredi,
aýaklarym yza çekilmedi.

– ZEBUR 16:5

# 18| UZAK ÖMÜRLIK

1994-nji ýyldaky ähmiýetli bolan iki wakadan – ýygnakdaky konferensiýadan, ýagny meniň Hudaýdan gorkma baradaky habarym düzediş alanyndan we türmedäki telewizion hoşhabarçysynyň ýanyna baranymdan soň, meni mukaddes gorka doly akyl ýetirme we onda ösme höwesi gurşap aldy. Ýokarky gürrüňi edilen wakalaryň ikisinde-de meňzeş iki many bardy, ýöne dürli nukdaýnazardandy.

Öz sebitinde iň uly hem iň abraýly bolan şol ýygnak indi ýok. Täze Ähtiň imanlylaryna Hudaýdan gorkmagyň gerek däldigini öwredýän ruhy çopan indi gulluk edenok. Türmede jeza möhletinde bolup ýören ruhy çopan, ýagny meniň türmede duşuşan ruhy çopanym, özüniň megagullugyny ýitirdi, ýöne Hudaýdan gorkma barada bilende we ony öz durmuşyna kabul edende bolsa, Hudaýa hem adamlara wepaly gulluk etmäge başlady. Häzir ol köp adamlara ullakan täsirini ýetirýän başga bir mesihilik guramasyna ýolbaşçylyk edýär.

Öz aralarynda baglanyşykly bolmadyk bu iki ýagdaý Rebden gorkmaklygyň aýgytlaýjy faktor bolup durýandygyny görkezýär. Bu faktor Mesihiň hyzmat edýän ilçileri hökmündäki gullugymyzyň möhletini gysgaldyp biljek erbetlik toruna düşmezligimiz üçin gerek. Ony “uzak ömürlik” diýen bir söz bilen beýan edip bolar. Ýaňy-ýakynda sylanylýan bir ruhy çopan Mukaddes Kitap uniwersitetiniň bir professory bilen gürrüňdeşlik edenini aýtdy. Ol professor Hudaý tarapyndan gulluga çagyrylan we gulluga goýlan Mukaddes Ýazgynyň gahrymanlaryny giňden öwrenýän eken. Ol saýlanylan 75% ilçiniň netijeliliginiň peselendigini, olaryň köpüsiniň gullugy ýaramaz tamamlandygyny bilipdir. Biziň döwrümizde gulluklardaky pajygaly ýagdaýlary şol professoryň derňewleri bilen bilelikde hasaba alsaň, *uzak ömürlige* çagyryş bolup durýar, biziň hemmämize bu çakylyga has çynlakaý seretmegimiz gerek.

1990-njy ýyllaryň ahyrlarynda *uzak ömürlik* babatdaky mukaddes gorkynyň wajyplygy başga bir çynlakaý ýagdaý we onuň bilen baglanyşykly bolan aýanlyk bilen tassyklanyldy. Men Kuala-Lampurda (Malaýziýada) gulluk edip ýördüm. Bu onunjy we soňky ýygnanyşykdy, oňa bütin ýurtdan gaty köp adam ýygnanyşypdy. Wagyzdan soň köp adamlar gulluga çagyryşa seslendiler. Adamlar dört-baş hatar bolup, özleri üçin doga edilerine garaşyp, giň sahnanyň öňünde durdular.

Men basgançakdan aşak düşüp başlanymda, birden Hudaýyň barlygy zalda duýulýan hem ähmiýetli usulda peýda boldy. Ol Onuň söýgüsi hem şatlygy bilen alamatlandy. Meniň öňümde duran adamlar ýylgyryp, soň hem, gülüp başladylar. Bu şatlyk doga-dileg üçin çykanlaryň hemmesine-de geçdi. Abba Ata Öz çagalaryny arassalamak isleýäne meňzeýärdi. Maňa hiç zat etmegiň gerek däldigine düşünmek üçin birneme wagt gerek boldy, şonuň üçin men sahnanyň bir gyrasynda oturyp, Hudaýyň Öz çagalaryny berkidişini we olara ak pata berşini synlap lezzet aldym.

Bäş-ýedi minutdan soň Onuň ajaýyp barlygy gaýyp boldy-da, atmosferada ümsümlik höküm sürdi. Biziň hemmämiz dymdyk-da, zaldaky haýran galdyryjy asudalykdan lezzet aldyk. Ýöne birnäçe sekuntdan soň, Hudaýyň barlygy başgaça peýda boldy, ol meniň Braziliýada duýanymdaky ýaly boldy. Men üýtgeşmä garaşyp durdum. Onuň barlygy gitdigiçe güýçlendi, ýöne bu gezek şemal öwüsmedi-de, Ýaradanyň ygtyýary hem ajaýyplygy akyla sygmajak ýagdaýda hakyky boldy. Bir-iki minut mundan ozal gülüp oturan adamlar birden hemmesi bilelikde aglap hem möňňürip başladylar, käbirleri has-da çirkin ses bilen agladylar, ýöne olara beýle etmegi hiç kimem aýtmandy.

Hudaýyň barlygy güýçlendi, agy sesi-de gitdigiçe gataldy. Bu ýuwaş aziýalylar ot bilen çokundyrylýan ýaly duýgy peýda boldy. Hudaýyň barlygynyň şondaky peýda bolşuny-da ýene suratlandyrmak mümkin bolmady. Maksat şol syrly pursaty aýdyp düşündirmekde däl-de, onuň eşretliligini aýdyp bilmekde. Ol şeýle bir güýçlendi welin, men indi biz ony kabul edip bilmeris diýip pikir etdim.

Bu duşuşykda men janymyz bilen ruhumyzyň arasyndaky tapawuda ýiti akyl ýetirdim. Hudaýyň Sözünde Hudaýyň Sözüniň "jany hem ruhy bölmeklige çenli" ýetýäni (Ýewreýler 4:12) ýazylypdyr. Meniň aňym (ruhum): "Men mundan artyk çydap biljek däl! Hudaý, bu öte köp bolýar!" – diýip pikir etdi. Şol bir wagtyň özünde-de, ýüregim: "Hudaý, Senden haýyş edýärin, gitme, saklanma!" – diýip gygyrýardy.

Mende ýene: "Jon Biwer, ýekeje nädogry hereket etseň, ölersiň"

diýen pikir peýda boldy. Braziliýada bolşy ýaly, şeýle bolup biljekmidigini men aýdyp biljek däl, ýöne şol atmosferada sylaşyksyzlyga ornuň bolmandygyny men bilýärin.

Onuň tolgundyryjy barlygynyň peýda bolup dowam eden üç ýa-da dört minudy geçdi, soň hem gitdi. Adamlar özlerine hiç kim aýtmadyk bolsa-da, jadyly taýak aýlanylan ýaly bolup, ýene ümsüm boldular. Hudaýyň barlygynyň galdyran rahatlygyndan we asudalygyndan lezzet alyp, men birnäçe minut sessiz durdum.

Biz binadan çykanymyzda atmosfera dabaralydy, ümsümdi we titremelidi. Men Hindistandan gelen är-aýal bilen gürleşmek üçin saklandym. Hudaýyň barlygy olaryň ikisine-de gaty güýçli täsir edipdi. Biz haýran galmada bolup, biri-birimize ýöne bir seredip durduk. Birnäçe sekunt dymandan soň aýal: “Jon, men özümi içki taýdan şeýle arassa duýýaryn” – diýip, ýumşaklyk bilen aýtdy. Onuň adamsy-da ylalaşýan äheňde başyny atdy.

Ol bu sözleri aýdanda, meniň ýüregim şatlandy. Ahyrsoňy bir adam meniň Braziliýada, indi hem Malaýziýada ýygnanyşykdan soň duýan zadymy söz bilen anyk beýan edip bildi. Men duýgularymy zordan saklap: “Menem” diýip jogap berdim. Biz mundan başga hiç zat hakda gürrüň etmedik, ýöne aýalyň sözleri agşamyň galan böleginde gulagymda ýaňlandy durdy.

Ertesi gün ertir bilen myhmanhanadaky otagymda bolup, ýaş oglanlar – ýygnagyň gullukçylary we Mukaddes Kitap mekdebiň gullukçylary – bilen basketbol oýnamaga taýýarlyk görüp otyrdym. Şonda men birden Mukaddes Ruhuň meniň ýüregime: “Oglum, 18-nji mezmury oka” diýenini eşitdim.

Men Mukaddes Kitabymy garbap aldym-da, Zebur açyp okap başladym. Onunjy aýada ýetenimde men: “Rebden gorkmak tämizdir, ol *ebedi galýandyr*” (Zebur 18:10) – diýen sözleri okadym.

Men göni oz otagymda: “Bu şeýle! Bu hut şeýle!” – diýip gygyryp başladym. Men gaty begenýärdim; bu bir gün öň şol aýaldan eşiden sözlerimdi. Biz kalbymyzda suratlandyryp bolmajak arassalygy, çuň arassalanmany duýduk.

Soň bu iki söz “ebedi galýandyr” diýen iki söz sahypadan meniň üstüme bökdi. Mukaddes Ruh şobada meniň ýüregime gürledi:

*“Oglum, Lýusifer edil Meniň tagtymyň öňünde şöhratlandyrma aýdymlaryna baştutanlyk etdi, perişdeleriň birgiden goşunlaryna baş boldy, sebäbi ol muny etmeklige goýlupdy we mesh edilipdi. Ol Maňa şeýle golaý bolany üçin Meniň şöhratymy gördi, ýöne Menden*

*gorkmady, şonuň üçin ol Meniň tagtym öňünde ebedi bolmady”* (Ezekiýel 28:13–17-ä seret).

*“Meniň şöhratymy gören perişdeleriň üçden bir bölegi Lýusifere goşuldy. Olar Menden gorkmadylar, olar Meniň barlygymda ebedi bolmadylar” (*Aýanlyk 12:4, 7-ä seret).

*“Adam bilen How günüň salkyn çagynda Meniň şöhratly barlygymda ýörediler. Olar Menden gorkmadylar, olar Erem bagynda ebedi bolmadylar”.*

*“Oglum, bütin bakyýetde Meniň tagtymyň daşyny gurşap duran her bir ýaradylyş Rebden gorkmada mukaddes synagdan geçer” (*Gelip çykyş 3:8-e seret).

Bu hakykat meniň gözümi açdy. Men gullugyndaky netijeliligi peselen we öz ýoluny erbet tamamlan ruhy çopanlaryň hemmesi barada pikir edip başladym.

Olaryň köpüsi gullugyny uly yhlas bilen başladylar, Isany gyzgyn söýdüler, Oňa tabyn boldular we Hudaýyň halkyna gulluk etmek üçin özlerini pida etdiler, ýöne soň mundan irdiler, utançsyz boldular, köpüsi-de, gullugyny taşladylar. Olar saklanyp bilmediler.

Başga birleri öňküsi ýaly gullukda galdylar, ýöne muny gazanç serişdesi we beýleki öz bähbidini gözleýän maksatlary hökmünde ulandylar. Käbirleri özleriniň ýokary pozisiýasyny sada aýallary ulanmak üçin ulanyp, seksual höwesli adamlar boldular, käbirleri-de gullukçylar üçin ýalan habarlary düzüp, olardan ummasyz pul alýan maslahatçylar boldular, olar muny gullukçylaryň özleriniň yzyna eýerýänleri manipulirläp, olary uly zekatlary getirmäge mejbur etmekleri üçin etdiler, üçünji biri bolsa, özleriniň gullugyny edensirän bolýan adamlaryndan maglumatlar almagyň usulyny oýlap tapyp, Hudaýdan gelen pygamberlik sözlerini alandyklaryny aýdyp ýalan sözlediler, soň hem, şol maglumatlary Hudaýdan gelen söz hökmünde yglan etdiler. Olaryň korrupsion işleriniň sanawy tükeniksiz.

Arassalykda gulluga başlan adamlar ony nädip haramçylykda tamamlaýarlar? Näme üçin netije uzaga çekmeýär? Gep mukaddes gorkynyň ýoklugynda. Isanyň şatlyk tapan zadyna adamlar ýa-ha öz-özünden bolaýmaly zat ýaly seredýärler, ýa-da, Birleşen Ştatlaryň günorta-gündogaryndaky ruhy çopanyň edişi ýaly, düýbünden inkär edýärler. Olar Hudaýyň “Öz hazynam” diýip atlandyran zadyny özleri-de, başgalaram kabul etmez ýaly, bahana tapýarlar. Ýöne mukaddes gorky we uzak ömürlik babatda Hudaýyň Sözüniň diýýän zadyna gulak asyň:

> “...Rebden gorkýan... nähili bagtly!... Onuň... dogrulygy ebedilik dowam eder... Ol ebedilik ýatlanar” (Zebur 111:1, 3, 6).

Mukaddes gorkynyň nähili wajyp ähmiýetiniň bardygyny bilmek üçin bize betbagtçylygy başdan geçirmegiň zerurlygy ýok. Hudaýyň şöhraty we siziň uzak ömürligiňiziň hatyrasyna, sizden haýyş edýärin, mukaddes gorkyny öz hazynaňyz ediň.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Emma Rebbiň merhemeti owaldan ebedä çenli Ondan gorkýanlaryň depesindedir” 102:17).

**Many.** Bakyýetde Hudaýyň tagtynyň ýanynda duran her bir ýaradylyş Ondan gorkýar.

**Oýlanma.** Ýoly mynasyp tamamlama – takwa durmuşyň taraplarynyň biridir. Rebden gorkma ebedilik durýandyr. Men mukaddes gorkyny nädip öz durmuşymyň esasy edip bilerin? Nähili usullar mukaddes gorkyny iş ýüzünde edýän we gürleýän zatlarymyň hemmesinde filtr hökmünde saklamaga maňa kömek edip biler?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Gökdäki Atam, Seniň meni ýykylmakdan saklamaga we Öz şöhratly barlygyňa uly şatlyk bilen ýekeje kemçiliksiz alyp barmaga ukyplydygyňy Seniň Sözüň aýdýar. Rebbim Isa Mesihiň halas edijilikli işiniň, şeýle hem, mukaddes gorkynyň bar bolmagynyň kömegi bilen bu ebedi gatnaşyklar bilen özümiň üpjün edilendigimi men bilýärin. Senden haýyş edýärin, Seniň ebedi barlygyňda ýaşap bilerim ýaly, goý, mukaddes gorky mydama mende bolsun. Muny Isanyň ady bilen soraýaryn. Omyn.

**Toba etmek.** Men Rebbiň öýünde, Onuň ebedi barlygynda mukaddes gorky bilen bolaryn.

Eger siz öz Ataňyzyň mukaddes, mukaddes, mukaddesdigi baradaky fakta şatlanmaýan bolsaňyz, onda ruhy taýdan ölüsiňiz. Siz ýygnaga gatnaýan, mesihilik mekdebine barýan bolsaňyz-da, ýüregiňizde Hudaýyň mukaddesligi bolmasa, onda Hudaýy tanaýan, Ony söýýän dälsiňiz, Onuň bilen aragatnaşygy ýitirensiňiz. Siz Onuň üçin uklan adam bolansyňyz.

– R. Ç. SPRAUL

# 19| ÖZÜMIZI ARASSALALYŇ

“Rebden gorkmak tämizdir, ol *ebedi galýandyr*” (Zebur 18:10). Mezmurçy mukaddes gorkynyň haýran galdyryjy iki miwesini – tämizligi we uzak ömürligi teklip edýär, olary äsgermezçilik etmek ýa-da ýeňilkellelik bilen kabul etmek bolmaýar. Geliň, onuň birinjisini öwreneliň, indiki bapda bolsa, ikinjisini öwreneris. Pawlus şeýle ýazýar:

> “Eý, söýgüli doganlar, Hudaý bize, ine, nähili wadalary beripdir, geliň, tenimizi we ruhumyzy murdar edýän ähli zatlardan tämizläliň, Hudaýdan gorkup, bütinleý mukaddes ýaşaýşa ýeteliň” (2 Korintoslylar 7:1).

Biz bu ýerde mezmurçynyň aýdýan şol bir hakykatyny görýäris, ýöne ony uly çuňlukda görýäris. Men ilki bilen mukaddesligiň kämillik derejesine Hudaýyň söýgüsi bilen däl-de, eýsem, Rebbiň öňündäki gorky bilen ýetilýändigini bellemek isleýärin. Ahlaksyz durmuşda ýaşan, ýöne Isany söýmegi bes etmedik meşhur hoşhabarçyny ýada salyň. Ol mukaddes gorkyny kabul eden badyna arassalandy we öňki hapalygyndan päklendi. Bu hem ony öz gezeginde Isa bilen öňkülerinden-de ajaýyp päk ýürekli gatnaşyklara alyp bardy. Onuň şahsy tejribesinde bilen zadyny biz Mukaddes Ýazgyda görýäris.

Biziň eýýäm öň aýdyp geçişimiz ýaly, mukaddeslik biziň döwrümizde iň meşhur tema däldir. Köpler üçin onuň bolgusyz tagamy bar, sebäbi mukaddeslik olara lezzet getirmeýär we olaryň durmuşyny kynlaşdyrýar. Oňa kanuny gulçulyk ýa-da takwa, ýöne ýetip bolmajak gowy zat hökmünde garaýarlar. K. S. Lýuis munuň ýaly nadanlyk hakda şeýle ýazýar: “Mukaddesligi içgysgynç hasaplaýan adamlar nähili az bilýärler. Hakyky

zada duş geleniňde... onuň öňünde durmak mümkin däl”. Şeýlelikde, ýeňip geçip bolmajak zada çümmeklige taýýarlanyň.

Meniň eýýäm ýokarda aýdyp geçişim ýaly, mukaddesligiň esasy kesgitlemesi – “Hudaý üçin aýrylyp goýulmak”, ol arassalygy gürrüňsiz öz içine alýar. Gelni göz öňüne getiriň. Ol özüni adamsy üçin aýryp goýýar, bu bolsa, başga aşyklary gözleme isleginden we höwesinden ýüz öwürmegi hem aňladýar. Şunda mukaddesligiň tarapynda hökmünde arassalyk peýda bolýar. Pawlus hatda bizi özümizi arassalamaga-da çagyrýar. Ol: “Isanyň gany bizi arassalaýar” diýmeýär. Ýöne muny düşündirmäge maňa rugsat ediň: Isanyň gany bizi ähli günälerimizden hakykatdan hem arassalaýar, ýöne *aklanma* işini *mukaddes bolma* işi bilen garyşdyranymyzda biz aljyraňňylyga düşýäris.

Toba edip, Isa Mesihi öz Rebbimiz hökmünde kabul eden wagtymyzda günälerimiz bagyşlandy, özümizem doly ýuwuldyk. Hudaý biziň günälerimizi unudylma deňzine jaýlady. Ol olary ýatdan çykardy! Bu iş doly ýerine ýetirildi we ondan gowulaşdyrylmaýar. Bu haýran galdyryjy hakykata mynasyp bolar ýaly biz hiç zat etmedik, ol Hudaýyň sowgadydyr. Bu *aklama* işidir.

Ýöne aklanmany kabul eden pursatymyzyň özünde *mukaddes edilme* işi başlandy. Bu içimizdäki zat bolup geçende – täze tebigatymyz durmuşymyzda daşky hakykata öwrülende –*amala aşýar*. Ine, Pawlus aşaky sözleri ýazanda nämäni göz öňünde tutýan eken:

> “...gorky hem titreme bilen öz gutulyşyňyzy amala aşyryň. Çünki Öz halaýşyna görä, sizde hem *islemegi*, hem-de *hereket etmegi* hasyl edýän Hudaýdyr (Filipililer 2:12,13).

Näme-de bolsa, munuň Hudaýyň merhemetiniň işidigi göze görnüp dur, ýöne özümiziň islemegimiz hem hereket etmegimiz üçin Hudaýyň bize beren güýji bilen hyzmatdaşlyk etmelidiris. Gorkynyň we titremäniň Braziliýadaky adamlara Hudaýyň barlygyna girmäge mümkinçilik berşi ýaly, mukaddes gorky bilen titreme bizi-de galkyndyryp, tabynlyk üçin Onuň merhemetini almaga höweslendirip bilýär.

Günbatar ýygnagyndaky köp mugallymlaryň goýberýän, giňden ýaýran ýalňyşy olaryň mukaddeslik işiniň hem, edil aklanma işi ýaly amala aşyrylýandygyny aýtmaklarynda jemlenendir. Başga sözler bilen aýtsak, bize hiç zat etmek gerek däl, Isa hemme zady etdi. Olar muny, biziň dürli ten höweslerimize ýolbaşçylyk edýän dünýäden hiç hili tapawutlanman ýaşaýandygymyza seretmezden, mukaddesdigimiz bilen, sebäbi Isanyň

biziň mukaddesligimiz bolup durýandygy bilen delillendirýärler. Mesele Mukaddes Ýazgyda, Täze Ähtde, olaryň peýdasyna gürleýän ýaly bolup görünýän ýerleriň hakykatdan hem bardygy bilen kynlaşýar. Ýöne ýalňyşlyk özümiziň *pozision* mukaddesligimizi *özümizi alyp barşymyzdaky* mukaddeslik bilen çalyşýandygymyzyň netijesinde peýda bolýar. Maňa düşündirmäge rugsat ediň.

Pozision mukaddeslik diňe Isanyň biziň üçin eden zady bilen şertlenýär. Ol biziň Mesihdäki derejämiz hakda gürrüň berýär we Mesihiň bizi aklamakdaky işiniň ak patalarynyň biri bolup durýar: "Ol Öz öňünde söýgüde mukaddes, müýnsüz bolmagymyz üçin, dünýä gurulmazdan öň bizi Mesihde saýlady" (Efesliler 1:4). Biz hiç haçan bu ýagdaýa mynasyp bolup bilmezdik. Pawlus ýene: "Siz ...Mesih Isadasyňyz. Ol biziň üçin Hudaýyň akyldarlygy we dogrulygy, mukaddesligi we gutaryşy boldy" (1 Korintoslylar 1:30) – diýip ýazýar.

Liza Toksana bilen men 1982-nji ýylyň 2-nji oktýabrynda nika bileleşigine girdik, şeýdip, ol Liza Biwer boldy. Şol günüň özünde ol meniň aýalym *derejesini* aldy. Bu gün ol meniň oňa öýlenen günümdäkiden, onuň meniň aýalym bolan günündäkisinden köpräk aýalym bolmady, edil şonuň ýaly, kyrk ýyldan soň hem, köpräk meniň aýalym bolmaýar. Ol derejesi boýunça biziň nikalaşan günümizde doly derejede meniň aýalym boldy: iş tamamlandy. Edil şonuň ýaly, biz Mesihde halas bolan günümiz mukaddes hem arassa bolduk we indi hiç haçan häzirkimizden köp mukaddes bolmaýarys.

Ýöne Liza meniň aýalym bolan badyna, onuň *özüni alyp barşy* öz derejesine laýyklykda üýtgäp başlady. Meniň aýalym bolmazyndan öň ol başga oglanlar bilen duşuşyga gidýärdi, olara özüniň telefon belgisini berýärdi, öz keýpi üçin ýaşaýardy we durmuşa çykmadyk gyzlaryň edýän başga zatlaryny edýärdi, ýöne soň bu zatlary etmegi bes etdi. Onuň hereketleri biziň özi bilen eden ähtlerimize laýyklykda üýtgedi. Är-aýallygymyz köp dowam etdigiçe, onuň hereketleri has kämilleşýär we biziň borçlarymyza laýyk bolýar. Resul Petrusyň ýazan zadyna gulak asyň:

> "[Hudaýa] tabyn çagalar ýaly [ýaşaň]; öňki nadan wagtyňyzdaky [Hoş Habaryň talaplaryny bilmedik wagtyňyzda] [özüňizi dolandyran] heläk edijilikli höwesleriňize özüňizi tabyn etmäň. Özüňizi Çagyranyň mukaddes bolşy ýaly, sizem ähli hereketleriňizde we ýaşaýyş ýörelgäňizde mukaddes boluň. Çünki: "Siz mukaddes bolmalysyňyz, sebäbi Men mukaddes" diýlip ýazylandyr" (1 Petrus 1:14–16, Giňeldilen terjime).

Üns beriň, Petrus biziň pozision mukaddesligimizi däl-de, tersine hereketlerimizdäki mukaddesligi göz öňünde tutýar, bu mukaddeslik Pawlus biziň ähli hapalyklardan arassalanmalydygymyzy ýazanda bizi muny ýerine ýetirmeklige çagyran zadydyr. Bu aklanmanyň mugt sowgat ýagdaýy däl-de, mukaddes bolma prosesidir.

Täze Ähtde biziň hereketlerimizdäki mukaddeslik barada başga ýerler barmy? Jogap haýran galdyryjy. Olar doly sanawy getirer ýaly derejede juda köp, ýöne diňe aşakdaka salgylanmaga rugsat ediň:

> “Hudaýyň isleýäni şulardyr: mukaddes boluň, zyna etmäň, her kim öz bedenine päklik we abraý bilen *eýelik etsin*, Hudaýy tanamaýan butparaz milletler ýaly, bedeniňizi haram keýpe bermäň (1 Salonikliler 4:3-5).

Öňräk ýekşenbe günki ertirlik ýygnanyşykdan soň bir adam maňa: “Men mesihi, öýlenmedik. Men aýallar bilen ýatýaryn, sebäbi özümi saklap ýaşap bilemok. Birnäçe aýlap saklanýarynam, ýöne soň ýene öňki kärime dolanyp, aýallar bilen ýatýaryn. Ýöne bu meniň size aýtjak bolýan esasy zadym däl. Meniň esasy soragym: näme üçin meniň telekeçiligimde şeýle köp mesele bar?” – diýdi.

Men şok ýagdaýyna düşdüm. Biziň deňagramlylykdan mahrum bolan merhemet baradaky wagyzlarymyz, adamlaryň eýmenç günäde ýaşasalar-da, Hudaýyň barlygynda we ak patalary içinde bolup bilýändiklerine ynanmaga alyp baraýdymyka? Mesihilik aýallar konferensiýasynyň soraglar we jogaplar bölümi wagtynda bir aýal meniň aýalymdan: “Men adamymy gaty gowy görýärin, ýöne ol köp syýahat edýär, şonuň üçin men mydama başga erkekler bilen ýatýaryn. Men näme etsemkäm? Oňa muny aýtsammykam?” – diýip sorapdyr.

Bularyň ikisi-de özlerinde Mesih bilen gatnaşyklaryň bardygyna ýürekden ynanýarlar, ýöne Hudaýyň sag tarapynda oturan Mesih bilenmi ýa-da ýasama Mesih bilen? Bu mysallar deňizdäki buzlugyň diňe depesidir, men şuňa meňzeş meseleli örän köp adamlara duş geldim. Mukaddeslikdäki durmuşa çagyryş şu derejede gowşak bolup, ähli paş etmeler sem bolaýdymyka? Pawlus: “Bu çakylygy ret edýän adam, ynsany däl-de, size Öz Mukaddes Ruhuny beren Hudaýy ret edýändir” (1 Salonikliler 4:8, НРП) diýip ýazýar ahyry.

Ýatda saklaň, mukaddeslikde öňünde durmak mümkin bolmadyk aýratynlygy bar, biz ony bu temany öwrenmegi dowam etdirenimizde aýdyň göreris.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Hudaýy tanaýaryn” diýip-de, buýruklaryny berjaý etmeýän adam ýalançydyr, onda hakykat ýokdur (1 Ýohanna 2:4).

**Many.** Ýöne aklanmany kabul eden pursatymyzyň özünde *mukaddes edilme* işi başlandy. Bu içimizdäki zat bolup geçende – täze tebigatymyz durmuşymyzda daşky hakykata öwrülende – *amala aşýar*.

**Oýlanma.** Mukaddeslik – bu Hudaýyň merhemetiniň işi, ýöne men Onuň özümden almak isleýän zadyny etmegi islär ýaly we eder ýaly, Hudaýyň özüme beren güýji bilen hyzmatdaşlyk etmelidirin. Men muňa ynanýarynmy? Pozision mukaddeslik bilen özüňi alyp barmakdaky mukaddesligi garyşdyranym sebäpli men bu hakykaty we Onuň islegini äsgermezçilik etmedimmi? Geçmişdäki şowsuzlyklaryň özüme güýç berýän Hudaýyň içimde işleýänine bolan ynamymy söndürmegine ýol bermedimmi? Bu durmuşymdaky hakykata öwrüler ýaly, men ynama nädip gaýdyp gelip bilerin?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Gökdäki Atam, Seniň mende hereket edip, meni Seniň göwnüňden turma isleginden we muňa ýetme ukybyndan doldurmagyňy haýyş edýärin. Men Seniň meniň üçin içimde eden zadyňy durmuşymda ýüze çykarmak isleýärin. Isanyň ady bilen. Omyn.

**Toba etmek.** Men gutulyşymy mukaddes gorky hem titreme bilen jemleýärin.

Dogry ýoldan ýöräň...
durmuşyňyzy mukaddes
etmäge dyrjaşyň.

– ÝEWREÝLER 12:13,14

# MessengerX

*Gündeki şägirtçilik üçin priloženiýaňyz*




## Bütinleý mugt!

Öz el telefonyňyza indiriň we ulanyp başlaň ýa-da saýtdaky web-görnüşini ulanyň:

MessengerX.com

## 125-den gowrak dilde, bu hem ahyrky çägi däl

- 125-den gowrak dildäki materiallary görüň we indiriň.
- Materiallary dostlaryňyz bilen paýlaşyň ýa-da okuw toparyny başlaň.
- Täze materiallar hemişe goşulyp durýar.

## Serediň. Okaň. Diňläň.

Resurslaryň uly kitaphanasyny gözden geçiriň. Onda okuw toplumlary, elektron kitaplar, audiokitaplar, gysga metražly filmler we başga zatlar bar. Siz olara tomaşa edip bilersiňiz, olary okap we diňläp bilersiňiz.









## Iň wajyp çäklerdäki ösüş

Maşgala, sagdyn gatnaşyklar, durmuşyňyzyň maksady, pornografiýadan azat bolmak, imanyňyzy berkitmek, Hudaýyň sesini eşitmek, işewürlikdäki liderlik we başga-da mowzuklary derňäň.

## Siziň ösüşiňize alyp barýan ýol

**MessengerX**-iň maksady – durmuşyňyzdaky indiki ädimi etmäge ýardam bermek. Siziň şu ýolda bolmagyňyz üçin, biz şägirtçiligiň ýörelgesini we güýçli gurallary işläp düzdük.




## Siziň halajak funksiýalaryňyzyň has köp görnüşi!

- Şu materiallary paýlaşmaga we hatda okuw toparlaryny başlamaga mümkinçilik berýän sada we aňsat gurallar.
- Siziň söýgüli akylly telewizorlaryňyzda tomaşa etmäge mümkinçilik berýän Chromecast и AirPlay.
- Ýeten sepgitleriňizi öz enjamlaryňyzyň ählisinde saklaň. Halan materiallaryňyzy bada-bat tapmak üçin, olary öz kitaphanaňyzda saklaň.
- Materiallary offlaýn görmek üçin, olary öz enjamlaryňyza indiriň.
- Anyk gözleýän zadyňyzy tapmak üçin, akylly gözleg we süzgüç.
- Audio kitaplary, audio Mukaddes Kitaby we hatda sežde nagmalaryny öz diliňizde awtomatiki usulda yzygiderli diňläň.

# **MessengerX** -1-2-3 ýaly ap-aňsat!




**1** **MessengerX** priloženiýasyny App Store we Google Play-dan indirip alyň.

**2** Öz hasabat sahypaňyzy dörediň we priloženiýany öz diliňizde ulanyň.

**3** Halan resurslaryňyzy gözden geçiriň, okaň, görüň, diňläň, indiriň we olary başgalar bilen paýlaşyň.

## Şägirt boluň, şägirt ediniň

Siz **MessengerX** -iň bir bölegi bolmak bilen, terjime edilen materiallary dünýäniň ähli künjeklerindäki adamlara ýetirmäge kömek edersiňiz.

***Çünki her bir adam bilmäge mynasypdyr!***

**MessengerX.com**

Ýüklemek App Store

Almak Google Play

</> Ähli brauzerlerde elýeter

# 20| BIZIŇ MAKSADYMYZ

Mukaddeslik – bu düýp maksat däl-de, iň wajyp bolup durýan zada geçişdir. Geliň, giriş bolup durýan Mukaddes Kitap aýadyny başga terjimede öwrenip, ýeňip geçip bolmazlyk jähtine ýüzleneliň:

> "Mukaddes bolmaga çalşyň, onsuz hiç kim Rebbi görüp bilmez" (Ýewreýler 12:14).

"Çalşyň" – bu "dýoko" diýen grek sözi bolup, ol "bir zady aýratyn tagalla bilen we belli bir maksat hem borç bilen etmegi" aňladýar. Iki terjimäni deňeşdirmek we "dýoko" sözüniň kesgitlemesini bilmek bilen biz bu sözlerde gürrüňiň, akyl ýetirme maksady bilen, mukaddeslige ýetmäge yhlasly dyrjaşmaklyk barada barýandygyna düşünýäris.

Biziň birinji soragymyz şeýle bolmalydyr: bu pozision mukaddeslikmi ýa-da özüňi alyp barmadaky mukaddeslikmi? Geliň, Liza ikimiziň nikamyz baradaky mysalymyza gaýdyp geleliň. Siz Lizanyň öz joralarynyň birine: "Men güýjümde baryny edip, Jonuň aýaly bolmaklyga dyrjaşýaryn" diýýänini göz öňüne getirip bilýärsiňizmi?

Onuň jorasy gülüp: "Sen eýýäm onuň aýaly! Nikalaşan günüňizde sen onuň aýaly bolduň" – diýip aýdardy.

Aýal özünde eýýäm bar bolan "aýal" *derejesiniň* yzyndan ylgamaýar. Ýöne ol aýalyň has gowy *özüni alyp barmasyna* ýetjek bolup dyrjaşyp biler. Mukaddeslikde-de edil şonuň ýalydyr – biz özümizde eýýäm bar bolan derejäniň yzyndan ylgamaýarys-da, *özümizi* "Rebbe mynasyp" (Kolosiýalylar 1:10) *alyp baryp* bileris.

Bu buýrugy äsgermezçilik etmegiň netijesinde *Rebbi görüp bilmeýän* boljakdygymyzy bize ynam bilen aýdýarlar. Bu sagdyn pikirdir! Ol ebedilik dogrusynda bize täsirini anyk ýetirýär, ýöne häzir biziň gürrüňimiz asla bu barada däl. Häzirki temamyz üçin onuň bize şu ýerde we häzir täsiri ýetirişi wajypmy?

Men Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň raýaty bolanym üçin özümiň prezident bilen "gatnaşyklarymyň" bardygyny aýdyp bilerdim. Men onuň ýolbaşçylygy astynda bolýaryn, şoňa görä-de, onuň çykarýan kararlary, beýleki 332 million amerikan raýatlaryna bolşy ýaly, maňa täsirini ýetirýär. Ýöne meniň prezident bilen şeýle gatnaşyklarym bar bolsa-da, şu güne çenli men onuň şahsy kabul etmesine girip göremok. Başga sözler bilen aýtsak, men ABŞ-nyň prezidentleriniň ýekejesiniň hem ýanynda bolup görmedim we olaryň biri bilen hem gürleşmedim.

Başga bir tarapdan, prezident bilen yzygiderli *görüşýän* başga amerikalylaram bar. Olar onuň dostlary we onuň bilen berk gatnaşykda işleşýän adamlardyr. Islendik ýagdaýda-da, olar Ak tamda ýaşaýan adamy menden has gowy tanaýarlar. Olar onuň bilen ýakyndan tanyş, men bolsa ony diňe ýurdumyzyň lideri hökmünde tanaýaryn.

Edil şunuň ýaly, Isa Mesihiň ygtyýary astynda bolýan millionlarça imanlylar bar. Isa olary goraýar, söýýär we üpjün edýär hem-de olaryň haýyşlaryna jogap berýär. Ýöne mesele olaryň Ony *görýänmidiginde* jemlenen. Başga sözler bilen aýtsak, olar Onuň aýdyň barlygyny duýýarlarmy?

Braziliýadaky köp müňlerçe imanlylar özlerini edil Rebbiň barlygyna hiç ýagdaýda hem baryp bilmejek ýaly alyp barýardylar. Olar toba eden batlaryna, Patyşa bilen şahsy duşuşyga mynasyp boldular. Şeýle ýagdaý her gün we her pursatda bolup geçýär. Eger bize takwa gorky ýetmezçilik edýän bolsa, onda Isanyň aýan eden barlygynyň artykmaçlygynyň özümize sowgat berýän mukaddes hereketini etmäge ymtylyşymyz ýokdur. Isa: "Meniň buýruklarymy tutup, olary berjaý edýän ... Men-de ony söýerin we oňa görnerin" (Ýohanna 14:21) – diýýär.

Şuny gaýtalanyňa degýändir: *özümizi alyp barşymyzda mukaddeslik bolmasa, Rebbi görmeris.* Munuň näme üçin şeýle wajyp ähmiýeti bar? Birinjiden, eger Ony görmesek, eger Onuň aýan eden barlygy bize ýetmezçilik edýän bolsa, biz Ony doly derejesinde tanap bilmeris. Biz Ol *barada*, edil Birleşen Ştatlaryň prezidenti bilen gatnaşyklarymyz barada bilşimiz ýaly bileris. Iň beteri-de, oýlanylyp tapylan Isany döretmek bilen biz özümizi aldaýarys. Bu illýuziýa (boş hyýal) – iň howply zatdyr, sebäbi

biz aslynda tanamaýan Kişimizi tanaýaryn diýip hasap edýäris. Ýakup bize: “Ýöne diňe özüni aldaýan diňleýji däl-de, sözi ýerine ýetiriji boluň, ýogsa özüňizi aldarsyňyz” (Ýakup 1:22) – diýýär. Özüni aldaýan adam özi kimdir birini ýa-da nämedir bir zady bilýändirin diýip hasap edýär, emma aslynda beýle däl.

Ikinji sebäbiň hem wajyplygy az däl. Ony görmesek, Onuň barlygynda bolmasak, biz üýtgäp, Onuň keşbine öwrülip bilmeris. Pawlus Rebbi görýänleriň “şol keşbe şöhrat üstüne şöhrat bilen” (2 Korintoslylar 3:18) öwrülýändiklerini ýatladýar. Şol özgerilme içde başlanýar-da, ony beýlekiler görýänçä dowam edýär.

Biziň arassalygymyz fariseýleriň arassalygyna meňzeş bolup bilmez. Isa: “Siz hem daşyňyzdan adamlara dogry adam ýaly görünýärsiňiz, ýöne içiňiz ikiýüzlülikden, erbetlikden doly” (Matta 23:28) – diýdi. Olaryň pikirleri şeýle hapa we bolgusyz bolup, edil öli jeset ýalydy. Olarda Rebden gorkma ýokdy, bu bolsa, öz gezeginde, olary diňe daşky hereketlerine esaslanýan dogrulyga ýykgyn etmäge alyp bardy we olaryň islenilýän keşplerini üns merkezinde goýdy. Bu bolsa, olaryň daşky hereketlerine laýyk geljek içki özgerilşikleriniň bolmagyna päsgel berdi. Olar Hudaýy tanaýandyrys öýtdüler, emma hakykatynda özleriniň öňünde duran Ýaradyjysyny tanamadylar, şol sebäpden hem, Onuň isleglerine gabat gelmediler. Olar özlerini özleri aldadylar.

Hatda şu günem biziň ymtylýan mukaddesligimiz ýüreklerimizde- -pikirlerimizde, niýetlerimizde we maksatlarymyzda peýda bolmalydyr. Bu ahyr netijesinde biziň daşky hereketlerimizi kesgitlär. Ine, näme üçin Isa: “Ýüregi päkler bagtlydyrlar, olar Hudaýy görerler” (Matta 5:8) – diýýän eken. Ony görmesek, onda içki üýtgeşmeden – hakyky mukaddeslikden mahrumdyrys, munuň netijesinde hem, Ony görmeris. Bu tükeniksiz şeýle bolar.

Takwalygyň daşky görnüşini görkezmek, ýöne içki isleglerimiziň özgerdiji güýjüne garşy çykmak ýeterlik däldir. Biz kalbymyzyň jümmüşinde – pikirlerimizde we niýetlerimizde – hakykata teşne bolmalydyrys, ine, ymtylyşlarymyzda näme bolmaly eken. Resul Ýakup aşaky sözleri ýazanda mukaddeslige ýeňilkellelik bilen garaýan imanlylar hakda örän çürt-kesik gürleýär:

> “Dileýärsiňiz, ýöne hiç zat almaýarsyňyz, çünki höwesleriňize sarp etmek üçin erbet dileýärsiňiz. Eý *zynahorlar*, dünýä dostlugynyň Hudaýa duşmançylykdygyny bilmeýärsiňizmi?” (Ýakup 4:3-4).

Ýakup olary “zynahorlar” diýip – nika ähtini bozýan adamlary atlandyrýan sözler bilen – atlandyryp ýüzlenýär. Hudaý Özi bilen ähti şekillendirmek üçin nikanyň keşbini köp ulanýar. Isa “giýew” diýip atlandyrylan, biz bolsa, Onuň gelni. Pawlus erkek bilen aýalyň arasyndaky nikanyň Isa Mesih bilen Ýygnagyň birliginiň mysaly bolup durýandygyny aýdýar (Efesliler 5:31, 32).

Dünýä öz bähbidini gözlemek ýa-da ýetilen derejäniň tekepbirligi üçin ýaşaýar, şeýle etmek bilen ol ünsüni islenilýän we kabul edilýän keşplerde jemleýär. Mukaddeslige ymtylmany ret edip, dünýewi isleglerde ünsümizi jemlänimizde, biz zynahor bolýarys. Bu biziň Ýanýoldaşymyzy şeýle güýçli kemsidýär-de, özümizi, dogrudanam, Onuň duşmanyna öwürýäris. Şonuň üçin Ýakup ondan soň şeýle ýazýar: “Ýürekleriňizi arassalaň, sebäbi wepalylygyňyz Hudaý bilen dünýäniň arasynda bölündi” (Ýakup 4:8, iňlis dilinden terjime). Biz ýüreklerimizi diňe Rebden gorkmany kabul eden ýagdaýymyzda arassalap bilýäris, sebäbi bu bizi hakyky mukaddeslige tarap ymtylmaga höweslendirýär!

Meniň Liza öýlenenime kyrk ýyl boldy, şonuň üçin oňa garşy zynahorluk etmeýändigimiň degerli sebäbi bar. Birinji hem iň esasysy – bu Hudaýdan gorkmakdyr. Lizanyň gatnaşyklaryna we özüni alyp barşyna garamazdan, ony söýjekdigim we aladasyny etjekdigim barada men Onuň bilen äht baglaşdym.

Ikinji sebäp meniň bu ajaýyp aýal bilen ýakynlygy ýitirmek islemeýändigimde jemlenendir. Ol maňa ynanyp, özüniň iň gizlin syrlaryny we ýürek syrlaryny meniň bilen paýlaşanynda men ony söýýärin. Aslynda biziň ýakynlygymyz maňa ýaraýar.

Isa babatda-da, edil şonuň ýaly. Oňa garşy zynahorluk etmekden güýjümde baryny edip gaça durýanymyň sebäbi, meniň Onuň bilen ýakynlygymyzy ýitirmegi islemeýändigimde jemlenendir. Men Onuň barlygynyň ýakynlygyny we Onuň bilen edýän ýürekdeş söhbetdeşliklerimizi söýýärin. Ol meniň ozal bilmedik syrlarymy paýlaşanynda Ony söýýärin. Belki, hut şonuň üçin bize aşakdaky sözler ýazylandyr:

> “*Rebbiň syry* Ondan gorkýanlara aýan edilýändir. Ol olara ähtini açýandyr” (Zebur 24:14).

Biz ýaňy mukaddesligiň ýeňip geçip bolmajak tarapyna degip geçmäge başlaýarys. Indiki bapda biz onuň gözelligini açmagy dowam etdireris.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Ýürek saplygyny söýýän adamyň dodaklarynda mähir bardyr; patyşa onuň dosty bolar” (Süleýmanyň pähimleri 22:11).

**Many.** Özüňi alyp barmakdaky mukaddeslige ymtylmazdan we oňa düşünmegiň pikirini etmezden biz Rebbiň barlygyna girip bilmeris. Gep biziň kämil mukaddeslige haçan ýetjekdigimizde däl-de, eýsem ony haçan öz ýüregimiziň ymtylyşy etjegimizdedir.

**Oýlanma.** Meniň özümi mukaddes alyp barmaga dyrjaşýanymy ýa-da özümiň dünýewi isleglere we ýetilen derejäniň tekepbirligine bolan söýgimi mydama aklaýanymy, ýa-da olara çydam edýändigimi Hudaý bilýär. Hemme zat meniň ýüregimiň niýetlerinden başlanýar. Men hereketlerimiň üýtgemegine alyp barjak ýürek hem akyl arassalygyna ýetjek bolup dyrjaşýarynmy? Eger ýakynlarym şeýle etmeseler-de, men ony ederinmi?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Gökdäki Atam, mukaddesligi gözlemändigim üçin meni bagyşla. Men muny wajyp hasap etmeýärdim, ýöne indi mukaddesligi gözlemekligiň meniň ymtylyşym bolmalydygyna düşünýärin, sebäbi ol Seniň bilen duşuşygyň gapysyny açýar. Senden haýyş edýärin, özümi dünýewi alyp baranym we dünýewi hereketlerim üçin bagyşla hem-de meni Isanyň gany bilen arassala. Özümiň mukaddeslige ýüzleý seredenim üçin toba edýärin, Isanyň ady bilen. Omyn.

**Toba etmek.** Men mukaddeslige, oňa akyl ýetirmekligi doly maksat edinmek bilen, eýe bolmak isleýärin. Meniň maksadym – Hudaýyň mukaddes bolşy ýaly mukaddes bolmakdyr.

Dogruçyllaryň ýoly
düzdür, Sen dogruçyllaryň
ýodasyny tekizleýärsiň.

– IŞAÝA 26:7

# 21| ISLEG WE GÜÝÇ

Belki, häzir siz mukaddes durmuşa *synanyşsaňyz* hem, dogrusyny aýtsak, şowlulyga seredende, şowsuzlyga köpräk uçranyňyzdan ejir çekýänsiňiz. Siz Hudaý bilen ýakynlykda bolmaga teşne, ýöne Oňa zordan gulak asyp bilýärsiňiz. Gaýrat edip, şuny derrew ýatda saklaň: Ol size siziň Oňa teşne bolşuňyzdan has teşnedir. Şatlanyň, sebäbi Hudaý siziň tarapyňyzda! Goý, bu hakykat dartgynlylygy gowşatsyn.

Meseläniň siziň *synanyşandygyňyzda* bolmagy-da gaty ahmal. Musanyň kanunlary biziň Hudaýyň tabşyryklaryny berjaý etmäge ukyply däldigimizi, ýöne biziň Hudaýyň kömegine mätäçdigimizi subut etdi. Bize zerur bolan şol kömek Hudaýyň merhemetinden başga hiç zadam däldir. Isa Mesihiň merhemetiniň bizi kanunyň talaplaryndan azat edýändigini imanlylaryň köpüsi bilýär, ýöne onuň – bize täze tebigaty sowgat etmek bilen günäden azat bolup ýaşamaga gaýrat berip – ýene bir ädim öňde ýöreýänini köpler bilmeýärler (Rimliler 6:6-7).

Eger Pawlusyň teniň hem ruhuň hapalyklaryndan arassalanmak baradaky buýrugyna seretsek, onda onuň köplenç göze ilmän galýan sözleriň yzyndan gelýänini görýäris. Ol birnäçe abzas öňde şeýle ýazýar:

> “Hudaýyň işdeşleri hökmünde size ýalbarýarys: Hudaýyň merhemetini boş ýere kabul etmäň. Çünki Ol: “Amatly wagtda ... saňa kömek etdim” diýýär” (2 Korintoslylar 6:1, 2).

Şol amatly wagt eýýäm geldi, biz Onuň kömegi bilen mukaddes durmuşda ýaşap bileris. Gynansak-da, biz Hudaýyň merhemetiniň doly güýji baradaky taglymaty seýrek eşidýäris. Ol barada ebedi gutulyş, günäleriň bagyşlanmagy, günä üçin jeza çekmekden azat bolma we

mynasyp bolunmadyk sowgat hökmünde öwredýärler. Bu zatlaryň hemmesi dolulygyna hakykat bolsa-da, merhemetiň ýene bir wajyp häsiýetnamasy bar, ol barada kän gürrüň etmeýärler: bu onuň güýjüdir. Hudaý resul Pawlusa: "Saňa meniň merhemetim ýeterlikdir, sebäbi güýç ejizlikde has gowy ýüze çykýandyr" (2 Korintoslylar 12:9) – diýýär. Başga sözler bilen aýtsak, Hudaý oňa: "Pawlus, öz ukybyň bilen edip bilmedik zadyňy indi Meniň "merhemet" diýen güýjüm bilen edip bilersiň" – diýdi.

Pawlus bu hakykaty tassyklaýar: "bol merhemet... bolsun Onuň Hudaýlyk güýji [merhemeti] arkaly bize ýaşaýyş hem takwalyk üçin gerek zatlaryň hemmesi sowgat berildi" (2 Petrus 1:2-3). «Täze janly terjimede» (NLT) has gönülik bilen: «Hudaý Özüniň Hudaýlyk güýjünden [merhemetinden] takwa ýaşaýyş üçin zerur bolan zatlaryň hemmesini bize berdi» diýilýär. Merhemet bize mukaddeslikde ýaşamaga güýç berýär!

Näme üçin bu hakykat şeýle wajypka? Mesihilik – bu imanda ýaşamaklykdyr. Habarlaryň hemmesine "iman sözi" (Rimliler 10:8) diýilýär. Başga sözler bilen aýtsak, iman edýänçäk biz Hudaýdan hiç zadam alyp bilmeýäris, ýöne bilmeýän zadymyza iman edip bilmeýäris. Şonuň üçin, eger merhemetiň güýji barada bilmeýän bolsak, onda şahsy mümkinçiliklerimiziň möçberine görä, Hudaýyň göwnünden turmaga synanyşmagy dowam etdireris. Bu bolsa, hasylsyz gözgyny durmuşa alyp barar.

Ýokardan dogulma mysalyna seredeliň. Hudaýyň halas edip bilýändigine ynanýan, ýöne halas bolmadyk adamlar köp. Şeýle-de bolsa, olar toba gelip, Hoş Habara ynanýançalar, merhemetiň halas ediji güýjünden mahrumdyrlar. Biziň mukaddeslige bolan ymtylyşymyzda-da, edil şunuň ýalydyr. Hudaýyň mukaddeslikde ýaşamaga ukyp berip bilýändigine ynanýan mesihiler köp, ýöne olar *merhemetiň güýç berýändigine* bütin ýürekleri bilen ynanmasalar, onda merhemetden peýda almazlar.

Pawlus korintosly mesihilere "Hudaýyň merhemetini boş ýere kabul etmeli däldiklerini" ýalbaryp aýdýar (2 Korintoslylar 6:1). Bir zady boş ýere kabul etmeklik şol zady doly derejesinde ulanmazlygy aňladýar. Eger adama oba hojalyk gurallaryny, onuň bilen bilelikde hem, tohum berseň, onda ol ony eker-de, iýmitlenmek hem ýaşamak üçin, hasyl ýetişdirer. Ýöne ol özüne berlen zady ulanmasa, onda ol açlykdan ölüp, öz janyny ýitirer. Ol ölenden soň goňşulary näme diýer? "Ol gurallar bilen tohumy biderek ýere aldy".

Ine, Pawlus näme hakda gürrüň edýän eken: öz güýjüňiz bilen ýaşap bilmändigiňiz sebäpli, ýaşamaga kömek etmek üçin Hudaý size merhemet berdi. Merhemet size mukaddes durmuşda ýaşamaklyga dyrjaşmagyňyz

hem oňa ýetmegiňiz üçin güýç berýär. Ynamsyzlygyňyz sebäpli bu güýji ulanmalydygyny inkär etmäň.

Eger Hudaýyň merhemeti, günbatar medeniýetinde giňden öwredilişi ýaly – gutulyşdan, bagyşlanmadan we göklere berlen “petekden” başga zat däl bolsa, onda ony kimdir biri nädip boş ýere alyp bilsin? Onda boş ýere sowrar ýaly güýç ýog-a, diýmek, Pawlusyň sözleriniň manysy ýok bolýar.

Eger biz resulyň pikirleriniň gidişini yzarlasak, hemme zat gabat gelýär. Korintos ýygnagy dünýewi durmuşda ýaşady, adamlar mukaddesligi gözlemäge ymtylmadylaram. Şu nukdaýnazary tassyklap, birneme soňrak Pawlus şol hatda: “siziň köpiňiz öňki günäleriňizi taşlamadyňyz. Siz haramlygyňyza, jynsy azgynlygyňyza we ten höweslerine ýykgyn etmeleriňize toba etmediňiz” (2 Korintoslylar 12:21, iňlis dilinden terjime) diýip ýazýar. Altynjy baba gaýdyp gelenimizde, Pawlusyň şol imanlylardan Hudaýyň merhemetini ýele sowurmazlygy ýalbaryp soramakdan başlaýanyny, soň hem, olary şeýle söýýänini ýüzugra belleýänini we näme üçin olaryň hem edil şonuň ýaly söýgi bilen jogap bermeýändigi hakda soraýanyny görýäris. Soň ol esasy pikire – olaryň Hudaýyň merhemetini äsgermezlik etmesiniň, özlerine täsirini ýetiren imansyz adamlara açyk görnüp durandygy baradaky pikire gaýdyp gelýär:

> “Imansyzlar bilen bir boýuntyryga girmäň. Çünki dogrulygyň şer iş bilen näme şärikligi bar? Ýa-da nuruň tümlük bilen näme umumylygy bar?” (2 Korintoslylar 6:14).

Imansyzlary gazanmak üçin dünýä gitmek bilen olaryň ugruna ýykylmaga çalyşma täsiriniň astynda ýaşamagyň arasynda uly tapawudyň bardygyny biz ýatda saklamalydyrys. Bu diňe bizi durmuş ýolundan çykmaklyga alyp barýar. Gaýtalaýaryn, muny ruhy zynahorluk hökmünde atlandyryp bolar.

Soň Pawlus ýerdäki bu imanlylara özlerinde: “Olaryň arasynda mekan tutup gezerin, Men olaryň Hudaýy, olar hem Meniň halkym bolar. Munuň üçin olaryň arasyndan çykyň, olardan aýrylyň, murdara galtaşmaň, *Men hem sizi kabul ederin*” (2 Korintoslylar 6:16, 17) diýip, Özüniň olar baradaky islegini aýdan Hudaýyň mesgen tutandygyny ýatladýar.

Biz ýene Hudaýyň duýulýan barlygynyň aýan ediljegine berilýän wadany görýäris. Ol käwagt aýan etme barada däl-de, eýsem bizde we biz bilen bolma hakda gürrüň edýär! *Hudaýy görme* wadasynyň (Onuň aýan bolan barlygynyň) şertiniň bardygyny ýene görýäris. Eger biz dünýäniň berk

ýapyşýan zadyndan, ýagny egoistik hem tekepbir isleglerden saklansak, bize Patyşanyň ebedi kabul etmesi wada berilýär: “Men hem sizi kabul ederin”. Munuň tersine bolan zat hem dogrudyr: eger özümizi dünýädäki ýigrenji zatlar bilen hapalasak, bizi kabul etmeden boýun towlanar. Pawlus öz ýüzlenmesini maksatly yglan etme bilen tamamlaýar:

> “Eý, söýgüli doganlar, bu wadalarymyzyň barlygyna görä, her hili ten we ruh pisliginden tämizlenip, Hudaýdan gorkmakda mukaddesligi kämilleşdireliň” (2 Korintoslylar 7:1)

Indi biz Pawlusyň Filipidäki ýygnaga ýüzlenip aýdan sözlerine has gowy düşünip bileris:

> “... gorky hem titreme bilen öz gutulyşyňyzy amala aşyryň. Çünki Öz halaýşyna görä, sizde hem *islemegi*, hem-de *hereket etmegi* hasyl edýän Hudaýdyr” (Filipililer 2:12,13). Rebden gorkmaklyk bizi islege höweslendirýär (bize isleg berýär), Rebbimiz Isa Mesihiň merhemeti bolsa, bize *hereket etme* ukybyny berýär (bize güýç berýär).

Eger ýene bir ädim öňe ýöresek, onda islegiň ýok ýerinde (mukaddes gorkynyň ýoklugynyň netijesinde) mümkinçilikleriň giňeldilmegi ilkinji derejeli zat bolmaz, şoňa görä-de, ol ulanylmaz-da, boş ýere alnan bolýar! Ine, näme üçin mukaddes gorky netijeliligimiz we uzak ömürlik üçin şeýle wajyp eken.

Indi arassalygyň mukaddesligiň örän uly tarapydygy düşnükli bolandyr diýip umyt edýärin. Ýatladýaryn, mukaddesligiň ilkinji derejeli kesgitlemesi – *Oňa bagyş edilen, Oňa doly degişli* bolmakdyr. Geliň, mukaddesligiň esasy manysyna has gowy düşüneliň: gelin ýigide durmuşa çykanda, oňa özüni doly berýär. Gelniň bagyş edilmesi derejesinde bolşy ýaly, özüni alyp barmakdaky arassalygyny hem öz içine alýar. Arassalyk gutarnykly maksat däl, ol gelniň öz ýigidine bagyş edilmesiniň bir bölegidir.

Şonuň üçin hakyky mukaddeslik – bu adatdan daşary mukaddes edilen arassalyk bolup, ol Hudaý bilen çuň ýakynlyga ýol açýar. Bu şu kitabyň ahyryna çenli gürrüňini dowam etjek *güýçlüligimizdir*. Ýöne ilki bilen bize öz Ýigidimize bagyş edilen durmuşyň nähili bolýandygy baradaky gürrüňimizi dowam etmek zerurdyr. Jogap bir sözde jemlenen: *tabynlyk*.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Isa Mesihde eýe bolan merhemetimizde güýçli bol” (2 Timoteos 2:1).

**Many.** Eger merhemetiň güýji barada bilmesek, onda şahsy mümkinçiliklerimiziň möçberine görä Hudaýyň göwnünden turjak bolup synanyşmagy dowam etdireris. Biz tarapdan kabul edilen Hudaýyň merhemeti boş ýere kabul edilen bolar.

**Oýlanma.** Men mukaddes durmuşda ýaşamaga *çalyşdymmy*, şonda üstünlik gazananymdan şowsuzlyga uçran gezegim kän boldumy? Men öz mümkinçiliklerimiň möçberine görä çalyşdymmy? Men özüme mukaddeslikde ýaşamaga güýç berýän Hudaýyň merhemetine bil bagladymmy? Eger ýok bolsa, onda men muny nädip üýtgedip bilerin?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Gökdäki Atam, diňe Seniň merhemetiň, Seniň şöhratly barlygyňy açýan merhemetiň, güýji bilen takwa durmuşda ýaşap biljekdigime düşünýärin. Muny öz güýjüm bilen etmäge synanyşýandygym üçin meni bagyşla. Şu pursatdan başlap, Isanyň şöhraty üçin aýrylyp goýlan durmuşda ýaşamak üçin men Seniň merhemetiňde berkärin. Isanyň ady bilen doga edýärin. Omyn.

**Toba etmek.** Mukaddeslige dyrjaşmaga meni mukaddes gorky höweslendirýär, men oňa Hudaýyň merhemetiniň güýji bilen ýeterin.

# BIZIŇ

# HUDAÝYŇ SÖZÜNE

# JOGABYMYZ

**4-NJI HEPDE**

Meni Öz buýruklaryň
ýolundan alyp bar,
sebäbi men onda
bagt tapýaryn.

– ZEBUR 118:35

# 22| HUDAÝYŇ SÖZÜNIŇ ÖŇÜNDÄKI TITREME

Bu kitabyň birinji bölüminde Rebden gorkmaklygy gürrüňsiz iki kesgitlemä – Hudaýyň Barlygynyň öňündäki titreme we Onuň Sözüniň öňündäki titreme – bölüp bolýandygy aýdylypdy. Bu temanyň aňyrsyna çykyp bolmaýan bolsa-da, biz Hudaýyň şöhratly barlygy hakda gürrüň etdik, sebäbi biz Onuň öňünde bütin bakyýetiň dowamynda mukaddes gorkuda bolarys. Bu bölümde biz ünsümizi Onuň Sözüne nähili garaýandygymyzda jemläris.

Ilki bilen, geliň, Hudaýyň halkynyň Onuň bilen çyn ýürekden edilýän aragatnaşyklardan gidip, olary ýönekeý formallyk bilen çalşandyklaryna seredeliň. Hudaý olaryň ünsüni çekmek üçin:

> “Gök Meniň tagtym, ýer aýak basgançagymdyr. Maňa gurjak öýüňiz hany?! Dynçlyk mekanym nirede boljak?!” (Işaýa 66:1) – diýip sorag berýär.

Eger kontekstde bu babyň birinji bäş aýadyny okasak, onda Gudratygüýçliniň halka, ýagny Onuň bilen gatnaşyklaryny özleriniň şertlerinde ösdürmäge we saklamaga synanyşan halka ýüzlenenini görýäris. Olar üýtgeşik ruhubelentlik duýmazdan Onuň göreldesine eýerdiler, sebäbi bu Onuň göwnünden turar diýip çak etdiler. Hudaý olaryň saýlan ýolunyň kemsidijidigini düşündirýär, ýöne çyn ýürekden çykýan gatnaşyklaryň başyny başlamak üçin nämäniň gerekdigini şobada aýdýar:

> “Ýöne Men kiçi göwünlä, ruhy synyga, *sözüme titreýäne* nazar salaryn (Işaýa 66:2).

Nazar salaryn – bu iwrit dilindäki “seretmek, synlamak, görmek. Ýiti seretmek, nämedir bir zatda ünsüňi jemlemek” manysyny aňladýan işlikdir. Düýp manysynda Hudaý: “Ine, Men kime ýiti ünsümi gönükdirýärin” diýýär. Bu aýatda sanalyp geçilen üç sany gowy iş – kiçi göwünlilik, synyk ruh we Onuň Sözüniň öňünde titreme – bu bölümde üns berjek predmetimiz bolar.

Onuň Sözüniň öňünde titreýän adam Onuň Sözüni mydama başga zatlaryň hemmesinden ýokary tutar. Onuň üçin ondan wajyp zat bolmaýar. Bu mukaddes gorkynyň hakyky subutnamasydyr. Şeýle adam iň bagtly adam bolýandyr. Şu manyda Pawlus şeýle ýazýar:

> “Eý söýgüli doganlar, şonuň üçin, mydama söze gulak asyşyňyz ýaly, *diňe meniň barlygymda däl, has-da beter şu wagt ýoklugymda* gorky hem titreme bilen öz gutulyşyňyzy amala aşyryň” (Filipililer 2:12).

Bu sözler barada Pawlus Filipidäki imanlylara ýazýan ýaly däl-de, Hudaýýň bize göni aýdýan zatlary hökmünde pikir ediň. Ünsüňizi “mydama gulak asyşyňyz” diýen sözde jemläň. Bu Onuň barlygyny duýýandygyňyza ýa duýmaýandygyňyza, Hudaýýň siziň adyňyzdan hereket edýänini görýändigiňize ýa görmeýändigiňize, garaşýan möhletiňizde dogaňyza jogap alýandygyňyza ýa almaýandygyňyza garamazdan, gürrüňsiz tabyn bolmakdyr.

Konferensiýalarda, ýagny adamlaryň biri-birine mähirli we Hudaýýň barlygy güýçli bolan ýerde tabynlykda bolmak aňsat. Ýöne komandaňyzdaky siziň ynanýan adamlaryňyzyň biri sizi aldanda ýa-da sizi işden çykaranlarynda näme? Hudaýýň Sözüne laýyklykda siz ony bagyşlaýarsyňyzmy ýa-da onuň bilen hasaplaşmak üçin ondan ar alarsyňyzmy?

Eger iş saparynda wagtyňyzda özüňizi ýekelikde duýup, adamyňyzyň (ýa-da aýalyňyzyň) sizi tankytlanyny ýada salyp başlasaňyz näme? Daş keşbi ýakymly, özem garşydaş jynsly bolan bir işdeşiňiz size öwgüli sözleri aýdyp başlaýar, soň hem, özüne çekijilik bilen myhmanhana otagynda agşamy iki bolup, bile geçirmegi teklip edýär. Hiç kim bilmeýär. Siz gaçarsyňyzmy ýa-da teklibi kabul edersiňizmi?

Eger giç agşama çenli kompýuteriň başynda işläp oturyşyňyza, setden iş üçin zerur bolan maglumaty gözleýärkäňiz, pornografiki saýtda mahabat görseňiz näme? Siz ony açarsyňyzmy?

Bu Hudaýýň barlygy ýok ýagdaý ýaly bolup görünýär. Eger siz Onuň Sözüniň öňünde titreýän bolsaňyz, onda ýagdaýlara garamazdan, siz tabyn bolarsyňyz, sebäbi siziň üçin birinji derejeli zat ýok. Bu siziň mukaddes gorkuda bolýandygyňyzy görkezýär, sebäbi “ynsan Rebden gorkmak bilen ýamanlykdan sowulýandyr” (Süleýmanyň pähimleri 16:6).

Mezmurçy şeýle ýazýar:

> “Rebden gorkýan, Onuň tabşyryklaryny berk söýýän adam nähili bagtly!” (Zebur 111:1).

Hudaýdan gorkýan erkekler ýa-da aýallar diňe bir tabyn bolman, eýsem tabynlykdan uly lezzet alýarlar. Tabynlyk – bu agyr ýük däl-de, şatlykdyr. Tabynlykda bolýan adamda Hudaýyň biziň Ýaradyjymyzdygyna, şonuň üçin Onuň nämäniň bizi abatlaýandygyny, nämäniň weýran edýändigini bilýänine düýpli düşünjesi bolýar.

Biziň dört oglumyzyň kiçijik wagtlary ýadyma düşýär. Roždestwo güni adatça işe ulaşýan gün bolýar. Kiçi çagalary bolan atalar meniň näme diýjek bolýanyma düşünýändirler. Sowgatlaryň hemmesi açylanyndan soň, olaryň käbirlerini ýygnamaly wagt gelýär. Men adaty atadym: men gutyny açyp, konstruksiýanyň bölejikleriň hemmesini ýere dökýärdim-de, guty bilen gözükdirijini bir gyra süýşürip, bir zat gurup başlaýardym. Bu proses adatça, sowgada baglylykda, meniň bir sagada golaý wagtymy alýardy, soňunda bolsa, meni haýran galdyryp, poluň üstünde ýene on bölejik galýardy. Men “Işletmek” diýen düwmäni basýardym, ýöne hiç zadam bolmaýardy. Näme etmeli? Men gözükdirijini garbap alýardym-da, guran zadymy söküp başlaýardym we konstruksiýany öndürijiniň gözükdirijisine laýyklykda gurýardym. Ine-de, ol işledi!

Hudaýdan gorkýan adam mydama tabynlykdadyr. Ol öz kalbynyň jümmüşinde esas bolup durýan hakykatlara gyşarnyksyz eýerýär:

1. Meniň üçin nämäniň dogrudygyny diňe Hudaý bilýär.
2. Hudaý arassa söýgüdir, men bolsa Onuň söýgüsiniň jemlenýän ýeridirin.
3. Hudaý hiç haçan maňa özüme zyýan ýetirjek zady etmelidigimi aýtmaýar. Onuň aýdýan zatlarynyň hemmesi mydama iň gowy derejede tamamlanýar.
4. Şoňa görä-de, Ol näme diýse, men Ony şatlyk bilen diňleýärin.

Ysraýyllar mydama arz edýärdiler. Olar özleriniň liderlerinden we durmuşynda bolup geçýän zatlardan nägilediler. Olar özleriniň mahrum edilmelerinde, mätäçliklerinde we galan zatlaryň hemmesinde Hudaýy günäkärleýärdiler. Olara mukaddes gorky ýetmezçilik edýärdi. Hudaý şeýle diýdi:

> “Sebäbi siz ähli zadyň bereketli bolmagy üçin Hudaýyňyz Rebbe *şadyýanlyk we joşgunly ýürek* bilen gulluk etmediňiz. Şonuň üçin hem ...duşmanyňyza gulluk edersiňiz” (Kanun taglymaty 28:47, 48).

Onuň Sözüniň öňündäki titreme, şeýle hem, kalbyň jümmüşinde şatlyk duýmany-da aňladýar. Eger ol ýok bolsa, ýagdaýlaryň şatlygyň ýokdugyny görkezjek wagty-da geler. Men Ysraýyly özüme bellenen zatdan saklan bäş günäni tapan wagtymy hiç haçan ýadymdan çykarmaryn, olar: erbet işleri etmeklige teşnelik, butlara tagzym etme, jynsy azgynlyk, Hudaýy synama we nägilelikdir (1 Korintoslylar 10:6–10). Men “nägilelik” sözüni okanymda, gaty erbet gaharlandym. Men: “Näme? Nägilelik! Nägilelik nädip bu *gorkunç* günäler bilen bir hatarda durup biler?”

Men Mukaddes Ruhuň: “Oglum, nägilelik – Meniň nazarymda agyr günädir” diýenini eşitdim. Ol maňa arz edýän adamyň nähili nägilelik bildirýänini görkezdi: “Seniň meniň durmuşymda eden zatlaryň maňa ýaramaýar, Seniň ýeriňe bolan bolsam, men başgaça ederdim”.

Soň Ol sözüniň üstüni ýetirip: “Bu Meniň häsiýetim üçin kemsidiji zatdyr, bu Meniň erkime garşy gozgalaňdyr, galyberse-de, mukaddes gorkynyň gaty erbet ýoklugydyr” – diýdi.

Men muny Liza bilen paýlaşdym, soň biz çagalarymyzy nägileligiň gozgalaň bolup durýandygyny düşündirip terbiýelemek meselesinde ylalaşdyk. Men muny çynlakaý kabul etdim. Men hüňürdemekden seresap boldum we hiç zatdan nägile bolmadym, hiç haçan nägile bolmazlygyň we ýekeje-de arz ediji sözi aýtmazlygyň aladasyny etdim. Şeýle-de bolsa, dört günlük agyz beklän wagtymda Mukaddes Ruhuň: “Oglum, Men seniň ýüregiňde nägilelik eşidýärin” – diýip pyşyrdanyny eşitdim.

Men şobada dyza çöküp toba etdim. Soňrak Hudaý maňa özümiň Oňa *şatlyk hem ýürek şadyýanlygy* bilen gulluk etmändigimi, şol sebäpden hem, duşmanlarymyň üstün çykandyklaryny görkezdi. Geliň, ýene bir gezek Pawlusyň sözlerine ýüzleneliň:

> “... şonuň üçin, mydama söze gulak asyşyňyz ýaly, diňe meniň barlygymda däl, has-da beter şu wagt ýoklugymda gorky hem titreme bilen öz gutulyşyňyzy amala aşyryň. Çünki Öz halaýşyna görä, sizde hem islemegi, hem-de emele getirmegi hasyl edýän Hudaýdyr... *Ähli zady hüňürdisiz,* şübhesiz ediň” (Filipililer 2:12-14).

Dört günlük agyz beklänimden soň men bu aýatda aýdylan zatlaryň çuňlugyny gördüm. Bu meniň gözümi, ine, şu zatlara açdy, nägilelik – bu

mukaddes gorka doly garşydaş bolan zatdyr, ol *Onuň Sözüniň öňündäki titremäniň* ýoklugydyr. Nägilelik bilen pikir edenimizde ýa-da gürlänimizde Hudaýa we Onuň Sözüne şek ýetirýäris.

Hudaýdan gorkýan adam tabynlykdan wajyp hem peýdaly zadyň ýokdugyna ynanýar. Olar Hudaýyň Sözüni medeniýetiň ýa-da häzirkizaman jemgyýetiniň meýilleriniň üsti bilen filtrlemeýärler. Olar beýleki imanlylaryň özlerini alyp barşyna garamazdan, Hudaýyň Sözüne tabyn bolýarlar, olar ýöne bir tabyn bolýarlar.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Eger isleseňiz we gulak assaňyz, onda ýeriň näznygmatyny iýersiňiz” (Işaýa 1:19).

**Many.** Mukaddes gorkynyň subutnamasy – ýagdaýlara garamazdan dogry garaýyşly bolmagy we dogry hereketleri etmekligi göz öňünde tutýar.

**Oýlanma.** Men diňe gowy ýagdaýlarda tabynmy? Hemme zat meniň isleýşim ýaly gitmedik ýagdaýynda men nägile bolmaga meýillimi? Ähli wagtda şatlyk hem minnetdarlyk duýgusyny özümde nädip saklap bilerin? Men özümiň tabyn bolma kararymy nädip berkidip bilerin?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Gökdäki Atam, Seniň Sözüň öňünde titremäniň ýetmezçilik edýäni üçin meni bagyşla. Meniň tabynlygym şertlidi, şonuň üçin gatnaşyklarymda şatlyk bilen minnetdarlyk ýokdy. Men toba edýärin we Seniň bagyşlamaňy soraýaryn. Men mukaddes gorkyny kabul edýärin. Mydama şatlyk bilen tabyn bolarym ýaly, maňa öwretmegiňi we güýçden doldurmagyňy Senden haýyş edýärin. Isanyň ady bilen doga edýärin. Omyn.

**Toba etmek.** Men Hudaýdan gorkýaryn, şonuň üçin hem, Ol Öz halaýşyna görä, mende *islemegi we hereket etmegi* amal edýär.

Bokurdagyň gyrylýança
gygyranyňdan, Rebbiň
Sözüniň öňünde titräniň we
Hudaýyň söýgüsiniň tükeniksiz
ajaýyplygynyň öňünde baş
egeniň gowudyr.

– Ç. G. SPERJEN

# 23| HAÝAL ETMÄN

Takwa gorkynyň iň esasy häsiýeti – biziň durmuşymyza akyla sygmajak peýdany getirýän Hudaýyň Sözüne gyşarnyksyz tabyn bolmakdyr. Hudaýyň Sözüniň öňündäki titremäniň bäş dürli jähti bar. Biz olara indiki bäş günüň dowamynda hersine aýratynlykda seredermis. Birinjä başlaýarys.

**1. Haýal etmän Hudaýa gulak asýar.**

Gulak asmaklyk – bu Hudaýdan gorkýanlara berlen zatdyr. Munuň ýaly adamlar Hudaýyň özlerine tabşyran işini ýerine ýetirmekligi özleriniň şahsy bähbitlerinden ýokary tutýarlar. Mukaddes gorky olaryň ýüreklerinde: "*Hudaý üçin wajyp bolan zat – meniň üçin ilkinji derejeli zatdyr*" diýen pikiri döredýär.

Biz bu tema degişli bolan köp sanly Mukaddes Kitap aýatlaryna seredip bilýäris, ýöne ilkinji derejeli zatlary goýuşdyrmak üçin Isanyň aýdan iki zadyna seredeliň:

> "Şonuň üçin gurbanlyk sypasynda gurbanlyk bermäge barýarkaň, doganyňyň senden öýke-kinesiniň bardygy ýadyňa düşse, gurbanlygyňy sypanyň öňünde goý-da, gidip öňürti (*haýal etmän* – Mukaddes Kitabyň giňeldilen terjimesinde. – *Terjimeçiniň belligi*) doganyň bilen ýaraş. Soňra gelip, gurbanlygyňy hödür et. (Matta 5:23, 24).

"*Haýal etmän*" diýen söze üns beriň. Işaýanyň kitabynyň 66-njy babyndaky ýaly, eger tabyn bolmany äsgermezçilik edýän bolsak we Hudaýyň bize eýýäm aýdan zadyny etmeýän bolsak, onda Hudaý üçin bir zat edip başlamagyň gerek däldigini Isa belleýär. Isa göni öýke bilen baglanyşykly ýagdaý hakda gürrüň edýär, ýöne bu ýörelge ýagdaýlaryň hemmesine-de degişlidir.

Öz durmuşyndaky zynahorluk barada gürrüň beren we öz dogalarynyň näme sebäpden jogapsyz galýandygyna hem-de telekeçiliginiň üstünliksizdigine düşünmeýänini aýdan erkek kişini ýada salyň. Geliň, saklanalyň-da oýlanalyň. Eger jyns azgynlygyna ýan bermezlige çagyrýan Hudaýyň Sözüne tabyn bolmaklyk onuň üçin ilkinji derejeli zat bolmadyk bolsa, onda ol näme üçin Hudaýdan öz telekeçiligine ak pata bermegine garaşdyka?

Ysraýylyň ýaş ruhanysy Eliýiň iki ogly bardy, olaram ruhany bolup, onuň ýanynda gulluk edýärdiler, ýöne olar halal adamlar däldiler. Olar zyna edýärdiler we adamlaryň ellerinden gurbanlyklaryny güýç bilen alýardylar. Eliý olaryň edýän ýaramaz işlerine üns bermegiň deregine, olar bilen gürleşmegi *soňa goýýardy*. Şonda bu äsgermezçilik üçin ony Hudaý jogapkärçilige çagyrdy: “Näme üçin sen... öz ogullaryňy Menden artyk hormatlaýarsyň?” (1 Şamuwel 2:29).

Haýsydyr bir adam ýa-da maksat üçin Hudaýa tabyn bolmagy haýallatsak ýa-da äsgermezçilik etsek, şol adama ýa-da maksada Hudaýdan köp hormat goýýarys. Bu mukaddes gorkynyň ýoklugy bolýar. Soň Hudaý şeýle diýdi:

> “Men Özümi sylany sylaryn, *Meni ýigrenen* ryswa bolar”
> (1 Şamuwel 2:30).

Bu özüňe getiriji sözlerdir. Hudaýyň Sözüne tabyn bolmany soňa goýanymyzda ýa-da äsgermezçilik edenimizde Oňa ýeňilkellelik bilen seredýäris. Aslynda biz Hudaýy birinji derejeli ýerde goýmaýandygymyzy görkezýäris. Hudaý Özüni *ýigrenýäni ryswa etjekdigini* aýdýar. “Ryswa etmek” sözi gowy manyda terjime edilmändir. Ol ýewreý dilindäki “kalal” sözi bolup, “boş bolmagy, bolgusyz bolmagy” aňladýar. “Bolgusyz bolmaklyk” ujypsyzja abraýly, wajyplygy az bolmaklygy aňladýar. Bu pikiri mümkin bolan düşündirişleriň biri, biziň üçin, ýagny Hudaýyň Sözüne ýeňilkellelik bilen garaýanlar üçin, wajyp bolan zadyň Hudaý üçin bolgusyz bolýandygynda jemlenendir. Akly ýerinde bolan hiç bir adam hem beýle bolmagyny islemez.

Eger telekeçi seksual taýdan arassalyk babatda Hudaýyň Sözüni sylan bolsa, onda Hudaý onuň telekeçiligine, belki wajyp bir zat hökmünde serederdi, emma onuň işi Oňa bolgusyz ýaly bolup görnene meňzeýär.

Haýal etmän tabyn bolmaklygyň wajyplygyny görkezýän başga bir parçany biz Isanyň Efesdäki ýygnaga aýdan sözlerinde tapýarys:

> “...toba et, ozalky edýän işleriňi ýerine ýetir. Toba etmeseň, *basym* ýanyňa gelip, şemdanyňy duran ýerinden gozgaryn (Aýanlyk 2:5).

Toba etmeklik – pikirleniş usulyňy üýtgetmegi, şonuň netijesinde hem, Hudaýyň Sözüne laýyklykda hereket edip başlamagy aňladýar. Eger ýygnak tabynlykda haýalýagallyga ýol beren bolsa, özüniň ak pataly ýygnak bolma mümkinçiligini elden gidererdi. Isa gelip, ondan täsirliligini alardy. Bu-da özüňe getiriji pikir.

Lukanyň Hoş Habarynda möhleti hem ilkinji derejeli zatlary sebäpli, elden giderilen mümkinçiligi suratlandyrýan bir waka bize gürrüň berilýär. Isa şeýle diýdi: “Bir adam uly meýlis gurap, birtopar adamy çagyrýar. Nahar wagty bolanda çagyrylanlara: “Geliň, ähli zat taýýar” diýip, hyzmatkärini iberýär” (Luka 14:16,17). Munuň Rebbiň Sözüdigine hiç hili şübhe ýok: nahar taýýar! Wagtyň ähmiýeti bar.

Çagyrylan myhmanlaryň çakylyga bolan garaýyşlaryna serediň: “Emma olaryň bary, dilleşen ýaly, ötünç soramaga başlaýarlar” (18-nji aýat). Göräýmäge olar gelip bilmändikleriniň degerli sebäbini aýtdylar. Biri ýer satyn alypdyr, beýlekisi telekeçiligini gözegçiliksiz goýup bilmeýär, üçünjisine aýalyna üns bermek gerekdi. Bahanalaryň içinde zynahorluk, ogurlyk, adam öldürme ýa-da günä degişli eder ýaly başga bir zat aýdylmady. Ýöne *günä bolmadyk zat Hudaýyň Sözünden ýokary tutulanda, ol günä öwrülýär*.

Hyzmatkär çagyrylan adamlar baradaky jogap bilen gaýdyp gelýär, şondan soň biz öý eýesiniň gaharlanandygy hakda okaýarys (21-nji aýat). Gynanmady, ýöne gaharlandy. Näme üçin? Sebäbi onuň çakylygyny ýeňilkellelik bilen kabul etdiler-de, ony birinji derejede goýmadylar.

Öý eýesi näme edýär? Ol başda çagyrylmadyk adamlary çagyrýar. Isa gürrüňini şeýle sözler bilen tamamlaýar: “Size aýdýaryn, ilkinji çagyrylan adamlaryň ýekejesi hem Meniň saçagymdan datmaz, çünki çagyrylanlar köp, saýlanylanlar azdyr”. Olar özleriniň mümkinçilikler äpişgesini elden giderdi. Olaryň ötünç soramalary zyýansyz ýaly bolup görünýär, ýöne hatda zyýansyz zatlaryň hem bizi Hudaýyň islegini berjaý etmekden alyp gidip bilýändigini ýatda saklamak zerurdyr. Ýüregimizde Rebden gorkma bolmasa, beýle zatlar aňsatlyk bilen bolýar.

Mukaddes Ýazgyda elden giderilen mümkinçilikler hakda ýazylan başga-da ýerler köp. Şol elden gidermeler tabynlygyň haýal edilendiginiň netijesinde bolupdy. Olaryň sany şeýle köp bolany üçin hemmesini sanap çykyp bolmaýar, ýöne men ünsi çekip biläýjek birini saýlaýaryn. Lukanyň Hoş Habarynyň 9-njy babynda Isa iki dürli adamy Öz yzyna eýermeklige çagyrýar! Birinji adam razy boldy, ýöne öz şertini goýdy: “Ýa Reb! Rugsat et, *öňürti* gidip, kakamy jaýlaýyn” (59-njy aýat).

Ol adam Isanyň yzyna düşmäge razy boldy, ýöne, şahsy bähbidini ýokary

goýup, haýallyga ýol berdi. Alymlaryň aýtmaklaryna görä, ol döwürlerde ilkinji ogul kakasyny jaýlasa, mirasdan iki paý alýan eken, beýleki ogullary bolsa, diňe bir paýdan alypdyr. Eger birinji ogul öz borjuny ýerine ýetirmese, miras ikinji ogla geçýär. Ol adamyň bahanasy doly kanuny ýaly bolup görünýär we günä derejesine girmeýär. Şeýle-de bolsa, ol yzda galdyryldy. Gynansak-da, bu elden giderilen mümkinçilik bolupdy.

Beýleki adam hem, edil şonuň ýaly çakylyk alýar. Ol muňa: "Ýa Reb! Seniň yzyňa düşeýin, ýöne rugsat ber, *öňürti* öz maşgalam bilen hoşlaşaýyn" – diýýär (61-nji aýat). Biz ýene "öňürti" sözüni eşidýäris we ýene Hudaýyň Sözüne bolan gatnaşygy "günäli" diýip atlandyryp bolmaýar. Şeýle-de bolsa, ol ýeriň hem gögüň Ýaradyjysyna golaýlaşma mümkinçiligini sypdyrdy.

Indiki bapda biz: "Şundan soň Reb başga ýetmiş adamy belläp, olary Öz gitjek bolup ýören ähli şäherlerine, ýerlerine iki-ikiden öňünden ýollady" (10:1) diýen sözleri okaýarys. Şol iki adam bu ýetmiş adamyň içinde bolup bilerdi, emma pursaty elden berdiler, sebäbi takwa gorkynyň ýetmezçilik edýändigi sebäpli, özleriniň tabynlygyny soňa goýdular.

Hudaýyň halkyna gulluk eden ýyllarymyň dowamynda, imanlylaryň: "Hudaý eýýäm iki aýdan bäri meniň bilen bu tema boýunça gürleşip gelýär" – diýip, perwaýsyzlyk bilen aýdýanlaryny eşidenimde, entegem (erbet manysynda) haýran galmagy dowam etdirip gelýärin. Muny aýdanlarynda olar, edil bu ýönekeý zat ýaly ýylgyrýarlar, hatda gülýärlerem. Eger olar özlerinde mukaddes gorkynyň ýoklugyna öwünýändiklerine düşünýän bolsalar, şeýle ýeňilkelle bolardylar diýip pikir etmeýärin.

Eger Musa ýanyp duran çaly agajyndaky beýik zady görmek üçin öz işlerini we sürüsiniň aladasyny etmegi goýmagy haýallaşdyran bolsa näme bolardy? (Müsürden çykyş 3-nji baba seret)?

Eger Nuh gäminiň gurluşygyny haýallaşdyran bolsa näme bolardy?

Eger Ybraýym Kengana gitmegi haýallaşdyran bolsa näme bolardy? Onuň kakasy haýal hereket etdi, sebäbi ilki bilen ol Kengana gitmäge çagyrylypdy. Kakasynyň haýallygynyň netijesinde elden gideren zadyny Ybraýym ýerine ýetirdi (Gelip çykyş 11:31).

Eger Nehemýa, iki ýolbaşçynyň, Sanballat bilen Geşemiň işi saklap, duşuşyga gelme talabyna jogap edip, diwarlary galdyrmakda haýalýagallyga ýol beren bolsa näme bolardy? Ýöne Nehemýa Hudaýdan gorkýardy. Ol olara: "Men bu wagt gaty wajyp iş bilen meşgul, şonuň üçin baryp biljek däl. Onsoňam men siziň ýanyňyza baryp gelýänçäm, näme iş dursunmy?" (Nehemýa 6:3) diýip jogap berdi. Şeýle mysallar tükeniksiz. Şeýlelikde, Hudaýyň Sözüniň öňünde titränimizde, Hudaýa haýal etmän tabyn bolýarys.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Tabşyryklaryňy berjaý etmäge howlukdym, gijikmedim” (Zebur 118:60)

**Many.** Eger şahsy bahanalarymyz sebäpli Hudaýyň Sözüne gulak asmany soňa goýsak, onda Onuň isleginiň özümiz üçin ikinji derejeli ähmiýetiniň bardygyny görkezýärin.

**Oýlanma.** Bize zyýansyz ýaly bolup görünýän zat bizi Hudaýyň islegini ýerine ýetirmekden alyp gitmäge ukyply bolup biler. Günä bolup durmaýan zat Hudaýyň Sözünden ýokary tutulanda, ol günä öwrülýär. Men şahsy bähbitlerim sebäpli ünsümi bölüp, gulak asmany gijikdirmäge özüme ýol berdimmi? Muny nädip üýtgedip bolar?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Gökdäki Atam, Seniň Sözüňe ikinji derejeli zat ýaly seredip, ony iň wajyp birinji derejeli zat hökmünde goýmanym üçin meni bagyşla. Şeýle etmek bilen, özüm düşünmezden, Seniň üçin wajyp bolan zady özüm üçin bolgusyz zat edip görkezenime düşünýärin. Men muňa toba edýärin we Senden bagyşlamagyňy haýyş edýärin. Men Seniň isleýän zatlaryň hemmesini ilkinji derejeli ýerde goýýaryn. Isanyň ady bilen doga edýärin. Omyn.

**Toba etmek.** Hudaýyň islegi maňa açylan badyna, men haýal etmän oňa tabyn bolaryn.

Biz adam akly boýunça ýaşamaga çagyrylan däl. Ähmiýeti bar bolan zatlaryň hemmesi – bu Hudaýyň Sözüne we Onuň durmuşymyzdaky ugrukdyrmasyna tabyn bolmakdyr. Onuň islegine tabyn bolanymyzda, biz dünýädäki iň howpsuz ýerde bolýarys.

– BRAT ÝUN

# 24| MUNUŇ HIÇ HILI MANYSY ÝOK

Ozal Mukaddes Ruhuň sizi manysy ýok bir zady etmäge alyp baran gezegi bolupdymy? Hudaý bilen dowamly döwrüň dowamynda berk gatnaşykda bolanlaryň köpüsi položitel jogap bererler. Ýöne maňa başga sorag bermäge rugsat ediň: siz tabyn bolanyňyzdan soň – käwagt şobada ýa-da wagt geçenden soň – onuň manysy size açyldymy? Hemişe diýen ýaly jogap “hawa” bolýar. (Men “hemişe diýen ýaly” diýdim, sebäbi *seýrek* ýagdaýlarda onuň manysy höküm kürsüsiniň öňüne barýançak açylman biler).

“Hudaýyň Sözüniň öňünde titreme nämäni aňladýar?” diýen temany öwrenmegi dowam etdirenimizde mukaddes gorkuda hakykatdan bolýan adam.

1. Haýal etmän Hudaýa gulak asýar.
2. **Hatda hiç hili manysy ýok ýagdaýda-da Hudaýa tabyn bolmaly.**

Hudaýyň käwagt bizden ýerine ýetirmegi haýyş edýän, biziň aklymyz üçin manysy bolmaýan zady – bu adatdan daşary zatdyr. Birnäçe sorag bermäge rugsat ediň.

Ýere tüýkürip, onuň palçygyny körüň gözüne çalmagyň, soň hem, gidip, ony ýuwmagyň manysy barmydy? Ýok, şol wagt onuň manysy ýokdy, ýöne bu maslahat (akyldarlyk) körüň gözüni açdy.

Toý gyzan wagtynda, aslynda şerap gerek bolanda, gaplara suw guýmagyň näme manysy bardy? Ýok, manysy ýokdy, ýöne bu maslahat (akyldarlyk) toýdaky iň gowy şerabyň peýda bolmagyna alyp bardy.

Tejribeli deňizçilere özleriniň duýgusyna we bilimine garşy gitmegi hem-

de halas ediji gaýyklar taýýar bolup durka, gark bolup barýan gämiden gitmezligi maslahat bermegiň manysy barmydy? Ýok, şol wagt manysy ýokdy, ýöne bu maslahat bortdaky 276 adamyň janyny halas etdi, ýekeje adam hem heläk bolmady (Resullaryň işleri 27:27-36).

Öz üsti bilen Hudaýýň galkynyş döreden şäherini terk edip, çöle gitme buýrugyna gulak asmagyň manysy barmydy? Ýok, şol wagt ýokdy, ýöne bu maslahat (akyldarlyk) derejesi boýunça Efiopiýada üçünji bolan adamyň halas bolmagyna ýol açdy.

Uly şäheriň minaralarynyň we berk diwarlarynyň daşyndan alty gün sessiz aýlanmanyň, ýedinji gün hem şonuň ýaly edip, ahyrsoňy surnaý çalyp gygyrmanyň manysy barmydy? Ýok, şol wagt ýokdy, ýöne bu maslahat (akyldarlyk) duşmanyň diwarlarynyň ýykylmagyna alyp bardy.

Zäherlenen çorbaly gazana un sepip, pygamberlere ondan iýmelidigini aýtmagyň manysy barmydy? Ýok, şol wagt ýokdy, ýöne bu maslahat (akyldarlyk) hemmelere doýar ýaly iýmit berdi, hiç kimem syrkawlamady.

Sizi, maşgalaňyzy ýa-da size gymmat bolan adamy ýaralan adamlary bagyşlamagyň manysy barmydy? Eýsem, olar mynasyp jezasyny almaly dälmi?

Sizi ýigrenýän adamlary söýmegiň manysy barmy? Eýsem, olara ýigrenç bilen seretmeli dälmi?

Size erbetlik edýän adama ýagşylyk etmegiň manysy barmy? Eýsem, onuň bilen haklaşmak gerek dälmi?

Adalatsyz işleri edýän ygtyýarly adamlary sylanyň manysy barmy? Gaýtam, arz etmek we gozgalaň turuzmak gerek dälmi?

Size sylaşyksyz bolan adama hormat goýanyň manysy barmy? Eýsem, olara agzyňa gelenini diýmeli dälmi?

Men babyň ahyryna çenli dowam edip bilerdim, belki-de, bütin kitabyň ahyryna çenli Mukaddes Ýazgydaky manysy bolmadyk, ýöne netijesinden çen tutsaň, hersi Hudaýýň akyldarlygy bolup çykan buýruklar hakda gürrüň edip bilerdim. Olary ýerine ýetirenler Hudaýýň öwütleriniň öňünde titrediler, gulak asdylar we ak pata aldylar ýa-da äsgermezçilikleri hem gulak asmazlygy sebäpli onuň netijesinden ejir çekdiler. Rebden gorkmanyň, hakykatdan hem akyldarlygyň başlangyjy bolup durýandygyny aýdyň görýänsiňiz diýip umyt edýärin (Zebur 110:10). Bize şeýle diýilýär:

> “Rebbe bütin ýüregiň bilen bil bagla, öz aklyňa *daýanma*. Bütin ýollaryňda Ony tana, Ol hem seniň ýodalaryňy dogurlar (Süleýmanyň pähimleri 3:5,6).

Hudaýyň akyldarlygy biziň akyldarlygymyzdan köp derejede ýokarydyr, şonuň üçin biz öz aklymyza daýanmaly däldiris. Özümize logika gabat gelmejek bir zady etmek buýrulanda, biz özümize ahyr netijesinde peýda getirýän tabynlykdan gyşarmaly däldiris. Hudaýdan gorkýan adam, manysy ýok ýaly bolup görünýän bolsa-da, Oňa gulak asýandyr.

Birnäçe ýyl mundan ozal men bir multimilliardere duş geldim. Ol karýerasynyň başynda telekeçiliginde eden şowsuz synanyşyklary hakda maňa gürrüň berdi. Ol üstünlikli telekeçiligiň gurluşy barada ýazylan kitaplaryň hemmesini okapdyr we alan akyldarlygyny ulanypdyr. Şeýle-de bolsa, üstünlik gelmändir.

Bir gün ýygnakda oturyp, ruhy çopanyň wagzyny diňlände: "*Ol Hoş Habary wagyz etmeklige we durmuşyndaky maksadyna ýetmek üçin Mukaddes Ruha bil baglamaklyga çagyrylan. Men telekeçilik etmäge çagyrylan, beýle bolsa, men näme üçin öz çagyrylan işimde Mukaddes Ruha bil baglamaýaryn*?" – diýip pikir edýär.

Ol her gün ertir bilen turanda, Rebden şu gün üçin görkezme bermegini haýyş etme kararyna gelýär. Ol bloknot alyp, etmeli işleriniň hemmesini ýazýar. Ol, şeýle hem, günüň dowamynda, hatda işewür duşuşyklarda hem, Mukaddes Ruhuň sesine mydama diň salmagy düzgün edinýär.

Ol käbir jikme-jikliklerini meniň bilen paýlaşdy. Bir gün onda gozgalmaýan emlägi edinme boýunça şertnama baglaşma meselesi boýunça maslahat meýilleşdirilýär. Şol gün ertir ol Mukaddes Ruhuň özüni boş iş ýaly bolup görnen bir zady etmäge höweslendirýändigini duýýar. Ol işiň hiç hili manysy ýokdy, şeýle-de bolsa, ol wepalylyk bilen öz gelen kararyna eýerýär.

Mukaddes Ruh ony gaýta-gaýta şol bir hereketi etmäge meýillendirýär. Ol yzyny üzmän Elýaşanyň oklary ýere urmagyny buýran patyşasy hakda pikir etdi. Patyşa oklary ýere üç gezek urýar we köpräk urmandygy üçin pygamber tarapyndan ýazgarylýar (2 Patyşalar 13:14-19). Şonda ol adam eden hereketini ýigrimi gezek etdi. Soň ol: "Şol gün meniň kompaniýam Wýetnamda ýigrimi keselhana satyn aldy" – diýdi.

Soň ol maňa Ýewropada ýerleşýän dünýädäki iň uly banklaryň birini alşyny gürrüň berdi. Bu proses keselhananyň alnyşyndan-da üýtgeşikdi. Men aňk boldum. Başga sözler bilen aýtsak, ol adam Hudaýa doga edende gelen zatlaryň logika laýyk gelýän gelmeýänine garamazdan, Hudaýa tabyn bolmany saýlaýar. Hasyl göze görnüp durdy – indi onuň synanyşyklary şowsuz bolmady!

Biziň ogullarymyzyň biri ýetginjekkä men onda özi üçin hiç hili manysy

bolmajak zady etmegini haýyş etdim. Ol meniň diýýän zadymyň hiç hili düşündirişiniň ýokdugyny aýdyp, maňa gulak asmak islemedi, ýöne men öz diýenimde durdum. Ahyrsoňy ol çykgynsyz ýagdaýda: "Kaka, men başga müňýyllygyň adamy, bize bir zat etmezimizden öňürti, "näme üçindigine" düşünmek zerur!" – diýip aýtdy.

Men oňa: "Bolýar, men saňa ylalaşyk teklip edýärin. Hakyky bolan zady gürrüň berip, saňa düşündirmäge rugsat et. Hudaý bir ýaş pygambere Ýahudadan Beýtele gidip, ysraýyl patyşasyna pygamberlik etmelidigini we giden ýolundan yzyna gaýtmaly däldigini, bütin ýoluň dowamynda hiç zat iýmeli däldigini aýdýar. Ýaş pygamber Mukaddes Ruhuň nesihatyna gulak asmaýar-da, munuň netijesinden ejir çekýär: ýolda ony ýolbars iýýär (1 Patyşalar 13:16, 23-26-a seret). Oglum, saňa şu ylalaşygy teklip edýärin. Ýaş pygambere "näme üçin" şeýle nesihatyň berlendigini düşündirip bilen günüň meniň saňa "näme üçin" şeýle etmegi buýurýandygymy aýdaryn" – diýdim.

Şu wagta çenli-de ol maňa "näme üçindigini" aýdyp bilmedi. Mundan beterem, bu waka meni-de haýran galdyrýar. Hudaýyň bize öz düşünjämizde asla manysy bolmadyk bir zady etmelidigimizi aýdýan wagty-da bolýar. Onuň akyldarlygy mydama netije bilen tassyklanylýar. Ine, näme üçin Isa: "Ýöne akyldarlyk öz işleri bilen tassyklanar" (Matta 11:19) – diýýän eken.

Geliň, biziňem hemmämiz, gijesi bilen zähmet çekse-de, hiç zat tutup bilmedik, ýöne Isanyň sözüne gulak asyp, suwuň çuň ýerine ýene toruny taşlan Petrus ýaly bolalyň. Bu buýruk, olar eýýäm tapdan düşen wagtynda, goşmaça uly işi talap edýär. Size Petrusyň jogaby ýaramaýarmy: "Bütin gije zähmet çeksek-de, hiç zat tutup bilmedik, ýöne Seniň sözüň hatyrasyna torlary taşlaýyn" (Luka 5:5). Netijede iki gaýyk balykdan doldy.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** "Özüne bil baglaýan akylsyzdyr; akyldarlykda gezýän bolsa halas bolar" (Süleýmanyň pähimleri 28:26).

**Many.** Rebbiň akyldarlygy biziňkiden köp derejede ýokarydyr, şonuň üçin öz aklyňa bil baglamak gerek däl. Öz aklymyzyň peýdaly tabynlykdan ünsümizi bölmegi mümkin. Hudaýdan gorkýan adam, munuň özi üçin hiç hili manysy ýok ýagdaýynda hem, Oňa gulak asar.

**Oýlanma.** Maňa Hudaýyň akyldarlygyna ynanmak kynmy? Geçmişde Onuň maslahatlarynyň üstünde oýlanyp, özüm üçin logika laýyk gelýän

zada tarap gyşardymmy? Munuň netijesi nähili boldy? Eger maslahat sorap, Hudaýa ýüzlensem we Oňa ynansam näme bolardy? Men özümi şol prosese bagyş edip bilerinmi?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Gökdäki Atam, Seniň akyldarlygyňa garanda öz akyldarlygyma köpräk ynananym üçin meni bagyşla. Seniň Sözüňi okanymda, doga-dileg edenimde we Senden gorkýan adamlaryň takwa maslahatlaryny diňlänimde, Seniň akyldarlygyňy kabul etmäge ynam bermegiňi soraýaryn. Hatda manysy bolmasa-da, Saňa ynanmaga we tabyn bolmaga maňa güýç ber. Isanyň ady bilen doga edýärin. Omyn.

**Toba etmek.** Men öz akyldarlygyma, Hudaýyň däl-de, adam ukybyna ynanýanlaryň seslerine däl-de, Hudaýyň akyldarlygyna tabyn bolmaklygy saýlaýaryn.

Hudaýy söýmek we
Ondan gorkmak – hatda
baýraga umyt bolmasa-da
ýa-da jezadan gorkýany
üçin bolsa-da – adamyň
borjudyr.

– MAÝMONID

# 25| GÖZE GÖRNÜP DURAN HIÇ HILI PEÝDA ÝOK

Belki, siz ene-atalaryň talyp oglunyň ýa-da gyzynyň ýekeje gezek özlerine, pul gerek bolanda, jaň edendigini aýdyp zeýrenýänini eşidensiňiz. Adatça munuň ýaly seýrek edilýän jaňlarda çaga ene-atasy bilen gürleşende gyzyklanma bildirip biler, ýöne onuň esasy maksady – zerur serişdelerden bähbit almak bolýar. Mukaddes gorky bizi özümiziň Gökdäki Atamyza şonuň ýaly hereketleri etmekden goraýar we Hudaýyň Sözüniň öňündäki titremäniň indiki tarapy bilen bizi tanyşdyrýar. Geliň, täze görkezijini goşup seredeliň.

Biz

1. Haýal etmän Hudaýa gulak asmaly.
2. Hatda hiç hili manysy ýok ýagdaýda-da Hudaýa tabyn bolmaly.
3. **Şahsy bähbidiňizi görmeseňiz hem, Hudaýa gulak asmaly.**

Kyrk ýyllyk gullugymyň dowamynda men, aýratynam, günbatar ýygnagynda, gussaly bir hakykaty gördüm. Imanlylary tabynlyk bilen gyzyklandyrmak üçin juda köp ýagdaýda bähbidi bellemeli bolýar. Pikirlenip bir görüň. Biz mukaddeslik baradaky wagzy diňlemek üçin birinji hatarda oturjak bolup, ýygnanyşyk başlanmazyndan otuz minut öň gelýärismi? Tabynlyk baradaky sözbaşyly kitaplar uly eserleriň sanawynda başda durýarmy? Bu meýle görä bolmak üçin liderler eglişiksiz hakykatdan gyşarýarlarmy? Başga sözler bilen aýtsak, Hudaýyň halkyny Isanyň yzyna

eýermek üçin özüni inkär etmäge çagyrmagyň deregine, köp liderler basyşa ýan berip, ýallaklap, gulaga ýakymly taryhlary gürrüň bermeýärlermi?

Bu meýli näme beýle gussaly edýärkä? Hudaýyň akyldarlygyndan özümizi daşlaşdyrmak bilen biz özümize zyýan edýäris. Onuň buýruklary, maslahatlary we akyldarlygy ahyrsoňunda, ýerdäki ýaşaýyşda bolşy ýaly, geljekki ýaşaýyşda hem, iň beýik ak patalary getirer. Hudaýyň Sözüni ýerine ýetirýänlere "beýik baýragyň" bardygy bize aýdylandyr (Zebur 18:12). Hudaýdan sahy bolmak mümkin däl, Onuň peýdasy siziň Hudaý üçin edip biljek zatlaryňyzyň hemmesinden-de köpdür.

Başga bir tarapdan, gaýratyňy delillendirmek howpludyr. Göze görnüp duran bähbidimiz bolmasa, Hudaýyň buýruklaryna şeýle aýgytlylyk bilen eýererismi? Has takygy, şahsy bähbitlerimiz bizi ýuwudýar. Ine, näme üçin Rebden gorkmaklygyň aýgytly ähmiýeti bar eken; ol baýragyň göze görnüp durandygyna ýa durmandygyna garamazdan tabynlyga meýillendirýär.

Beýik pars imperiýasy kuwwatly bolup, özüne beýleki patyşalyklary hem tabyn edipdir, onuň lideri Kserks patyşa ýer ýüzündäki iň kuwwatly adam bolupdyr. Ol Ester atly ýewreý zenana öýlenýär.

Patyşanyň ýanyndaky iň ýokary wezipeli adam Haman bolupdyr. Ol Esteriň doganoglany bolan Mordekaý tarapyndan güýçli kemsidilýär, Mordekaý hem patyşanyň ýanyndady. Haman gaharyna diňe Mordekaýy däl-de, eýsem bütin ýewreý halkyny jezalandyrma kararyna gelýär. Ol edil beýleki adamlaryň köpüsi ýaly, Esteriň ýewreýdigini bilmeýär.

Haman patyşa ýewreý halkyny gaharly ýamanlamagy dowam etdirýär we bir günüň içinde bütin halky gyrmagy teklip edýär. Onuň pikiri ugruna bolýar. Patyşa muňa razy bolup, perman çykarýar-da, ony ýüzügindäki möhri bilen berkidýär.

Mordekaý perman baradaky täzeligi bilende, öz doganoglan uýasynyň – şa zenany Esteriň ýanyna habarçy iberýär. Ol Esterden patyşanyň ýanyna baryp, ýewreý halkynyň tarapyny almagy haýyş edýär.

Ester: "Erkekdigine ýa-da aýaldygyna garamazdan, patyşanyň ýanyna çakylyksyz gelen adam babatda bir kanun bar – ölüm, diňe patyşanyň altyn hasasyny uzadan adamy diri galýar. Patyşanyň ähli köşk emeldarlary we onuň ähli welaýatlaryndaky adamlary muny bilýärler. Men otuz gün bäri patyşanyň ýanyna çagyrylamok" (Ester 4:11) – diýip jogap berýär. Esteriň Kserksiň aýaly bolandygyna garamazdan, ol onuň sütünli zalyna çakylyksyz barsa, ony jezalandyrmaklary mümkindi.

Geliň, bu barada pikir edeliň: ol şa zenany, kaşaň durmuşda ýaşaýar –

onda göwün isleýän zatlarynyň hemmesi bar. Ol Hudaýyň halky üçin sütünli zala gitmäge töwekgelçilik etmek bilen özüne hiç zat almaýar, ýöne hemme zadyny, şol sanda kellesini-de ýitirmegi mümkindi. Şeýle-de bolsa, onuň Mordekaýa beren jogabyna üns beriň:

> Soňra Ester Mordekaýa şeýle jogap beriň diýdi: "Bar, Suzadaky ähli ýahudalary ýygna, meniň üçin agyz bekläň, üç gije-gündizläp iýmäň, içmäň. Men we meniň kenizlerim-de siziň ýaly agyz bekläris. Şondan soň kanundan çykýan hem bolsam, patyşanyň ýanyna *giderin*. *Goý, ölsem öleýin*" (Ester 4:15, 16).

Mukaddes gorky ony Hudaýyň Patyşalygyny özüniň şahsy abadançylygyndan ýokary tutmaga ruhlandyrdy. Onuň owadan durmuşy, howpsuzlygy, baýlygy we derejesi özüniň tabynlygy zerarly howp astyna salnypdy. Ol hiç zadam alyp bilmeýärdi, ýöne Hudaý üçin wajyp bolan zat onuň üçin hem dolulygyna wajypdy. Ol Hudaýyň Sözüniň öňünde titreýärdi we Hudaýdan gorkýardy.

2015-nji ýylda Liza ikimiz Ýerewandaky (Ermenistan) konferensiýada gulluk etdik. Oňa 3500 lider ýygnanypdy. Bütin Gündogar Ýewropadaky we Ýakyn Gündogardaky ruhy çopanlar geldiler, köpler Eýrandan maşynly geldiler (Ýerewan Eýranyň serhedinden otuz km. aralykda ýerleşýär). Ol wagtlar Eýranyň raýatlaryna Ermenistana girmäge rugsat edilýärdi, şonuň üçin gizlin ýygnagyň köp liderleri hem geldiler. Duşuşyklar diýseň gowy geçdi.

Soňky ýygnanyşyk gutaranyndan soň Liza ikimiz arassa howadan dem almak üçin, Ýerewanyň baş köçesinde gezelenç etme kararyna geldik. Şonda ýigrimi ýaşdan azajyk ulurak bolan iki sany gyz biziň bilen salamlaşmak üçin restorandan ylgap çykdy. Görüp otursak, olar Eýranly liderler eken. Olar diýseň owadandylar we ýaşaýyş isleginden doludylar. Şol pursatda: "Öýlenmedik ogullarymyň haýsyny bu gyzlar bilen tanyşdyrsamkam?" diýip pikir edenimi boýun alýaryn.

Liza ikimiz olar bilen ýigrimi minut dagy gürleşdik. Biz olary dini polisiýanyň yzarlaýandygyny bildik. Konferensiýa wagtynda, olaryň niredediklerini bilmek üçin Eýran häkimiýetiniň wekilleri olara jaň edipdirler. Gyzlaryň biri öz telefonyna howsalaly habaryň gelendigini aýtdy.

Şonda men özümiň kyrk ýyllyk gullugymyň dowamynda aýdan iň akmak sözlerimiň birini aýtdym. Men oňa: "Siz näme üçin yzyňyza gidýärsiňiz? Näme üçin gaçmaýarsyňyz?" – diýdim.

Ol maňa aýgytlylyk bilen päk ýürekden mähirli seredip: "Eger biz gaýdyp

barmasak, parslara kim Isa barada gürrüň berer?” – diýip jogap berdi.

Onuň jogaby meni aňk etdi. Biz bu gyzlaryň özlerini gorama instinktini bir gyra goýanynyň şaýatlary bolduk, ony özleriniň ýurdunda Patyşalygy ýaýratmaga bolan yhlas basyp ýatyrypdy. Olar Esterde bolan mukaddes gorkuda ýaşaýardylar. Olar özleriniň öňlerinde hiç hili şahsy bähbidini görmeseler-de, Hudaýa gulak asýardylar, janlaryna töwekgelçilik edýän bolmaklary hem ahmaldy. Men bir wagtyň özünde düzediş we ruhlanma aldym.

Bu gyzlardaky göze ilip duran aýgytlylyk diňe bir tabynlyk hereketine syrykmaýar. Bu olaryň ösdürýän we şoňa laýyklykda ýaşaýan ýörelge pozisiýasydy. Bu biziň Hudaýyň Sözüne bolan garaýşymyz bolup, hatda ähmiýetsiz ýaly bolup görünýän zatlarda-da sessiz gelýän kararymyzdyr. Biz hatda ownuk zatlarda-da Hudaýyň Sözüne we Mukaddes Ruhuň ugrukdyrmasyna tabyn bolmaklygy saýlaýarys. Biziň iş rejämiz doly bolsa-da, birden sebäpsiz, görnüp duran bähbitsiz, maksatsyz kimdir birine jaň etme islegini duýýarys. Jaň edýäris, köplenç hem soňundan “näme üçin?” diýip pikir edýäris.

Belki, kimdir biriniň özümize töhmet atanyny bilendiris. Şol adamy bagyşlamakda, ýaraşyk gözlemekde we oňa ak pata bermekde göze görnüp duran bähbit ýok, ýöne diňe “Hudaýyň sizi Mesihde bagyşlaýşy ýaly, biri-biriňizi bagyşlaň” we “size gargaýanlara ýagşy dilegde boluň” (Efesliler 4:32; Luka 6:28) diýen tabşyryklara tabyn bolup, şeýle etmekligi saýlaýarys.

Belki, bizi ýigrenýän biri bize erbet daraýandyr. Isanyň: “sizi ýigrenýänlere ýagşylyk ediň, size zulum edýänler üçin doga ediň” (Matta 5:44) diýen sözlerine gulak asmakda göze ilip duran nähili bähbit bar? Ýa-da, ine, näme barada pikir ediň: yzarlanylýan ýurtlardaky imanlylar özlerini yzarlaýanlara, gynaýanlara, hatda imany üçin ýakynlaryny öldürýänlere-de ak pata bermekde nähili bähbit görýärler? Şeýle-de bolsa, Liza ikimiz şeýle ýagdaýlar bolýan ýurtlardaky ruhy çopanlar bilen gürleşenimizde, olardaky haýran galdyryjy şatlygy we ýaşaýşa teşneligi gördük.

Başga ýurtlardaky adamlar üçin yhlasly doga etmegiň näme peýdasy bar? Özüňize hiç haçan gaýtaryp bilmejek başga ýurtdaky adamlar üçin zekat bereniň näme peýdasy bar? Sanaw tükeniksiz. Sorag, ine, nämede jemlenen: ýüregiňizde ýanyp duran mukaddes gorka jogap edip, Hudaýa üýtgewsiz ýagdaýda tabyn bolarsyňyzmy ýa-da şahsy bähbidiňizi görýänçäňiz garaşýarsyňyzmy?

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Çünki kim janyny halas etmek islese, ol ony ýitirer, ýöne kim öz janyny Meniň ugrumda ýitirse, ol ony halas eder” (Matta 16:25).

**Many.** Hudaýyň özümize şahsy bähbidi getirmeýän ýaly bolup görünýän akyldarlygyndan daşlaşmak bilen biz köplenç beýik ak patalary elden giderýäris. Aslynda, dowamly perspektiwada biz özümize zyýan edýäris. Biz hiç haçan hem, Hudaýdan ýokary bolup bilmeýäris.

**Oýlanma.** Isa: “janyňy goramak” diýmek bilen nämäni göz öňünde tutýar? Mukaddes Kitabyň bu aýadyna men diňe, ejir çekmeklik ýaly ýeke-täk ýagdaýlar esasynda seretdimmi? Men ony özümiň gündelik kararlarymda ulandymmy? Eger men muny eden bolsam, näme bolardy? Bu meniň ýaşaýyş durmuşymy nähili üýtgederdi?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Gökdäki Atam, öz teşneligimi çäklendirýänim we şahsy bähbidim hasap edýän akyldarlygyma tabyn bolýanym üçin meni bagyşla. Men bu pikirime toba edýärin we Senden ötünç soraýaryn. Şu pursatdan başlap, men janymy goramazlygy, ony Isa üçin bermegi saýlaýaryn. Şonuň üçin, maňa derrew gelýän peýdany getirmegi wada bermeýän bolsa-da, Seniň akyldarlygyňa teşne bolaryn we oňa ymtylaryn. Isanyň ady bilen doga edýärin. Omyn.

**Toba etmek.** Men Rebbim Isanyň akyldarlygy we islegi üçin her pursatda janymy bermekligi saýlaýaryn.

Tabyn bolmazdan halas bolma bolup bilmez, sebäbi halas bolma tabynlyksyz özbaşyna bir garşydaşlyk bolar we beýle zat mümkin däldir.

– A. U. TOZER

# 26| GOWY AGYRY

Çaganyň dogulmagy aýal üçin ýakymly zat däl – bu kyn zat, hatda agyryly zatdyr. Şeýle-de bolsa, soňky netije – bu maşgalanyň islenilen täze agzasydyr. Göwrelilik hem dogurma bilen baglanyşykly bolan oňaýsyzlyk bolmasa, şol täze ajaýyp jan bu dünýä gelip bilmeýär. Bu Hudaýyň Sözüniň öňündäki titremäniň täze tarapy barada düşünje berýär. Birinji üç görkeziji soňky bilen şulardyr:

1. Haýal etmän Hudaýa gulak asmaly.
2. Hatda hiç hili manysy ýok ýagdaýda-da Hudaýa tabyn bolmaly.
3. Şahsy bähbidiňizi görmeseňiz hem, Hudaýa gulak asmaly.
4. **Agyryly bolsa-da, Hudaýa gulak asmaly.**

Esasy Mukaddes Kitap aýatlarymyzyň birine, Filipililer 2:12,13-e gaýdyp baranymyzda, gutulyşymyzy gorky hem titreme bilen ýerine ýetirmeligimizi özümize ýatladýarys. Bizi *tabynlyga* çagyrýan bu sözleriň edil öň ýanynda Pawlus Isanyň mysalyny görkezýär. Biziň Rebbimiz Özündäki hudaýlyk artykmaçlyklarynyň hemmesini aýryp, “ölüme, hatda haç üstündäki ölüme-de boýun egip, Özüni kiçeltdi” (Filipililer 2:8). Isa öz yzy bilen ummasyz jepalary alyp gelen bolsa-da, Atasynyň haýyşyna höwes bilen tabyn boldy.

Haça çüýlenilmeziniň öň ýanyndaky gijede Isa Getsemani bagynda güýçli ýürek tolgunmasynda: “Eý Atam! Mümkin bolsa, bu käsäni Menden geçir; ýöne Meniň isleýşim ýaly däl, Seniň isleýşiň ýaly bolsun” (Matta 26:39) – diýip gygyrdy. Tabynlyk bilen özüni goramanyň arasyndaky garşydaşlyk şeýle güýçli bolany sebäpli, Isany gan damjalary ýaly der basdy. Onuň “Özüniň hem, edil biz ýaly, hemme zatda synalanyny (ýöne şonda günä etmändigini)” (Ýewreýler 4:15) ýada salyň. Ol bu eýmenç jebirleri öňünden gördi, şoňa görä-de, Atasyndan Öz islegini ýerine ýetirmäniň başga ýoluny

bermegini ýalbaryp sorady, ýöne bu mümkin däldi. Şeýle derejedäki tabynlyga näme ruhlandyrýar?

> “Mesih ýerdäki ýaşan durmuşynda Özüni ölümden gutarmagy başarýan Hudaýa uly perýat, gözýaşlar bilen gaty sesli doga etdi we *takwalygy* üçin *eşidildi”* (Ýewreýler 5:7).

Çuň mukaddes gorky Oňa berk durmaga we adamyň güýjüniň ýetmejek zadyna çydamaga güýç berdi. Şeýlelikde, bize şeýle diýlipdir:

> “Şeýlelikde, Mesihiň tende ejir çekendigi sebäpli, sizem şonuň ýaly pikir bilen *ýaraglanyň*, sebäbi tende görgi gören adam günä etmegi bes etdi” (1 Petrus 4:1).

Dowam etmegimizden öňürti wajyp bir pursaty bellemäge maňa rugsat ediň. Ýalan din özüniň gulluk edýän hudaýynyň göwnünden turmak üçin biziň görgi görmegimizi isleýär. Hakyky mesihilik Hudaýa tabynlygy gözleýär we bu prosesde günäli dünýäniň garşy çykmasyna duş gelýär, bu bolsa köplenç görgülere alyp barýar. Hudaýa synaglara ymtylyş däl-de, diňe tabynlyk ýaraýar. Görgüler fiziki hem ruhy bolup bilýär, olaryň ikisinden gelýän agyry hem, iň agyr agyrydyr.

Petrus *ýaraglanmagy* nesihat berýär. Siz urşa uçarsyz, gämisiz, tanksyz, awtomatsyz, patronsyz we pyçaksyz – ýaraglanman barýan goşuny göz öňüne getirip bilýärsiňizmi? Bu barada pikir etmegiň özi akmaklyk ýaly bolup görünýär. Edil şonuň ýaly, imanly adam üçin görgülere taýýarlyksyz bolmaklyk, köpler şeýle edýän bolsalar-da, akylsyzlyk bolup durýar. Ýaraglanmadyk imanly adam özüni goramak üçin synaglardan ýeňillik bilen geçip biler. Rebden gorkmaklyk – ine, bizi näme ýaraglandyrýar, ol her neneň görgüleri getirýän bolsa-da, bizde Hudaýa tabyn bolmanyň çuň islegini döredýär.

Men görgüler baradaky kän wakalary – bütin bir kitaby doldurar ýaly mukdaryny gürrüň berip biljek. Wakalaryň biri 1990-njy ýyllaryň başlarynda gulluk bilen baglanyşykly sapara degişli. Liza ikimiz çagalarymyz bilen bile çölüň ortasynda ýerleşýän kiçijik bir şähere gulluk etmäge geldik. Ol ýygnak ýaňy-ýakynda ruhy çopansyz galypdy: ruhy çopan ony uly ýygnaga gitmek üçin terk edipdi.

Başdaky birnäçe duşuşyklar agyr geçdi. Ýygnanyşyga gelenleriň aglaba bölegi hiç hili gyzyklanma bildirmeýärdi, yzky hatarlarda oturan ýaşlar degişýärdiler we gülüşýärdiler. Ýöne üçünji duşuşykda galkynyş boldy. Onuň

ýetiren täsiri şeýle güýçli boldy, hatda ýaşlaram öňdäki hatarlarda oturmak üçin irräk gelýärdiler. Adamlaryň sany artdy, şonuň üçin ýygnanyşyklar birnäçe hepdelere çenli çekilýärdi. Biz her gün agşam ýygnagyň hyryndykyn bolup duran kiçijik zalynda ýygnanyşýardyk. Ol ýerde birnäçe adam gutulyş alýardy, hemmesi diýen ýaly täzeden doguldylar.

Biz Hudaýa köp doga etdik we şondan soň bu ýerde islendik möhlet bilen – ýygnagy täze ruhy çopany kabul etmäge taýýarlamak üçin birnäçe aýa çenli bu ýerde galmagy teklip etdik. Ýöne ýygnak agzalary bu babatda hiç hili şatlyk bildirmediler, sebäbi bu olaryň endik edinen durmuşyny we işleriň gidişine gözegçiligi bozýardy. Gelen arzlaryň biriniň indi ýaşlaryň öňdäki hatarlarda oturýanyny olaryň halamaýandyklary baradadygy bizi juda geň galdyrdy. Başga-da nägilelikler bardy, ýöne olar üns bereniňe degmeýärdi. Netijede olar biziň teklibimize garşy ses berdiler-de, bizden gitmegi haýyş etdiler.

Şol gün agşam men ertir soňky ýygnanyşygy geçirýändigimizi yglan etdim. Lapykeçlik sesleri zalda ýaň bolup ýaňlandy. Bu dartgynly hem aljyradyjy we oňaýsyz pursat boldy.

Ertesi gün ýygnaga gaharly bir adam jaň etdi, onuň aýaly ýygnanyşyklara gelýärdi. Ol adam soňky duşuşygymyz wagtynda ýygnak binasyny partlatjakdygyny aýdyp haýbat atdy. Men bu sözleriň üstünden güldüm, soň bir poliseý bu barada maňa jaň etdi.

Men hiç zada düşünmän: “Elbetde, beýle zat bolup bilmez” – diýip jogap berdim. Ofiser: “Jenap, men ol adamy tanaýaryn. Ol gaty uly neşe dileri bolup, neşe söwdasyny etmekde şübhelenilýär. Eger ol birazrajyk içse, onda öz haýbatyny ýerine ýetirmezem öýdemok” – diýip jogap berdi.

Men aljyrap: “Ýöne siz bizi gorarsyňyz-a?” – diýip soradym we onuň beren jogabyna kynlyk bilen ynandym: “Biziň bu şähere iň golaý bölümimiz bu ýerden otuz bäş km. aralykda ýerleşýär. Sagat altyda meniň çalşygym gutarýar, şonuň üçin size hiç kim baryp bilmeýär, sebäbi bizde işgär ýetmezçilik edýär”.

Men hiç zada düşünmän trubkany goýdum, soň has aljyraňňy ýagdaýa düşdüm. Meniň aklym haýal etmän goşlary ýygnap, şäherden gitmelidigini gygyryp aýdýardy. Biz ýygnak agzalarynyň birine degişli bolan iki otagly jaýda ýaşaýardyk, ol meýdanda ýerleşeni üçin hüjüm edilmäge oňaýlydy. Biz özümizi goralmaýan we ret edilen duýduk. Aslynda şol agşama barmak nämä gerek? Ýygnagyň maslahaty bizi inkär etdi, biz göni şäherden gitmeli!

Men öz pikirlerimiň egoistik pikirdigini bilýärdim. Birnäçe hepdelik gullugymyzyň dowamynda köp adamlara täsirimizi ýetirdik, şonuň

üçin, eger haýbatlar sebäpli biz olary wagtyndan öň taşlasak, onda olar özlerini ret edilen ýaly duýarlar. Men gaçmaklygyň hem eglişik etmek ýaly bir zat boljakdygyny, onuň bütin galan ömrümize täsirini ýetirmeginiň mümkindigini bilýärdim. Men diňe Isanyň: “... hakyna tutulan adam bolsa möjegiň gelýänini görüp, goýunlar özüniňki bolmansoň, olary taşlap gaçýandyr” (Ýohanna 10:12) – diýen sözleri hakda pikir etdim.

Biz birnäçe sagatlap doga-dileg etdik. “Eden kasamy öz zyýanyna bolsa-da, ondan dänmeýän” (Zebur 14:4) adamlaryň Hudaýyň barlygynda bolýandygy hakda gürrüň edýän meniň ýüregimde Mukaddes Kitap aýady ýaňlandy durdy. Ahyrsoňy ýüreklerimizde asudalyk höküm sürdi, soň biz özümiziň howpsuzlykda boljakdygymyzy duýduk. Şol agşam gaty gowy ýygnanyşyk boldy. Bomba partlamasy bolmady, şeýdip, biz adamlar bilen abraýly hoşlaşyp bildik.

Biz günäli, Hudaýyň ýollaryna garşy durýan, hatda duşmançylykly hem bolan dünýäde ýaşaýarys. Ine, näme üçin: “Çünki Mesihiň hatyrasyna Oňa diňe iman getirmek däl, eýsem Onuň ugrunda görgi görmek hem size berlendir” (Filipililer 1:29) diýip ýazylan eken. Diňe Pawlus däl, eýsem Petrus hem şeýle ýazýar:

> “Çünki siz şeýle bolmaga çagyryldyňyz, sebäbi Mesih hem Öz yzyny alyp götermegiňiz üçin görgi görüp, size bir nusga galdyrdy. Ol günä etmedi, agzyndan hileli söz çykmady. Sögülende sögmän, görgi görende gorky salman, Özüni adyl höküm çykarýan Hudaýa tabşyrdy” (1 Petrus 2:21–23).

Biz ar almaly däldiris; has takygy özümize edilýän her bir adalatsyz zady Hudaýyň eline bermelidiris. Biz muňa gözümizi ýummaly däldiris-de, eýsem dogada hemme zady Oňa aýtmalydyrys. Hudaý biziň ýerimize ar alar, ýöne Öz ýoly bilen we Öz wagtynda alar.

Patyşalygyň gahrymanlary imanlary arkaly beýik ýeňişleri gazandylar, ýöne Hudaýa tabyn bolandyklary sebäpli olaryň üstlerinden güldüler, gynadylar, zynjyrlar bilen gandalladylar, ezýet berdiler, çöllerde sergezdan bolup ýörmäge, gowaklarda ýaşamaga mejbur etdiler we başga-da köp dürli oňaýsyz hem agyryly ýagdaýlary duýmaga mejbur etdiler. Näme üçin? Sebäbi olar günäli, Hudaýyň Patyşalygyna duşmançylykly bolan dünýäde ýaşadylar (Ýewreýler 11:36-39-a seret). Olaryň hemmesinde bir umumy zat bardy: mukaddes gorkynyň kömegi bilen olar agyry çekseler-de, tabynlykdan ýüz öwürmekden boýun towladylar. Ýöne olar özlerine berlen

wada ynanýardylar: “Gözýaş bilen ekenler şatlyk bilen orarlar. Tohumly çuwaly göterip, aglap barýan adam desselerini göterip şatlyk bilen ýene geler” (Zebur 125:5-6).

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Rebden gorkmakda güýçli ynam bardyr; Ol Öz ogullarynyň hem penasy bolar” (Süleýmanyň pähimleri 14:26).

**Many.** Rebbiň öňündäki gorky – bu hatda synaglar bolanda-da, Hudaýa tabyn bolma kararyna gelmekligi çuň saklamaga bize kömek edýär.

**Oýlanma.** Men özümi goramak üçin Hudaýyň Sözüne tabyn bolýarynmy? Men toba etmäge we Rebbiň gorkusyny kabul etmäge taýýarmy? Hatda meniň pulumy ýitirmäni, sosial ýa-da fiziki ýitgini çekmeli bolsam-da, men tabynlygy saýlaýarynmy?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Reb, özümi goramak üçin Seniň Sözüňe tabyn bolmakdan gaçanym üçin meni bagyşla. Men akylsyz saýlaw edenime düşünýärin. Seniň goragyň bozulmazdyr we mydama bolýandyr, meniň goragym diňe wagtlaýyndyr. Şu pursatdan başlap we mundan beýläk men Rebden gorkmany saýlaýaryn. Goý, bu nämä durýan bolsa-da, maňa Saňa tabyn bolmagyň çuň karara gelmesini sowgat etsin. Seniň güýç-gudratyň üçin sag bol. Isanyň ady bilen. Omyn.

**Toba etmek.** Eger bu ejir çekjegimi aňladýan bolsa-da, men Hudaýa tabyn bolmanyň mukaddes gorkusyny kabul edýärin. Men janymy adalatly höküm Çykarýanyň ellerine berýärin.

Aýak basjak ýodaňy
dogrula, şonda ähli
ýollaryň berk bolar.

– SÜLEÝMANYŇ PÄHIMLERI 4:26

# 27| BERJAÝ BOLDY

Bu babyň başynda size bir sorag bermäge rugsat ediň: islendik bir proýekti soňuna çenli gutarmazdan onuň doly güýjüni açyp bolýarmy? Jogap göze görnüp dur: ýok. Rebbimiziň durmuşa geçirme prosesinde gaty uly proýekt bolup, onuň düýp özeni Patyşalygy gurmakdy. Ol biziň her birimiziň üstümize proýektiň bölejiklerini ýükledi. Olar doly edilip gutarylanda, Onuň şöhratly Patyşalygynyň işini tamamlaýarlar.

Indi Hudaýyň Sözüniň öňündäki titremäniň soňky tarapyna geçenimizde, bu hakykaty kelläňizde saklaň. Ýene onuň dört tarapyny sanaýarys-da, olaryň üstüne soňkyny hem goşýarys:

1. Haýal etmän Hudaýa gulak asmaly.
2. Hatda hiç hili manysy ýok ýagdaýda-da Hudaýa tabyn bolmaly.
3. Şahsy bähbidiňizi görmeseňiz hem, Hudaýa gulak asmaly.
4. Agyryly bolsa-da, Hudaýa gulak asmaly.
5. **Soňuna çenli Hudaýa gulak asmaly.**

Ysraýylyň birinji patyşasy Şawul – bu Hudaýyň Sözüniň öňünde titreme duýmaýan adamyň adaty mysalydyr. Onuň manysy bolmadyk, göze görnüp duran bähbit bolmadyk ýa-da onuň peýdasyna gulluk etmedik wagtynda ol tabynlykdan aňsatlyk bilen yza çekildi. Onda mukaddes gorkynyň ýoklugy sebäpli, şunuň ýaly islendik herekete mahsus bolşy ýaly, bu köplenç başga adamlarda agyry döretdi we olara zyýan ýetirdi.

Hemişe beýle bolmandy. Patyşa bolmazyndan öň ol pes göwünli hem Hudaýdan gorkýan adamdy – el-ele berip ýöreýän bu iki gowy häsiýeti-de bardy. Meşhur pygamber Şamuwel ony gözläp tapanda, ol derrew: “Sen näme üçin meni gördüň? Men Ysraýylyň iň kiçi tiresinden ahyry, meniň taýpamam biziň taýpalarymyzyň içinde iň kiçisi dälmi?” (1 Şamuwel 9:21-e

seret, awtoryň başga sözler bilen düşündirmesi) – diýdi. Köp wagt geçmänkä, kimiň özleriniň birinji patyşasy boljakdygyny görmek üçin bütin Ysraýyl ýygnandy. Uzaga çeken prosesden soň Hudaýyň saýlawy Şawula düşdi, ýöne serdarlar ony çagyrjak bolanlarynda tapmadylar, sebäbi ol gizlin ýerde gizlenipdi. Ol özüniň tanalmagyny islemedi (1 Şamuwel 10:20-24-e seret).

Mukaddes gorky onuň hazynasy däl bolup çykdy. Süleýmanyň üstünlik, şöhrat we patyşalygyň artykmaçlygyny alyp, ahyrsoňunda mukaddes gorkyny ýitirişi ýaly boldy. Adamlaryň köpüsinde, şol sanda Şawulda-da bolşy ýaly, mukaddes gorkyny ýitirmegiň ilkinji alamatlary bildirmeýär. Hemme zat ownuk zatlara perwaýsyz bolmakdan başlanýar-da, kem-kemden ynsabymyzyň hapalanmagyna alyp barýar. Ahyrynda uly meselelere duş gelenimizde, özümiziň gulak asmazak bolandygymyza düşünýäris.

Şawul patyşada-da şeýle boldy. Mukaddes gorkyny ýitirmegiň alamatlary onda peýda bolup başlaýar (1 Şamuwel 13:5-14-e seret), ýöne şol bir wagtyň özünde ummasyz üstünlikleriň oňa ýar bolmagy bilen hemme zat çylşyrymlaşdy (1 Şamuwel 14:47-ä seret).

Birnäçe wagt geçenden soň, patyşa: “Indi, bar, amalekleri gyr, olaryň ähli emlägini bütinleý ýok et. Olara rehim etme-de, aýal-erkegi, ýetginjeginden başlap, emzikdäki çagasyna çenli, öküzinden goýnuna çenli, düýesinden eşegine çenli gyr” (1 Şamuwel 15:3) diýen buýruk berildi. Reb bu halky ýaramaz işleri üçin jezalandyrmaga taýýardy.

Şawul 210 müň esgeri aldy. Ol öz esgerleri bilen amalekleriň patyşasy Agakdan başga adamlaryň we iň gowy öý haýwanlaryndan başga mallaryň hemmesini gyrdy (1 Şamuwel 15:7–9).

Geliň, bu barada gowuja oýlanalyň. Eger Şawul şonuň ýaly uly goşuny ýygnan bolsa, ameleklerde az bolanda, ýarym million adam bar bolanda, şonuň üçin aslynda olar 249999 adamy gyrandyr. Patyşa etmeli bolan işiniň 99,99% ýerine ýetirdi, ýöne onuň doly *diýen ýaly* tabynlygyna Hudaýyň beren jogabyna üns beriň:

> “Şawuly patyşa edendigime ökünýärin, çünki ol Menden ýüz öwürdi, buýruklarymy ýerine *ýetirmedi*” (1 Şamuwel 15:11).

Şamuwel bu habar bilen patyşa ýüzlenýär we onuň eden hereketini göni “*gozgalaň*” diýip atlandyrýar (1 Şamuwel 15:23-e seret, iňlis dilinden terjime). Şawulyň *günä edenine* şübhe ýok. Geliň, gysga wagtlyk saklanalyň-da, günä hakda gürrüň edeliň. Resul Ýohanna günäniň kanunsyzlykdygyny

aýdýar (1 Ýohanna 3:4-e seret). Onuň günä berýän kesgitlemesini şeýle düşündirmek bolar: *günä – bu Hudaýyň ygtyýaryna tabyn bolmazlykdyr*. Aşaky nukdaýnazardan serediň: Adam bagda loly bilen düşege girmedi, banky ýarmady we hiç kimi öldürmedi. Ol diňe Hudaýyň aýdan zadyna tabyn bolmady. Edil şonuň ýaly edip, Şawul hem özüne Hudaýyň buýran zadyny etmekde Oňa *doly* tabyn bolmady.

Geliň, çuňrak seredeliň. Şawula söweşe gitmelidigi aýdylanda, ol aýaklaryny kakyp: "Asla gitmerin! Men beýle etjek däl!" – diýmedi. Şonuň ýaly eden bolsa, onda muňa tabyn bolmazlyk hökmünde baha berip bolýandygy bilen adamlaryň köp bölegi ylalaşardy. Şawul bu buýrugy inkär etmedi we başga soraglar bilen özüne kynçylyk döretmedi. Şonuň ýaly ýagdaý bolan bolsa, adamlaryň köpüsi: "Ol tabynlygy birinji derejeli zat etmän, pikirlerinde ýalňyşdy" diýerdi. Ýöne "gozgalaň" sözüni az adam ulanardy.

Şonuň ýaly edip, köpler onuň özüne buýrulan ýumşy 99,99% ýerine ýetirmek bilen gowy iş edendigini tassyklardy, emma örän az adam onuň hereketlerine gozgalaň hökmünde baha bererdi. Eger biz Şawulyň ýerine bolan bolup, şonuň ýaly düzediş alan bolsak: "Diýýäniňiz näme? Pähimliräk bolaýyň! Näme üçin siz meniň ýeten ähli derejelerime däl-de, etmedik az zadyma üns berýärsiňiz?" diýip köpimiz aýdardykmy? Şunuň esasynda aşaky hakykata gelmek bolar: *doly diýen ýaly* tabynlyk – asla tabynlyk däldir.

Geliň, näme sebäpden munuň ýaly güýçli sözleriň ulanylandygyna düşüneliň. Birinjiden, şol döwürlerde, eger siz başga halky ýeňen patyşa bolan bolsaňyz, şonda patyşany diri alan bolsaňyz, bu öz köşgüňde janly oljaň bolýandygyny aňladýardy. Ol mydama siziň patyşalygyňyzyň beýikligini - diňe öz egoistligiňize däl-de, eýsem siziň köşgüňize girenleriň hemmesine-de – ýatlatma bolup hyzmat ederdi.

Ikinjiden, mallaryň iň gowularyny alyp galmak nämä gerekdi? Bu soraga jogap bermezden öňürti, geliň, ony birneme kynlaşdyralyň. Şawul iň gowy mallary Rebbe gurbanlyk bermek üçin diri galdyrmaga rugsat edipdi. Pygambere aýdylan bu ýazgarma üns beriň: "Halk semiz goýunlardyr öküzleri seniň Hudaýyň Rebbe gurbanlyk bermek üçin diri goýdular, galanlaryny bütinleý ýok edip taşladyk" (1 Şamuwel 15:15). Ol muny näme üçin etdi? Belki, ol öz halkynyň hormatyny gazanmak üçin şeýle edendir? Bu Reb Hudaýy ykrar edýän halkdy. Esgerleriň, ruhanylaryň we halkyň garaýyşlaryna üns beriň: elbetde, olar biri-birine: "Biziň şeýle takwa patyşamyz bar, ol Hudaýy mydama birinji ýerde goýýar we Oňa iň gowy zatlary berýär" – diýendirler. Adamlar ilkibaşdaky buýrugyň hemme zady

doly ýok etmek bolandygyny bilmeýärdiler. Aslynda, Şawul öz abraýyny halas etdi. Onuň hereketleriniň aňyrsynda duran zat – adamlardan gorkmakdy. Şawul özüne ynamly däldi.

Häzirki döwürde ynamsyz adamlara köpler duýgudaşlyk bilen seredýärler. Ýöne ynamsyzlygyň aňyrsynda biziň – hatda tabyn bolmazlyk bilen bolsa-da – kabul edilen, söýlen we sylanylan adam bolma islegimiz ýatyr. Özümiziň Ýaradyjymyz tarapyndan nähili çuň söýülýänimize we kabul edilenimize biziň düşünjämiz ýetmeýär. Ynamsyzlygy öz ady bilen atlandyrmak zerurdyr: howply duzak.

Şawul mukaddes gorkynyň ýoklugy sebäpli, buýrugy ýerine ýetirmedi. Geliň, Isa we Onuň bize görkezen göreldesine dolanalyň. Ol inkär edilmä, masgaraçylyga, ýigrenje, tapdan düşüriji garşy çykmalara, fiziki urgulara we eýmenç haça çüýlenilmä duş geldi. Ybadathananyň garawullary Ony tutmak üçin gelenlerinde, Onuň şägirtleri muňa garşy çykjak we Isany gorajak boldular, emma Ol şeýle jogap berdi:

> “Näme, Men Atamdan kömek sorap bilmez we Ol Maňa on iki goşundan-da köp perişdäni ibermez öýdýärsiňizmi? Beýtsem, bu şeýle bolmalydyr diýen Mukaddes Ýazgylar nähili ýerine ýeter?” (Matta 26:53, 54).

Soňuna çenli tabyn bolmak Isa üçin birinji derejeli zat bolupdy.

Mekdepde uly synpda okap ýörkäm men imanly däldim, ýöne biziň geýim çalyşýan ýerimizde asylgy duran plakat meniň ünsümi özüne çekdi. Men ony basketboldaky türgenleşmeden soň her gün görýärdim. Onda başyny aşak sallap oturan sportsmen bardy, aşagynda-da: “Men boýun bolýaryn” diýen ýazgy bardy. Bu suratyň aşagynda haça asylgy duran Isanyň suraty bardy, onuň aşagynda “Men boýun bolmadym” diýen ýazgy bardy.

Bu mende ol wagtlar imansyz bolan adamda, aýrylmajak täsir galdyrdy. Indi ol meniň üçin has uly mana eýe boldy, sebäbi Isanyň şol eýmenç gynamalardan we ejir çekip ölmeden gaça durup biljekdigine, ýöne ahyrsoňunda “Berjaý boldy” diýip aýdyp bilýänçä tabyn bolmagy dowam etdirme kararyna gelendigine düşünýärin. Hudaýyň özümize ynanan zadyny soňuna çenli alyp barmagymyz üçin doly tabyn bolmanyň göreldesini Ol bize görkezdi.

Indi biz Onuň şägirtleriniň imanyny köpeltmegini soranlarynda beren nesihatyna has gowy düşünip bilýäris:

> “Siz hem özüňize buýrulan *ähli* zady ýerine ýetireniňizden soň: “Biz dereksiz hyzmatkärlerdiris, sebäbi etmeli bolan zadymyzy etdik” – diýiň” (Luka 17:10).

Onuň “ähli” diýen sözi düýbünden täze mana eýe bolýar. Geliň, hemişe soňuna çenli tabyn bolalyň.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady. “**Gözümizi aýyrman Isa seredeliň. Biziň imanymyz başyndan ahyryna çenli Oňa bagly. Ol öňüne goýlan begenç ugrunda masgaraçylygy äsgermän, haçdaky ölüme döz geldi, indi hem, Hudaýyň tagtynyň sag tarapynda otyr. Günäkärler tarapyndan gelen şunuň ýaly duşmançylygy başdan geçiren Isa hakda pikir ediň, bu janyňyzyň tapdan düşmezligine we siziň ruhdan düşmezligiňize kömek eder” (Ýewreýler 12:2,3).

**Many.** Doly *diýen ýaly* tabynlyk – bu asla tabynlyk däldir. Hudaýyň özümize ynanan zatlarynyň hemmesinde doly – soňuna çenli – tabyn bolmanyň göreldesini Isa bize görkezdi.

**Oýlanma.** Men Hudaýyň Sözüne tabynlykdan başladymmy, ýöne göwün açmalara, keýplere, garşy çykylmalara, başgalar tarapyndan goldanylmazlyga ýa-da başga bir betbagtçylygyň meni yza çekilmäge we işi soňuna çenli alyp barmazlyga mejbur etmegine ýol berdimmi? Muny nädip üýtgedip bolar?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Gökdäki Atam, meniň Saňa gulak asmakdan başlanym, ýöne – perwaýsyzlyk, ýa-da munda özüm üçin bähbidi görmändigim sebäpli – işi soňuna çenli alyp barmandygym üçin meni bagyşla. Mukaddes gorkymyň ýokdugy üçin toba edýärin we Senden ötünç soraýaryn. Isanyň ady bilen doga edýärin. Omyn.

**Toba etmek.** Men Hudaýyň Sözüne soňuna çenli tabyn bolmagy saýlaýaryn.

Adamlar Hudaýdan gorkmagy bes edenlerinde, olar ikirjiňlenmän Onuň kanunlaryny bozýarlar. Hudaýdan gorkmaklyk ýok ýerinde gorky netijeleri saklamaýar.

– A. U. TOZER

# 28| YNSABY NÄDIP BASYP ÝATYRMALY?

Öňdäki bapda aýdylyşy ýaly, mukaddes gorkyny ýitirmegiň ilkinji alamatlary çalaja duýulýar, olar şeýle ujypsyzja bolany üçin bize bu wajyp pursatda jikme-jik saklanyp geçmek zerurdyr. Siz haçan hem bolsa bir wagt öňüňizde haýsydyr bir şübheli zady etme mümkinçiligini göreniňizde, içki duýduryşy duýup görüpdiňizmi? Adamlaryň köpüsi *ynsabymyz* bizi goraýar diýip düşünýärler, emma köpüsi ynsabymyzyň arassalygynyň we güýjüniň üýtgäp bilýändigine akyl ýetirýärler.

Biziň ynsabymyz – bu Hudaýyň beren sowgady bolup, oňa hiç haçan ýeňilkellelik bilen garamaly däldir. Ol *ýüregimiziň* aýrylmaz bölegidir, onuň duýgurlygy mukaddes gorky bilen berkidilýär ýa-da, tersine, mukaddes gorky bolmadyk ýagdaýynda kütelýär. Bize: "Bar zadyňdan öňürti *ýüregiňi* gora, çünki ýaşaýşyň gözbaşy şondadyr" (Süleýmanyň pähimleri 4:23) diýip duýduryş berlendir.

Men otuz ýaşdan azajyk geçen wagtlarymda bir meşhur gullukçy özi bilen naharlanmagy maňa teklip etdi. Biz naharlanyp otyrkak ol menden: "Jon, başga adamlaryň köpüsiniň duçar bolan büdremesinden men özümi nähili saklamaly?" – diýip sorady.

Men tas düwnügipdim. Ol näme üçin maňa beýle soragy berýärkä? Men ýaşdym, ol bolsa, meniň halas bolan wagtymdan-da köp gulluk edip ýördi. Ýöne jogapdan gyşarmagyň deregine men içime diň saldym-da ýuwaşlyk bilen: "Mukaddes Ruh, men oňa näme jogap bereýin?" – diýip soradym.

Şobada diýen ýaly men: "*Oňa aýt, özünde bar bolan iň gymmat zat hökmünde ynsabyny gorasyn*" diýlenini eşitdim.

Men eşiden zadymy aýtdym, soň birden meniň kalbymdan takmynan şeýle sözler syzyp çykdy: “Size uly mümkinçilikleri teklip ederler, ýöne siz içiňizde olaryň ikiýüzlüdiklerini, dogruçyl däldiklerini, şübhelidiklerini we başga adamlara zyýan ýetirmäge ukyplydyklaryny bilersiňiz. Öz ynsabyňyzyň sesini diňläň, onuň duýduryşlaryna perwaýsyz bolmaň. Eger siz ony äsgermezçilik etseňiz, onda Hudaýa bolan duýgurlygyňyzy ýitirersiňiz”.

Şondan soňky günlerde men “ynsap” sözüni Mukaddes Ýazgyda ýygy-ýygydan görüp bolýandygyny duýdum, ýöne öň men bu barada bilmeýärdim. Diňe Täze Ähtde oňa otuza golaý ýerde duş gelmek bolýar. Pawlus Timoteosa şeýle ýazýar:

> “Mesihe bolan imanyňy sakla we ynsabyňy gora. Sebäbi käbirleri öz ynsabyny bilgeşleýin ýok etdi; netijede imanynda gämi heläkçiligine düşdüler” (1 Timoteos 1:19, iňlis dilinden terjime).

Gämi heläkçiligine düşen iman – bu bolgusyz zat däldir.

Ýaşuly gullukçy bilen naharlanmamyz Pawlusyň aýdan sözleriniň ýerliklidigine meniň gözümi açdy. Onuň sözleri näme sebäpden köpleriň işi soňuna çenli alyp barmaýandyklaryny tassyklaýar.

Eger Mukaddes Ýazgy ynsabymyzy arassalykda “gorap saklamaklyga” çagyrýan bolsa, bu onuň ilkibaşda gowy ýagdaýda bolandygyny aňladýar. Mesihiň gany biziň ynsabymyzy ýuwýar we arassalaýar (1 Timoteos 3:9; Ýewreýler 9:9, 14). Bu ýokardan dogulmagyň beýik artykmaçlyklarynyň biridir. Ýermeýa pygamber biziň köplenç nädogry ulanylýan ynsabymyz barada belläp geçýär. Ol:

“Ynsan ýüregi ähli zatdan hilegärdir, halys ýoldan çykandyr. Oňa kim düşünip biler?” (17:9) – diýýär. Ol ýokardan doglan, täze tebigaty alan, Isanyň keşbinde täzeden döredilen adamlar hakda gürrüň etmeýär. Köne Ähtiň adamlarynyň ýürekleri täze däldi. Ýöne Hudaý olara: “Size täze ýürek bererin we täze ruh bererin. Içiňizdäki daşdan bolan ýüregi aýryp, ýerine etden bolan ýürek bererin” (Ezekiýel 36:26) – diýip wada berdi. Isa biziň tebigatymyzy satyn alyp, bize Özüniňkini berende şeýle boldy.

Mesihde täze adam bolma gudratynyň kömegi bilen biz ygtybarly ynsaba eýe bolýarys. Biziň öňümizde ony arassa saklamaga çagyryş dur. Şonuň üçin biz ony nädip hapalap bilýändigimizi soramalydyrys. Doly azgynlyk bir sekundyň dowamynda gelmeýär, köplenç ol ownuk zatlardan başlaýar, şonuň netijesinde, eger çäresini görmesek, ol weýrançylyk bilen gutarýar. Ýakup şeýle ýazýar:

> “Şeýlelikde, diňe sözi diňleýji bolman, eýsem ony ýerine ýetiriji hem boluň, ýogsa siz özüňizi aldarsyňyz” (Ýakup 1:22).

Biz ýene tabynlyk temasy bilen ýüzbe-ýüz bolýarys. Biz mukaddes gorkynyň hatda onuň manysy, göze görnüp duran bähbidi bolmanda-da ýa-da agyryly bolanda-da haýal etmän we doly tabyn bolmakdygy barada gürrüň etdik we subutnamalar getirdik. Şunuň ýaly hereket edýän adam öz-özüni aldap bilmez.

Geliň, birazajyk wagt geçirmek üçin arakesme edeliň. Elbetde, tanyşlaryňy, hatda ýakyn dostlaryňy we dogan-garyndaşlaryňy aldap bolar, emma öz-özüňi aldamak welin, düýbünden başga zatdyr. Aslynda tabyn bolmanymyzda biz öz-*özümizi aldaýarys*. Biz şonda hakykatyň goragyny gowşadýarys, şol sebäpden hem, biziň ahlak taýdan ugur almamyz howp astyna düşýär. Biz şol wagt özümiziň howp astyndadygymyza az düşünýäris.

Geliň, bu prosesiň çak edilýän mysalyny getireliň. Siz haçan hem bolsa bir wagt kimdir birine töhmet atdyňyzmy? Şonuň ýaly edýän pursatyňyzda içiňize pyçak sanjylan ýaly duýgy duýýarsyňyz: bu siziň ynsabyňyzyň sesidir. Siz eşidensiňiz, toba edensiňiz we şobada sözüňizi yzyna alansyňyz diýip umyt edýärin. Emma öz eden hereketlerimizi aklaýan wagtlarymyz hem bolýar. Mundan soňky delilleriň şeýleräk bolmagy mümkin: “*Meniň aýdan zadym anykdyr*!” Gynansak-da, ýalňyş gelen netijelerimiz üstün çykýar-da, bizem içki duýduryşy äsgermezçilik edip, şol sözümizde durýarys. Şeýdip, biz hapalanma prosesine başlaýarys: ynsabymyzyň duýgurlygy gowşaýar.

Indiki gezek başga birine garşy gürlänimizde içimize pyçak sanjylan ýaly bolmany duýmaýarys, indi agyryly sanjym alan ýaly bolýarys. Ynsabymyz ýene gürleýär, ýöne bu gezek az duýulýan ses bilen. Indi içki gapma-garşylyk beýle bir ýiti däl: bu duýduryşy äsgermezçilik etmek we öz sözleriňi aklamak aňsat bolýar. Şeýle-de bolsa, öz ýüregimizi köpräk hapalaýarys, ynsabymyzyň duýgurlygy has-da peselýär.

Ahyrsoňy, asla hiç zat duýmaýarys. Ynsabymyz bitip başlady. Biz kör bolup, syzgyrlygyň bar duýgusyny ýitirýäris. Biz ahlak taýdan ugur almany ýitirýäris, şeýdip, imanymyzyň pese çökmesi gutulgysyz bolýar. Aslynda biz özümizi aldadyk.

Ýönekeý toba etmek bilen – aklyň we ýüregiň doly özgermesi arkaly bu zatlaryň hemmesiniň öňüni alyp bolýardy. Beýle ýagdaý öz akyldarlygymyzyň boşdugyny boýun alyp, Hudaýyň akyldarlygyny doly kabul edenimizde bolýar. “Günälerini ýaşyrýan üstünlik gazanmaz; günälerini boýun alyp, oňa ökünýänlere bolsa rehim ediler”. (Süleýmanyň pähimleri 28:13).

Rehimdarlyk we dikelme bu prosesiň islendik etapynda bolup biler, ýöne mukaddes gorkynyň ýoklugy biziň duýgularymyzy saklaýar. Biz özümizi töwekgelçilige duçar edýäris, sebäbi ýüregimiz ynsabymyzyň garaýyşlaryna gitdigiçe az duýgur bolýar.

Akyldar adam mydama öz ynsabynyň duýgusyna derrew toba etmek bilen jogap berýär, sebäbi ol haýallygyň howpludygyny bilýär.

Mukaddes Kitap taryhlarynda bolşy ýaly, biziň günlerimizde-de öz ynsabynyň sesine diň salmaga howlukmaýan adamlar köp. Muny "rus ruleti" diýen oýun bilen deňeşdirip bolýar. Siz gämi heläkçiliginden gaça durup bilerdiňiz, ýöne duýgularyňyz gürlemegi bes eden bolsa, onda çyzykdan geçeniňizi nädip biljeksiňiz? "Eger sen meni ýene bir gezek äsgermezçilik etseň, onda men dymaryn" – diýip, duýduryş beren ses gaýyp boldy. Pawlus gaty gynanyp şeýle diýýär:

> "Ruh nygtap aýdýar: soňky wagtlarda käbir adamlar, öz *ynsabynda ýanan* ýalançy ikiýüzlileriň üsti bilen imandan däner, ýalançy ruhlara we jynlaryň taglymatlaryna gulak asarlar" (1 Timoteos 4:1,2).

Adamyň ýanan derisi bar duýgurlygyny ýitirýär. Biziň ynsabymyzam edil şonuň ýaly. Indi biz hiç hili ýazgarmasyz özümi aslynda bolşumyzyň garşydaş görnüşinde görkezip, islenilýän keşbe girýäris. Ine, Hananýa, Sapfira, Şawul patyşa we başga-da köp adamlara näme bolan eken.

Ýanan ynsabyň başga bir netijesi onuň hemme zady özünde ýapýandygyndadyr. Eger eti otda bişirsek, onda ot ondan çorbasynyň çykmagyna ýol bermeýär. Pawlus: "Men Mesihde hakykaty aýdýaryn, ýalan sözlämok. *Ynsabym* hem aýdýanlaryma Mukaddes Ruhda güwä geçýär" (Rimliler 9:1) – diýip ýazypdyr. Eger imanly adam ynsabyny ýakan bolsa, diýmek, ol indi Mukaddes Ruh bilen gürleşip bilmeýär. Edil otda bişirilen etiň çorbasynyň çykyp bilmeýşi ýaly, onuň şaýatlygy kalba baryp ýetmeýär. Onuň durmuşy ugrukdyrmasyz galýar. Onuň ýoly weýrançylyga alyp barýar.

Ahyrynda Pawlusyň aýdan köp sanly sözleriniň birnäçesini diňläň: "Eý doganlar! Men Hudaýyň öňünde şu güne çenli *sap wyždan* bilen ýaşadym" (Resullaryň işleri 23:1), "Şonuň üçin hem Hudaýyň, hem-de adamlaryň öňünde elmydama *sap wyždanly* bolmaga çalyşýaryn" (Resullaryň işleri 24:16). Şeýlelikde, geliň, ýüreklerimizi yhlas bilen goralyň.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Şoňa görä, geliň, arassa ýürek bilen, iman dolulygynda, ýüreklerimizi erbet ynsapdan gan sepme arkaly tämizläp we bedenimizi arassa suw bilen ýuwup, Hudaýa çyn ýürekden golaýlaşalyň” (Ýewreýler 10:22).

**Many.** Biziň ynsabymyzyň arassalygyny we güýjüni üýtgetmek mümkin. Duýgurlygymyz mukaddes gorky bilen berkeýär, tersine, onuň ýoklugy bilen kütelýär.

**Oýlanma.** Biziň ynsabymyz Isa Mesihiň gany bilen arassalandy. Arassa ynsabymy gorap saklamaga maňa haýsy ruhy düzgün kömek eder?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Gökdäki Atam, öz ynsabymy äsgermezçilik edip, onuň garşysyna gidenim üçin Senden ötünç soraýaryn. Ony gaty gowy aýamanyma gynanýaryn. Men toba edýärin we Senden bagyşlamagyňy soraýaryn. Senden haýyş edýärin, meni Isanyň gany bilen arassala. Mende arassa, näzik we Seniň sesiňe hem ugrukdyrmaňa syzgyr ynsaby dikelt. Hemme zatda Saňa tabyn bolmakda çalt bolaýyn. Isanyň ady bilen. Omyn.

**Toba etmek.** Men ýüregimi yhlas bilen goraryn we ugrukdyrylma hem-de ynsabymyň sesine duýgurlyk bilen diň salaryn.

# HUDAÝ
# BILEN ÝAKYNLYK

5-NJI HEPDE

Hudaýyň sesini mydama başga
biriniň üsti bilen eşitmäge razy
bolmaga mejbur bolandan, her neneň
kyndygyna, her neneň ýagdaýyň
bardygyna garamazdan, Onuň sesini
özüm eşider ýaly, gowusy, men
bahasyny tölejek.

– JOÝ DOUSON

# 29| ÝAKYNLYGYŇ BAŞLANÝAN ÝERI

Hudaýyň şöhratyna akyl ýetirdigimizçe bizde mukaddes gorky artýar, ol biziň isleglerimizi arassalaýar, adamlardan gorkmadan azat edýär we durmuşymyzdaky hakyky mukaddesligi döredýär. Mukaddes gorkynyň ýüze çykmagy – bu sebäbini ýa-da bähbidini görýändigimize ýa görmeýändigimize, onuň nähili agyrylydygyna düşünýän düşünmeýändigimize garamazdan, Hudaýa haýal etmän we doly tabyn bolmakdyr.

Indi bu barada bilenimizden soň biz bu üýtgeşik sowgadyň artykmaçlyklary hakda gürrüň etmeklige geçip bileris we bu bölümde ähli gowulyklaryň iň ulusy bolup durýan zatda – Hudaý bilen ýakynlykda (ýa-da intimlikde) ünsümizi jemleýäris.

“*Intim*” sözi iki sany latyn sözünden gelip çykyp, *intus* “içki” diýmegi, *intimus* bolsa, “çuň, syrly” diýmegi aňladýar. Bu iki sözi birikdirenimizde biz “pynhan syrlar” diýen söz düzümini alýarys. Bu *intimlik* hökmündäki ýakynlyk barada gaty gowy düşünje berýär, ýagny iki ýakyn dostuň arasyndaky şahsy taýdan tanaýan, ýöne beýle bir gowy tanamaýan adamyň bilen ýöne bir tanyşlygy däl-de, iki dostuň arasyndaky has çuň derejedäki ýürekdeş ýakynlyk hakda düşünje berýär.

Ýakyn tanyşlyk – bu iki tarapynda-da hereket bolan ýoldur; taraplaryň ikisem biri-biriniň gizlin islegleri we pikirleri hakda bilmelidirler. Hudaý bilen ýakynlyk babatda hem Onuň, hem biziň nukdaýnazarlarymyza seredeliň, ýöne ilki Onuň nukdaýnazaryndan başlaýarys. Dawut şeýle ýazýar:

> “Ýa Reb, Sen meni *synadyň* we *tanaýarsyň*” (Zebur 138:1).

"*Synadyň*" sözi iwrit dilindäki "hakar" bolup, "öwrenmek, ýüze çykarmak, aýdyňlaşdyrmak" diýmegi aňladýar. Ol başga adam bilen ýakyn gatnaşyklar üçin zerur bolan şertleri gaty gowy suratlandyrýar. Kynçylyk döretmän şatlyk getirýän wagt hem tagallalar adamyň içki pikirlerini we meýillerini öwrenmegi aňsatlaşdyrýar.

Men özümiň Liza bilen nikadaky ýakyn gatnaşyklarymdan lezzet alýaryn. Biz durmuş guran wagtymyzda onuň nähili islegleriniň, ymtylyşlarynyň, gyzyklanmalarynyň bardygyny, nämäniň onda ýigrenç döredýändigini onçakly gowy bilmeýärdim. Ony tanamak we pynhan pikirlerini hem isleglerini bilmek üçin maňa birazrajyk wagt gerek boldy (men muny uly höwes bilen etdim). Ýönekeý sözler bilen aýtsak, ýanýoldaşyň bilen ýakyn adam bolmak üçin, maksada gönükdirilen akyl, emosional we fiziki tagallalar talap edilýär.

Ýokarda getirilen aýatdaky bizde gyzyklanma döredýän indiki söz "*tanaýarsyň*" diýen sözdür. Iwrit dilinde bu "ýada" diýen sözdür. Köne Ähtde ol köplenç ýakynlyk manysyny bermek üçin ulanylýar. Mysal üçin, Gelip çykyşda (4:1): "Adam aýaly Howy tanady [ýada], ol hem göwreli boldy" – diýlip ýazylypdyr. Mukaddes Ruh ýer ýüzündäki iki adamyň arasyndaky aňrybaş ýakynlygy görkezmek üçin "ýada" sözüni ulanýar. Aslynda Dawut: "Reb, Sen meni örän çuň tanaýarsyň" – diýýär.

Dawut bize Hudaýyň Özüniň ýakyn gatnaşykda bolmaga teşne bolan adamlarynyň hemmesiniň pynhan isleglerini we pikirlerini gözleýşiniň, olara akyl ýetirişiniň aýdyň keşbini bize görkezmek üçin "hakar" we "ýada" sözleriň ikisinem ulanýar. Ýene Liza ikimiziň gatnaşyklarymyz hakda gürrüň edenimde, indi bilelikde geçiren ýyllarymyz geçenden soň, meniň ol barada örän köp zady bilýändigimi aýdyp biljek. Ýokarda eýýäm aýdylyp geçilişi ýaly, men diňe bir onuň pynhan islegleri hakda bilmän, eýsem endiklerini, belli bir ýagdaýlara garaýşyny, boş wagtynda näme etmegi gowy görýändigini, nämäniň üstünde işlemegi halaýandygyny hem bilýärin. Bu sanawy tükeniksizlige çenli dowam edip bolar. Edil şonuň ýaly, Dawut jikme-jik şeýle şekillendirýär:

> "Meniň haçan oturýanymy we haçan turýanymy Sen bilýärsiň; pikirlerime uzakdan düşünýärsiň. Men ýöresem-de, dynç alsam-da, Sen meni gurşaýarsyň, meniň ýollarymyň hemmesi Saňa aýandyr. Entek agzymda söz ýokka, Sen, ýa Reb, ony eýýäm doly bilýärsiň" (Zebur 138:2-4)

Hudaý biz baradaky iň intim jikme-jiklikleri adam aklyndan ýokary bolan tärde bilýär. Öwrenme (hakar) ýoly bilen Hudaý Dawudy öwrenmek,

gözlemek we gözläp tapmak üçin tagalla etdi. Ol biziň üçin hem edil şonuň ýaly edýär, ýöne meniň soňky kyrk ýylyň dowamynda Liza edenimden, has ýokary derejede edýär. Üstesine-de, bary-ýogy birnäçe aýatdan soň biz aklymyzy haýran ediji tassyklamanyň üstünden barýarys, Hudaýyň biziň her birimiz baradaky aýratynlykdaky pikiri ýer ýüzündäki çäge bölejikleriniň hemmesinden-de köp (18-nji aýat). Eger men soňky kyrk ýylyň dowamyndaky her on iki sekuntdan Lizanyň aýratynlygy, halaýan zatlary, gaýgylary we oňa nämäniň ýaraýandygy barada pikir eden bolsam we her gezek ýekeje çäge bölejigini goýan bolsam, onda olar köwüş gutusyndan köp ýygnalmazdy! Hudaýyň her birimiz baradaky pikiri *planetanyň ýüzündäki* ähli çägeleriň sanyndan-da köp, ýöne Hudaý hiç haçan çişirip aýtmaýar, sebäbi şeýle etse, bu ýalan bolardy, Hudaý bolsa aldap bilmeýär. Bu diýseň ajaýyp zat! Indi siz Onuň biz barada hemme zady bilmäge çalyşýandygyna düşünip başladyňyzmy?

Ol biziň her birimiz bilen ýakyn bolmaga çuň teşne. Hakyky ýakynlygyň, bir däl-de, taraplaryň *ikisiniňem* biri-birini gowy tanan ýagdaýynda peýda bolýandygyny bellemäge maňa rugsat ediň. Onuň biziň pynhan pikirlerimizi öwrenişi ýaly, bizem hakyky ýakynlygy ösdürmäni yhlas bilen gözlemelidiris. Musa aşaky sözleri aýtmak bilen aragatnaşyklaryň şu derejesine ýetmäge dyrjaşýar:

> Sen maňa: „Men seniň adyňy gowy tanaýaryn [ýada], sen Meniň nazarymda merhemet tapdyň“ diýdiň. Eger men dogrudan-da, Seniň göwnüňden turan bolsam, onda ýalbarýaryn, maňa Öz ýollaryňy görkez. Şonda men Seni gowy tanap [ýada], nazaryňda ýene-de merhemet taparyn” (Müsürden çykyş 33:12,13).

Hudaý bizi ýöne bir ummasyz sanly adamlaryň arasyndaky san belgimiz boýunça tanamaýar; Ol bizi şahsy, indiwidual taýdan, adymyz boýunça tanaýar. Ýokarda getirilen aýatda biz Musanyň bu gatnaşygyň ikitaraply bolmagyny isleýänini görýäris. Onuň yhlasly islegi Hudaýy tanamagy has köp dowam etdirmekde jemlenen. Ol ýakyn gatnaşyklary diňe özüni Hudaýyň çuň tanamagy üçin däl-de, eýsem özüniň hem Hudaýy çuň tanamagy üçin saklamak isleýär. Biz babatda näme? Bize: “Hudaýa ýakynlaşyň, Ol hem size ýakynlaşar” (Ýakup 4:8) diýilýär.

Ýokarda aýdylan zatlardan soň siz Hudaýyň ýüreginden çykýan çagyryşy – ýok, gygyrmany – eşidýänsiňiz diýip umyt edýärin. Pursat geçdigiçe ol ses güýçlenýär: “Näme üçin sen Meniň ýakynymda bolup bilýän bolsaň-da, uzakda durýarsyň?” Munuň düýp manysynda bize *özümiziň Hudaý*

*bilen ýakynlyk derejesini özümiziň kesgitleýändigimiz* habar berilýär. Maňa birneme ýönekeýräk sözler bilen aýtmaga rugsat ediň: özüňiziň Hudaýa näderejede ýakyn boljakdygyňyzy Hudaý däl-de, siz kesgitleýärsiňiz! Şeýlelikde, bu zatlaryň hemmesinde Hudaýdan gorkmaklyk nähili roly oýnaýar? Mukaddes Kitapda şeýle ýazylan:

> "Rebden gorkmaklyk bilimiň başlangyjydyr"
> (Süleýmanyň pähimleri 1:7; iňlis dilinden terjime).

Nämäni bilmäniň? Awtor nähili bilimler hakda gürrüň edýär – medisina, ylmy, taryhy ýa-da başga görnüşli akademiki bilimler hakdamy? Köp uniwersitetler şunuň ýaly bilimlerden doly, şeýle-de bolsa, olarda Hudaýdan gorkmaklyk az, ýa-da asla ýok. Bu sosial we syýasy bilimlere degişlimi? Ýok, dünýewi ýollar Hudaý üçin akmaklykdyr. Mukaddes Kitaby bilmekmi? Asla ýok, sebäbi fariseýler Mukaddes Kitap bilimi ulgamynda ökde hünärmendiler, ýöne Hudaýdan gorkmaýardylar we Onuň göwnünden turjak bolmaýardylar. Jogap aşaky sözlerde gizlenen:

> "Rebden gork, şonda Hudaýy tanamany alarsyň" (Süleýmanyň pähimleri 2:5, iňlis dilinden terjime).

"Mukaddes Kitap dilleriniň sözlüginiň" kesgitlemesi boýunça "*tanamak*" sözi "gatnaşyk etmäge güýçli kakdyrma bilen adam barada maglumat" almagy aňladýar. "Waýnyň doly düşündiriş sözlüginde" bu sözüň "Hudaý barada ýakyn tejribä daýanýan bilimi almagy" aňladýandygy aýdylýar. Bagşa sözler bilen aýtsak, wada *Rebden gorkmaklygyň – Hudaýy ýakyndan tanamanyň başlangyjy* bolýandygyny bize aýdýar.

Hakykat Hudaýdan gorkýançak, Ony ýakyn derejede tanamaga, hatda başlamajakdygymyzda hem jemlenendir – bu başlangyç nokadydyr. Eger siz ýola başlangyç nokatdan düşmeseňiz, onda şol ýoly geçip bilmersiňiz. Eger men ýüz metr aralyga ylgamaklyga başlangyç nokatdan soňky elli metrden başlasam, onda ýaryşa gatnaşyp, ylgawy tamamlap bilmeýärin. Hudaý bilen gatnaşyklarymyzda hem edil şonuň ýaly – mukaddes gorky bolmasa, Ony doly tanamak mümkin bolmaýar. Bagtymyza, Ol bize Özüni çuň tanamanyň ýoluny berdi, ýöne biz ondan ýörärismi?

Ýatda saklaň, Rebden gorkmanyň kömegi bilen biz ýamanlykdan we *kanunsyzlykdan* aýrylyp gidýäris. Bu tassyklamanyň esasynda, indi Isanyň höküm gününde köp adamlaryň şok ýagdaýyna düşjegi hakda eden weliligi barada pikir ediň. Ol erkekler we aýallar Isany öz Rebbi diýip atlandyrýarlar,

emma olar Onuň: “*Kanunsyzlyk* edijiler, Men sizi hiç haçanam *tanamandym*, Meniň ýanymdan aýrylyň” (Matta 7:23) diýenini eşiderler. “Tanamak” sözi grek dilindäki “ginosko” sözi bolup, ol iwrit dilindäki “ýadadyr”. Isa kimde mukaddes gorky bolmasa, şolara: “Men sizi hiç haçanam tanamandym” diýer. Bu indiki bapda öwrenjek çynlakaý meselämizdir.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** «Onuň ýüzüni agtar diýýär ýüregim. Ýa Reb, Seniň ýüzüňi agtarýaryn men» (Zebur 26:8).

**Many.** Hakyky ýakynlyk, bir däl-de, taraplaryň ikisiniňem biri-birini gowy tanan ýagdaýynda peýda bolýar.

**Oýlanma.** Söýgüli adamyňyz, ýagny ýanynda bolmagy gowy görýän adamyňyz hakda pikir ediň. Onuň näme hakda pikir edýänine we näme duýýanyna sözsüz düşünmek näderejede gowy? Onuň dürli ýagdaýlara bolan garaýyşlaryny siz öňünden näderejede gowy bilýärsiňiz? Siz muny tötänlikden bildiňizmi ýa-da öz ýakyn dostuňyzyň isleglerini öwrenmäge we ol hakda pikir etmäge size wagt gerek boldumy? Indi pikir ediň, Hudaýyň siz baradaky pikiriniň sany-sajagy ýok. Bu näme barada gürrüň edýär? Eger özüňiziň iň ýakyn dostuňyzyň islegleri we duýgulary hakda pikir edişiňizden, Hudaýyň islegleri we duýgulary hakda köpräk pikir etseňiz we olary gözleseňiz näme bolar?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Reb, men ömrümde alan çakylyklarymyň iň beýigini, Seniň bilen ýakyn bolma çakylygyny äsgermezçilik etdim. Örän köp zatlaryň öz ýolumda durup, Seniň bilen boljak şol ýakynlygy ösdürjek wagtymy ogurlamagyna ýol berdim. Men şatlyk bilen ýagdaýy üýtgetme kararyna gelýärin. Mukaddes Kitaby okamak, doga-dileg etmek we pikirlenmek üçin açanymda, maňa Seni çuň intim derejede tanamaklygy ber. Muny Isanyň ady bilen soraýaryn. Omyn.

**Toba etmek.** Isanyň meni çuň tanamaklygy saýlaýşy ýaly, menem Ony tanamaga ymtylmagy saýladym.

Ýol bardyr, adamyň
gözüne dogry görünýändir,
ýöne onuň soňy ölüme
barýan ýoldur.

– SÜLEÝMANYŇ PÄHIMLERI 16:25

# 30| OL ISA DÄL

Köplenç haýsy hem bolsa bir meselä gowuja düşünmek üçin bilmek isleýän zadymyza garşydaş bolan zada seretmek peýdalydyr. Şeýlelikde, Hudaý bilen ýakynlyk temasy hakdaky gürrüňi dowam etdirmezden öňürti, geliň, onuň ters tarapyna aşaky wakany görkezmek bilen seredeliň.

Men liderleriň konferensiýasynda çykyş etmek üçin Gawaýa ýaňy uçup gelipdim. Meniň myhmanhanadaky otagymyň taýýar däldigi sebäpli, suwa düşülýän ýeriň ýanyndaky saýawanyň aşagynda dynç almak üçin ýer tapdym. Başga bir konferensiýada çykyş etmek üçin gelen telekeçi aýal hem öz otagyna garaşyp oturan eken. Biz gürleşip başladyk. Ol meniň mesihi awtorydygymy hem gullukçysydygymy bilen badyna, özüniň Isa bilen gatnaşyklary hakda jikme-jik gürrüň berip başlady.

Bir-iki minut hem geçmänkä onuň Isany tanamaýandygy belli boldy. Ol özüniň *ynanýan zadydygyny* ynam bilen gürrüň bermegi dowam etdirdi, ýöne onuň aýdýan zatlary Mukaddes Ýazga çalaja gabat gelýärdi. Men Mukaddes Ruhdan akyldarlyk bermegini sessiz soradym, soň Ol birnäçe sekundyň dowamynda oňa näme diýmelidigini maňa açdy.

Ol sözüni tamamlan badyna men ondan: “Suwa düşülýän ýeriň aňry tarapynda oturan erkek kişini görýärsiňizmi?” – diýip soradym.

Ol ýüzünde peýda bolan haýran galma bilen: “Görýärin, näme?” – diýip jogap berdi (belki, ol gürrüňiň temasynyň duýdansyz üýtgänine haýran galandyr).

Men dogumlylyk bilen oňa: “Onuň ady Jim. Ol Fresnodan, Kaliforniýadan. Ol wegan berhizini berk tutýar we ABŞ-nyň suwdaky polo boýunça ýygyndy komandasyna girmegi arzuw edýär. Ol suwa düşülýän ýerde we trenažor zalynda her gün üç sagatlap türgenleşýär. Ol piklbol, paraşýutdan bökme we surat çekme bilen meşgullanýar. Jim jakuziniň

ýanynda duran aýala öýlendi, onuň ady Bet, ol Jimden on ýaş kiçi" – diýdim.

Meniň ony şeýle gowy tanaýandygyma geň galan aýal: "Ol hem siziň konferensiýaňyza gatnaşyjymy?" – diýip sorady.

Men şobada: "Ýok, hanym" – diýip jogap berdim.

Onuň bilesigelijiligi güýçlendi, şonuň üçin ol: "Beýle bolsa, siz Jimi nireden beýle gowy tanaýarsyňyz?" – diýip sorady.

Şol wagt men öwrülip, göni onuň gözlerine seretdim-de: "Biz onuň bilen tanyş däl" – diýip jogap berdim.

Onuň ýüz keşbi üýtgedi, ýüzünde howsala, belki-de, birahatlyk peýda boldy. Belki, ol özüne meniň ol adamy yzarlap ýören bolmagymyň mümkindigi, dedektiw dälmidigim ýa-da, hatda döwlet agenti dälmidigim baradaky soragy berendir.

Men bir salym dymdym, soň hem ynam bilen: "Men onuň şeýledigine *ynanýaryn*" – diýdi.

Onuň dili tutuldy.

Men dowam etdim: "Siz şu wagtjyk özüňiziň Isanyň nähilidigine ynanyşyňyz barada uly ynam bilen gürrüň berdiňiz, ýöne siziň Ol barada aýdan zatlaryňyzyň hemmesi diýen ýaly nädogry, ol Mukaddes Kitabyň aýdýan zatlarynyň hemmesine garşy bolýar. Men muny bilýärin, sebäbi Ony tanaýaryn".

Biziň gürrüňimiz onuň başlangyjy boýunça tamamlandy, ýöne onuň haýran galandygy görnüp durdy.

Resul Pawlus özüniň ýürekden gowy görýän ýygnagynda aklyňy haýran ediji sözleri aýdýar: "Çünki biri gelip, biziň wagyz edenimizden başga Isany wagyz etse ýa-da siz eýýäm alan Mukaddes Ruhuňyzdan başga ruhy alsaňyz, ýa-da eýýäm kabul eden Hoş Habaryňyzdan başga hoş habary kabul etseňiz hem bu zatlaryň hemmesine gaty gowy çydam edersiňiz" (2 Korintoslylar 11:4, HPП). Ol "başga hudaýa" diýmeýär-de, "başga Isa" diýýär, sebäbi olaryň Isa *ynanýandyklary*, ýöne Ony *tanamaýandyklary* görnüp dur. Näme üçin? Olar özlerine ýaraýan zatlaryň hemmesine ynanýarlar, şonuň üçin hem, hakyky Isadan daşda ýaşaýarlar. Muny etmek kyn däl; Reb göze görünmeýär, şonuň üçin siz Onuň tebigatyny öz islegiňize görä üýtgedip bilersiňiz.

Ysraýyllar şoňa meňzeş işleri etdiler. Müsürden çykyş – bu dünýäden halas bolmanyň keşbidir. "Bary <…> ruhy gaýadan içdi. Ol Gaýa bolsa Mesihdi. Emma Hudaý olaryň köpüsinden razy däldi" (1 Korintoslylar 10:4,5) – diýlip ýazylypdyr. Hudaýyň olardan nägile bolmagynyň sebäpleriniň köpüsini getirip bolýar, ýöne hemme zat esasy pikire syrygýar: olar Hudaýyň Sözüne gulak asmadylar – *olarda mukaddes gorky ýok*.

Musa kyrk günläp dagda bolanda, halk bilen galan serdar Harun altyn göle ýasady. Biz muňa seredip: “Butparazlyk!” diýip gygyrýarys. Gaty dogry, ýöne köpler Harun bilen bütin halkyň ony “elohim” diýip atlandyrandyklaryna düşünmeýärler. Bu söz Köne Ähtde 2606 gezek duş gelýär. Ol ýalan hudaýlary aňladyp biler, ýöne ondan dokuz gezeginde ol Ýehowa – ýeke-täk hak Hudaýa – degişlidir. Mysal üçin Gelip çykyşyň birinji babynda ol otuz iki gezek duş gelýär. Mukaddes Kitabyň 1-nji aýadynda: “Başda *elohim* ýeri hem gögi ýaratdy” diýip ýazylypdyr.

Biz olaryň göle *elohimi* ýalan hudaýy – Gudratygüýçli Hudaýy ýa-da *elohimi* – atlandyrýandyklaryny aňsat anyklap bilýäris. Subutnamany biz Harunyň göläni “*Ýahwe*” diýip atlandyrýanynda görýäris (Müsürden çykyş 32:5-e seret). Bu ýeke-täk hak Hudaýymyzyň mukaddes adydyr, ol Mukaddes Kitapda şu ýerden başga hiç ýerde-de ýalan hudaý hökmünde ulanylmaýar. Harun bilen halk göläni *osiris, bagal, isis* ýa-da ýalan hudaýyň başga bir ady bilen atlandyrmaýar. Olar: “Ine, bizi Müsürden alyp çykan *Ýahwe*” diýip gygyryşdylar” (Müsürden çykyş 32:4, awtoryň başga sözler bilen düşündirmesi).

Olar nädip beýle ýalňyşyp bildikäler? Olar näme üçin diri hak Hudaýy Musa ýaly tanamadykalar? Olar Onuň gudratlaryny gördüler, olar Onuň bulut hem ot sütüniniň yzyna düşüp ýörediler. Munuň jogaby kyn däl. Birnäçe aý mundan ozal Hudaý Özüni tanatmak üçin dagyň üstüne inende, olar yza çekildiler-de: “Seniň özüň golaý bar-da, Hudaýymyz Rebbiň aýtjak zatlarynyň hemmesini diňle. Soňra Hudaýymyz Rebbiň aýdanlarynyň hemmesini bize ýetir. Biz saňa gulak asarys we berjaý ederis“ (Kanun taglymaty 5:27) – diýip, Musa gygyrdylar.

Men Musanyň lapykeçlikden dolanyny diňe göz öňüne getirip bilýärin. Ol olaryň näme sebäpden Hudaýyň barlygynda bolmak islemeýändiklerine düşünip bilmeýär. Bu nädip beýle bolup bilýär? Biynjalyk bolan Musa, jogap almaga garaşyp, Rebbe ýüzlenýär, ýöne Hudaýyň sözleri Musany, elbetde, haýran galdyrýar: “Men bu halkyň saňa aýdanlaryny eşitdim. Olaryň hemmesi gowy” (Kanun taglymaty 5:28).

Musa aňk bolup galdy. Ol: “Ýekeje minut! Bu gowy? Bu adamlar haçandan bäri hakykatdan hem mamla?” – diýip pikir eden bolsa gerek. Onuň Hudaýa takmynan şeýleräk jogap berenini göz öňüne getirýärin: “Näme üçin olar Seniň barlygyňa gelip, Seni men ýaly ýakyndan tanap bilmeýärler?” Hudaý oňa jogap berýär, ýöne Onuň sözleri ýüregiňi paralaýar:

> “Käşgä olar diňe şu pikirde bolup, *Menden gorksadylar*...”
> (Kanun taglymaty 5:29).

Hudaý gaty gynanýar. Eger olar mukaddes gorkuda bolan bolsalar, onda Onuň barlygyna baryp, ganybir garyndaşlyk durýardylar. Bu hem öz gezeginde olara tabyn bolmaga güýç bererdi we özlerine hem-de çagalaryna ýagşylyk getirerdi. Soň Hudaý Musa nesihat berýär:

> “Bar, git-de olara: “*Çadyrlaryňyza dolanyň*!” diý. Emma sen bu ýerde *Meniň ýanymda* gal. ... Men ähli zady saňa aýdaryn” (Kanun taglymaty 5:30, 31).

Bu bir wagtyň özünde ýürekdäki başagaýlyga getirýär we goldaýar. Ilki – ýürek başagaýlygy hakda. Ysraýyllaryň iň garaňky wagty olaryň göle ýasan wagty bolmady we içalylarynyň nädogry hasabat getiren, şol sebäpden hem halkyň wada berlen ýurda girip bilmedik wagty bolmady. Ýok, olar üçin iň garaňky wagt başga wagt bolupdy. Hudaý olary Müsürden (dünýäden) Öz ýanyna getirmek üçin, Özüniň olary ýakyndan tanaýşy ýaly, olaryň hem Özüni ýakyndan tanap bilmekleri üçin alyp çykdy. Emma olar *mukaddes gorkynyň ýoklugy* sebäpli, bu pursaty elden giderdiler. Betbagtçylyk!

Başga bir tarapdan, bu Musa üçin tolgundyryjy pursat bolupdy, sebäbi ol Hudaýyň ýanynda durup, Onuň sözlerini göni Öz dilinden eşitmeklige çakylyk alypdy. Ol şahsy gatnaşyklar arkaly Hudaýy tanamaklyga çakylyk alypdy, halk bolsa, öz çadyryna gaýdyp gidipdi.

Suwa düşülýän ýeriň ýanyndaky aýal Şol Isany yglan etmändi, korintoslylar Şol Isa gulluk etmändiler, Ysraýyl Şol Gudratygüýçli Hudaýyň yzyna eýermändi. Siz kanunylyk görýärsiňizmi? Biz keramatlyk döredip, ony Isa diýip atlandyryp, ýöne Hudaýyň sag tarapynda oturan hakyky Isany tanaman bileris. Ysraýylyň we korintos ýygnagynyň Rebbiň güýjüniň aýan bolmasyny duýandyklary we dogalaryna jogap almak bilen gudrat görendikleri has-da aklyňy haýran edýär.

Indi, geliň, höküm gününde Isany özleriniň Rebbi diýip yglan etjek, ýöne gaty gynansak-da, Hudaýyň Musa ysraýyllar barada aýdan – “Meniň ýanymdan aýrylyň” – sözlerini eşitjek adamlaryň uly toparyna gaýdyp geleliň. Olara boljak zat barada Isanyň aýdan pygamberlik sözlerine ünsli seredip geçmek bize peýdaly bolar. Bu şu babyň başynda aýdylyp geçilişi ýaly, Rebbimiz hem Mugallymymyz bilen ýakynlykda bolmak üçin mukaddes gorkynyň wajyplygyna has gowy düşünmäge bize mümkinçilik berer. Biz muny indiki bapda ederis.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Eger diňe meniň size wagyz edenlerimi saklasaňyz, ol [Hoş Habar] siziň üçin halas ediji bolar, ýogsa siziň imanyňyz biderekdir” (1 Korintoslylar 15:2, НРП).

**Many.** Kimdir birine ýa-da nämedir bir zada bütin ýüregiň bilen biderek ýere ynanyp bolar.

**Oýlanma.** Özümiň ýasama däl-de, hakyky Isa ynanýandygymy men nädip anyk bilip bilerin? Öz wagyzçylarymyň Isa barada öwredýändikleri üçin men özümiň hakyky Isa ynanýandygyma ynamly bolup bilerinmi? Ýöne pikirlenip görüň, eýsem günleriň birinde halky ters tarapa gönükdiren Harun Ysraýylyň mugallymy hem öňbaşçysy dälmidi? Mukaddes Kitaby okaýandygym üçin özümiň hakyky Isa ynanýandygyma ynamly bolup bilerinmi? Ýöne pikirlenip görüň, eýsem fariseýlerem şeýle etmedilermi? Men nädip bilmeli?

**Doga-dileg etmek.** Atam, men Isanyň ady bilen soraýaryn, men hakykaty diňe bir bilmek bilen çäklenmän, eýsem ony söýüp hem bileýin. Men Seniň diri Sözüňi esasy abraýly çeşme hökmünde kabul etmegi we oňa düşünýändigime ýa düşünmeýändigime garamazdan, oňa gulak asmaklygy saýlaýaryn. Şeýle etmek bilen men özümiň aldanmajakdygym baradaky Seniň wadaňa eýe bolýaryn. Seniň Sözüňi okanymda we ony ýerine ýetirenimde, goý, ol meni okasyn, goý, ol meniň kimdigimi we Rebbim Isanyň Kimdigini açsyn. Muny Isanyň ady bilen soraýaryn. Omyn.

**Toba etmek.** Men düşünýändigime ýa düşünmeýändigime garamazdan, Hudaýyň Sözüne ynanmaklygy saýlaýaryn.

Men öz pikirlerine eýerip,
ýaman ýoldan ýöreýän tabyn
bolmazak halka her gün elimi
uzatdym.

– IŞAÝA 65:2

# 31| MEN SIZI TANAMOK

Eger ýakynlygyň garşydaşlygyna seretmegi dowam etdirsek, onda Hudaý bilen ýakynlyga has gowy düşünip we onuň gadryny bilip başlarys. Şu bapda bolşy ýaly, geçen bapdaky temamyz hem, ýuwutmasy kyn bolan ýokuş zatdyr. Şeýle-de bolsa, Mukaddes Ýazgydaky biziň gürrüňini etjek duýduryşlarymyz, aslynda aladaçyl Atamyzyň beren söýgi hem gorag sowgadydyr. Isanyň aýdan sözleri bizde mukaddes gorkyny döredýär, ol hem bizi soňuna çenli ýaşaýyş Berijä golaý saklaýar.

Soňky günlerde galp "Rebbiň gutulyşyny" teklip edýän hoş habaryň yglan ediljekdigini we giňden ýaýrajakdygyny Mukaddes Ýazgy aýdyň duýdurýar. Başga sözler bilen aýtsak, adamlara Isa bilen Onuň Sözüne gürrüňsiz tabyn bolmaga borçly edilmeýän gatnaşyklary teklip ederler. Bu mukaddes gorka garşy bolup, Pawlusyň ýazgaran korintoslylarynyň köpüsiniň kabul eden Isasyndan hiç hili tapawutlanmaýan *oýlanyp tapylan Isany* teklip edýär.

Pawlus şol grek "imanlylaryny" başga Isanyň yzyna eýerendikleri üçin paş edenden soň, olaryň ýürekleriniň ýagdaýyna seredýär, sebäbi olar öz ýürekleriniň ýagdaýy sebäpli oýlanyp tapylan halasgäre sežde edip başlaýarlar. Ine, ol näme ýazýar: "Ozal günä edip, eden haramlyklary, zynalary we azgynlyklary üçin toba etmedikleriň köpüsi zerarly ýas tutmaly bolaryn diýip gorkýaryn" (2 Korintoslylar 12:21, НРП). Olar Reb Isany ykrar edýärdiler, emma Onuň Sözi boýunça ýaşamaýardylar.

Irki ýygnakda bu seýrek hadysady, ýöne biziň häzirkizaman günbatar Ýygnagymyzda giňden ýaýran. Bu taglymatyň netijesi "Rebbi" Özüniň

adamlaryň durmuşynda eýeleýän pozisiýasyna däl-de, ýönekeý derejä çenli pese düşürýär. Isa şeýle welilik edýär:

> “Maňa: “Ýa Reb! Ýa Reb” diýen her bir adam Gögüň Patyşalygyna girmez, diňe Gökdäki Atamyň islegini berjaý eden girer” (Matta 7:21).

Isa Muhammedi, Jozef Smiti, Buddany, Hari Krişnany, Konfisini ýa-da biziň döwrümizdäki başga bir ýalan pygamberi ileri tutýanlary däl-de, Özüni ykrar edýänleri tanaýar. Bu aýatda “Reb” sözüniň gaýtalanýandygyna üns beriň. Eger Mukaddes Ýazgyda bir söz ýa-da jümle iki gezek gaýtalansa, bu ýöne ýere däldir. Awtor oňa berýän manysyny güýçlendirýär. Ýöne şunuň ýaly ýagdaýlarda gep ýöne bir manyny güýçlendirmekde däl-de, eýsem emosiýalaryň ýokary derejeliliginde hem bolýar. Mysal üçin, Dawut patyşa öz oglunyň Ýowabyň esgerleriniň ellerinden ölendigi baradaky habary alanda, örän emosional hereket edýär: «Patyşa ýüzüni ýapyp: “Wah, oglum, Abşalom! Jan oglum, jan oglum, Abşalom!” diýip, *gaty sesi bilen* möňňürip aglady» (2 Şamuwel 19:4). Belki, ol “jan oglum” diýip iki gezek aýdan däldir, ýöne onuň ogluny ýitirmäniň agyrysyny şeýle ýiti duýandygy sebäpli, awtor onuň sözlerini iki gezek gaýtalandyr.

Edil şonuň ýaly edip, Mugallym adamlaryň Oňa bolan güýçli duýgularyny görkezýär. Olar Isa Mesihiň Hudaýyň Ogludygy baradaky taglymat bilen ýöne bir ylalaşman, eýsem emosional taýdan hem goşulýarlar we özleriniň ynamyny ykrar edýärler. Biz “mesihiler” bolanyna begenýän adamlar hakda däl-de, öz imanyny beýan edende emosiýasyny görkezýän, hatda ýygnanyşyk wagtynda aglaýan adamlar hakda gürrüň edýäris.

Olar diňe bir Mesihiň işi üçin alada etmän, eýsem Onuň gullugyna hem goşulandyrlar:

> Men häzir, edil soňky höküm wagtynda ýaly, müňlerçe adamlaryň Maňa buýsanç bilen seredip: “Mugallym, biz habary wagyz etdik, biz jynlary kowduk, biziň superruhy taslamalarymyz barada hemmeler gürrüň etdiler” – diýýänini görýärin (Matta 7:22, iňlis dilinden terjime).

Men bu ýerde başga sözler bilen aýdýan “Habar” Mukaddes Kitabyny ulanýaryn, sebäbi ol şol adamlaryň gapdalda duran synçylar däldiklerini hemme zatdan-da gowy görkezýär. Olar özleriniň ýygnagynyň işine gönüden-göni gatnaşýarlar ýa-da oňa ýöne bir kömek berýärler. Olar, şeýle hem, özleriniň Hoş Habara bolan ynamyny-da gyzgyn goraýarlar – “Biz Habary wagyz etdik”. Aslynda, olar adamlaryň durmuşyny gowy tarapa üýtgetmeklige gatnaşdylar.

Bu başga sözler bilen aýdylýan wariantda *"müňlerçe"* sözi ulanylýar, ýöne beýleki terjimeleriň hemmesinde diýen ýaly, "*köpler*" diýen söz ulanylýar. Bu grek dilindäki "polýus" sözi bolup, "köp sany, mukdary, puluň sanyny" aňladýar hem-de bu söz köplenç "aglaba" manysynda ulanylýar. Islendik ýagdaýda-da, Isa adamlaryň kiçi topary hakda gürrüň etmän, eýsem, Hoş Habaryň taglymatyna ynanýan adamlaryň köpüsi hakda gürrüň edýär. Olar Ony "Reb" diýip atlandyrýarlar, olar emosional taýdan hem goşulýarlar, Onuň habaryna jogap berýärler we mesihilik gulluklaryna işjeň gatnaşýarlar. Biz olary aňsatlyk bilen"hakyky mesihiler" diýip atlandyryp bilerdik. Indi näme aýyrma faktory bolup durýar? Olar hakyky imanlylardan nämede tapawutlanýarlar? Isa bize şeýle diýýär:

> "Şonda olara: "Men sizi hiç haçanam tanamandym; Meniň ýanymdan aýrylyň, *kanunsyzlyk edenler*" – diýerin" (Matta 7:23).

Esasy jümle – "kanunsyzlyk *edenler".* Ýene-de bikanun hereketler Hudaýyň Sözüniň abraýyna gabat gelmeýär. Şol erkekler we aýallar *yzygiderli däl-de, käwagt büdreýärler*, ýöne düzgün bolşy ýaly, her gezek özlerine bähbitli wagtynda olar Hudaýyň Sözüni äsgermezçilik edýärler – olarda mukaddes gorky ýok.

Isanyň: "Sizi hiç haçan *tanamandym*" diýen sözüni belläliň. Öňki bapda biz "*tanadym*" sözüniň grek dilindäki "ginosko" sözüdigini, onuň ýewreý dilindäki "ýada" sözüniň aňladýan manysyny aňladýandygyny – kimdir birini ýakyndan tanamakdygyny belläpdik. Olarda hiç haçan Onuň bilen hakyky ýakyn gatnaşyklar bolmandy. Olar Ony "Reb hem Mugallym" diýip atlandyrýan bolsalar-da, bu bary-ýogy dereje bolupdy, sebäbi olar Onuň buýruklaryna gulak asmaýarlar. Ýohanna şeýle ýazýar:

> "Onuň buýruklaryny berjaý edýän bolsak, Ony tanaýandygymyza [ginosko] ynamly bolup bileris. Eger kimdir biri: "Men Ony tanaýaryn" [ginosko] diýip-de, buýruklaryny berjaý etmeýän bolsa, ýalançydyr, onda hakykat ýokdur" (1 Ýohanna 2:3,4).

Bu Isanyň: "Adamlary edýän işleri boýunça tanap bilersiňiz" (Matta 7:20, iňlis dilinden terjime) diýen sözleri bilen gaty gowy utgaşýar. Işler – bu mesihilik gullugy, habary aýtma ýa-da ýygnaga gatnama däldir, sebäbi ýüz öwürýänler bu häsiýetlere eýe bolup bilerler.

Şeýle diýýärin: bu häsiýetleriň hemmesini hakyky imanlylarda gürrüňsiz taparsyňyz; mundan başga-da, şu häsiýetler bolmasa, hakyky imanly adam

bolmak mümkin däl. Şeýle-de bolsa, bu häsiýetleriň bardygy adamyň Hudaýyň hakyky çagasy bolup durýandygyny aňlatmaýar. Adamyň Onuň Sözüne gulak asmagy kesgitleýji faktor bolup durýarmy?

Şu tema bilen Isa Özüniň meşhur Dagdaky wagzyny jemleýär. Ahyrynda Ol Özüniň haýran ediji sözlerinde şeýle diýýär:

> “Şeýlelikde, Men bu sözlerimi eşidip, *olary berjaý edýän* adamy öýüni gaýanyň üstünde guran akylly adama meňzedýärin. Ýagyş ýagyp siller geldi, ýeller öwsüp, ol öýe urdy, emma öý ýykylmady, çünki ol gaýanyň üstünde gurlupdy. Meniň bu sözlerimi eşidip, olary *berjaý etmedik* kişi öýüni çägäniň üstünde guran akmak adam ýaly bolar. Ýagyş ýagyp, siller geldi, ýeller öwsüp, ol öýe urdy; öý ýykyldy, onuň ýykylyşy hem gorkunç boldy” (Matta 7:24–27).

Eger bu toparlaryň ikisine-de seretsek, hemme zadyň ýönekeý bir tapawuda alyp barýanyny görýäris. Ol toparlaryň ikisiniň hem, Onuň sözlerini eşidýänini, ýöne birinji toparyň sözleri *ýerine ýetirýänini*, ikinji toparyň bolsa, *ýerine ýetirmeýändigini,* ýa-da birinji toparyň *Hudaýyň Sözüniň öňünde titreýänini* (Hudaýdan gorkýanyny), ikinji toparyň bolsa, *Hudaýyň Sözüniň öňünde titremeýänini* (Hudaýdan gorkmaýanyny) özünde jemleýär.

Isa bu toparlaryň daşyndan biri-birine örän meňzeşdigini görkezýär. Berk esasdan mahrum bolan topardakylaryň mesihilik taglymatyna, Isany Reb hökmünde gyzgyn yglan etmä we işjeň mesihilik gullugyna bolan ynamy özleriniň durmuşyny we öýlerini guruşlaryny alamatlandyrýar. Berk esasy bolan toparda hem, şu häsiýetleriň hemmesi bar, ýöne olar Onuň sözlerine tabyn bolýarlar. “Öýleriň” ikisem şol bir materialdan, şol bir taglymatdan gurlan. Olaryň ikisem tagzym etmede we gullukda meňzeş görünýärler. Tapawut olaryň esaslarynda jemlenen – ol görünmeýär. Bir topar Hudaý bilen ýakynlygy indiwidual taýdan başdan geçirýär, beýlekisi munuň ýaly etmeýär.

Hudaý bilen ýakynlyk mukaddes gorkuda gezýänlere wada berilýär. Indiki birnäçe bapda biz özümize teklip edilen bu ajaýyp artykmaçlygy göreris.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Hudaý Rebbimiz Isany tanamakda size merhemet, parahatlyk eçilsin! Onuň Hudaýlyk güýji ... Hudaýy tanamagymyz arkaly ýaşaýşa, takwalyga degişli ähli zady bize bagyş etdi. Şular arkaly bize juda

gymmatly, uly wadalar berdi. Şeýle hem, siziň ýaman höwesler sebäpli dünýäde bolan bozuklykdan gaçyp, şular arkaly Hudaýlyk tebigata şärik bolmagyňyz göz öňünde tutulýar" (2 Petrus 1:2–4).

**Many.** Adama Isanyň Öz Sözüni ýerine ýetirme ukybyndan-da ýokary bolan güýjüniň berilmegi onuň Isa bilen gatnaşyklarda bolýandygynyň subutnamasydyr. Şol güýjüň berilmegine başgaça "Rebbiň merhemeti" diýilýär.

**Oýlanma.** Men Isanyň sözlerine öz güýjüm bilen tabyn bolmak isleýärinmi ýa-da bu işde Onuň merhemetine, wadalaryna we Hudaýlyk tebigatyna daýanýarynmy? Men öz ukyplaryma garanda, Onuň ukybyna nädip köpräk daýanyp bilerin?

**Doga-dileg etmek.** Atam, Seniň Sözüňe öz güýjüm bilen tabyn bolmaga synanyşanym üçin meni bagyşla. Şu pursatdan başlap, Isany öz durmuşymyň Rebbi diýip yglan edýärin. Seniň Sözüň aýdýan zatlarynyň hemmesi – meniň durmuşymdaky esasy hakykatdyr. Men diňe Seniň özüme güýç sowgat beriji merhemetiňe we Seniň ýollaryňdan ýöremegim üçin özüme berlen Hudaýyň tebigatyna daýanaryn. Ol biziň berk gatnaşykda bile geçjek ýolumyzdyr. Bu ajaýyp durmuşa çagyranyň üçin men Saňa minnetdar. Isanyň ady bilen. Omyn.

**Toba etmek.** Men Onuň ukybyna bolan iman bilen ýörärin. Men indi öz güýjüme daýanjak däl-de, Onuň güýji bilen hyzmatdaşlyk ederin.

Biz öz pikirlerimizden çykan zat bilen hiç haçan kanagatlanyp ýa-da oňa haýran galyp bilmeris. Ýöne Hudaý gürlände welin, munda mydama geň galmanyň we hormatlamagyň elementleri bolýandyr.

– JOÝ DOUSON

# 32| REBBIŇ SYRY

Soňky iki bap agyr, dartgynly we huşuňa getirijidir. Isanyň: “Hojaýynyňyzyň şatlygyna giriň” diýerine garaşýanlaryň köpüsiniň: ”Meniň ýanymdan aýryl” diýenini eşitjekdiklerine akyl ýetirmek gynaýjydyr we gorkunçdyr. Aslynda gatnaşykda bolmasaňyz-da, Hudaý bilen gatnaşykdadyryn diýip pikir etmekden uly aldanma ýokdur. Şol aýallar we erkekler birden özleriniň akmaklyklary baradaky eýmenç aýanlygy alalar, olar şol akmaklyk zerarly “Hudaý bilen bir bolmagyň” deregine, “Hudaýy ulanypdylar”. Olar Onuň Sözüne tabyn bolmada ýüze çykýan beýik söýgini duýmagyň deregine, Onuň Sözüni özleriniň bähbidi üçin ulanypdylar. Bizi perwaýsyzlyk ýa-da aldanan adam ýagdaýyna batmakdan goramak üçin Isa Özüniň beýik söýgüsi bilen bize şeýle eýmenç hadysanyň bardygyny duýdurýar.

Indi ýakynlygyň garşydaş tarapy baradaky düşünjäni alanymyzdan soň, geliň, Ýaradyjymyz bilen hakyky ýakynlykda bolmanyň gözelligi hakdaky gürrüňe başlalyň. Biz ssenariýa, ýagny indiki birnäçe bapda öwrenjek ssenariýamyza seretmekden başlarys.

Ilki size sorag bermäge maňa rugsat ediň: Patyşalykda bolmak (eýmenç “Meniň ýanymdan aýrylyň” diýen sözleri eşitmezlik), ýöne şonda barybir Hudaý bilen ýakyn gatnaşykda bolma mümkinçiligini elden gidermek mümkinmi? Tiz jogap – hawa. Ýöne, geliň, muny Mukaddes Ýazgy esasynda öwreneliň. Ilki bilen men özümiň gowy görýän mezmurlarymyň birini paýlaşmakçy:

> “Rebbiň *syry* Ondan gorkýanlara aýan edilýändir. Ol olara ähtini bildirer” (Zebur 24:14).

Ýewreý dilindäki syr – “sod” bolup, ol “ýygnak” sözüni aňladýar. Grek dilindäki sözlükde-de ol “gizlinligi” aňladýar-da, bu jümläniň aslynda

ýatýar. Şonuň üçin, düýp manysynda mezmurçy haýsydyr bir syr barada däl-de, Hudaý bilen edilýän syrly maslahat barada gürrüň edýär ýa-da öz maksatlarymyz üçin ony "*syrlar*" (köplük san) diýip atlandyrýarys. Mukaddes Ýazgyda: "Hudaý Öz syrlaryny Özünden gorkýanlar bilen paýlaşýar" – diýilýär.

Indi özüňize sorag beriň: siz öz syrlaryňyzy kim bilen paýlaşarsyňyz – tanyşlaryňyz bilenmi ýa-da ýakyn dostlaryňyz bilen? Siziň: "Ýakyn dostlarymyz bilen" diýip jogap berendigiňize ynanýaryn. Hudaý hem edil şonuň ýaly. Ol Öz syrlaryny Özüniň ýakyn jana-jan dostlary bilen paýlaşýar. Onuň ýakyn dostlary bolsa, mukaddes gorkyny saýlan adamlardyr. ESV (English Standard Version) terjimesinde: "Rebbiň dostlugy Ondan gorkýanlar üçindir" diýlip ýazylypdyr (iňlis dilinden terjime).

Hudaý her kimiň Dosty däldir. Muny has takyk düşündirmäge rugsat ediň: *ýygnaga gelýän her bir adam Hudaýyň dosty bolýan däldir*. Bu pikiri ýaýbaňlandyrmak üçin, geliň, Köne Ähtden başlalyň. Onda Hudaýyň dosty adyny alan iki adam bar: Ybraýym hem Musa. Başga-da barmy? Elbetde, Nuh, Danyýel, Ester, Ýusup, Dawut, Eýýup, Hanok, Işaýa we başga-da köpler Hudaý bilen ýakyn gatnaşykda boldular. Şeýle-de bolsa, bu iki adamyň durmuşy Reb bilen dostlukly gatnaşyklara alyp barýan ýoluň mysaly bolup durýar.

Geliň, Ybraýymdan başlalyň. Oňa näme üçin "Hudaýyň dosty" diýildi? Ol ýetmiş bäş ýaşyndaka, Hudaý onuň ýüregindäki iň uly arzuwy ýerine ýetirmäge – oňa ogul bermäge wada berdi. Ýöne bu derrew amala aşmady. Aýaly Sara gudrat bilen Yshagy dünýä inderýänçä, ol ýene ýigrimi bäş ýyl garaşdy. Şeýle uzak garaşdyran bu waka bildirilýän minnetdarlygyň çuňlugyny we onuň şeýle süýjüligini siz göz öňüne getirip bilýärsiňizmi?

Ata bilen ogluň arasyndaky gatnaşyklaryň ýyl geçdigiçe berkändigine men ynanýaryn. Onuň ogluna guwanmasy bilen giden baýlygyny hiç hili ýagdaýda-da deňeşdirer ýaly däldi. Ybraýym üçin indi hiç zadyň, hatda janynyňam ähmiýeti ýokdy.

Ýöne soň günleriň birinde Hudaý öňünden hiç hili duýduryş bermezden doga edýän wagtynda Ybraýyma: "Ogluňy, ýalňyz ogluňy, söýgüli ogluň Yshagy al-da, Moryýa ýurduna bar we Meniň saňa görkezjek dagymyň üstünde Yshagy Hudaýa ýakma gurbanlygy hökmünde gurban ber" (Gelip çykyş 22:2) - diýdi.

Näme?! Hudaý şeýle etmelidigini aýdany bilen, hatda sebäbini-de düşündirmeýäni üçin iň gymmat adamy öldürmeli ýa-da iň gymmat zadyňy ýok etmeli? Siz dogryňyzy aýdýarsyňyzmy? Ybraýym bu sözleri eşideninde, onuň nähili şok geçirenini siz göz öňüne getirip bilýärsiňizmi? Ol Hudaýyň

munuň ýaly zady sorap biljekdigini pikir hem etmändi. Hudaý Ybraýymdan öz janyndan-da gymmat bolan zady – onuň ýüregini – sorady ahyry! Munuň hiç hili manysy ýokdy.

Bu wajyp pikiri bellemäge maňa rugsat ediň: *biz* munuň synag bolandygyny bilýäris. Mukaddes Ýazgyda aýdyň ýazylan: “Birazrajyk wagt geçenden soň Hudaý Ybraýymy synady” (1-nji aýat, НРП). Ýöne eýýäm bolup geçen taryhy gürrüňi okamagyň minusy, ine, nämede: biz soňuny bilýäris, imanlylaryň köpüsi bu barada eýýäm eşitdiler ýa-da birnäçe gezek okadylar. Ýöne biz munuň synagdygyny Ybraýymyň bilmändigini ýatdan çykarýarys. Synagdan soňuna çenli geçýänçäk, Hudaýyň bizi haçan synaga saljakdygyny hiç haçanam bilmeýäris. Belki, mekdepde barlag işini göçürmek size başardar, ýöne Hudaýyň taýýarlan synagynda hiç kimem aldap bilmeýär. Eger ýüreklerimize bilim bermek üçin biz Onuň Sözünde durmak boýunça öý işini etmedik bolsak, onda her neneň akylly bolsak-da, bize synagy tabşyrmak kyn bolar!

Eger Ybraýymyň nesilleri özlerini çölde Hudaýyň synajak ýagdaýlary barada bilen bolsalar, onda olar synagdan geçip bilmezdiler. Ybraýymda başga bir zat, onuň nesillerinde bolmadyk bir zat – mukaddes gorky bardy.

Men Ybraýymyň Hudaýyň aňrybaş kyn buýrugyna beren jogabyny gaty gowy görýärin: “Ertesi gün Ybraýym irden turdy” (Gelip çykyş 22:3). Ol şobada işe başlady. Ol bu meseläniň üstünde birnäçe günläp we hepdeläp pikirlenip ýörmedi, pikirlerini bilmek üçin dostlaryna ýüz tutmady. Ol Hudaýyň buýrugyny äsgermän oturmady ýa-da oňa garşy çykyp durmady. Ol, Yshak we onuň iki hyzmatkäri ertesi gün irden turdular-da, goşlaryny ýygnap, ýola düşdüler.

Belki, öten agşam Hudaýyň sesini eşideninden soň oňa hereket etmek aňsat bolandyr, ýöne indi iki ýarym gün geçenden soň, Ybraýym indi gökden ýekeje sözem eşitmeýän wagtynda, Hudaýyň sebäbini düşündirmän ýöne bir aýdany üçin, durmuşyndaky iň gymmat adamy, öz hazynasyny gurbanlyk berjek dagynyň garşysynda durka, ol näme etmeli?

Ybraýym dagyň etegine gelip, hyzmatkärlerine garaşmagy haýyş edýär. Ol Yshagy ýany bilen daga alyp gidýär-de, ol ýerde gurbanlyk sypasyny gurýar. Bu pursatlaryň bütin dowamynda ol hasratly emosiýalaryny we gözýaşlaryny gizleýär. Gurbanlyk getirmek üçin gerek bolan zatlaryň hemmesini etmek üçin oňa bar güýji hem ruhy gerekdi. Iň agyr pursat gelýär; Hudaýyň Öz pikirini üýtgetjegine bolan bar umyt ýitirilen ýalydy. Şonuň üçin ol gaty güýçli tolgunyp, Yshagyň ellerini, aýaklaryny daňýar-da, onuň üstünde pyçagy ýokary galdyryp, ony oglunyň ýüregine sançmaga

eýýäm taýýar bolup durýar – bu zatlaryň hemmesi Hudaýyň, sebäbini düşündirmezden, şeýle etmegi haýyş edendigi üçindi.

Birden Hudaýyň perişdesi peýda bolup: “Oglana el gatma, oňa hiç zat etme. *Indi Men seniň Hudaýdan gorkýandygyňy bilýärin*. Sen öz ýalňyz ogluňy Menden gaýgyrmadyň” (Gelip çykyş 22:12) – diýdi.

Perişde Ybraýymyň Hudaýdan gorkýanyny nädip bildi? Sebäbi Ybraýym munuň *hiç hili manysy ýokka*, mundan *hiç hili bähbit görmedik* wagtynda, *agyryly bolanda-da*, *şobada* tabyn bolup, ony *doly* ýerine ýetiripdi.

Soň Ybraýym pyçagy aýryp, Yshagy çözýär, gabaklaryny galdyranynda bolsa, şahalara çolaşyp duran goçy görýär. Soň onuň dilinden: “Ýahwe ýire” diýen sözler çykýar, bu bolsa: “Reb üpjün edýär” diýmegi aňladýar (Gelip çykyş 22:14). Näme boldy? Şol pursatda Hudaý Ybraýyma Özüniň ozal hiç kimiň bilmedik häsiýetini açdy. Näme üçin? Sebäbi ol Hudaýyň dosty.

Maňa düşündirmäge rugsat ediň. Siziň hemmäňiz, bu kitabyň okyjylary, meni Jon Biwer, awtor hökmünde tanaýarsyňyz. Meniň konferensiýalardaky ýa-da ýygnaklardaky çykyşlarymy eşiden käbirleriňiz meni Jon Biwer, köpçüligiň öňünde çykyş edýän spiker hökmünde tanaýarsyňyz. Ýöne meni Jon Biwer är, Jon Biwer kaka, Jon Biwer ata, Jon Biwer gowy dost, aşyk Jon Biwer - men bu sanawy dowam etdirip biljek – hökmünde tanaýan Liza atly bir aýal bar. Meniň şahsyýetimiň bu taraplaryny örän az adam – diňe iň ýakynlarym bilýär. Iň soňkusyny bolsa, diňe Liza bilýär. Ybraýym şol gün Hudaýyň ýakyn dosty boldy. Indiki bapda biz bu iki dostuň arasyndaky gatnaşyklaryň üýtgeýşiniň adatdan daşary prosesini we biziň hem, şonuň ýaly gatnaşyklardan nädip lezzet alyp biljekdigimizi öwreneris.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Rebbiň syry Ondan gorkýanlara aýan edilýändir. Ol olara ähtini bildirer” (Zebur 24:14).

**Many.** Hudaý Öz syrlaryny ýakyn dostlary bilen paýlaşýar, Onuň ýakyn dostlary bolsa – mukaddes gorkyny kabul edýän adamlardyr.

**Oýlanma.** Dost nämäni aňladýar? Dostlar nädip bilelikde durmuşdan lezzet alýarlar. Näme dostlugy has çuň edýär? Men Hudaýyň dosty bolmak isleýärinmi? Meniň pikirimçe, Ol dostunda näme gözleýär? Men Onuň üçin gowy dost boldummy? Eger ýok bolsa, näme üýtgemeli? Onuň bilen dostluk babatda meniň nähili isleglerim bar?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Reb, men Seniň ýakyn dostlaryň biri bolmak isleýärin. Muny Seniň hem isleýäniňi men bilýärin. Ýakyn dost bolmagyň nämäni aňladýandygy barada oýlananymda, Seniň wepaly dostuň bolmandygyma düşünýärin. Haýyş edýärin. Seniň islegleriňi hemme zatdan ýokary tutmandygym we biziň gatnaşyklarymyzy goramandygym üçin meni bagyşla. Seniň ebedi dostuň bolmagym üçin men merhemet soraýaryn. Isanyň ady bilen. Omyn.

**Toba etmek.** Men Hudaýyň dosty bolmaklyga çalşaryn we başga hiç zady Ondan ýokary tutmaryn.

Rebden gorkmaklyk kalbyňy nurlandyrýar, mekirligi ýok edýär, höwesleri gowşadýar, ýüregiňden garaňkylygy kowýar we ony arassa edýär. Hudaýdan gorkmaklyk – bu akyldarlygyň çür depesidir. Onuň bolmadyk ýerinde siz hiç hili gowy zat tapmarsyňyz. Kimde Hudaýdan gorkmaklyk bolmasa, ol iblisiň hüjümleri üçin açykdyr.

– MUK. ÝEFREM SIRIN

# 33| GIZLIN MAGLUMAT

Hudaý bilen Ybraýymyň arasyndaky dostlugyň nädip ýola goýlandygy barada biz eýýäm gürrüň edip geçdik. Bu biziň Hudaý bilen şonuň ýaly ýakyn gatnaşyklara nädip başlamalydygymyzyň mysalydyr. Ýöne bu tema başlamazymyzdan öňürti, geliň, Ybraýym baradaky gürrüňi dowam etdireliň. Biz şeýle setirleri okaýarys:

> “Atamyz Ybraýym ogly Yshagy gurbanlyk sypasynyň üstüne goýanda, bu eden işiniň netijesinde aklanmadymy? ... oňa *Hudaýyň dosty* diýildi (Ýakup 2:21, 23).

Resul Ýakup olaryň dostlugy hakda gürrüň edende, onuň sözleri ýöne ýere perişdäniň sözleri bilen gabat gelmeýär. Ybraýymyň mukaddes gorkusy bu dostlugyň esasy boldy, ol onuň çalt hem doly tabynlygy (hereketleri) bilen subut edildi. Hatda buýrugyň manysy ýok ýaly bolanda-da, göze görnüp duran hiç hili bähbidi ýokka-da, üstesine-de ýerine ýetirmesi agyryly bolsa-da, ol Hudaýyň Sözüniň öňünde titredi. Hudaýdan gorkmaklyk bizi *islemäge* bolşy ýaly, Hudaýyň isleýän zadyny *etmäge-de* höweslendirýär. Ol Onuň bilen ýakynlygyň gapysyny açýar.

Ajaýyp günleriň birinde Hudaý bu soragy, Mamredäki dub tokaýynyň ýanynda Ybraýym bilen duşuşan wagtynda Öz ýanynda bolan iki perişdä berýär: “Etjek bolýan işimi Ybraýymdan gizläýinmi?!” (Gelip çykyş 18:17).

Soň Reb Öz niýetleri hakda gürleşmek üçin Ybraýyma ýüzlendi, iki perişde bolsa, Sodom hem Gomora şäherlerine gitdiler. Mundan soňky wakalary başga sözler bilen düşündirmek isleýärin, ýöne aslynda Reb: “Ybraýym, men bu iki şäheri ýeriň ýüzünden süpürip taşlajak bolýaryn, sebäbi olaryň günäleri çenden aşdy. Sen nähili pikir edýärsiň?” – diýdi.

Siz Ýaradandan şeýle sözleri eşidýändigiňizi göz öňüne getirip

bilýärsiňizmi? Şok ýagdaýyna düşen Ybraýym: “Sodom?!” – diýip jogap berýär.

Reb: “Hawa-hawa, Gomoranam. Bu barada sen nähili pikir edýärsiň?” – diýýär.

Ybraýym dowla düşüp, öz-özüne: “*Pikirlen, Ybraýym, pikirlen. Ol ýerde seniň jigiň Lut ýaşaýar. Men onuň üçin we beýleki bigünä adamlar üçin töwellaçylyk etmeli*” – diýýär. Ybraýymda pikir peýda bolýar:

> “Sen beýtseň, günäliniň oduna bigünä-de ýanmazmy?! Aýdaly, galada elli sany dogry adam bar. Elli sany dogry adamy halas etmek üçin, Sen olara rehim etmezmiň? Sen şonda-da galany weýran edermiň? Günäli bilen bigünäniň arasynda parh goýman, bigünäni günäliler bilen bile öldürmäweri! Beýle iş etmeklik Senden daşda bolsun! Bütin Ýer ýüzüniň Kazysy – Sen adalatly hereket etmeli dälmi ahyry!” (Gelip çykyş 18:23–25).

Özüniň äht baglaşan adamyndan jogap eşideninde, Hudaýyň nähili şatlanyşyny we begenişini sen göz öňüne getirip bilýärsiňmi? Belki, Ol: “Gaty gowy pikir! Bolýar, eger ol ýerde elli sany dogry adam tapsam, Men ol iki şäheri ýok etmerin. Men Öz dostum Ybraýym bilen gürleşenime şeýle şat” – diýip jogap berendir.

Ýöne bu Ybraýymy köşeşdirmeýär – ol ýerden elli sany dogry adam tapylmasa näme? Şonuň üçin ol soragyny gaýtalaýar-da, sany kyrk bäşe çenli gysgaldýar.

Reb: “Ýene bir ajaýyp pikir! Bolýar, eger ol ýerde kyrk bäş sany dogry adam tapylsa, Men ol şäherleri ýok etmerin. Men Öz dostum Ybraýym bilen gürleşenime şat” – diýip jogap berýär.

Ybraýym saklanmaýar; ol temany giňeltmegi dowam etdirýär-de, kyrk bäşi kyrka ýetirýär, soň otuza, soň hem, ýigrimä çenli, ahyrsoňunda-da on dogry adama çenli düşürýär. Ol içinden: “*On sany dogry adam tapylar. Meniň jigim Lut bir, ýene dokuz adam galýar*” – diýip pikir edendir.

Hököm çykarmaga ygtyýary bolan Patyşa bilen diňe dosty gürleşip biler. Hyzmatkäriň ýa-da weziriň agzyndan munuň ýaly haýyş çyksa, sylaşyksyzlyk bolar. Reb haýyşlaryň her biri bilen ylalaşýar, ondan soň: “Reb Ybraýym bilen gürrüňini tamamlandan soň, onuň ýanyndan gitdi. Ybraýym bolsa öýüne dolanyp geldi” (Gelip çykyş 18:33-e seret) diýen sözleri okaýarys.

Ýatda saklaň, Hudaýdan gorkmak – diýmek, Onuň söýýän zadyny söýmekdir, Onuň ýigrenýän zadyny ýigrenmekdir. Bir gezek, takyk günleriň birinde, bir adam maňa gödek gürlände, oňa şypa beriji sözler bilen

ýüzlenen günümde, Hudaý meniň bilen gürleşdi. Ol: “Oglum, seni-de Meni biynjalyk edýän zatlar – adamlar – biynjalyk edende, Men seniň bilen Öz meýilnamalarymy ara alyp maslahatlaşaryn” – diýdi.

Mukaddes gorky, dogrudanam, bize diňe Hudaýy däl-de, eýsem, adamlary-da ýürekden hem çuň söýmäge mümkinçilik berýär.

Mukaddes Ýazgyda Sodomda we Gomorada “adamlaryň iýip-içendikleri, satyn alandyklary we satandyklary, ekendikleri we gurandyklary” (Luka 17:28) ýazylypdyr. Geliň, has düşnükli dilde beýan edeliň: “Durmuş ajaýyp, ykdysadyýet gülläp ösýär, eger Hudaý bar bolsa-da, Ol biziň ýaşaýyş ýörelgämize garşy çykmaýar”. Bu şäherler ýok edilmeden ýigrimi dört sagatdan-da az aralykdadylar, adamlar nadanlykda ýördüler. Ýöne iň gorkunç zat bu däldi.

Iň gorkunç zat şunda jemlenendi: Mukaddes Kitabyň “dogry adam” diýip atlandyrýan Luty (2 Petrus 2:7) hudaýsyzlar bilen deň derejede nämäniň boljakdygyna düşünmeýärdi, hiç zatda olardan tapawutlanmaýardy! Onuň özüni we maşgalasyny ol ýerden alyp çykmak üçin iki sany mukaddes perişde gerek boldy – bu zatlaryň hemmesi Ybraýymyň dogalarynyň arkasyndan bolupdy (Gelip çykyş 19:29).

Bu wakany has aktual etmek üçin, geliň, oňa waka biziň döwrümizde bolan ýaly seredeliň. Bizde iki sany *dogry adam* – iki sany halas bolan, ýokardan doglan mesihi bar. *Dogry adamlaryň* biri Hudaýyň etjek bolýan zadyny öňünden bilýär we muny nähili etmelidiginde Oňa kömek edýär. Beýleki dogry adam – edil hudaýsyz adam ýaly – öňde duran höküm barada hiç zadam bilmeýär. Näme üçin? Birinji dogry adam Hudaýdan gorkýar, şonuň üçin ol Hudaýyň dosty bolup, öz gezeginde Hudaýyň syrlaryny bilýär. Ikinji dogry adam Hudaýdan gorkmaýar, şonuň üçin ol Hudaýyň dosty däl we Onuň syrlaryny bilmeýär.

Lut dogry adam hökmünde atlandyrylýardy, ýöne ol dünýewi adamdy. Ol burça gysylan adam bolany üçin, korintos ýygnagy ýaly, biziň günbatar Ýygnagymyzdaky köp adamlar ýaly, ilki bilen öz bähbidine gulluk etmäge dyrjaşýan imanly adamy alamatlandyrýar. Şol erkekleriň we aýallaryň “dogry adamlar” toparynyň Hudaý bilen gatnaşyklary meniň Birleşen Ştatlaryň prezidenti bilen gatnaşyklarymdan onçakly bir tapawutlanmaýan derejededir. Men prezidentiň kararlaryndan we ýolbaşçylygyndan peýda alyp bilerin, ýöne onuň syrlarynam, meýilnamalarynam, şahsy duýgularynam, çykarmazyndan öň nähili karary çykarjagynam bilmeýärin.

Lutuň häsiýeti onuň nähili ýeri saýlandygynda, nirede mesgen tutandygynda, özüne nähili aýaly saýlandygynda we gan garyşdyrmasy

arkaly nähili çagalary – mowaplylary we ammonlary – dünýä inderendiginde ýüze çykypdy. Lut ilki başyndan özüne iň gowy bolup görnen zady saýlady. Ybraýym onuň bilen aýrylyşanda oňa ýaşamak üçin ýeri özüne saýlaw etmek hukugyny berdi we özi onuň garşydaş tarapyna gitmäge razy boldy. Biz Mukaddes Ýazgyda: “Lut Iordan jülgesiniň hasylly topragyna *uzak wagtlap* seredip durdy” (Gelip çykyş 13:10, iňlis dilinden terjime) diýip okaýarys. Näme üçin uzak wagtlap seretdi? Ol bu tekizlikde ýerleşýän bu şäherleriň pislikleri barada bilýärdi. Ol dünýewi sistemanyň artykmaçlyklaryndan nädip peýdalanyp boljakdygyny, ýöne nädip duzaga düşmeli däldigini anyklamaga synanyşan bolsa gerek. Ol meýilnamany işläp düzýär. Ol tekizlikde pislikden daşrakda, howpsuz ýerde düşelge edinýär (Gelip çykyş 13:12), ýöne onuň eglişik etme pikiri başa barmaýar. Soňrak ol öz maşgalasy bilen Sodomyň derwezesiniň ýanyna barýar, ahyrsoňunda hem, şäheriň içinde ýerleşmäge mejbur bolýar.

Bize mukaddes gorky ýetmezçilik edende, gutulgysyz ýagdaýda näçe mümkin bolsa, şonça-da dünýä, başymyz bilen batmazdan, golaý barmaga dyrjaşýarys. Ýöne biz mundan ugur alsak, onda dünýäniň bizi özüne çekjegini diňe wagt çözer. Biz özümiziň bu dünýä, onuň bir bölegi bolmak üçin däl-de, ýitenleri gazanmak üçin çagyrylandygymyzy ýatda saklamalydyrys.

Lutuň durmuşy biziň her birimiz üçin duýduryş bolup gulluk edýär. Eger Ybraýymyň tarapdarlyk etmesi bolmadyk bolsa, onda Lut üçin höküm güni, gijeki ogry ýaly bolup, duýdansyz gelerdi. Onuň dünýewi durmuşynyň eýmenç netijeleri bardy. Eýýäm aýdylyp geçilişi ýaly, Lutuň nesilleri örän erbet bolupdy. Onuň aýaly Sodoma şeýle güýçli ysnyşypdy welin, hatda perişdeleriň yzyna seretmeli däl diýen buýrugyna-da gulak asmady, netijede adalat ýerine ýetdi – ol şobada duz sütünine öwrüldi. Isa bize söýgi bilen duýduryş berip: “Lutuň aýalyny ýada salyň” (Luka 17:32) – diýýär.

Indi sorag bermek ýerliklidir: Hudaýyň çagasy bolup durýan biz üçin dostlugyň bu şerti adalatlymy? Biz tizara bu tema ýüzleneris, ýöne ilki bilen, geliň, Hudaýyň Köne Ähtde ýatlanylyp geçilýän başga bir dostuny öwreneliň.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Hudaýa ýakynlaşyň, Ol hem size ýakynlaşar. Eý günäkärler, eliňizi arassalaň, eý, ikigöwünliler, ýüregiňizi saplaň” (Ýakup 4:8).

**Many.** Hudaý Öz meýilnamasyny Özünden gorkýanlar bilen paýlaşýar. Ol Öz meýilnamalaryny wepalylygyny Hudaý bilen dünýäniň arasynda bölýänlerden gizleýär.

**Oýlanma.** Isa: “Hakykat Ruhy gelende <…> geljek zatlary size bildirer” (Ýohanna 16:13) – diýdi. Bu Hudaý bilen Ybraýymyň aragatnaşyklaryna nädip degişli bolup biler? Hudaý meniň bilen Öz meýilnamalaryny paýlaşar ýaly, men Onuň bilen şeýle gatnaşykda bolmak isleýärinmi?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Reb, men Seniň gizlin maslahatyňy eşitmek isleýärin. Men özümiň Lut ýaly dünýä bilen oýun edendigime düşünýärin. Aslynda men Seniň şahsy maslahatyňdan daş düşüpdirin. Men bu işime toba edýärin we Rebbim Isa Mesihiň gany bilen meni gowuja arassalamagyňy Senden soraýaryn. Haýyş edýärin, meni Öz pikirleriňi paýlaşjak adamyň hökmünde kabul et.

**Toba etmek.** Men bütin dünýäniň deregine Hudaýyň işini kabul edýärin.

Diňe hemme zady gurşap
alýan hormat we sylag
duýgusy Hudaýyň barlygynda
bizi dolduranda, biz Oňa tagzym
edip başlaýarys.

– ALISTER BEGG

# 34| ÝÜZBE – ÝÜZ

Geliň, indi Hudaý bilen gatnaşyklarynda "dost" diýlip atlandyrylan başga bir köneäht gahrymanlaryna seredeliň.

> "Reb Musa bilen, edil *dosty* bilen gepleşen ýaly, *ýüzbe-ýüz* gepleşdi" (Müsürden çykyş 33:11).

Hudaý bilen adamyň arasyndaky dostlugy suratlandyrmak üçin Mukaddes Ýazgynyň "ýüzbe-ýüz" diýen jümläni ulanýanyna akyl ýetirmek mümkin däl diýen ýaly. Ýatda saklaň, köçede gezip ýören biri ýa-da ýöne bir meşhur adam däl-de, Hudaý Gudratygüýçlüdir. Siz bu tassyklamanyň güýjüne düşünýärsiňizmi? Ýakynlyk baradaky bu jümle bir gezek ulanylmaýar. Ikinji gezek biz oňa, Musany tankytlandyklary üçin Reb Harun bilen Merýeme gaharlananda duş gelýäris. Ol gahar bilen:

> "Men Öz öýümdäki hemme zady ýeke-täk oňa ynanýaryn. Men onuň bilen syrly däl-de, ýüzbe-ýüz düşnükli gürleşýärin! Ol Rebbi Öz bolşy ýaly görýär" - diýýär (Çölde 12:7-8, iňlis dilinden terjime).

Hudaýdan "Men saňa ynanýaryn" diýen sözleri eşitmek adamyň alyp biläýjek iň beýik öwgüsidir. Bu Hudaý bilen bolýan munuň ýaly dostlugyň ynamyň esasydygyna has çuň düşünje berýär. Hudaýa bolan ynamy näme emele getirýär?

Şertsiz tabynlyk – mydama Onuň haýyşyny ýerine ýetirmegi aňladýar.

Hemme taraplaýyn dogruçyllyk – mydama sözüňde durmagy aňladýar.

Üýtgewsiz derejede goýmaklyk – mydama Onuň isleglerini birinji ýerde goýmagy aňladýar.

Onuň ýüregini bilmeklik – karar kabul edeniňde mydama Hudaýyň islegini ileri tutmagy aňladýar.

Dört bölümiň hemmesindäki yzygiderligiň birinji derejeli manysy bar. Eger olaryň haýsydyr birinde näsazlyk bolsa, onda tiz we ýürekden toba etmeklik ýitirilen ynamy size gaýtaryp bermäge kömek edýär. Dört derejäniň hemmesinde-de bu durnuklylygy mukaddes gorky üpjün edýär. Musa bolsa ony iň ýokary derejede ýüze çykardy. Bu bapda biz üçünji we dördünji derejelerde – has takygy, bilmekde we Hudaýyň ýüreginiň mydamalyk saýlawynda – ünsümizi jemläris.

Musanyň durmuşy barada pikirleniň – birinji kyrk ýylda ol uly kaşaňlykda we baýlykda ýaşady, iň gowy iýmiti iýdi, modaly geýimleri geýdi, iň gowy material abadançylyklardan lezzet aldy we islendik höwesini kanagatlandyrdy. Ol ajaýyp öýde ýaşady, ýer ýüzünde onuň babasyndan, faraondan, baý we güýçli adam ýokdy. Şeýle-de bolsa, biz şeýle setirleri okaýarys:

> “Ol gysga wagtlaýyn günäli lezzetden keýp alandan, Hudaýyň halky bilen bile horluk görenini *gowy gördi*. Ol öňde özüne nähili *baýragyň* garaşýanyny gördi, şol sebäpden hem, Mesih ugrunda kemsidilme onuň üçin Müsüriň baýlygyndan gymmat boldy” (Ýewreýler 11:25, 26).

Musa hemme zatdan gidenini *gowy gördi*. Ol köşkde gulluk etmäge synanyşyp bilerdi, ýöne Müsürde bolmaklygyň berip bilmejek *baýragyny* gözledi. Bu ýer wada berlen ýurtdumy? Ol bolup bilmeýärdi, sebäbi onuň eýýäm mahrum edilen ýeri, süýt bilen bal akýan ýurt oňa näme berip bilýärdi?

Onuň nämäni hemme zatdan-da köpräk gözländigine düşünmek üçin, geliň, onuň köşkden gaçandan soňky durmuşyna seredeliň. Onuň hemme zady taşlama saýlawy akylly saýlaw bolupdymy? Onuň durmuşyndaky şertler Müsürdäki şazadanyň durmuşy bilen deňeşdireniňde gowulaşypdymy? Ol çölde kyrk ýyllap goýun bakmak üçin adamlara ýolbaşçylyk etmegi goýupdy! Bu çopançylyk üçin uzak möhletdi. Soň ol Hudaýyň halkynyň faraonyň zulumyndan azat bolmasynyň örän dartgynly we dowamly prosesini başdan geçirdi. Eger bu ýetmezçilik eden bolsa, ol suwsuz çöle düşýär-de, ol ýerde çadyrda ýaşap, uly synaglardan geçýär. Onuň yzyna düşürip alyp barýan adamlary örän igenjeňdi, gaharjaňdy we onuň ýolbaşçylygyndan düýbünden kanagatlanmaýardy.

Bu zatlaryň hemmesiniň arasynda Hudaý Musa köp zatda tolgunmalaryny we howsalasyny ýumşatjak teklibi edýär. Ol Musa adamlary ýygnap, olary wada berlen ýurda alyp gitmegi ündeýär. Ol olary alyp gitmäge we ähli duşmançylykly halklary kowmaga saýlanylan perişdäni

belleýär. Reb Musa ýurduň baý, hasylly toprakdygyny ýatladýar, iň soňunda-da şeýle diýýär:

> “Ýöne Men siziň bilen gitmeýärin” (Müsürden çykyş 33:3).

Musa bilen halkyň her gün nähili günlere düşendigi hakda saklanyň-da, oýlanyň. Olarda hiç hili dürlülik – ajaýyp jülgeler, derýalar, tokaýlar, hasylly toprak, gül ekilen ýerler, miweli baglar we örüler – ýokdy. Hiç kim ýyly suwa düşmeýärdi, arassaja krowatda ýatmaýardy, arassa geýim geýmeýärdi, dükanlara aýlanmakdan lezzet almaýardy. Olaryň iýmiti juda ujypsyzdy: terje gök önümler we miweler, balyk, sygyr eti, süýjülik ýokdy, diňe her gün irden ýeriň ýüzünde peýda bolýan çörek bardy – başga hiç zat ýokdy, ol hem pisse ýagsyz, mürepbesiz we sowuk garbanmasyzdy!

Müsürdäki gulçulyk eýmençdi, ýöne suwsuz çölde sergezdançylyk çekip ýörmegem ondan gowy däldi; ol ýerdäki we Müsürdäki şertlerem – dürli bolsa-da – örän agyrdy. Şeýle-de bolsa, çölde ysraýyllarda umyt peýda boldy: olaryň özleriniň ýurdy – baý, hasylly we ajaýyp ýer boljakdy. Olar oňa nesiller boýy garaşyp gelýärdiler!

Hudaýdan şonuň ýaly ajaýyp sözleri eşitmegiň nähilidigini siz göz öňüne getirip bilýärsiňizmi? Elbetde, Musa razy bolýar we dagdan aşak düşüp, bu beýik täzeligi ýygnanyşyp duran bütin halka yglan edýär. Adamlar begenýärler, ony beýik serdar hökmünde öwýärler, şeýdip, hemmesi şatlyk bilen wada berlen ýurda tarap ýöräp, uzak garaşylan syýahata ugraýarlar. Ýöne Musanyň Hudaýyň eden teklibine beren jogabyna gulak asyň:

> “Eger biziň bilen Seniň Özüň gitmejek bolsaň, onda bizi *bu ýerden* çykarma” (Müsürden çykyş 33:15).

Ol ýeriň nirede ýerleşenini men size ýatladýaryn. Ol betbagtlyklaryň, stresleriň we synaglaryň ýeridi. Musa düşünjesi bolmadyklara birgeňsi, hatda bolgusyz hem bolup görnen jogaby berdi. Aslynda ol: “Eger men Seniň *barlygyň* bilen Seniň *ak patalaryň* arasynda saýlaw etmeli bolsam, onda Seniň barlygyňy saýlaýaryn!” – diýdi. Näme üçin? Kimdir biri barada ol ýokka-da, onuň bilen ýakyn bolman hem, bilip bolýar. Musa bolsa, şol baýraga ýürekden teşnedi.

Siziň: “Näme üçin Musanyň Hudaýyň teklibini kabul etmekden ýüz öwürmesi Oňa ýarady?” – diýip soramagyňyz mümkin. Musa Hudaýyň ýüregini bilýärdi. Ine, näme hakda pikirleniň: siz haçan hem bolsa bir wagt gowy görýän adamyňyza diňe onuň özi üçin peýdaly hem ýakymly boljak

bir zady etmegi, özem muny çyn ýüregiňizden teklip edip görüpdiňizmi, ýöne şonda: “Ýok, men bu zatdan sensiz lezzet alanymy däl-de, seniň bilen bolanymy gowy görýärin” diýen jogaby eşidip haýran galyp gördüňizmi? Şonuň ýaly jogap – seýrek, haýran galdyryjy we iň ajaýyp jogapdyr.

Musa Hudaýdan gorkýardy, şol sebäpden hem, Hudaý üçin wajyp bolan zat onuň üçin ilkinji derejeli zatdy: şeýdip, ol Hudaýyň ýüregini awlady, munuň netijesinde hem, Onuň ynamyna eýe boldy. Onuň alyp barýan adamlarynyň ýürekleri başgaçady. Biz şeýle setirleri okaýarys:

> “Ol [Hudaý] Musa Öz häsiýetini, Ysraýyl ogullaryna bolsa, Öz işlerini görkezdi” (Zebur 102:7, iňlis dilinden terjime).

Ybraýymda bolşy ýaly, Hudaý Öz *häsiýetini* Musa-da açdy. Mukaddes Kitabyň “Hoş Habar” terjimesinde Hudaýyň Musa Öz *meýilnamalaryny* açandygy ýazylypdyr. Başga sözler bilen aýtsak, Ol Özüniň şahsy syrlaryny Ysraýyla däl-de, Musa açdy.

Näçe mesihi häzirki döwürde dogalaryna alan jogaplary boýunça Hudaýy tanaýarlar? Olaryň Onuň bilen gatnaşyklary ýakynlyga garanyňda, ylalaşygy köpräk ýatladýar. Olar Onuň sözlerini bilýärler, ýöne ýüregini bilmeýärler. Mukaddes Ýazgy köplenç kadalar toplumy we taryhy gürrüňler ýaly bolup görünýär ýa-da ýöne bir ruhlandyrma çeşmesi ýaly ulanylýar.

Iň beteri-de, Onuň ýüregini açýan ýaşaýyş derejesindäki wajyp hakykatlary almagyň deregine, özleriniň kanunsyzlykly hereketlerine rugsat almak üçin ony ýoýýarlar.

Musa bilen ysraýyllar, Ybraýym bilen Lutdan hiç zatda tapawutlanmaýan, dogry adamlardylar. Ýöne Hudaýyň ýüregini – häsiýetini, syryny we meýilnamalaryny - bilme artykmaçlygy diňe Ondan gorkýanlara berlendir. Näme üçin Hudaý Öz halkyna däl-de, Musa ynandy? Sebäbi Hudaý Musanyň özüne has bähbitli boljak zady däl-de, mydama Hudaýyň ýüregini saýlajakdygyny bilýärdi – bu hem mukaddes gorkudyr.

Ysraýyl halky göle ýasanda, Hudaý muňa gaharlanyp şeýle diýdi:

> “Şeýlelikde, Meni ýeke galdyr, goý, Meniň gazabym olara garşy alawlasyn, Men olary ýok etjek-de, senden köp sanly halk döretjek” (Müsürden çykyş 32:10).

Ýene diýseň gowy teklip ýaňlandy – eger ol Ysraýyl üçin töwella etmegini bes etdirse, Musadan beýik halk öndürmeli. Boljak zat däl. Musa muňa nähili garady? Ol ýene özi üçin däl-de, Hudaý üçin gowy bolan zady saýlady.

Ol bu teklibe batyrlyk bilen garşy çykyp, Hudaýa Özüniň Müsürdäki we bütin dünýäniň öňündäki abraýyny ýatlatdy – başgalar Hudaýyň Öz halkyna wepaly bolmandygyny aýdarlar. Aragatnaşyk şeýle ýitileşýär-de, Musa göni “Pikiriňi üýtget!” – diýdi (12-nji aýat). Ol Hudaý gazaplanýan wagtynda Oňa pikirini üýtgetmelidigini aýtmaga het edip bildi! Eger siz Hudaýdan gorkmaýan bolsaňyz, Onuň ýüregini bilmeýän we Oňa ýagşylyk islemeýän bolsaňyz, onda bu mümkin däl.

Ine, Hudaý näme üçin Musa ynanýan, ýöne halka ynanmaýan eken, ýogsam Ol olaryň her birini halas edipdi. Ol halky Müsüriň özbaşdak hökümdarlygyndan hökmürowanlyk bilen halas etdi, ýöne Öz ýüregini hiç kim bilen paýlaşmady. Täze Äht döwründe bu şert Hudaýyň çagalary babatda ulanarlyklymy? Biz muny indiki bapda göreris.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Atam Maňa hemme zady ynandy <…> Atany Oguldan başga hiç kimem doly tanamaz we Oňa düşünmez” (Matta 11:27, iňlis dilinden terjime).

**Many.** Hudaýdan “Men saňa ynanýaryn” diýen sözleri eşitmek adamyň alyp biläýjek iň beýik öwgüsidir. Ynanmak – fundament, Hudaý bilen dostlugyň hökmany şertidir; ol Hudaýdan gorkýanlarda bolýandyr.

**Oýlanma.** Musa Hudaýdan gorkýardy, Onuň ýüregini bilýärdi, Hudaý hem oňa ynanýardy. Isa Rebden gorkmakdan şatlyk alýardy, Öz Atasynyň ýüregini bilýärdi, şonuň üçin Oňa hemme zat ynanylypdy. Bu ýerde nähili baglanyşyk bar? Mukaddes gorkudan şatlyk tapanymyzda näme bolup geçýär?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Reb, men Seniň maňa ynanmagyňy isleýärin. Saňa gulak asmadyk ýagdaýlarym, sözümde durmadyk gezeklerim, Seniň islegleriňi we Seniň üçin hemme zatdan gowy bolan zady öz isleglerimden ýokarda goýmanym üçin meni bagyşla. Men muny üýtgetmek isleýärin we şol üýtgeşmäni durmuşymda amala aşyryp biler ýaly maňa güýç bermek üçin meni mukaddes gorkudan doldur. Muny Isanyň ady bilen soraýaryn. Omyn.

**Toba etmek.** Men Rebbim Isanyň ynanyp biljek adamy bolmaklygy saýlaýaryn.

Ýolda biziň bilen
gepleşip gelýärkä,
bize Mukaddes Ýazgylary
düşündirýärkä, içimizde
ýüregimiz ýanmaýarmydy?

– LUKA 24:32

# 35| SIZ MENIŇ DOSTLARYM

Ybraýym bilen Musanyň durmuşy Hudaý bilen dostlukly gatnaşyklary ýola goýmagyň zerurdygynyň göreldesi bolup gulluk edýär. Reb Musa hakda: "Men Öz öýümdäki hemme zady ýeke-täk oňa ynanýaryn" (Çölde 12:7, iňlis dilinden terjime) diýme kararyna geldi. Şol nesliň içinde Hudaý Öz halkynyň arasynda ondan başga ynanar ýaly adamyň tapylmandygyny yglan etdi. Haýran galdyryjy sözler!

Isa bu ölçegi üýtgetdimi? Ol Özüne ynananlar bilen dostlukly gatnaşyklary ýola goýdumy? Ilki seredende – ýok, ýöne, geliň, bu soragy Ýohannanyň sözlerinden başlamak bilen öwreneliň. Ol Isanyň gullugynyň birinji günleri hakda ýazýar:

> "Pesah baýramynda Iýerusalimdekä Isanyň görkezen alamatlaryny görenleriň köpüsi Oňa *iman etdiler*. Emma Isa ähli adamlary tanaýanlygy üçin, olara Özüni *ynanmaýardy*" (Ýohanna 2:23, 24).

"Ynanmak" – bu grek dilinde gyzykly söz bolup, ol "doly derejede ynanmagy we bil baglamagy – ynamyň bolmagyny, ynamly bolmagy" aňladýar[24]. Isanyň adamlaryň ynamyna ynanmak bilen jogap bermeýändigi täsin zat. Adamlaryň Özüne doly derejede ynanýandyklaryna we bil baglaýandyklaryna garamazdan, Ol olara ynanmady. Ol adamlaryň aglaba bölegininiň ynamdar däldiklerini bilýärdi. Isa olary söýýärdi we olara gulluk edýärdi, ýöne dostluk derejesinde olar bilen gatnaşygy ýola goýmady. Isa (tende gelen Hudaý) Özüne ýöne bir ynananlara Hudaýyň Musa bolan ynamyny görkezmedi.

Geliň, öňe – Syrly agşama – tarap ýöräliň. Geçen üç ýylyň dowamynda Oňa ynanan adamlaryň köpüsi ynamdar däldiler; olaryň köpüsi Onuň yzyna gizlin ýa-da daşrakda bolup düşýärdiler ýa-da diňe özlerine bähbitli bolan wagtynda düşýärdiler. Şägirtleriniň köpüsi Ony terk etdiler, Ýudas bolsa, Oňa dönüklik etdi. Indi Isanyň olara näme üçin ynanmandygy düşnükli boldumy?

Nahar başynda Isa Özüniň iň ýakyn dostlary bilen oturdy. Ol: "Siz ähli synaglarym wagtynda Meniň bilen bolduňyz" diýip, mähir hem minnetdarlyk bilen aýtdy (Luka 22:28). Aslynda olar ynamdar adamlardylar. Petrus şol agşam uly bir ýalňyşlyk goýberýär, ýöne toba edýär-de, öňküden-de wepaly ýürek bilen gaýdyp gelýär, Isa-da muny bilýärdi.

Ýudas dönüklik etmäge gidýär, Isa bolsa galan on bir şägirdine: "Men indi size gul diýemok" (Ýohanna 15:15) – diýdi. Isanyň "indi" diýmegi olaryň gullar hasap edilen wagtynyň bolandygyny aňladýar. Bu açyş däl-de, diliň ýönekeý grammatikasy. Pawlus bu ýörelgäni öz hatynda düşündirýär:

> "Çagaka mirasçynyň guldan tapawudy ýokdur" (Galatýalylar 4:1).

Biz: "Näme üçin Öz Patyşalygynyň mirasdarlary bolsak-da, Hudaý bizi gul derejesinde tutýar?" diýen soragy bermelidiris. Jogap: bizi goramak üçin! Ol Hananýa bilen Sapfiranyň gününiň biziň başymyza düşmegini islemeýär; bu Oňa hiç hili lezzet getirmeýär.

1980-nji ýyllarda Liza ikimiz iki sany halkara gulluga gatnaşdyk. Olaryň birindäki işgärleriň sany 450-di, ikinjisinde 150-di. Biz ýolbaşçylarda özümizi kanagatlandyrmaýan meseleleriň bardygyny gördük, şeýdip, biz öz gullugymyza başlanymyzda, işgärlerimize ýolbaşçylyk etme meselesinde sagadyň dilini garşydaş tarapa aýladyk. Käbir pikirler gowy boldy, käbirleri gowy bolmady. Biziň başlan iş ýörelgelerimiziň biri şeýledi: "Men her bir işgär üçin iň gowy dost bolaryn". Dogry, biz bu akyldarlygyň akmaklygyna düşündik.

Biziň birinji işgärimiz bir ýaş oglandy, men oňa Jastin diýjek. Men ony özümiň iň gowy dostum etdim; biz bile basketbol oýnadyk, wideo gördük, köplenç bile günortanlyk hem agşamlyk naharlaryny edindik, garaz, iň ýakyn dostlaryň edýän zatlarynyň hemmesini etdik. Başda hemme zat gowy gitdi. Ýöne bir ýyl geçenden soň men oňa kiçiräjik bellik aýtmaly boldum. Ol stoluň başynda meniň garşymda oturdy, menem ýumşaklyk bilen oňa gürläp başladym-da: "Jastin, meniň bilen saparlara gideniňde saňa biziň stolumyzyň başyna materiallar bilen gelýän adamlara mylakatly gürleşmek gerek. Haýyş edýärin, olar bilen ýylgyryp gürleş, sebäbi olar Hudaý üçin gymmatdyrlar" – diýdim.

Şondan soň bolan zat meni aňk etdi. Ol barmagyny galdyrdy-da, meni her dürli hereketleri etmekde aýyplap başlady. Ol meniň eden nädogry zatlarymyň hemmesini sanap başlady. Men: “*Ýok-la, men şeýle edýärmikäm*?” – diýip pikir etdim. Birnäçe minut geçenden soň onuň özüme örän tankydy nazar bilen seredýänine düşündim. Men dymdym-da, Mukaddes Ruhdan näme etmelidigimi soradym. Ol ýumşaklyk bilen: “Ony gullukdan aýyr” – diýdi.

Men oňa hemme zady aýdyp içini dökmäge ýol berdim, soň hem: “Jastin, men seni gullukdan aýyrmaga mejbur bolýaryn” – diýdim.

Ol gaharlandy-da, gapyny gaty ýapyp, biziň öýümizden ylgap çykyp gitdi. Men derrew gözlerime ýaş aýladym, sebäbi ol meniň üçin gymmatdy. Birden Mukaddes Ruh pyşyrdap: “Ol gaýdyp gelýär we iki esse wepaly bolýar” – diýdi.

Üç aýdan soň Jastin maňa jaň edip: “Hudaý meniň bilen anyk gürleşip, öz ýalňyşlarymyň hemmesini görkezdi. Men senden ötünç soramak üçin jaň edýärin. Men Hudaýyň öz durmuşymda sen bilen Liza nähili orny goýandygy baradaky düşünjämi ýitiripdim. Men siziň ikiňize-de lider hökmünde däl-de, adaty adam, öz kärdeşlerim hökmünde seredipdirin. Men gaty gynanýaryn” – diýdi.

Men derrew: “Jastin, men seni bagyşlaýaryn” – diýip jogap berdim. Birnäçe ýönekeý gürrüňlerden soň men ondan bize işlemäge geljekmidigini soradym. Ol şatlyk bilen razy boldy, şeýdip, bizde bu ulgamda hiç hili mesele ýüze çykmady.

Indi mende başgaça pikirleniş ýörelgäm bar. Men Jastiniň gözden salan zadynda berkändigine göz ýetirýänçäm, işgärlerimden biri bilen şahsy syrlarymy paýlaşmakdan saklanýaryn.

Men muny komandamyzyň agzalaryndan daşda durmak isleýändigim ýa-da olara perwaýsyzlyk edýändigim üçin etmeýärin, men muny olary goramak üçin edýärin. Olaryň Jastinde bolan zady başdan geçirmelerini islemeýärin. Ýöne işgärimiň biziň pozisiýalarymyzda berkändigine düşünen badyma, oňa dostum ýaly gatnaşykda bolup başlaýaryn. Komandamyzyň käbir agzalary – meniň iň ýakyn dostarymdyr.

Düýp manysynda Hudaý bize: “Meniň öz durmuşyňyzda Kimdigim we siziň Meniň bilen kimdigiňiz baradaky pikiriňizde (Rebden gorkmada) berkeýänçäňiz, siziň mirasdardygyňyza – Meniň Patyşalygymda oglumdygyňyza ýa gyzymdygyňyza – garamazdan, Men sizi hyzmatkär derejesinde tutmaga mejbur bolýaryn. Bu siziň goragyňyz, siziň Hananýa bilen Sapfiranyň hökümine duçar bolmazlygyňyz üçindir” – diýýär.

Isa ol adamlara şeýle diýýär:

> “Mundan beýläk Men size gul diýmerin, çünki gul hojaýynynyň näme edýänini bilýän däldir. Men size dost diýdim, çünki Atamdan eşiden ähli zatlarymy size aýtdym” (Ýohanna 15:15).

Aslynda Isa: “Şu wagta çenli Men size Özümiň gizlin maglumatlarymy – meýilnamalarymy, syrly nesihatlarymy ýa-da ýüregimiň gizlin burçlaryny açmadym. Ýöne indi Men Musa bilen Ybraýyma ynanyşym ýaly, size *ynanyp* biljek” – diýdi. Ine, näme üçin Isa biziň hemmämize aşaky sözleri aýdýan eken:

> “Eger... bolsaňyz, siz Meniň dostlarymsyňyz” (Ýohanna 15:14).

Biz Isa barada öz dostumyz hökmünde aýdym aýdýarys, wagyzlary okaýarys we seresaplyk etmän gürleýäris, käbirlerimiz bolsa, şeýle öte geçip, Oňa, hatda gardaş hem diýýäris. Ýöne Onuň tassyklamasyny seýrek tamamlaýarys. “Eger” sözi şerti aňladýar; hatda biz Isa ynanýan bolsak-da, bu söz awtomatik taýdan aýdylan söz däldir. Dostlugyň nähili şerti bar?

“*Eger Meniň size tabşyranlarymy berjaý etseňiz, siz* Meniň dostlarymsyňyz”. Şol şert: Rebden gorkmadyr – Onuň Sözüniň öňündäki titremedir, Onuň tabşyryklarynyň manysy bolmasa-da, olarda hiç hili bähbidi görmeýän bolsaňyz-da ýa-da agyryly bolsa-da, olara şobada we soňuna çenli tabyn bolmakdyr. Ybraýym bilen Musanyň Hudaýyň öňündäki titremeleriniň kömegi bilen Gudratygüýçli Hudaý tarapyndan dostlukly gatnaşyklara çagyrylyşy ýaly ýagdaý häzir bizde-de bar. Rebbiň ýüregi bilen islegi durmuşymyzdaky ilkinji derejeli zat bolanda, Ol bize ynanyp bilýär we dostlukly gatnaşyklary saklaýar. Älemiň Ýaradyjysynyň dosty bolmak – nähili hormat, nähili artykmaçlyk we nähili şatlyk!

Sözümi tamamlamazdan öňürti, galan bolmagy mümkin bolan soragy size bermäge rugsat ediň: Isa bize tabşyryklary berýärmi? Hawa, diňe Täze Ähtde bäş ýüzden gowrak tabşyryk bar. Ýöne olar halas bolmak üçin zerur bolan tabşyryklar däldir, sebäbi halas bolma mugt sowgatdyr. Has takygy, olar Hudaýy şöhratlandyrýan tabşyryklardyr, şoňa görä-de, olary mukaddes gorky arkaly berjaý etmäge bize güýç berlendir. Isanyň göge alynmazynyň öň ýanynda aýdan sözleri şeýledi: “Indi gidiň-de, ähli halklara *Meniň size tabşyran* ähli zatlarymy berjaý etmegi olara öwrediň” (Matta 28:19, 20).

Mukaddes gorkudan gelýän iň uly peýda onuň bizi Isa bilen dostluga çagyrýandygynda jemlenendir. Indiki bapda biz Hudaýdan gorkmanyň beýleki artykmaçlyklaryna serederis.

## Muny şahsy zadyňyz ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Eger Meniň size tabşyranlarymy berjaý etseňiz, siz Meniň dostlarymsyňyz” (Ýohanna 15:14).

**Many.** Eger Isa ýöne bir ynanýan bolsak, Onuň ynamyna girip bilmeris. Reb bilen dostluga diňe Ondan gorkýanlar eýe bolýar.

**Oýlanma.** Isanyň sözüne, hatda manysy bolmasa-da, onda hiç hili şahsy bähbit bolmasa-da, hatda agyryly bolsa-da, şobada we soňuna çenli gulak asanyňa degýärmi?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Reb, men Seniň dostlaryň biri bolmagy dünýädäki hemme zatdan-da köp isleýärin. Men Seni uzakdan tanamak islemeýärin. Saňa gyşarnyksyz tabyn bolmak, Seni bütin ýüregim, janym, tenim we durkum bilen söýmek üçin we Seniň edişiň ýaly, adamlary ýürekden söýmek üçin men Rebden gorkmany saýlaýaryn. Men muny Isanyň ady bilen soraýaryn. Omyn.

**Toba etmek.** Men Isanyň dosty bolmaklygy saýlaýaryn! Men Onuň özüme buýurýan zatlarynyň hemmesinde Oňa tabyn bolaryn.

# HAZYNANYŇ
## PEÝDASY

**6-NJY HEPDE**

Aýak basjak
ýodaňy dogrula,
şonda ähli ýollaryň
berk bolar.

– SÜLEÝMANYŇ PÄHIMLERI 4:26

# 36| ONUŇ WADALARYNYŇ TASSYKLAMASY

Indi biz mukaddes gorkynyň köp sanly artykmaçlyklaryna serederis. Biz eýýäm olaryň käbirlerine, şol sanda iň ulusyna-da – Hudaý bilen ýakynlyga – seredip geçdik. Geliň, "Özünden gorkýanlar üçin Rebbiň saklap goýan ýagşylygynyň nähili köpdigine" (Zebur 30:20-ä seret) akyl ýetirmegi dowam etdireliň.

Bu gyzykly syýahata başlamazymyzdan öňürti, giňden ýaýran bir ýalňyş pikiri aradan aýyrmak zerurdyr. Köplenç adamlar Mukaddes Ýazgynyň özlerinde tejribe döretmegine ýol bermegiň deregine, ony ýa özleriniň, ýa-da başga biriniň tejribesiniň prizmasy arkaly düşündirýärler. Aslynda Hudaýyň wadalaryna "şowuna bolşuna görä" sahna görnüşinde seredilýär. Munda: "*Eger Hudaý meniň üçin muny isleýän bolsa, onda gaty gowy. Ýöne islemeýän bolsa, onda Ol garaşsyz bolany üçin men munuň bilen ylalaşmalydyryn*" diýen pikir agdyklyk edýär. Munuň ýaly pikir Hudaýyň Öz çagalaryna ýüzgörüjilikli garaýandygyny görkezýär, ýöne bu ýalan. Munuň Rebden gizlin we aýdylman içde saklanylýan öýkäni saklamaklyga alyp barmagy mümkin.

Aslynda işler düýbünden başgaça; biz köplenç Hudaýyň aýdýan zatlaryny goramaly bolýarys. Geliň, bu hakykaty tassyklamak üçin Mukaddes Ýazga ýüzleneliň. Kopleriň ygtyýarsyz diýip hasap edýän Mukaddes Kitap wadasyny mysal getirýäris. Hudaý Ybraýyma: "Meniň saňa wada beren neslime Yshagyň üsti bilen eýe bolarsyň" (Gelip çykyş 21:12) – diýdi. Hudaýyň bu sözi Onuň öňki aýdanlary bilen deň derejede Hudaýyň

wadalaryny düşnükli etdi: Ybraýym halkyň atasy bolýar, gelmeli Mesih hem, Yshagyň nesliniň üsti bilen gelýär.

Şuňa esaslanyp, geliň, Yshagyň nesliniň başlanyşyna, Hudaýyň oňa aýal bolmak üçin saýlan gyzyndan başlap seredeliň. Ybraýymyň hyzmatkäri Yshaga gelinlik tapmak üçin, öz hojaýynynyň ýurduna gidýär. Uzak ýollary sökenden soň, ol halk köpçüliginiň guýusynyň ýanynda saklanýar we Hudaýyň ýalňyşmaz ýaly alamat bermegi üçin doga edýär – ol haýyş etmese-de, onuň on düýesine suw berjek, "seniň guluň Yshak üçin *saýlan* gyzyň bolar" diýýär (Gelip çykyş 24:14).

Geliň, şu ýerde saklanalyň-da, bir düýäniň çölde köp wagtlap ýöränden soň, on bäş minudyň içinde, takmynan, bir ýüz on bäş litrden başlap, bir ýüz togsan litre çenli suw içýändigini belläliň. Muny on düýä köpeldiň – ine, ol gyz näçe litr suwy meýletin daşamaly eken. Hyzmatkäriň dogasy gudrat bilen ýerine ýetmelidi, Rebeka hem onuň haýyşyny gaty gowy derejede ýerine ýetirýär! Onuň Yshaga aýal bolmak üçin Hudaýyň saýlan gyzydygyna şübhe ýok.

Hyzmatkär Rebekany alyp, öýüne gaýdyp geleninden soň, Yshak bilen Rebeka durmuş gurýarlar. Ýöne wadanyň ýerine ýetmeginde gaty uly päsgelçilik bar – ol önelgesiz, şonuň üçin çagasy bolup bilmeýär! Hudaý ýalňyş goýberäýdimikä? Eýsem, Ol onuň göwreli bolup bilmeýändigini bilmeýärdimi? Wada nädip ýerine ýetmeli? Näme üçin Hudaý hut şony saýladyka? Yshak bilen Rebeka näme etmeli? Olar wadanyň ýerine ýeterine we onuň ýatgysynyň günleriň birinde gudrat bilen açylaryna ýöne bir garaşyp oturmalymy?

Jogap gözlänimizde birinji sözi almak üçin, geliň, Ybraýyma ýüzleneliň. Ol batyrgaýlyk bilen doga edýän adam. On sany dogry adam üçin Sodom bilen Gomorany ýok etmän saklamagyny haýyş edip, hut ol Hudaýa ýüzlenip bildi. Onuň edil şeýle etmegi ogluna-da öwredenini biz Mukaddes Ýazgydan bilýäris (Gelip çykyş 18:19-a seret). Muny bilip, biz şuny okaýarys:

> "Yshak aýaly üçin Rebbe *doga etdi*, sebäbi ol önelgesizdi. Reb *onuň dogasyna jogap berdi* we Rebeka göwreli boldy" (Gelip çykyş 25:21).

Ýene-de, eger bu wada Hudaýdan bolan bolsa, ol adam goşulmazyndan, gürrüňsiz, berjaý bolmaly bolan bolsa, onda Rebekada çaga dogurma ukyby bolardy. Ýöne beýle bolmady. Hudaýyň wadasynyň ýerine ýetmegi üçin Yshakdan belli bir hereketi etmeklik talap edildi. Ol *ýalbarmaly* boldy. Iwrit diliniň sözlüginde "bu sözüň esasy manysynyň – Rebbe perýat etmek" bolup durýandygy aýdylýar. Şoňa görä-de, bu adaty ýönekeý doga bolman, eýsem

şeýle gyzgyn, ret edip bolmaýan doga bolupdy. Hudaýyň göwnünden turýan doga bolupdy. Bize şeýle diýilýär:

> "Dogry adamyň güýçli dogasy köp zady edip bilýändir" (Ýakup 5:16).

Resul Ýakup güýçli doganyň hyjuw hem yhlas bilen edilen doga bolup durýandygyny belleýär. Ol ýagyş sorap doga eden Ylýasy mysal getirýär. Ylýas kellesini dyzlarynyň arasyna salyp, ýedi gezek güýçli doga etmeli we hyzmatkärini ýedi gezek ýagyş getirýän buludyň gözýetimde barmydygyny görmäge goýbermeli boldy. Hudaýyň wadasy ýerde ýerine ýetýänçä, onuň ynamy yza çekilmedi (1 Patyşalar 18:41-45).

Yshak Hudaýyň islegini bilýärdi, şonuň üçin onuň ýerde amala aşmagyny sorap, yhlas bilen doga etdi. Ýöne imanlylaryň hemmesi şeýle edýärmi? Bize şeýle diýlipdir:

> "Ýa Reb, Seniň sözüň göklerde ebedilik *berkidilendir*" (Zebur 118:89).

Hudaýyň Sözi göklerde berkidilipdir. Bu ýerde ýeriň däl-de, diňe gökleriň agzalmagy ýöne ýere däldir. Näme üçin? Mezmurçy: "Gökler Rebbiňkidir, ýeri bolsa Ol ynsan ogullaryna berdi" (Zebur113:24) – diýýär. Reb gögüň hem ýeriň eýesidir (1 Korintoslylar 10:26 seret), ýöne Ol ýeri adamzada belli bir wagtlyk kärendesine berdi.

Maşgala bolup ýaşap başlan wagtymyz Liza ikimiz jaýy kireýine aldyk. Ol biziň hususyýetimiz däldi, ýöne onda ýaşaýandygymyz manysynda biziň öýümizdi. Onuň eýeleri gelip, biziň mebelleri nähili goýandygymyza, timarlandygymyza we onda ýaşaýşymyz bilen baglanyşykly bolan beýleki meselelere gözegçilik edip ýörmeýärdi. Ýöne bize kömek gerek bolsa, onda jaýyň eýesi bize kömek edýärdi.

Bu Hudaý ýeriň eýesi hökmünde ony adamzada kärendesine berenine meňzeş zatdy. Bu Onuň näme üçin baga gelip, Adamyň elindäki miwäni silkip almandygyny düşündirýär. Ol ynsana ýeriň üstünden ygtyýar etmekligi berdi (Gelip çykyş 1:26-28-e seret). Muňa düşünenimizden soň biz Onuň Sözüniň ýerde nähili berkidilýändigini soramalydyrys. Bize: "Her söz iki ýa üç güwäniň *agzy* bilen tassyklanar" (2 Korintoslylar 13:1) – diýilýär. Işaýa pygamberiň kitabynda Hudaý şeýle yglan edýär:

> "*Meniň agzymdan* çykýan sözüm-de şeýle bolar; Ol Maňa boş gaýdyp gelmez, maksadymy ýerine ýetirer, etsin diýip iberen işimde üstünlikli bolar" (Işaýa 55:11).

Mukaddes Ýazgynyň iki ýerinde-de “agyz” sözi bellenilipdir. Hudaýyň agzy Özüniň isleýän zadyny aýdýar, ýöne öz agzy bilen aýdyp, şeýle etmek bilen hem, ony ýerde berkitmek üçin (ýerde ygtyýar berlen) adam gerek. Aslynda, biz Oňa gelip, ýerde kömek etme haýyşy bilen ýüzlenýäris. Indi Onuň wadasy, gökde bolşy ýaly, ýerde-de berkidilýär. Başga sözler bilen aýtsak, özümiz Onuň isleginiň amala aşmagyny haýyş edip soraýançak, Ol “bize kärendesine berlen ýerde” Öz islegini amala aşyrmaga mejbur etmeýär.

Hudaý Ybraýyma aýtdy. Yshagyň: “Meniň atamyň Hudaýy, Sen meniň üstüm bilen halkyň emele geljekdigine, meniň nesillerimiň bereketli boljakdyklaryna söz beripdiň. Men Senden haýyş edýärin, aýalym çaga dogrup biler ýaly, onuň ýatgysyny aç. Omyn” – diýip doga edýänini göz öňüne getirip bilýärsiňizmi? Netijede Hudaýyň islegi ýerine ýetdi.

Indi, geliň, başga bir iň beýik mysala – Isa – seredeliň.

> “Mesih ýerdäki ýaşan durmuşynda Özüni ölümden gutarmagy başarýan Hudaýa uly perýat, gözýaşlar bilen gaty sesli doga etdi we takwalygy üçin *eşidildi”* (Ýewreýler 5:7).

Bu ýerde biz “uly perýat, gözýaşlar bilen doga etdi” diýen sözleri görýäris, bu gezek ol Hudaýyň öňündäki “takwalyk” sözi bilen utgaşdyrylyp ulanylýar. Ine, ýene bir açar. Hudaýyň wadasy ýer ýüzünde peýda bolýança diňe bir gürleýän (çagyrýan) yranmaz iman däl-de, eýsem Hudaýyň Öz halkyna beren wadalaryny berkitmek üçin Rebden gorkmaklyk hem talap edilýär. Üns beriň, Hudaý Isanyň dogalaryny “eşitdi”. Doga-dileg etmeklik bir zat, emma *eşidilmek* düýbünden başga zat. Eşidilmeýän dogalar hem bolýarmy? Gürrüňsiz. Ýakup öz hatynda: “Dileýärsiňiz, ýöne almaýarsyňyz, sebäbi nädogry islegleriňiz bilen soraýarsyňyz” (Ýakup 4:3) – diýýär. Ýene-de biz öz isleglerimize we Hudaýdan gorka seretmelidiris – bu hut biziň isleglerimizi gözegçilik astynda saklaýan zatdyr.

Biz Hudaýdan gorkanymyzda, batyrgaýlyk bilen doga edip, Hudaýyň isleginiň ýa-da Onuň wadalarynyň, edil gökdäki ýaly, bu ýerde-de ýerine ýetjekdigini yglan edip bileris. Belki, şu sebäbe görä Pawlus özüniň ýerdäki ýolunyň ahyrynda: “Imanyň üçin gaýduwsyzlyk bilen göreş, ebedi ýaşaýşa ýapyş” (1 Timoteos 6:12) diýendir. Bu göreşdir, biz ebedi ýaşaýşyň özümize berýän zadyna iman bilen ýapyşýarys.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Ol Özünden gorkýanlaryň islegini kanagatlandyrýar, olaryň perýatlaryny eşidýär we olary gutarýar” (Zebur 144:19).

**Many.** Köplenç adamlar Mukaddes Ýazgynyň özlerinde tejribe döretmegine ýol bermegiň deregine, ony ýa özleriniň, ýa-da başga biriniň tejribesiniň prizmasy arkaly düşündirýärler.

**Oýlanma.** Özümiň ýa-da başga biriniň tejribesi sebäpli pikirlerimiň Mukaddes Ýazgyda aýdylan zatlardan gyşarmagyna ýol berdimmi? Meniň durmuşymda, maşgalamda, täsirimi ýetirip bilýän dünýämde entek amala aşmadyk wadalar barmy? Hudaýyň bu wadalaryndan daşda men durmuşdan lezzet alýarynmy? Men wadalaryň bu ýerde amala aşmagyny ýalbaryp sorap, olar üçin söweşmäge taýýarmy?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Reb, Isanyň adyndan soraýaryn, ruhy taýdan ýaltalygym, wadalar ýerine ýetmedik bolsa-da, şoňa kaýyl bolýanym we Seniň Sözüň yglan edýän zady ugrunda söweşmeýändigim üçin meni bagyşla. Men öz ýolumyň emele gelmeginde Seniň islegiň berkemegi üçin söweşmegiň deregine, geçmişdäki tejribäme daýandym. Men toba edýärin we gowy iman ýeňşi bilen göreşmekligi we gökde bolşy ýaly, ýerde-de Seniň islegiň berkemegi üçin doga-dileg etmekligi saýlaýaryn. Omyn.

**Toba etmek.** Men gowy iman ýeňşi bilen söweşmekligi, meniň täsirimi ýetirýän dünýämde Hudaýyň isleginiň nähili ornaşýandygyny görmek üçin ebedi ýaşaýşyň yglan edýän zadyna ýapyşmaklygy saýlaýaryn.

Hudaýdan gorkýan adamlar durmuşyň ýüzüne gorkman seredýärler. Hudaýdan gorkmaýan adamlar bolsa, netijede hemme zatdan gorkýarlar.

– RIÇARD HALWERSON

# 37| BEÝLEKI GORKULARY AÝYRÝAN GORKY

Biz betbagtçylyklardan we gorkudan doly dünýäde ýaşaýarys. Üstesine-de Isa ýagdaýlaryň diňe beterleşjekdigini bize aýdýar. Onuň öňümizde bize garaşýan zatlary suratlandyrmasy özüňe getirýär: "Adamlar gorkudan, Älemiň başyna gelýän belalara garaşmakdan ýaňa uludan dem alarlar, çünki gögüň gudratlary titrär" (Luka 21:26). Gorkular we howsalalar umydyňy, asudalygyňy we rahatlygyňy eliňden alyp, diňe aljyraňňylyk, ýüregiňde agyrlyk we üznüksiz gynamalary galdyrar. Bu derdiň dermany nämedekä?

> Reb maňa bu halkyň ýolundan ýöremezligi duýduryp, şeýle diýdi: "Bu halkyň dildüwşük diýýän her zadyna dildüwşük diýmäň, olaryň gorkýan zatlaryndan gorkmaň, heder etmäň. Hökmürowan Rebbi, diňe Ony mukaddes saýyň; diňe Ondan gorkuň, Onuň öňünde titräň. Ol sizi aman saklar" (Işaýa 8:11–14, iňlis dilinden terjime).

Mukaddes gorky beýleki gorkularyň we howsalalaryň hemmesini aýyrýar, sebäbi Hudaýyň howpsuzlykda bolma wadasy bilen berkidilendir. Bir pursatlyk saklanyň-da, bu hakykat barada pikirleniň. Göz öňüne getiriň, Birleşen Ştatlaryň ýaragly güýçleriniň hemmesine sizi goramak buýruk berlen. Her bir general tabynlygyndaky ofiserleriň hemmesine siziň iň ýokary derejelidigiňizi, şonuň üçin siziň howpsuzlygyňyzy saklamak üçin mümkin bolan çäreleriň hemmesini görmegiň zerurdygyny habar berýär. Häzirkizaman ýaraglarynyň doly düzümi sizi nirede bolsaňyz-da,

nirä gitseňiz-de, gorag bilen üpjün etmeklige çagyrylýar. Muny göz öňüne getirmek mümkin däl diýen ýaly, ýöne şunuň ýaly zat bolaýsa, siziň özüňizi asuda hem ynamly duýjakdygyňyza men ynanýaryn. Ýöne Gudratygüýçli Hudaýyň: "Men sizi goraryn" diýen sözleriniň ýanynda bu-da öz öwüşginini ýitirýär. Mukaddes Kitabyň bize şeýle diýýändigi geň zat däldir:

> "*Özüňden gorkýanlar* we adam ogullarynyň öňünde Özüňe bil baglaýanlar üçin saklap goýan ýagşylygyň nähili köp! Sen olary Öz huzuryň gizlin ýerinde ynsanlaryň gozgalaňlaryndan gizlärsiň; dilleriň dawalaşmagyndan kölegäň astynda saklarsyň" (Zebur 30:19, 20).

Sahy ýagşylyk wadasy - Hudaýyň barlygynyň gaçybatalgasynda gizlenmek, bize ýamanlyk isleýänlerden howpsuzlykda bolmak – hemmelere berlen däldir-de, diňe Hudaýdan *gorkýanlara* berlendir.

Liza ikimiz köp ýyllaryň dowamynda ýalana, töhmete, aýyplama we özümize atylýan haýbatlara çydam edip gezdik. Men dostlaryma degşip: "Meniň adymy Google-daky gözleg sahypasyna ýazaýmaň, ýogsam biziň üstümize meni paş edýän makalalaryň ummasyz mukdary ýagar" – diýdim. Ýöne biz dymmagy we goranmazlygy özümize düzgün edindik. Beýle etmegiň deregine biz hüjümleriň hemmesini Gorkýanymyzyň eline berdik we Onuň hemişelik goragynyň şaýatlary bolduk. Aňsat bolmady, meniň doga edenimde yşarat hökmünde käsäni aýalarymda goýup, aýyplamalary we haýbatlary Hudaýa berýänimi alamatlandyran wagtlarym hem boldy. Men: "Atam, men bulary Seniň eliňe berýärin, haýyş edýärin, bizi gora" - diýip gygyrdym. Ol bizi hiç haçan masgara etmedi.

Biz mukaddes gorkynyň ençe tanyşlarymyzy goranynyň şaýatlary bolduk. Birnäçe ýyl mundan ozal men öz şäherimde 1500 adamly zalyň öňünde wagyz etdim. Ýygnanyşykda köpler özleriniň gorkularyny Rebden gorkma çalyşdylar. Ertesi gün agşam, Rebden gorkmaklyga seslenip, gorkudan azat bolanlaryň arasynda bolan eneli gyz dükandan öýlerine gelýärkäler, öňlerinden pyçak hem sapança bilen ýaraglanan üç sany erkek adam çykýar. Ol adamlar olara öýe girmegi gazaply buýruk berýärler. Olar iki aýal maşgalany talamak, zorlamak, belki, hatda, öldürmekçi hem bolandyrlar.

Soňrak gyzyň ejesi: "Eger şondan öňki agşam bolmadyk bolsa, men gorkudan ýaňa doňup galardym, dilim tutulardy we olaryň talaplaryna tabyn bolardym" – diýdi. Onuň aýtmagyna görä, ol üç adamyň öýe girmäge beren buýrugyna üns bermän, şobada sesli doga edip başlapdyr-da, Isadan özlerini halas etmegini sorapdyr. "Men Hudaýy çagyryp durkam, mende ynam, güýç hem asudalyk artdy".

Ol adamlar titräp başlapdyrlar-da, oňa doga etmegi bes etmegi buýruk beripdirler. Ahyrsoňy olaryň sabyr käsesi dolup: “Bes et, bes et doga etmegiňi” – diýip gazaba münüp gygyrypdyrlar. Olar munuň ýaly ynamly aýallara duş gelmäge taýýar däldiler. Talaňçylar aljyrapdyrlar, şonuň üçin olar ejesine üns berip durkalar, gyzy ýuwaşjadan öýe girip, kömege çagyrmaga ýetişipdir. Olar gyzyň gaýyp bolanyny görenlerinde, aýagaldygyna gaçyp gidipdirler.

Edil şol ýyl men Hýustonda, Tehas ştatynda, gulluk edenimde, ýene bir ýaş aýal öz gorkusyny mukaddes gorka çalyşdy. Bir hepde geçeninden soň, ol söwda merkezinden çykyp, maşynyna münende, yzky oturgyçda pyçakly adamyň oturanyny görýär. Ol adam oňa öňe sürmegi gazap bilen buýruk berýär. Emma aýal gorkmandyr-da, derrew säginmän Isany çagyrmaga başlapdyr. Olar birnäçe sagat ýöräpdirler, bu wagtyň dowamynda ol adam aýaldan sem bolmagyny talap edipdir, emma ol tabyn bolmandyr. Ahyrsoňy ol: “Maşyny sakla!” – diýipdir. Aýal maşyny saklan wagtynda bolsa, ol yzky gapyny açyp düşüpdir-de gizlenipdir.

Bir gün aram patyşasy Elýaşa pygambere gaharlanýar-da, onuň yzyndan öz goşunyny iberýär. Elýaşanyň hyzmatkäri esgerleri, atlary we at arabalaryny ilki görýär. Ol gaty erbet gorkýar.

Elýaşa oňa: “Gorkma, çünki biziň ýanymyzdakylaryň sany olaryňkydan köpdür” diýip jogap berdi. Onsoň Elýaşa dileg edip: “Eý, Reb, meniň hyzmatkärimiň gözlerini aç, goý, ol görsün” diýdi (2 Patyşalar 6:16, 17). Reb hyzmatkäriň gözlerini açdy welin, ol dagyň üstündäki sansyz-sajaksyz perişdeleriň atlaryny we otly at arabalary görýär.

Isa Özüne atmak üçin daş ýygnaýan adamlaryň toparlaryna köp gabat geldi. Bir gezek mähelle Ony gaýadan oklajak bolýar, ýöne her gezek Onuň janyna howp abananda Ol zyýan ýetmän gidýär (Luka 4:29; Ýohanna 8:59, 10:39).

Hudaý Özünden gorkýan adama, diňe görgüler oňa ýokardan Hudaýyň şöhraty üçin berlen ýagdaýynda, ýol berýär. Ýöne hatda şonuň ýaly ýagdaýda-da, adam gorkusyny aradan aýyrýan, mukaddes gorka ynam bardyr. Ýer ýüzündäki iň kuwwatly patyşanyň – Babyl patyşasy Nebukadnesaryň – öňünde duran üç sany ýewreý ýigidini ýada salyň. Nebukadnesar altyndan äpet but ýasaýar-da, her gezek sazyň sesini eşidenlerinde, hemmeleriň oňa tagzym etmelidikleri barada buýruk çykarýar.

Üç ýigit Hudaýdan gorkýardylar, şonuň üçin olar günä etmekden we patyşanyň buýrugyna tabyn bolmakdan boýun towladylar. Olary gaharly Nebukadnesaryň ýanyna alyp gelýärler, ol olary içinde ot ýanyp duran

pejiň içine taşlap bilýärdi. Ýigitler gorkdularmy? Bu soraga jogap bermekligi men siziň özüňize goýýaryn, ýöne ilki olaryň gaharly patyşa diýen zatlaryna üns beriň: “Eý, patyşahym, eger bizi ýanyp duran peçden halas edip biljek Hudaý bar bolsa, bu biziň gulluk edýän Hudaýymyzdyr, Ol bizi seniň eliňden halas eder. Ýöne Ol bizi halas etmese-de, eý, patyşahym, şuny bilip goýgun, biz seniň hudaýlaryňa gulluk etmeris, seniň diken altyn heýkeliňe sežde etmeris” (Danyýel 3:17, 18).

Nähili ynamlylyk! Olar asudadylar hem gaýduwsyzdylar, ýogsa Mukaddes Ýazgyda: “Şundan soň Şadraga, Meýşaga we Abednego Nebukadnesaryň gaty gahary geldi, gahardan ýaňa, hatda onuň ýüzi gamaşyp gitdi” (19-njy aýat) – diýip ýazylypdy. Ol ýigitler Hudaýdan gorkýardylar, şonuň üçin olar Onuň özleriniň janlaryny ýa diri galmak bilen, ýa-da ölüm bilen halas etjegini bilýärdiler. Olary peje oklaýarlar, emma olara hiç hili zyýan ýetmeýär, hatda tüssäniň ysynam duýmaýarlar. Olar özlerine ölüm howp salanda-da, gaýduwsyzlygyna galdylar.

Hudaýdan örän gorkýan adam bolan resul Pawlusda edil şunuň ýaly garaýyş bardy. Oňa ölüm jezasy abananda-da: “ýaşasam hem, ölsem hem, hemişekisi ýaly, Mesihiň häzir hem bedenimde öwgi bilen beýgeldilmegi üçin, doly gaýrat etmäge uly umyt bilen garaşýaryn. Çünki meniň üçin ýaşaýyş Mesih, ölüm hem gazançdyr” (Filipililer 1:20, 21) – diýýär. Näme sebäpden Mesihiň hatyrasyna ölmeklik gowy ýa-da beýleki terjimelerde ýazylyşy ýaly, ýaşanyňdan “has gowy”? Akyldarlygyň başy bolan Hudaýdan gorkmaklyk bize aň-düşünje berýär, şu we geljekki ýaşaýşa gowy seretmekligi berýär. Ine, näme üçin Isa: “Bedeni öldürip, jany öldürip bilmeýänlerden gorkman, eýsem, dowzahda hem teni, hem jany ýok etmäge gudraty bar bolan Hudaýdan gorkuň” (Matta 10:28) – diýýän eken.

Köp ýyllar mundan ozal men saparda bolup, gulluk alyp barýarkam, Hudaý maňa çagalarym üçin gorkýandygym babatda ýüzlendi. Ol: “Jon, durmuşyňdaky islendik gorky diňe seniň entek haçyň astyna goýmadyk zadyňy ýüze çykarýar, seniň durmuşyňda şol ulgam entegem bar” – diýdi. Men şol agşamyň özünde toba etdim-de, ogullarymy Hudaýa doly bagyş etdim we şondan soň hiç haçan olaryň howpsyzlygy üçin biynjalyk bolmadym. Hudaýdan gorkmaklyk bizi hemme zady Isanyň eline bermeklige höweslendirýär. Şonuň ýaly edenimizde, biz köpleriň şeýle isleýän, ýöne tapyp bilmeýän zadynda – asudalykda, ynamlylykda we gorkudan azatlykda ýaşarys.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Rebden gorkmak ýaşaýşa getirýändir; ol kimde bar bolsa, mydama hoşal bolar we oňa bela ýolukmaz” (Süleýmanyň pähimleri 19:23).

**Many.** Durmuşymyzdaky islendik peýdasyz gorky diňe siziň haçyň astyna goýmadyk zadyňyzy açyp görkezýändir; siz öňkiňiz ýaly, durmuşyňyzyň bu ulgamyny özüňize galdyrýarsyňyz.

**Oýlanma.** Men durmuşymyň haýsy ulgamynda gorky bilen söweşýärin? Saglyk, pul, nika, çagalar, iş, okuw, inkär edilmeden gorkmak, imanyň üçin yzarlanmadan ýa-da durmuşymyň başga bir bölegindenmi? Durmuşymyň bu ulgamyny dolulygyna Isanyň ygtyýaryna berdimmi ýa-da ol entegem meniňkimi?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Reb, özümiň (gerek diýip hasap edýän zadyňyzyň adyny aýdyň) Saňa bagyş etmändigim üçin meni bagyşla. Bu barada pikir edenimde, ony öz ýanymda galdyrandygyma düşünýärin. Men toba edýärin we (şoňa degişli zatlaryň hemmesini görkeziň) we durmuşymyň her bir ulgamyny Isanyň ygtyýaryna bagyş edýärin. Omyn.

**Toba etmek.** Isa – meniň Rebbim. Men Oňa öz durmuşymyň ähli ulgamlaryny berýärin. Goý, hemme zat Onuň islegi boýunça bolsun.

Çaga ýoly başdan
öwrediň; ol garranda-da
ondan sowulmaz.

– SÜLEÝMANYŇ PÄHIMLERI 22:6

# 38| MIRAS

Mukaddes gorkynyň ýene bir beýik artykmaçlygy bar – takwa miras. Size birnäçe sorag bermäge maňa rugsat ediň. Siz Benedikt Arnold barada pikir edeniňizde, kelläňize näme gelýär? “Dönük” – bu kelläňize gelýän ilkinji pikir bolýar. Tereza ene barada näme? Siz “Missionerleriň rehimdarlygy” barada pikir edýärsiňizmi? Adolf Gitler barada näme? Siz “millionlarça adamlary öldüren zalym diktatory” göz öňüne getirýärsiňizmi? Albert Eýnşteýn babatda näme? Siziň kelläňize otnositellik teoriýasyny açan adam gelýärmi?

Siziň kelläňize gelýän pikirler şol meşhur şahsyýetleriň mirasy hakda gürrüň berýän bolsa gerek. Şeýlelikde, bize özümize şeýleräk sorag bermek gerek: meniň mirasymy gowy ýatda saklarmykalar ýa-da oňa gowulyk bilen seretmezmikäler? Ýöne has wajyp sorag biziň mirasymyza – Hudaýyň Patyşalygyny gurmak üçin peýdaly ýa-da zyýanly zat hökmünde – göklerde seredljekdiginde jemlenendir.

Merrim-Bseteriň sözlüginde “miras” sözüne, ine, nähili kesgitleme berilýär: “kimdir birine geçirilýän ýa-da ata-babadan ýa-da öten-geçenlerden alynýan (kabul edilýän) zat”[26]. Hudaýdan gorkmaklyk biziň nesillerimize nähili täsir edýär? Ilki bilen, geliň, iman atasyna – Ybraýyma – gaýdyp geleliň. Dagyň üstünde perişde onuň Yshagy öldürmek üçin ýokary galdyrylan elini saklanda, Reb oňa:

> “Men seni *ak pata bermek bilen ýalkaryn* we seniň nesliňi *köpeltmek bilen sanyňyzy artdyraryn*... we seniň nesliň öz duşmanlarynyň şäherlerini eýelär” (Gelip çykyş 22:17).

Men bu sözleri köp ýyllaryň dowamynda okadym we olaryň näme üçin gaýtalanýandygy barada pikir etdim. Ahyrsoňy meniň bilesigelijiligim üstün çykdy, şeýdip, men bu sorag bilen rawwine (dini mugallyma) ýüz

tutdum, ol hem maňa şeýle jogap berdi: “Ýewreý düşünjesinde, şunuň ýaly gaýtalanylýan sözlere duş gelseňiz, diýmek, gürrüň köpeltme barada barýar... işlikleriň biriniň häzirki zamanda, ikinjisiniň geljek zamanda bolmagy, bir ak patanyň eýýäm Ybraýym atada bardygyny, ýöne Hudaýyň onuň nesillerinde-de berekediň boljakdygyna wada berýändigini aňladýar. Başga sözler bilen aýtsak, ak pata bermek bilen, Ybraýym, Men çagalaryň üsti bilen seni bereketlemegi dowam etdirerin”.

Mukaddes gorky biziň nesillerimize peýda getirýär – “olar öz duşmanlarynyň şäherlerini eýelär”. Bu gaty gowy zat, biz tizara bu barada gürrüň ederis, ýöne ilki bilen rawwiniň (dini mugallymyň) düşündirişinde ýaňlanan ýene bir hakykata üns bereliň. Mukaddes gorky bize ak pata bermegini nesillerimiziň üsti bilen dowam etdirýär, onda-da bu diňe bu durmuşymyzda däl-de, eýsem bakyýetde-de hakykatdan boljak zatdyr.

Biziň üçin uly hormat we geljekde bolşy ýaly, indiki ýaşaýyşda hem täsirini ýetirip biljek nesillerimiz biziň ykbalymyza täsirini ýetirýärler. Mysal hökmünde bir wakany getirmäge rugsat ediň. Arçi Menning Milli futbol ligasynda “Nýu Orlean Seýnts” komandasynda on möwsümiň dowamynda hüjümçi boldy. Onuň gürrüňsiz liderlik eden komandasy diňe ýekeje gezek 500 derejä ýetdi, galan dokuz möwsüm utulyşly boldy. Eger onuň iki ogly, Peýton bilen Ilaý bolmadyk bolsa, adamlaryň köpüsi ony ýatdan çykarardy, sebäbi onuň iki ogly bilelikde umumy derejede dört Superkubokda we Milli futbol ligasynyň ähli ýyldyzlarynyň oýunlarynda utuş gazanyp, iň gymmatly oýunçylar hökmünde MVP-iň baýraklaryny aldylar. Indi köpler Arçini ogullarynyň arkasyndan tanaýarlar, şoňa görä-de, ol sport dünýäsinde uly hormatdan we abraýdan peýdalanýar.

Bakyýetde köp adamlar öz nesilleriniň Patyşalygy gurmakdaky tabynlygynyň arkasyndan köpräk hormat hem abraý alarlar. Ybraýym munuň gaty gowy mysalydyr; onuň bakyýetdäki abraýy özüniň Ýusup, Şamuwel, Dawut, Danyýel, Işaýa we, elbetde, Isa, şeýle hem, başga-da köpler ýaly nesilleriniň arkasyndan güýçlener. Bu gün hem onuň mirasy ýaşamagyny dowam etdirip gelýär. Şol ak pata Hudaýdan gorkýan her bir adama degişlidir; munuň ýaly adam “ebedi ýatda galar” we “oňa ýokary hormat goýlar” (Zebur 111:6,9).

Indi, geliň, Hudaýyň biziň neslimiziň ýeňiji boljakdygy, olaryň “öz duşmanlarynyň şäherlerini eýelejekdigi” baradaky wadasyna üns bereliň. Häzirkizaman dilinde bu şeýleräk bolýar: biziň çagalarymyz Hudaýy ýigrenýänler tarapyndan ruhdan düşmez-de, gaýtam, üstünlikli liderler we abraýly adamlar bolarlar (Kanun taglymaty 28:13). Siziň bu diňe Ybraýyma

we onuň göni nesillerine degişlidir diýip pikir etmegiňiz mümkin. Ýöne bize: "Isa Mesihiň üsti bilen Hudaý Özüniň Ybraýyma beren ak patasy bilen butparazlary-da ýalkady" diýlip ýazylan (Galatýalylar 3:14, iňlis dilinden terjime). Bu ajaýyp täzelik!

> "Rebden gorkýan, Onuň tabşyryklaryndan köp lezzet alýan nähili bagtly! Onuň nesli ýer ýüzünde güýçli bolar; dogrular *nesli* ýalkanar" (Zebur 111:1,2).

"*Nesil*" sözi "uzak wagt" diýmegi aňladyp, biziň geljekki neslimize degişlidir. Zakarýa: "Onuň rehimi nesilden-nesle *Özünden gorkýanlaryň* üstündedir" (Luka 1:50) – diýip, pygamberlik edýär. Diňe biziň öz çagalarymyz üstünlikli bolman, eýsem bu wada tutuş nesillerimizi öz içine alýar. On sekizinji asyryň başlarynda doglan iki adamyň durmuşy munuň ajaýyp mysalydyr.

Birinjisi Maks Juksdy. 1874-nji ýylda Riçard Dagdeýl atly sosiolog Nýu-Ýork ştatynyň demirgazygyndaky on üç sany sebit türmesine barýar. Ol dört dürli familiýaly bolan ganybir garyndaşy tapýar. Bu onuň bilesigelijiligini oýarýar-da, ony olaryň nesil şejeresini çuň öwrenmeklige alyp barýar. Gözleg ony takmynan 1720-nji we 1740-njy ýyllaryň aralygynda doglan Maks Juks atly gollandiýaly adamyň üstünden alyp barýar. Dagdeýl birnäçe ýyllap geçiren gözleginden soň Juksyň 540 neslini ýüze çykarýar. Olaryň 76 sanysy jezasyny çekip çykan jenaýatçylardy, 18-si jelephanalaryň eýeleridi, 120 sanysy loludy we 200-den gowragy sosial pensiýa alýardy. Gysgaldyp aýtsak, bu nesilleriň günäleri bolup, ol uly masştabdaky bozuk hereketlere alyp barypdy we walýutanyň häzirki kursuna geçirsek, döwlete on millionlarça çykdajy etdiripdi.

Indi, geliň, ony takmynan şol döwürlerde doglan Jonatan Edwars bilen deňeşdireliň. Ol "täzeden doglanlaryň taglymatynyň" tarapdary, köp kitaplaryň awtory we köp adamlary halklara Hoş Habary ýetirmäge ruhlandyran adamdy. 1772-nji ýylda ol Sara Perpoýnta öýlenýär. Bu jübüt Hudaýdan çyn ýürekden gorkýardy. Olar Mukaddes Kitaby okaýardylar we her gün agşam ýatmazynyň öň ýanynda bile doga edýärdiler. Olaryň on bir sany çagasy bolýar, Jonatan hem her gün olaryň her biri üçin ak pata sorap doga edýärdi. Ol: "Her bir öý kiçijik ýygnajyk bolmaly" – diýýärdi.

Jonatan bilen Saranyň 1394 nesliniň hemmesi Hudaýdan gorkýanlaryň hemmesine Onuň wadasyny – özleriniň *öz duşmanlarynyň şäherlerini eýelejekdikleri, olaryň çagalarynyň hemme zatda ünstünlikli boljakdyklary* baradaky wadasyny – görkezýärler. Onuň nesilleriniň arasynda 13 sany

kollejleriň ýa-da uniwersitetleriň prezidentleri, Birleşen Ştatlaryň üç senatory, 30 kazy, 100 adwokat, 60 lukman. 75 sany goşun we flot ofiserleri, 100 gullukçy we missioner, 60 sany meşhur ýazyjy we bir sany Birleşen Ştatlaryň wise-prezidenti – Aaron Berr bar. Olaryň nesilleri döwlete ýekeje sentem çykdajy etdirmedi.

Biziň dört oglumyz kiçijik çagaka men gorky bilen göreşýärdim. Bu gorky olaryň ömrüniň ir kesilmeginiň mümkindigi ýa-da kakalarynyň gullugy sebäpli ýylda 200 gijäni ýolda geçirýändigi sebäpli öýkelemekleriniň, ýa-da meni bu gulluga çagyrany üçin olaryň Hudaýa gaharlanmaklarynyň mümkindigi bilen baglanyşyklydy. Bir gün agşam konferensiýadan soň, öýden uzakda wagtymda, mukaddes gorkynyň ýoklugynyň olaryň janlary üçin jogapkärçiligi Isanyň eline bermäge päsgel berýändigine düşündim. Men: “Atam, şol dört oglum indi meniňki däl-de, Isanyňky. Sen olara islän zadyňy edip bilersiň, ýöne sen, iblis, olara degmersiň!” – diýip doga etdim. Şol günden başlap, men olaryň janlary üçin hiç haçanam gorkmadym.

Mundan soň tizara Hudaý Öz Sözüniň üsti bilen maňa wajyp bir hakykaty açdy. Pinehas Harunyň agtygydy. Ol Hudaýy we ysraýyl halkyny ýürekden söýýärdi. Güýçli mukaddes gorky ony beýleki köp imanlylaryň etmäge gorkýan zadyny etmäge ruhlandyrdy; ol dogrulygyň tarapynda berk durdy. Şonda Hudaý: “Şoňa görä hem oňa şuny aýt: Men onuň bilen parahatçylyk ähtimi baglaşýaryn. Onuň bilen *we nesilleri bilen* ebedi ruhanylyk ähti baglaşylýar” (Çölde 25:12) – diýýär. Has takygy, Pinehasyň nesilleri onuň mukaddes gorkusynyň arkasyndan Hudaý bilen has ýakyn gatnaşykda bolma wadasyny aldylar. Ogullarymyzyň goragynyň Liza ikimiziň Onuň islegine gabanjaňlykly tabyn bolmagymyzda jemlenendigini maňa Mukaddes Ruh görkezdi.

Indi köp ýyllar geçenden soň, biziň ogullarymyz her biri “Messenjer Interneşnl” gullugynda, az bolanda, dokuz ýyl bäri işläp gelýärler. Olaryň ikisi özleriniň kitaplaryny çap edýärler, olaryň hemmesi-de liderler, ýöne iň esasy zat – olaryň hemmesiniň-de Hudaýyň öňündäki mukaddes gorkuda ýöreýändigidir. Takwa erkek kişileri ösdürmek üçin biziň näme edendigimizi adamlar menden mydama soraýarlar. Dogrymy aýtsam, munuň biziň akyldarlygymyza hiç hili dahyly ýok, ene-ata hökmündäki köp sanly ýalňyşlyklarymyz barada bolsa, kitaplaryň giden tomlaryny ýazmak bolýar. Ýöne biziň eden dogry zadymyz – bu ýokary derejede mukaddes gorkuda gezendigimizdir.

Ogullarymyz ýetginjekkäler hak ýoldan çykanlarynda, Liza ikimiz Rebbi çagyryp, Özüniň wadalaryny ogullarymyzda berkitmegini soradyk we mukaddes gorkuda ýöremegi dowam etdirdik. Biz hiç haçan ynamymyzy

ýitirmedik, sizem ony ýitirmeli dälsiňiz. Hudaý size, Rebden gorkýanlara, çagalaryňyzyň "ýerde kuwwatly boljakdyklaryna" (Zebur 111:2) söz berýär.

## Muny şahsy zadyňyz ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** "Çagalaryň saçagyňyň başynda zeýtun şahalary kimin bolar. Ine, Rebden gorkýan adam şeýle bagtly bolar" (Zebur 127:3,4).

**Many.** Siz mukaddes gorkuda bolsaňyz, nesilleriňize ähmiýetli bir zat geçýär. Olar diňe bir abraýly bolman, eýsem sizem olar arkaly öz ýalkanyşyňyzda galarsyňyz.

**Oýlanma.** Men öz çagalaryma (ýa-da geljekki çagalaryma) nähili seredýärin? Men olaryň geljeginiň aladasyny edýärinmi? Men olary Reb Isa doly bagyş etdimmi? Men olaryň öňünde mukaddes gorkuda ýöreýärinmi? Men olaryň häzirki hereketlerini kabul edýärinmi we şolara hem-de Hudaýyň Sözüniň wadalaryna laýyklykda doga edýärinmi we gürleýärinmi?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Reb, Seniň Sözüň, eger mukaddes gorkuda ýöresem, onda ebedi miras alýandygymy aýdýar. Çagalarymyň ýer ýüzünde kuwwatly, abraýly, üstünlikli boljakdyklary baradaky wadaňa, Seniň hem meniň adymyzy şöhratlandyrjakdyklaryna ynanýaryn. Men şol wadalaryň ýerine ýetmegi üçin doga etmegi dowam etdirjegime söz berýärin. Muny Isanyň ady bilen soraýaryn. Omyn.

**Toba etmek.** Meniň çagalarym ýerde kuwwatly, hemme ýerde üstünlik gazanýarlar we duşmanlarynyň şäherlerini eýelärler.

Adamyň akyldarlygynyň
nämededigini anyklanymyzda,
oňa has gabat gelýän söz –
Hudaýdan gorkmany anyk
beýan edýän sözdür.

– AWGUSTIN GIPPONSKIÝ

# 39| IŇ WAJYP ZAT

Bu bapda seretjek temamyz şeýle giň bolup, ol barada bütin bir kitap ýazyp bolýar. Ýöne ony gyrada goýsak, onda bu habar doly derejede bolmaz. Şonuň üçin bu baba mukaddes gorkynyň wajyp jähtine giriş hökmünde serediň.

Ýaradanyň ýüreginden çykýan bu sözlere – ýaşaýyş sözlerine, hakykat sözlerine, goraýan sözlere, Günden, Aýdan hem ýyldyzlardan uzak durýan sözlere, üstünde duran ýerimizden-de ygtybarly bolan sözlere – diň salyň:

> “Akyldarlyk tapan, düşünje alan adam bagtlydyr <…> seniň isleýän zatlaryň *hijisem* onuň bilen deňeşip bilmez” (Süleýmanyň pähimleri 3:13,15).

Bu dünýäde Hudaýyň paýhasy bilen deňeşdirer ýaly *hiç zat* ýok. Bu gaty täsin – başga *hiç zat*! Ine, näme üçin bize: “Esasy zat – akyl-paýhas: paýhas al”– diýilýän eken. (Süleýmanyň pähimleri 4:7) Ony tapanyňda bolsa, “ol seni ajaýyp ýollardan alyp gider; onuň ähli ýollary ýakymlydyr” (Süleýmanyň pähimleri 3:17, iňlis dilinden terjime).

Biz her bir gelýän kararlarymyzda Hudaýyň akyldarlygyny gözlemelidiris, sebäbi bize: “Ony belent tut, ol hem seni *beýgelder*” (Süleýmanyň pähimleri 4:8) – diýilýär. Nähili ajaýyp wada! Ýewreý dilindäki “beýgeltmek” sözi “götermegi, ýokary galdyrmagy, beýik tutmagy” aňladýar. Hudaý ýokary galdyranynda, hiç kim we hiç hili ýagdaýlar peseldip bilmez! Şeýlelikde, akyl-paýhas – bu geçip gitmeýän ähmiýete barýan ýoldur. Paýhasy tapmak gerek; ol gizlenendir, ýöne oňa akyl ýetirmek bolýar. Ony tapanlarynda bolsa, ol ummasyz peýda getirýär. Ony nädip tapmaly?

> “Rebden gorkmak danalygyň *başlangyjydyr*” (Zebur 110:10;
> Süleýmanyň pähimleri 9:10).

Ýewreý dilindäki “başlangyç” sözüniň örän wajyp manysy bar. Ol

Mukaddes Kitabyň birinji aýadynda duş gelýär: “*Başda* Hudaý gögi hem ýeri ýaratdy”. Bu söz “başlangyç nokadyny” aňladýar. Mukaddes gorky – bu akyldarlygyň *gelip çykýan ýeridir*. Aşaky ýagdaýy göz öňüne getiriň: ammar size durnukly üstünlik üçin zerur bolan akyldarlykdan doly. Ýöne oňa barmaga size mümkinçilik berýän ýekeje gapy we ýekeje açar – mukaddes gorky – bar. Işaýa: “Bol akyldarlyk hem bilim bolar, Rebden gorkmaklyk şol hazynalaryň *açarydyr*” (Işaýa 33:6, iňlis dilinden terjime) – diýýär.

Aslynda Rebden gorkma bolmasa, danalyk dowamly bolmaýar. Mukaddes gorky onuň çeşmesidir, ýöne onuň peýdasy “başlangyç nokadynyň” çäklerinden daşlara ýaýraýar:

> “Rebden gorkmaklyk – ölümiň *duzagyndan* daşlaşdyrýan ýaşaýyş *çeşmesidir*” (Süleýmanyň pähimleri 11:27).

Men iki esasy sözi bellemek isleýärin: *çeşme* we *duzak*. Ýewreý dilindäki “çeşme” sözi “akym” ýa-da “mydama akýan çeşme” manysyny özünde saklaýar. Gowy ýaşaýyş tötänleýin gelnen dogry kararlaryň netijesi däl-de, eýsem durnukly netijeleri getirýän akylly çözgütleriň mydamalyk akymynyň netijesidir.

Ikinji söz *duzak* “gapan” ýa-da “aldawaç” diýmegi aňladýar. “Ýewreý dilindäki bu sözüň dogry manysy – awçynyň gapanyndaky meň ýa-da aldawaçdyr”. Duzagyň gowy hereket etmegi üçin iki zadyň gerekdigini islendik awçy-da bilýär. Ol onuň gapandygyna haýwan düşünmez ýaly edilip gizlenilmelidir we haýwany onuň ölüm howply äňiniň ýanyna aldap getirmek üçin onuň üstünde aldawaç ýatmalydyr. Bu esasy iki söze gowy düşünenimizden soň, geliň, ýokarda aýdylanlara has köpräk aýdyňlyk berýän başga bir parça seredeliň:

> “Rebden gorkmaklyk *danalygy öwredýändir*”
> (Süleýmanyň pähimleri 15:33).

Bu iki parçadaky hakykatlary birikdirenimizde, biz mukaddes gorkynyň Hudaýyň akyldarlygyny öwrenmekdäki çeşmedigini – mydamalyk akymdygyny bilýäris. Bu irkilmeýän we uklamaýan, hemişe bar bolup durýan, durmuşda bize pähimli çözgütleri çykarmagy öwredýän maslahatçydyr.

Öz başyna goýberilen, Hudaýyň akyldarlygyndan aýra bolan adamzat müňlerçe ýyllaryň dowamynda biziň heläkçilige alyp barýan kararlary kabul edýändigimizi, şonda dogry karar kabul edýäris diýip pikir edýändigimizi subut etdi. Näme üçin beýle bolýar? Sebäbi ölüm hem weýrançylyk ýollary gizlenilendir we awçynyň duzagyndan hiç hili tapawutlanman, özüne çekýändir. Gowy, pähimli, peýdaly hem ýakymly ýaly bolup görnen zatlar

köplenç bizi soňunda şowsuzlyga, akylsyz, heläkçilikli we gussaly bolup çykýan zada çekmek üçin aldawaç bolup çykýar. Rebden gorkmaklyk, *mydama bu duzaklardan daşlaşdyrmak bilen* bizi goraýar.

Eger siz häzirkizaman jemgyýetine seretseňiz, onda öz täsirini ýetirýän adamlaryny heläkçilige alyp barýan kararlary çykarýan gaty gowy hem akylly erkekleri we aýallary görersiňiz. Şol bir wagtyň özünde-de beýleki adamlar olaryň akmaklyklaryna kör bolýarlar. Mukaddes Kitapda olaryň "öz düşünjelerinde kör bolandyklary, pähimsiz ýürekleriniň garaňkylykda galandygy, özlerini akyldar saýyp, akmak bolandyklary" (Rimliler 1:21, 22) aýdylýar. Aklyň garaňkylykda galsa, gözleriňem garaňkyraýar. Olaryň ölümiň gizlenilen we aldawaçlardan doly duzagyna haçan düşjekdiklerini diňe wagt çözýär.

Ýöne munuň ters tarapy-da adalatlydyr. Biz mukaddes gorkyny kabul edenimizde, bizde aýrylmaýan, mydama hereketde bolýan akyldarlyk maslahatçymyz peýda bolýar-da, bize seljerip gelnen dogry kararlary kabul etme ukybyny sowgat berýär. Hatda biz ölüm howply gizlin duzaklaryň bardygyny bilmeýän bolsak-da, şol çeşme mydama bizi goraýar we bilmezlikden gapana düşmegimize ýol bermeýär. Geliň, bu ýörelgä Hudaý bilen ähti bolmadyk, şeýle-de bolsa Hudaýdan gorkan adamyň mysalynda seredeliň. Ol Geraryň patyşasy Abymelekdi. Ol Ybraýymyň aýaly Sarany özüniň haremhanasyna alýar. Tizara mundan soň gije Hudaý onuň ýanyna gelýär-de: "Ärli aýaly ýanyňa aldyrdandygyň sebäpli sen ölersiň" (Gelip çykyş 20:3) – diýýär. Abymelek Oňa ýüzlenip: "Hökümdar! Men bu işi päk ýürek we ynsap bilen etdim" diýdi (4, 5-nji aýat). "Hökümdar" sözüniň bu ýerde "göni manysynda "Rebbim" diýmegi" aňladýandygy aýdylýar. Onuň Hudaýdan gorkýandygy Oňa ýüzlenişinde bolşy ýaly, beren jogabynda-da ýeterlik derejede görünýär. Indi Hudaýyň oňa näme diýýänine gulak asyň:

> "Seniň muny päk ýürekden edendigiňi Men bilýärin. *Seni Özüme garşy günä etmeklikden saklan Mendirin*. Şonuň üçin seniň oňa el urmagyňa ygtyýar bermedim" (Gelip çykyş 20:6).

Rebden gorkmaklyk onuň üçin maslahatçy bolupdy, muňa ol şübhelenmändi, ol ony ölüm duzagyna düşmekden saklapdy. Ybraýym Sara bilen patyşany öz uýasy hökmünde tanyşdyranynda, duzak aldawyň içinde gizlenendi, ýöne mukaddes gorky ony gorady. Bu butparaz, Hudaý bilen äht baglaşmanyň nämedigini bilmeýän, elinde Hudaýyň kagyza ýazylan Sözi bolmadyk patyşa başga biriniň aýalyny almak barada pikir edende nädip titräp bildikä? Jogaby biz Pawlusyň hatlaryndan tapyp bilýäris: "kanuny ýok butparazlar häsiýetlerine görä kanuna laýyk işleri berjaý edýän bolsa, onda bu kanuny ýoklaryň özi bir kanundyr.

Ynsaplary olar bilen birlikde güwä geçmek, pikirleri öz aralarynda olary kä aýyplap, käte ýuwmarlamak bilen, kanuna laýyk işleriň olaryň ýüreginde ýazylgydygyny görkezýändir” (Rimliler 2:14, 15).

Mundan başga-da, näme üçin bu butparaz patyşa başga biriniň aýalyny almak barada pikir edende titreýär-de, köp ýyllap ýygnaga gatnan tejribeli ruhy çopan ýa-da adam başga biriniň aýaly bilen zynahorluk edip bilýär? Biz munuň ýaly ýagdaýlara wagtyň geçmegi bilen ýygy-ýygydan duş gelýäris. Bu beýik matematika däl. Şol lider ýa-da ýygnaga gelýän adam dili bilen özüniň Isa degişlidigini aýdýan bolsa-da, onda Hudaýdan gorkma ýokdur. Mukaddes Kitapda şeýle diýilýär:

> “Duzak kimin, ýüregi gapandyr tor *kimin*, elleri zynjyr kimin bolan aýaly ölümden ajy gördüm. Hudaýy hoşal edýän adam ol aýaldan gaçyp gutulýar; ýöne *günäkär* onuň eline düşýär” (Wagyz kitaby 7:26).

Mukaddes Ýazgy “*imansyzyň*” däl-de, mukaddes gorkusy ýoklugy sebäpli duzaga düşmejek *günäkäriň* ele düşjekdigini aýdýar. Mesihiligi yglan edýän adam hem aňsatlyk bilen şol ýola düşüp bilýär. Ýakup imanly adamlara: “Eý *günäkärler*, elleriňizi ýuwuň, ýürekleriňizi arassalaň, sebäbi wepalylygyňyz Hudaý bilen dünýäniň arasynda bölündi” (4:8, iňlis dilinden terjime) diýýär.

Biziň giňden ýaýran günbatar Hoş Habarymyz bize Hudaýyň akyldarlygyny däl-de, başga zatlary öwredýän *ýaşama* taglymatyň üsti bilen Hudaýdan gorkmany ýüreklerimizden yzygiderli gysyp çykarýar. Ol bizi günäden saklaýan we goraýan güýji gysyp çykarýan sagdyn bolmadyk azgyn maslahatlaryň çeşmesini döredýär. Ýöne hakyky merhemet mukaddes gorka garşy çykmaýar.

> “Çünki Hudaýyň hemmeleri halas edýän merhemeti äşgär boldy. Bu merhemet bize, hudaýsyzlygy, dünýewi höwesleri ret edip… häzirki dünýäde sagdyn düşünjeli, dogry … ýaşamagy öwredýär” (Titus 2:11, 12).

Biz Hudaýyň hakyky merhemetini Hudaýyň öňündäki mukaddes gorkudan aýyrmaýarys. Olar birdirler we ikisem *öwredýär* – mydama bizi ölümiň duzagyndan sowýar.

Hudaý bilen ähtde bolan imanly adamlaryň arasyndaky hudaýsyz hereketleriň bu epidemiýasy täze bir zat däldir. Ysraýylyň we Ýygnagyň bütin taryhynyň dowamynda biz şol bir ýagdaýy görýäris, ýöne ol Isanyň aýdan soňky günleri aldawy bilen belli bolar. Mukaddes gorkyny ýitirmeklik adamlaryň ýüreklerini we kalplaryny aslynda bildirmän günä hem ölüme alyp barýan, ýöne hakykat ýaly bolup görünýän weýrançylykly maslahatlara alyp barýar.

Häzirki döwürde biziň jemgyýetimizde bikanunlygyň güýji güýçlendirilen

tempde ýaýraýar. Eger giňden kabul edilen merhemet mukaddes gorkyny imanlylaryň ýüreklerinden gysyp çykarmagyny dowam etdirse, onda mesihileriň köpüsi bikanunlygyň aldawynyň eline düşerler. Mukaddes gorkynyň täzeden dikeldilmegi biziň üçin wajypdyr, sebäbi ol mydama bizi ýalňyşmakdan goraýar. Hatda köp adamlar ruhdan düşenlerinde hem, ol biziň ýüreklerimizi hakykatda saklaýar.

Mukaddes gorkyny özüňiziň beýik hazynaňyz hökmünde kabul ediň. Ony millionlarça dollardan-da, iň gymmat hazynadan-da ýa-da iň owadan öýden-de güýçli yhlas bilen goraň. Biz bu gymmatlyklary döwlet tarapyndan goralýan banklarda, ýerlerde, seýflerde saklaýarys we signalizasiýa sistemalaryny gurýarys, ýöne biziň iň uly hazynamyz – bu Rebden gorkmaklykdyr. Ine, näme üçin: "Bar zadyňdan ilki ýüregiňi gora, çünki ýaşaýşyň gözbaşy şondadyr" (Süleýmanyň pähimleri 4:23) diýlip ýazylan.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** "Danalyk çagyrmaýarmy eýsem? Belent jar çekýän paýhas-düşünje dälmidir? Çünki meni tapan ýaşaýşy tapar we Rebbiň merhemetini gazanar; maňa garşy günä edýän bolsa, öz janyna zyýan ýetirer; meni ýigrenýänleriň ählisi ölümi söýýänlerdir" (Süleýmanyň pähimleri 8:1, 35,36).

**Many.** Mesihiň yzyna eýerijiler hökmünde biziň edip biljek iň wajyp zadymyz – bu akyl-paýhas almakdyr. Rebden gorkmaklyk – danalygyň çeşmesidir, ol bizi ölümiň duzagyndan goraýar.

**Oýlanma.** Men çägäniň ýüzüne çyzyk geçirdimmi? Men nämäniň ulanarlykly zat däldigini takyk belledimmi? Men Hudaýyň Sözüniň aýdýan zatlaryna garşy gelýän jemgyýetçilik akyldarlygyny ulanma kararyna geldimmi? Onuň Sözüne ynanýanym we Oňa tabyn bolýanym üçin yzarlanma duçar bolma men taýýarmy? Gündelik çözgütlerimde Isanyň akyldarlygyny has yhlasly gözlemäniň usulyny men nädip tapmaly?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Atam, Isanyň ady bilen Seniň akyldarlygyňy we pähimiňi çagyrýaryn. Olary kabul ederim ýaly, meniň gözlerimi hem gulaklarymy aç. Men öz pikirlerimde akmak, akylly bolmak islemeýärin. Men bu dünýäniň teklip edip biljek zatlarynyň hemmesinden-de köpräk Rebbim Isa Mesihiň akyldarlygyny gymmat saýjak we oňa bil baglajak. Öz garaýyşlarym ýa-da tabynlygym üçin yzarlansam-da, men tabyn bolmaklygy saýlaýaryn. Omyn.

**Toba etmek.** Men kabul edýän her bir kararymda Rebbim Isanyň akyldarlygyny gözleme pikirinden doludyryn.

Hudaýdan gorkmaklyk
tabynlyga laýyk gelýär.

– AWGUSTIN IPPONIÝSKIÝ

6-NJY HEPDE – 5-NJI GÜN

# 40| ÜSTÜNLIKLI DURMUŞ

Süleýmanyň pähimleriniň akyldarlyklarynyň arasynda meniň “güýjüň ekiztaýy” diýip aýtmagy gowy görýän zadym bar. Bu iki gowy zat Mukaddes Ýazgyda el-ele berip, deň gidýär, köplenç biri-biriniň üstüni ýetirýär. Aşaky aýatda biz olar barada okaýarys:

> “*Hakyky tabynlyk* we *Rebden gorkma* baýlyga, hormata we uzak ýaşaýşa alyp barýar” (Süleýmanyň pähimleri 22:4, iňlis dilinden terjime).

Hakyky tabynlyk bilen mukaddes gorky öz aralarynda baglanyşyklydyr. Siz Hudaýdan gorkýan, şol bir wagtyň özünde-de hakykatdan tabyn bolmaýan ýa-da hakykatdan tabyn bolup, Hudaýdan gorkmaýan adama hiç haçan hem duş gelmersiňiz. “Hakykatdan” sözüniň wajyp manysy bar, sebäbi tabynlygyň her dürli ýasama görnüşleri bar. Bu barada indiki bapda has jikme-jik gürrüň ederis.

Geliň, sanalyp geçilen üç wada – baýlyk, hormat we uzak ýaşaýşa – gysgaça seredip geçeliň. Ýewreý dilindäki baýlyk – “ozer” – sözi “baýlygy, bolçulygy” aňladýar. Ol baýlygyň ähli görnüşlerini – şol sanda ýeri, emlägi, maly we nesilleri suratlandyrýar. Onuň manysy düşnükli, bu mukaddes gorka degişli bolan ýeke-täk wada däldir. Mezmurçy şeýle ýazýar:

> “Rebden gorkýan, Onuň buýruklaryndan köp lezzet alýan nähili bagtly! <…> *Bolelinlik, baýlyk* onuň öýünde bolar; dogrulygy ebedilik dowam eder” (Zebur 111:1, 3).

Bu ýerde şol bir “ozer” diýen ýewreý sözi “bolçulyk we baýlyk”

manysynda ulanylýar. Ol mümkin bolan garşydaşlygy döredýär. Käbir adamlar baýlyga we bolelinlige eýe bolmaklyga takwalyga garşy bolan bir zat hökmünde garaýarlar. Ýöne biz öz däplerimiziň hatyrasyna, Mukaddes Ýazgynyň göze görnüp duran hakykatlaryna seretmegi aradan aýyrsak, onda bu mukaddes gorka doly garşy bolan tekepbirligiň alamaty bolmazmy?

Men köp ýyllar mundan ozal şeýle zada duş gelmeli boldum. Özümiziň gullugymyzyň ilkinji ýyllarynda Liza ikimiz gullukçylaryň köpleri çüýreýän baýlygyň yzynda ylgamaga ruhlandyrýan üstünlik Hoş Habaryny wagyz edýändikleriniň şaýatlary bolduk. Munuň miwesi weýran edijilikli boldy, olar köpleri butparazlyk bolup durýan açgözlülige alyp bardy. Juda köp adamlar hakyky imandan aýryldylar we başlaryna her hili hasratlary getirdiler. Bu ýitgileri görenimizde, biz olaryň garşysyna çykmak bilen jogap berdik. Biz baýlyk, bolçulyk we üstünlik agzalýan islendik taglymata perwaýsyz bolup başladyk. Ahyrsoňunda Mukaddes Ruh biziň kemçiligimizi düzetdi. Biz öňküsi ýaly Hudaýdan hakykatdan gorkýan adamyň baýlyga dogry seredip, onuň açgözlüligiň duzagyna düşmejekdigi baradaky hakykata duş gelmeli bolduk.

Baýlygyň we bolçulygyň maksady nämede? Olar serişdeleri bilen başgalary bereketleýärler. Bu kitaby ýazýan wagtymda, biziň gullugymyz 130 ýurtdaky ruhy çopanlaryň we liderleriň arasynda 118 dildäki 53 million fiziki resursy – kitaplary we okuw kurslaryny ýaýratdy. Biz, şeýle hem, “MessengerX” ady bilen goşundy döredip, oňa 230 ýurtda almak elýeter bolan 122 dildäki okuw materiallaryny ýükledik, ýöne onuň ulanylany üçin biz töleg almadyk. Bu proýektleriň bahasy on millionlarça dollara ýetdi.

Bu proýektleri goldaýan erkekler we aýallar takwalyk nämedir bir zadyň ýetmezçiliginiň ýa-da garyplygyň sinonimi diýip hasap eden bolsalar näme bolardy? Eger bu şeýle bolan bolsa, onda biz gazanan millionlarça adamlarymyzy imanda berkidip bilmezdik.

Açgözlülik bilen adamlaryň durmuşyna täsir etme maksady bilen baýlyga eýe bolmaklygyň arasynda ummasyz tapawut bar. Hudaýdan çyn ýürekden gorkýan adamlar şol tapawuda düşünýärler we soňky pikiri goldaýarlar. Täze Ähtde biz Isa haça çüýlenilenden soňky setirleri okaýarys:

> “Agşam Ýusup atly arimatiýaly bir *baý* adam jeza ýerine geldi. Ol hem *Isanyň şägirdidi*. Ýusup Pilatusyň ýanyna baryp, Isanyň jesedini diledi (Matta 27:57, 58).

Ýusup baý adamdy, Mukaddes Ýazgy hem ony Isanyň şägirdi diýip

atlandyrýar. Ýöne ýaňsy Isanyň yzyna eýerijileriň köpüsiniň gaçyp pytrandyklarynda we gizlenendiklerindedi. Ýöne bu baý adamda özüniň mukaddes gorkusyndan syzyp çykan batyrlygy bolup, ol ýehudy serdarlarynyň haýbatyna we Rimiň güýjüne üns bermän, Pilatusyň ýanyna baryp, Isanyň jesedini soramaga het edip bildi. Nähili batyr adam!

Haýyş edýärin, maňa nädogry düşünmäň. Eger adam garyp bolsa, onda bu onda Hudaýyň gorkusynyň ýoklugyny aňladýarmy? Asla aňlatmaýar! Mukaddes Ýazgyda maddy taýdan gurply bolmadyk erkekler we aýallar gaty köp. Bu olaryň takwalygyny peseltdimi? Asla peseltmedi! Hakyky baýlyk pul hem emläk bilen ölçenmeýär-de, biziň başgalara kömek etme ukybymyz bilen ölçenýär. Ine, bize berlen wada:

“Eý Rebbiň mukaddesleri, Ondan gorkuň, çünki Ondan gorkýanlar hiç zada mätäçlik çekmeýär. Ýaş arslanlar mätäçlik çekýärler we aç bolýarlar; Rebbi agtarýanlar bolsa, hiç bir zada mätäçlik çekmeýär” (Zebur 33:10,11).

Doga-dileg etmek, iýmit, pul, öwretmek, şägirtçilikde halypalyk etmek, myhmansöýerlik ýa-da gulluk etmek bilen Patyşalygyň hatyrasyna başga adamlara kömek etmeklik – bu takwa islegdir. Biziň Hudaýyň işini edýän missiýamyzda gerek bolan zatlaryň hemmesine ýetmek üçin resurslaryň bolmagy gowy zat. Päk ahlakly adamlar şeýle etmäge dyrjaşýarlar we netijede şahsy ak patalara eýe bolýarlar. Tekepbir, dindar we görip adamlar öz güýçlerini imanlylaryň näme üçin garyp bolmalydygy baradaky pikire sarp edýärler we Mukaddes Ýazga esaslanmaýan garaýyşlara eýerýärler.

Süleýman patyşa öz halkyny Rebden gorkma bilen alyp bardy we ony öz patyşalygyndaky halka-da öwretdi. Şol döwürlerde “tutuş Ýahuda we Ysraýyl parahatlykda we howpsuzlykda ýaşady. Dandan Beýerşeba çenli aralykdaky *her maşgalanyň öz öýi we bagy bardy*” (1 Patyşalar 4:25, iňlis dilinden terjime). Ýene-de bize adamlaryň “iýip-içip, şatlanandyklary” (1 Patyşalar 4:20) aýdylýar. Saklanyň-da: “*her maşgalanyň öz öýi* we *bagy* bardy*”* diýen sözleriň üstünde oýlanyň. Bütin ýurtda jemgyýetçilik kömek puluna hiç kim zar däldi, işsizlik hem garyplyk ýokdy – hemmeleriň hemme zady ýetikdi! Rebden gorkmaklyk öz täsiri astynda bolanlaryň hemmesine peýda getirýär; bu ýerde bütin bir halk barada gürrüň gidýär. Eger biziň liderlerimiz Rebden gorkmada ýaşasalar näme bolardy?

Ahyrynda şuny aýtmaga rugsat ediň: bu wada Yshagyň Rebekanyň ýatgysynyň açylmagy üçin dogada söweşmeli bolşy ýaly, ugrunda söweşmesi gerek bolan wada däldir. Isa: “Öňürti Hudaýyň Patyşalygyny, Onuň dogrulygyny gözläň, şonda bu zatlaryň hemmesi onuň üstüne goşulyp berler” (Matta 6:33) – diýip wada berýär.

Geliň, indiki wada seredeliň – *hormat*. Biziň birinji aýadymyzdaky ýewreý dilindäki “hormat” sözi “kabod” bolup, ol “hormat, şöhrat, beýiklik, baýlyk” manysyny berýär. Biz öňdäki baplaryň birinde Hudaýdan Öz şöhratyny görkezmegini haýyş edende, Musanyň şu sözi ulanandygyny görüpdik. Bu söz özünde ähmiýet, abraý manysyny saklaýar, ýöne ol derejä ýa-da wezipä degişli bolman, eýsem häsiýet bilen baglanyşyklydyr. Şeýlelikde, biz mukaddes gorkynyň ýene bir ajaýyp artykmaçlyklarynyň birini tapýarys: takwalyk. Ol sizi mertebe hem hormat adamsyna öwürýär. Süleýmanyň pähimleri bu gowy häsiýet barada gürrüň berýän ýeke-täk kitap däldir. Mezmurçy hem Hudaýdan gorkýan adamlar hakda gürrüň edende, şol bir ýewreý sözüni ulanýar: “Olar *abraýa* hem hormata eýe bolarlar” (Zebur 111:9, iňlis dilinden terjime).

Süleýmanyň pähimleri kitabyndaky päk ahlakly aýala seredeliň. Onda bu ajaýyp häsiýetler bar. Ol ynamdar, paýhasly, gujurly, gaýratly, zähmetsöýer, üstünlikli, baý, mähirli, mätäçlere kömek edýär, ejizleri goraýar. Onuň ýene bir meşhur gylygy bar bolup, ony käwagt gözden salýarlar, ol bolsa, biziň çekeleşmämiz üçin wajyp – ol “güýç bilen hormaty geýinýär” (Süleýmanyň pähimleri 31:25). Başga sözler bilen aýtsak, ol hormaty biziň eşiklerimizden hiç hili tapawutlanmaýan geýim ýaly edip geýýär – onuň hormaty ol ýanyndaky hemmelere-de görünýär we bildirýär. Onuň soňky gowy gylygy näme?

> “Näziklik aldawçydyr, owadanlyk puçdur; diňe Rebden *gorkýan* aýal öwülýändir” (Süleýmanyň pähimleri 31:30).

Bu mukaddes gorkudyr! Bu haýran galdyryjy hakykat – bu aýala degişli edilen gowy gylyklylyk we hormat – Hudaýdan gorkýan islendik erkege we aýala elýeterdir. Men syýahatda bolan ýyllarymyň içinde köp abraýly liderlere we şahsyýetlere duş geldim. Olaryň köpüsi jemgyýete gaty uly täsir ýetirdi, ýöne hormat geýinýän erkege ýa-da aýala duş gelmegim meniň ünsümi olaryň guran zatlaryndan köpräk özüne çekýär. Olaryň ýanlaryndakaň hormat duýulýar. Olarda nur, söýgi, hormat we takwalyk şöhle saçyp durýar. Çagalary olary söýýärler we hormatlaýarlar, kärdeşleri hem dostlary onuň ýanynda bolmagy gowy görýär. Olaryň köpüsiniň köpçüligiň tanaýan adamy däldigi täsin zat. Olaryň “wizit kartasy” näme bolup durýarka? Olar Hudaýdan gorkýarlar!

Biziň birinji aýadymyzdaky üçünji wada – *uzak ýaşaýyşdyr* ýa-da uzak ömür sürmekdir. Ol hakyky tabynlyk bilen berk baglanyşyklydyr. Biz bu barada indiki bapda pikir ederis.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Rebden gorkmak ýamanlygy ýigrenmekdir <…> Meni söýýänleri söýýärin, meni yhlas bilen agtarýanlar tapýarlar. Baýlyk hem şöhrat, tükenmez bolçulyk we uzak ömürlik (uzak ýaşaýyş) mendedir” (Süleýmanyň pähimleri 8:13, 17, 18).

**Many.** Mukaddes gorky we tabynlyk baýlyk, hormat we uzak ýaşaýşy wada berýär. Baýlyk pul ýa-da emläk bilen ölçenilmeýär-de, biziň başgalara kömek etme ukubymyz bilen ölçenýär. Takwalyk biziň derejämize ýa-da wezipämize däl-de, häsiýetimize guýlan.

**Oýlanma.** Men baýlyga hakyky manysynda seredýärinmi? Men oňa ynamsyzlyk, gorky we açgözlülik sebäpli ymtylýarynmy? Başgalara täsirimi ýetirmek üçin men oňa mukaddes gorky bilen ymtylarynmy we bolçulyk baradaky wada ynanarynmy? Meniň üçin “abraýy geýnen bolmak” nämäni aňladýar?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Atam, hakyky tabynlyga we mukaddes gorka ýetjek bolup dyrjaşsam, baýlyk, hormat we uzak ýaşaýşy alyp biljekdigim baradaky wadaňy ýerine ýetirmegiňi Senden soraýaryn. Bular maňa özümiň başgalara gulluk edip, takwalyk gullugymy ýerine ýetirmegim üçin zerurdyr. Isanyň ady bilen. Omyn.

**Toba etmek.** Eger mukaddes gorka we hakyky tabynlyga eýersem, onda baýlyk, hormat hem uzak ýaşaýyş aljakdygymy maňa Gökdäki Atam wada berýär.

Akylly adam dogry
ýoldan ýöreýändir.

– SÜLEÝMANYŇ PÄHIMLERI 15:21

# 41| JEMLEÝJI ETAP

Eger ömrümizi nädip jemlemelidigi hakda pikirlensek, onda ömrümizi nädip gowy ýaşamalydygy baradaky soraga doly derejesinde seredip bilmeýäris. Biz 18-nji bapda uzak ýaşamaklyk temasyna degip geçdik, ýöne bu bapda biz öňräge gidip, Rebden gorkma bilen tabynlygyň nähili wajyp roly oýnaýandygyna serederis.

> "Hakyky tabynlyk we Rebden gorkma baýlyga, hormata we *uzak ýaşaýşa* alyp barýar" (Süleýmanyň pähimleri 22:4, iňlis dilinden terjime).

Mukaddes gorkynyň akyla sygmajak peýdasy – bu günleriň uzaldylmagydyr. Biz Mukaddes Ýazgyda: "Rebden gorkmak ömri uzaldýandyr" (Süleýmanyň pähimleri 10:27) diýen sözleri okaýarys. Nähili ajaýyp wada! Bu bir gezek aýdylmandyr, sebäbi başga bir ýerde biz mukaddes gorkynyň akyldarlygy, onuň üsti bilen "günlerimiziň köpeljekdigi we ömrümiziň ýyllarynyň artjakdygy" (Süleýmanyň pähimleri 9:11) barada hem okaýarys. Bize diňe bir ömrümiziň uzaljagy barada wada berilmän, eýsem günlerimiziň has netijeli boljakdygyna hem wada berilýär.

On tabşyrygyň birinde munuň ýene bir tassyklamasyny tapyp bolýar. Rebden gorkmaklyk bizi ene-atamyzy gürrüňsiz sylamaga höweslendirýär, şonuň üçin, eger şonuň ýaly etsek, bize "ataňy, eneňi sylasaň, ýagşylyk görüp, ýer ýüzünde ýaşyň uzak bolar" (Efesliler 6:3) diýlip wada berilýär. Biz ýene diňe bir uzak ýaşamaklygy däl-de, eýsem peýda hem tapýarys. Bu wadalary biz doga edip diläp bileris.

Şu ýerde ýene bir zady bellemek gerek, durmuşyň hili bolmasa, uzaldylan ýyllaryň lezzeti azalýandyr. Süleýman ruhdan düşen günlerinde: "Ölen günüň doglan günüňden gowudyr" (Wagyz kitaby 7:1, iňlis dilinden terjime) – diýip ýazýar. Bu sözleri ýazanda onuň durmuşdan lezzet

almandygy göze görnüp dur. Durmuşyň hilini näme üpjün edýär? Hakyky tabynlyk bilen Rebden gorkmaklyk.

Köp ýyllar mundan ozal Hudaýa doga edýän wagtymda men aşaky sözleri okadym:

> "Uzyýa patyşanyň ölen ýyly beýik hem şöhratly Rebbi gördüm. Ol tagtyň üstünde otyrdy; *lybasynyň* syýy ybadathanany dolduryardy" (Işaýa 6:1).

Işaýa Rebbi bütin şöhraty içinde görýär. Öňki bapda eýýäm aýdylyşy ýaly, ol Öz tagtynda oturan Gudratygüýçlini we sesleri derwezeleriň düýbüni titreden äpet perişdeleri görýär. Bu zatlary göreninden soň onuň durmuşy düýbünden üýtgeýär.

Bu sözleri okanymdan soň men: "Ine, maňa näme gerek eken – Isanyň täze görnüşi gerek eken!" – diýip gygyrdym.

Mukaddes Ruh meniň ýüregime: "Men bu aýady beýle başlamadym. Yzyňa gaýt-da, ony täzeden oka" – diýip pyşyrdady.

Men hiç zada düşünmedim, ýöne barybir Onuň buýruşy ýaly etdim. Indi bu gezekde: "Uzyýa patyşanyň ölen ýyly" diýen sözler sahypalardan meniň üstüme uçup geldi. Soň men: "Işaýanyň Meni ýene görüp bilmegi üçin ilki bilen Uzyýa ölmelidi" – diýlenini eşitdim.

Ol wagtlar men Uzyýa barada az bilýärdim, diňe onuň ýa Ysraýyldaky, ýa-da Ýahudadaky köp sanly patyşalaryň biridigini bilýärdim. Ýöne men onuň durmuşyny öwrenip başlanymda, täsin fatklary tapdym. Ol Ýahudanyň patyşasy diýlip yglan edilen wagtynda bary-ýogy on alty ýaşyndady. Soň ol elli iki ýyl patyşalyk edýär. (Deňeşdirmek üçin: bu kitaby ýazýan wagtymda, men soňky elli iki ýylyň dowamynda Birleşen Ştatlarda eýýäm on prezidentini görüpdim). Uzyýa diýseň köp wagtlap patyşalyk edipdi.

Ol on alty ýaşynda millionlarça adamlaryň üstünden ygtyýarlygy alanda, pähimli hereket edýär – Hudaýa ýüzlenýär. Ine, biz näme barada okaýarys: "Rebbe tabyn bolan döwürlerinde Hudaý Uzyýanyň işine rowaçlyk berdi" (2 Ýyl ýazgylary 26:5). Muny görsene! Ol rowaçlandy! Hudaýyň akyldarlygy ony haýran galdyryjy beýiklige alyp bardy. Ol ykdysadyýeti berkitdi, şäherleri täzeden dikeltdi, kuwwatly goşun döretdi we ata-babalarynyň elden aldyran ýerlerini yzyna aldy. Biz şeýle sözlere duş gelýäris: "Onuň şan-şöhraty uzaklara we giň ýaýrady, sebäbi Reb oňa haýran galdyryjy kömegi sowgat berdi, şeýdip, ol has güýçlendi" (2 Ýyl ýazgylary 26:15, iňlis dilinden terjime).

Şeýle-de bolsa, Süleýmanda bolşy ýaly, Rebden gorkmaklyk onuň hazynasy bolmandy. Gaty gynanç bilen şu setirleri okaýarys:

> “Emma Uzyýa kuwwatlananda, *gopbamsylyk* edip, heläkçilige uçrady” (2 Ýyl ýazgylary 26:16).

Belli bir wagtda ol başdaky tabynlygyny hem mukaddes gorkusyny ýitirdi. Wajyp hakykat, ine, nämede: bu gowy zatlar – “ekizler” – belli bir wagtda netijelilik pulsuny berýär, bu bolsa, üstünlige alyp baran gowy işler ýiten ýagdaýynda hem, üstünligiň dowam etjekdigini aňladýar. Biziň mundan soňky okajak zadymyz juda gyzykly:

> “Ol Hudaýy Rebbe haýynlyk etdi; ol ýakymly ysly tütetgi sypasynda tütetgi ýakmak üçin Rebbiň ybadathanasyna girdi” (2 Ýyl ýazgylary 26:16).

Mukaddes Ruh menden: “Oglum, ýüregi gopbamsy bolanda, ol ruhy taýdan *has* ýokary boldumy ýa-da ruhy taýdan *pes* derejä düşdümi?” diýip sorady. Men jogabyň garaşylmadyk jogap boljakdygyna şobada düşündim. Men mydama adamyň ýüregine tekepbirlik girende, ol ruhy taýdan pes derejä düşýär diýip hasap edýärdim. Ýöne Uzyýa Rebbiň öňünde ruhy işi etmek üçin ybadathana giripdi. Eger Mukaddes Ruh bu soragy maňa bermedik bolsa, men muňa düşünmezdim.

Şok ýagdaýyna düşen men: “Ol ruhy taýdan *has* ýokary boldy!” diýip gaty gygyrdym. Mukaddes Ruh meniň ýüregime: “Tekepbirlik ruhy bilen din ruhy el-ele berip ýöreýändir we biri-birini gizläp, biri-birini güýçlendirýändir” diýip pyşyrdady. Tekepbirlik adama özüniň dindar adam bolandygyny boýun almaga ýol bermeýär, din bolsa, özüniň ruhy hereketleri bilen tekepbirliginiň üstüni ýapýar.

Soň men Isanyň döwründäki fariseýler barada pikir etdim. Uzyýa ýaly, olaryň Ýehowa çyn ýürekden çykýan söýgüden we mukaddes gorkudan başlan bolmaklary mümkin, ýöne belli bir wagtda olaryň ýüreklerine tekepbirlik girýär. Şeýdip, olar Hudaýdan daş düşýärler, ýöne olaryň ruhy işlerine gatnaşmasy güýçlenýär.

Ruhanylar Uzyýany paş etdiler, olar onuň Mukaddes Ýazga gabat gelmeýän hereketini ünssüz goýmadylar. Paş edilendigi üçin Uzyýa ruhanylara gaharlanýar (bu-da tabynlygy ýitireniniň görkezijisi). Edil şol wagtda onuň maňlaýynda heýwere keseli peýda bolýar. Bu patyşanyň ömrüniň galan bölegi gussaly bolýar, ol aýratyn öýde ýaşamaly bolýar.

Patyşa köşgüni onuň ogly dolandyryp başlaýar, onuň özi bolsa, ömrüniň ahyrky günlerine çenli heýwere keselli bolup galýar.

Geliň, muňa ýerli ýaşaýjynyň gözi bilen seredeliň. Ýahudanyň we Iýerusalimiň ýaşaýjylary üçin göze görnüp duran ýeke-täk hakykat patyşanyň heýwere keseli bilen keselländiginde jemlenendi. Siz sosial torlaryň nähili bolup ýarylara geljekdigini göz öňüne getirip bilýärsiňizmi? Olary teswirleýji sözler doldurardy: “Wah-eý, biziň patyşamyza heýwere keseli degipdirmi? Nähili betbagtçylyk!” Bu keseliň aňyrsynda nämäniň durandygyny ýaşaýjylaryň hijisem bilmeýärdi. Ýöne Mukaddes Ruh bize içki tutyny açýar – gep mukaddes gorkynyň we tabynlygyň ýitirilendiginde.

Muny görenimde men Rebden biziň günlerimiz barada sorap başladym. Öz ömrümde gören köp sanly liderleriň büdremeleri sebäpli ýüregim paralandy. Köplenç ýagdaýda bu nikadan daşky gatnaşyklardy, ýöne käwagt alkogolizm, neşekeşlik, açgözlülik, başga nogsanlyklar we gelşiksiz hereketler hem bolup durýardy. Men bizden öň başlan, biziň bilen bir wagtda, hatda bizden soň hem başlan liderleriň büdreýişlerini gussa bilen synladym. Olaryň her biri Isany şöhratlandyrmagy beýik okdurylma bilen başlapdylar. Olar özlerini nädip beýle gelşiksiz alyp baryp bildikäler? Eýsem olar beýlekileriňem özleriniň göreldesine eýerýänini görmeýärmikäler?

Mukaddes Ruh meniň bilen gürleşdi: “Oglum, büdrän bu liderleriň meselesi gormonlarda däl-de, tekepbirliginde”. Biziň hemmämiz heýweräniň olaryň maňlaýlarynda peýda bolşunyň şaýatlary bolduk – bu olaryň gapdaldan saklaýan gatnaşyklary, nogsanlyklary ýa-da özlerini büdremäge alyp baran başga hereketleridir. Biziň görmedik zadymyz – bu mukaddes gorky bilen tabynlygyň ýerine gelen tekepbirlikdir. Munuň haýsy pursatda bolup geçýändigini diňe Hudaý bilýär. Muny hatda liderem bilmeýär, sebäbi tekepbirlik öz pidasyny kör edýär-de, oňa aýdyň görmäge mümkinçilik bermeýär.

Üstünlik döredýän impulsyň kömegi bilen özümizi şol üstünlige alyp baran zady – yhlasly tabynlyk bilen Hudaýyň öňündäki mukaddes gorkyny – aňsatlyk bilen gözden sypdyryp bileris. Ine, näme üçin üstünlige ýeten wagtymyzda öz öňümizde Isanyň: “Siz Mensiz hiç zat edip bilmersiňiz” (Ýohanna 15:5) diýen sözlerini saklamaly ekenik.

Aslynda şol gün Mukaddes Ruh maňa: “Jon, tekepbirligiň nähili derejede ölse, Isadan aljak görnüşiň hem şol derejede bolar” diýdi. Özgermeklik zerur, ýöne Isadan täze görnüş almasak, biz Oňa has meňzeş bolma mümkinçiligini elden gidereris. Gaty gowy erkekler we aýallar soňuny gowy jemlemediler, şeýle-de bolsa, olaryň hemmesem tabynlygyň

we mukaddes gorkynyň ýitirilmeginiň gutulgysyz netijelerinden gaça durup biljekdiklerine ynandylar. Aldanmaň, Isa bil baglamakdan doly bolan hakyky tabynlyga berk ýapyşyň we mukaddes gorkyny özüňiziň hazynaňyz ediň. Şuny etseňiz, baýlygy, hormaty we uzak ýaşamaklygy berjekdigine Hudaý size wada berýär.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Meni diňle we meniň aýdyşym ýaly et – şonda ömrüň uzyn hem gowy bolar” (Süleýmanyň pähimleri 4:10, iňlis dilinden terjime).

**Many.** Tekepbirligimiz nähili derejede ölse, Isadan aljak görnüşimiz hem şol derejede bolar. Hakyky tabynlyk mukaddes gorkuda gizlenendir. Ol Isasyz biziň hiç zat edip bilmejekdigimizi aňladýar. Şonuň üçin biz doly hem bölünmesiz Oňa bagly bolmaklygy saýlaýarys.

**Oýlanma.** Tabynlyk meniň durmuşymda hakykat bolup durýarmy? *Hemme zady özüm etjek* diýen pozisiýany eýeleýän ulgamlarym barmy? Men Isanyň şaýatlygyna ýüzlenmän karara gelýärinmi? Eger bar bolsa, men bu usuly nädip üýtgedip bilýärin? Minnetdarlyk nädip meniň bir wagtyň özünde gaýratly hem tabyn bolmagyma kömek edip bilýär?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Atam, Isanyň ady bilen soraýaryn, durmuşymyň şu (*hemmesini sanaň*) ulgamlaryndaky tekepbirligim üçin meni bagyşla. Bu hereketlerime we özümi başgalardan ýokary tutýanym üçin toba edýärin. Meni Isanyň gany bilen arassala. Men özümi Seniň nazaryňda tabyn edýärin we başgalary özümden has wajyp hasap etmekligi saýlaýaryn. Omyn.

**Toba etmek.** Durmuşyma ýolbaşçylyk etmegi üçin men tabynlygy we Rebden gorkmany saýlaýaryn.

Men: “Rebbim, biz halas bolup biler ýaly we Seni hormatlap biler ýaly, bütin kontinente aýlanjak tobanyň we Hudaýdan gorkmanyň täzeden dikelmesini goýber!” diýip, ýygy-ýygydan çyn ýürekden doga edýärin.

– A. U. TOZER

# 42| HAZYNANY ALMAK

(Okyjy üçin bellik. Bu bap şu habary gowuja jemlemek üçin adatdakysyndan uzynrak bolar. Her gün okaýanlar üçin men bu baby iki bölege – irden we agşam okamaklyga böldüm).

## Irden okamak üçin Artykmaçlygyň gysgaça suratlandyrylmasy

Mukaddes gorkynyň berýän artykmaçlyklarynyň göwrümi şeýle uly bolup, ol bir kitap üçin juda ummasyzdyr. Olar hakda jikme-jik gürrüň bermek üçin tutuş tomlar gerek bolar. Men derňewleriň üstünde otuz ýyla golaý wagt bäri işläp gelýärin we Mukaddes Ruhuň Mukaddes Ýazgyda açýan zatlarynyň öňünde şu wagta çenli-de takwa titremäni duýýaryn. Şonuň üçin, geliň, bu kitaby ýene birnäçe wadalara syn bermek bilen jemläliň. Olaryň her birine özüňiziň indiki gözlegleriňize we açyşlaryňyza giriş hökmünde serediň. Bu wadalary ýüregiňize kabul ediň. Olary hasabyňyzdan aýyrmaga ýa-da ýüzleý düşündiriş bilen çäklenmäge synanyşmaň. Hudaýa ýüzleniň. Hudaýdan gorkýanlar üçin bu gymmat bahaly daşlar bolup, siz olara berk ýapyşmalysyňyz.

> “Rebden gorkýan we Onuň ýollarynda ýöreýän adam nähili bagtly! Sen, elbetde, öz elleriň zähmetini iýersiň; *bagtly* bolarsyň, *ýagşylyk* seniňki bolar” (Zebur 127:1, 2).

Üns beriň, “ýagşylyk” sözüniň köki iki aýatda üç gezek gaýtalanýar!

Hudaýdan gorkýan adam, dogrudanam, bagtdan doly bolýar. Bagtlylygyň beýan edilen taraplarynyň biri – biziň zähmetimizdir.

Öz durmuşyma täsirini ýetiren bir ýagdaýy hiç haçan ýatdan çykarmaryn. Bu 1980-nji ýyllaryň başlarynda, men IBM kompaniýasynda inžener bolup işläp ýörkäm boldy. Biz ol ýerde bir işgärimiziň otuz sekiz ýyl işlänini belledik. Iş gününiň başynda onuň gapysynyň öňünde bir topar adam ýygnanyşdy.

Birden biziň gutlap oturan adamymyz: "Men otuz sekiz ýylyň dowamynda bu bina giren her bir günümi ýigrendim" diýdi. Muňa käbirleri güldüler we ylalaşýan äheňde başlaryny atdylar.

Men öz wezipämde bary-ýogy birnäçe aý bäri işläp gelýärdim, ýaşdym we tejribesizdim, ýöne şol wagt men hiç zada düşünmän durdum. Men: "Beýle bolsa siz näme üçin işlediňiz?" – diýip soradym.

Onuň ýüz keşbi birden şadyýanlykdan gaharly keşbe öwrüldi. Ol maňa we beýlekilere tarap öwrülip, ýaňsy bilen: "Jon, muňa iş diýilýär! Sen iýmit we eşik satyn almak üçin işlemeli" – diýdi. Ýüzleriniň keşbinden men beýlekileriň hem onuň pikiri bilen ylalaşýandyklaryna düşündim. Men gürrüňiň yzyny dowam etdirmegiň gerek däldigine düşündim, sebäbi akylly adamlaryň hatarynda däldim.

Meniň inženerçilik işini öwrenmegimiň ýeke-täk sebäbi ýokary aýlykly iş tapmaryn diýen gorkudy. Onuň belligi meniň takwa bolmadyk gorkymyň üstüni açdy. Şol gün men otuz sekiz ýyldan soň şu sözleri aýtmak islemeýärin diýen karara geldim. Bu gorky meniň durmuşymy dolandyrmaz, men Hudaýa bil baglajak. Men şondan bäri öz zähmetimiň miwesinden lezzet alýandygymy şatlyk bilen aýdyp biljek. Bu wada Hudaýdan gorkýanlaryň hemmesine berilýändir.

Mezmurçy sözüni dowam etdirýär:

> "Aýalyň seniň öýüň içinde miweli üzüm agajy kimin bolar, ogullaryň saçagyň başynda zeýtun şahalary kimin bolar. *Ine, Rebden gorkýan adam şeýle bagtly bolar!*" (Zebur 127:3, 4).

Siz zähmetiňiziň miwelerinden lezzet alarsyňyz, ýanýoldaşyňyz bolsa, üstünlikli bolar, yhlasly çagalaryňyz bolsa, wagtlaryny siziň bilen höwesli geçirerler. Bu parçalarda ýazylan zatlar köplere ýetmezçilik edýär. Aslynda bu ýerde biziň jemgyýetimiziň aglaba bölegine ýetmezçilik edýän zat kesgitlenilýär. Örän köp adamlar gowy gazanç edýän bolsalar-da, durmuşdan lezzet almaýarlar. Olar ýanýoldaşlary bilen oňuşmaýarlar,

olaryň çagalary maşgalasy bilen gatnaşykda bolmak islemeýärler. Olaryň maşgalalary gülläp ösmeýär-de, gaýtam, solýar, ýöne Hudaýyň berýän umydy bardyr.

Bu wadanyň içine salnan umyt takyk we juda täsin. Ol ýygnaga gatnaýanlaryň ýa-da Isa bilen gatnaşygynyň bardygyny aýdýanlaryň hemmesi üçin däl. Bu ýerde göni: “Rebden gorkýan adam şeýle bagtly bolar!” – diýip aýdylýar.

Gadyrly okyjylar, siz bu habara edilýän syýahaty tamamladyňyz diýen ýaly. Şeýle uzaga gideniňiz üçin siz Hudaýdan gorkma kararyna geldiňiz, şonuň üçin siz bu wadany doga-dileg edip sorap bilersiňiz. Yshak ýaly, mukaddes gorkynyň bu wadalarynyň ýerine ýetmegini Hudaýa ýüzlenip soraň. Bu wadalar biziň öýümizde durmuşa geçýänçä ençe aýlar geçdi. Öýde olaryň ýerine ýetmezliginiň mümkindigini görkezýän alamatlar bardy, ýöne biz Hudaýyň wadalaryna bolan umyda berk ýapyşyp, olar üçin dogada göreşdik. Indi biz olaryň köp ýylyň dowamynda biziň maşgalamyzda ýerine ýetýändigini aýdyp bilýäris.

Başga bir mezmura ýüzleneliň, ol ýerde Hudaýdan gorkýanlar barada jikme-jik gürrüň berilýär:

> “Rebden gorkýan, Onuň tabşyryklaryny söýýän adam nähili *bagtly*! Onuň nesli ýer ýüzünde güýçli bolar; dogrular nesli bereket tapar” (Zebur 111:1-2).

Biz ýene “bagtly” sözüniň mukaddes gorky bilen baglanyşyklydygyny görýäris. Bagtlylyk – bu ruhy güýç bolup, ol bagt ýaly ýagdaýlara bagly bolmaýar. Munuň deregine bagtlylyk Hudaýyň ebedi Sözüne esaslanýandyr. Bu biziň güýjümizdir. Ol bizi has bereketli hem hasylly edýär.

Şeýle hem, biz bu aýatda mukaddes gorkynyň öz nesillerimize-de güýçli täsir etjekdigini görýäris. Diňe biz üstünlikli bolman, eýsem çagalarymyza-da şol zatlar wada berilýär. Dowam edýäris:

> “Bolçulyk, baýlyk onuň öýünde bolar; dogrulygy ebedilik dowam eder ... Ol asla sarsmaz; dogry adam ebedilik ýatlanar. Ol erbet habardan gorkmaz, Rebbe bil baglar, ýüregi berk bolar. Ýüregi mäkämdir, öz duşmanlaryna seredeninde ol gorkmaz” (Zebur 111:3, 6–8).

Öňräk bir imanly aýal bilen gürleşdim. Ol günleriň birinde bu dünýäden gidenimizden soň, bakyýetimiziň başlanýandygyny aýtdy. Men oňa derrew garşy çykyp: “Ýok. Biziň täzeden doglanlarymyz üçin bakyýet eýýäm

başlandy" – diýdim. Biziň jan üçin edýän häzirki işimiz ebedi dowam eder. Ýöne mukaddes gorkusy bolmadyklara munuň ýaly wada berlen däldir. Aslynda olar üçin hemme zat tersine: "Olaryň söýgüsi, ýigrenji we gabanjaňlygy eýýäm ýok bolandyr, olaryň Günüň astynda bolup geçýän zatlarda indi paýy ýokdur" (Wagyz kitaby 9:6).

Hudaýdan gorkýanlar erbet täzeliklerden gorkmaýarlar. Biziň döwrümizde sosial torlaryň zorlugy, adaty Habar beriş ulgamlary we başga-da kän täzelik we maglumat ulgamlarynyň täzelikleri we gybatlary gitdigiçe has meşhur bolýar. Köpler geljek zatlardan gorkýarlar. Ýöne Hudaýdan gorkýanlar geljekden gorkmaýarlaram, hederem etmeýärler: olar özlerine ynanýarlar we gorkmazakdyrlar. Ýene bize şeýle diýilýär:

> "Rebden gorkmakda güýçli umyt bardyr; Ol Öz ogullarynyň hem penasydyr" (Süleýmanyň pähimleri 14:26).

Mukaddes gorky içki ynamlylyk bilen utgaşýar. Bu köplerň arzuw edýän, ýöne tizara elýetmez ýaly bolup görünýär diýip hasap edýän zadydyr. Meniň Jon Heýji atly, Tehasda diýseň sylanylýan ruhy çopan dostum bar. Ol meniň şu wagta çenli duş gelen liderlerimiň hemmesi ýaly, Hudaýdan güýçli gorkýar. 1973-nji ýylda onuň ýygnagyna bir adam gelýär. Ol nähilidir bir usul bilen Jondan bir-iki metr aralykda durýar-da, 38-nji kolibrli sapançasyna alty sany ok salýar. Ruhy çopan Jon gymyldaman ynamly durýar. Atylan alty okam onuň deňinden geçip gidýär. Elli ýyl geçenden soň, bu kitap ýazylýan wagtynda-da, ol diri we Hoş Habary wagyz etmegi dowam etdirip ýör. Şunuň ýaly ýagdaýda adamlaryň köpüsi bar erkini ýitirip gygyrardylar, pola ýykylardylar we gizlener ýaly ýer gözlärdiler. Jon welin ýerindenem gymyldamandyr-da, atyjyda nazaryny ynamly saklapdyr. Bize şeýle diýilýär:

> "Rebbiň perişdesi Ondan gorkýanlaryň daşynda düşelge guryandyr, olary halas edýändir" (Zebur 33:8).

Perişdeler Hudaýdan gorkýanlary goramaklyga çagyrylandyr. Soňrak ekspertiza oklaryň ruhy çopan Jonuň sagyndan we çepinden alty santimetr aralykdan geçenini anyklady. Atyjy iki metrden-de oňa oky degrip bilmändir! Alty synanyşygy bolan bolsa, onda tejribesiz atyjy-da iki metrden atyp bilerdi. Ruhy çopandan oklary Hudaýyň perişdesiniň sowandygyna şübhe ýok.

Ýahuda patyşasy Ýehoşapadyň "ýüregi Rebbiň ýolundan ýöremeklige

berlendi” (2 Patyşalar 17:6). Özüniň patyşalygynyň üçünji ýylynda ol halka Hudaýyň Sözüni öwretmekleri üçin, ruhanylary şäherlere goýberdi. Biz şeýle sözleri okaýarys:

> “Ýahudanyň töweregindäki ähli ýurtlaryň patyşalyklaryna Rebbiň gorkusy aralaşdy. Olar Ýehoşapat bilen uruşmadylar” (2 Ýyl ýazgylary 17:10).

Mukaddes gorkyny edinmeklik – bu beýik goragdyr. Başga bir Mukaddes Kitap mysaly Ýakupdyr. Ol öz maşgalasyna Hudaýdan gorkmagy we butlary unutmagy nesihat berýär. Olaryň muny nädip edendikleri barada okaýarys:

> “Soňra olar [Şekemden] ýola düşdüler. Ýakubyň ogullaryny hiç kim yzarlamaz ýaly, töwerekdäki galalaryň ählisiniň ilatyny Hudaýyň gorkusy gaplady” (Gelip çykyş 35:5).

Hudaýdan gorkmaklyga wepaly bolanlara örän köp zat wada berlendir. Bu sözlere serediň:

> “Ýüregiň günäkärlere höwes etmesin, hemişe diňe Rebden gorkýanlardan bol. Çünki munuň *geljegi* bardyr, *umydyň* üzülmez” (Süleýmanyň pähimleri 23:17, 18).

Bellenilen iki söze serediň. Birinjiden, biziň döwrümizde *umyt* az bolanda, köp ruhy liderler ruhlanma üns berýärler we Hudaýyň Sözüne haýsydyr bir ikinji derejeli zat hökmünde garaýarlar. Çynlakaý diňleýjilerimiz üçin Mukaddes Ýazgydan iki mysal getirilýär, ýöne esasy üns onda ruhlandyryjy wakalara berilýär. Bu wakalar, islendik ruhlandyryjy golliwud filmleri ýaly, gysga wagtlaýyn peýda getirip ýa-da adamlaryň ýüreklerine täsir edip biler, ýöne mukaddes gorkynyň wada berýän uzak möhletli *geljegini* getirmez.

Hudaýdan gorkmaklyk köp babatlarda bizi – amala aşan arzuwlar (Zebur 144:19-a seret), wepaly dostlar (Zebur 118:63,74,79-a seret), bedeniň şypa tapmasy (Süleýmanyň pähimleri 3:7,8), meňzeşlik (Zebur 60:4) we hemmeleriň teşne bolan zady, ýagny durmuşdaky ugruňy kesgitleme bilen sylaglaýar.

> “Rebden gorkýan adam kim? Ol saýlamaly ýoluny oňa görkezer. Ol bolçulykda ýaşar we nesli ýeri miras alar” (Zebur 24:12, 13).

Kimdir biriniň mukaddes gorkyny gymmat hasap etmeýänligi akyla

sygjak zat däl! Onuň gymmatyny görüp, ony özüňizde saklaman, özüniň gol astynda bolan adamlaryň hemmesine Hudaýdan gorkmagy öwreden Ýehoşapat patyşa meňzemegiňizi ýürekden isleýärin.

## Agşam okamak üçin
## Mukaddes gorkyny edinmek

Otuz ýyldan gowrak ýyl mundan ozal Reb maňa Hudaýyň bu asyrdaky soňky hereketiniň mukaddes gorkyny bellemek boljakdygyny aýtdy. Bu galkynyşyň beýik haýyrly işi Mukaddes Kitapda bellenilip geçilýän gelinligiň, ýagny Isanyň yzyndan gaýdyp geljek gelinliginiň, ýeke-täk suratlandyrylmasynyň ýerine ýetmesi bolar. Bu “täsirini ýetirýän” ýygnak däldir, ýöne täsirini ýetirýän ýygnagam azaşanlary gazanmak üçin zerurdyr. Bu “liderlik” ýygnagy däl, ýöne liderlik ýygnagynyňam güýçli ýygnagy gurmakda aýgytly ähmiýeti bardyr. Bu “jemgyýet ýygnagy” däldir, ýöne jemgyýet ýygnagy-da aňry ýany bilen zerurdyr, sebäbi adam ýeke bolmaly däldir. Ine, Isanyň yzyndan gaýdyp geljek gelinliginiň ýeke-täk suratlandyrmasy:

> “Öz huzuryna tegmilsiz, ýygyrtsyz, birkemsiz, ýagny şöhratda *mukaddes* hem müýnsüz bir ajaýyp ýygnagy getirmek üçin...” (Efesliler 5:27).

Bu mukaddes ýygnak! Gadyrly okyjylar, mukaddesligiň Hudaýdan gorkmada kämilleşýändigi sebäpli, bu beýik galkynyşda siziň hem täsir ýetiriji çeşmeleriň biri bolmagyňyzy Reb ýürekden isleýär. Şonuň üçin öz çekeleşmämizi mukaddes gorkymyzy nädip köpeltmelidigimiz baradaky sorag bilen jemlemegimiz zerurdyr.

Malaýziýadaky gaty tolgundyryjy we ruhuňy göteriji ýygnanyşyga gaýdyp gelmäge rugsat ediň. Onuň ajaýyp hem kuwwatly barlygy peýda bolan wagtynda men şatlykly titredim we içimden: “*Jon Biwer, ýekeje-de nädogry söz aýdaýma, ýekeje-de nädogry hereket edäýme*” – diýip pikir etdim.

Men bu barada pikir edip, sahnada öňe-yza ýöräp ýörkäm, agzymdan ozal gulaklarymyň eşitmedik, birinji gezek diňe olary aýdan wagtymda eşiden sözleri çykdy. Men ozal bu hakda pikirem etmändim. Men erjellik bilen: “Bu Rebden gorkma Ruhy!” – diýdim.

Birden meniň kelläme pikir geldi. Men içimden begenýärdim: “*Ine, bu şol, ine, bu şol – bu Mukaddes Ruhuň aýan bolmalarynyň biri!*”

Men hiç haçan bu ýerde göni baglanyşygy görmeýärdim, ýöne Mukaddes Ýazgyda Isa barada şeýle diýilýär:

> “Rebbiň Ruhy, akyldarlyk Ruhy we paýhas Ruhy, maslahat Ruhy we guýç Ruhy, bilim Ruhy we Rebden gorkma Ruhy Onuň üstünde bolar. Rebden gorkmak Oňa şatlyk getirer” (Işaýa 11:2, 3).

Mukaddes Ruhuň aýan bolmasynyň ýedi usulynyň sanawy bar, Isa olaryň hemmesinde doly gezdi, ýöne mukaddes gorky Oňa şatlyk getirdi. Şonuň üçin: “Biz *Rebden gorkma Ruhuny* nädip alyp bileris?” – diýen sorag ýüze çykýar. Isa bize jogap berýär:

> “Şeýlelikde, siz erbet bolubam öz çagalaryňyza oňat sowgatlar bermegi bilýän bolsaňyz, Gökdäki Ataňyz Özünden dileýänlere Mukaddes Ruhy has-da köp bermezmi?” (Luka 11:13).

Biz ýöne bir Gökdäki Atamyzdan soraýmaly. Ýöne bu adaty haýyş däl-de, berilmezlige çydam etmeýän kalbyň sesidir. Göni şu sözleriň öňünde Ol şeýle diýýär:

> “Diläň, size berler. Agtaryň, taparsyňyz” (Luka 11:9).

Bu ýerde durnuklylyk bellenilýär.

1994-nji ýyldaky konferensiýa, men Rebden gorkma barada gürrüň edenimde, maňa ruhy çopanyň düzediş beren ýerine gaýdyp baralyň. Ertesi gün irden men gurluşyk meýdançasynda Hudaýa doga edip, sorag berdim: “Men nämäni nädogry etdimkäm?”, ýöne netijede mukaddes gorkyny yhlas bilen çagyrdym. Bu berilmezlige çydam edip bilmeýän haýyşdy. Şol wagt men pursatyň wajyplygyna düşünmeýärdim, ýöne indi ony men öz durmuşymdaky iň wajyp we özgerdiji wakalaryň biri diýip hasap edýärin. Hatda häzirem men her gün diýen ýaly özümiň Gökdäki Atamdan Rebden gorkmanyň Mukaddes Ruhundan täzeden doldurmagyny soraýaryn. Biziň temamyz üçin uly ähmiýeti boljak Mukaddes Ýazgynyň ýene bir parçasyna seredeliň.

> “Oglum, meniň sözümi kabul edip, tabşyryklarymy kalbyňda saklasaň, akyldarlyga gulak asyp, ýüregiňi düşünjä berseň, paýhasy çagyrsaň, düşünjä gygyrsaň, ony kümüş ýaly gözleseň, hazyna dek agtarsaň, şonda Rebden gorkmalydygyna akyl ýetirip, Hudaýy tanamany taparsyň” (Süleýmanyň pähimleri 2:1–5).

Bu ýerde ýalbaryş bolmaly däl-de, göwher gaşly nika ýüzügini ýa-da altyn şaý-sepi gözleýän ýaly, mukaddes gorkyny yhlasly gözleme bilen utgaşýan gygyrma bolmalydyr. Siz hazyna gözleýjiler baradaky filmleri ýa-

da gepleşikleri görensiňiz. Olar mydama gözleýjiniň yranmaz erjelligini duýma duýgusyny döredýär. Olaryň arasynda 2004-nji ýyldaky “Milletiň hazynasy” atly çeper film tapawutlanýar. Onda bütin ömrüni 1700-nji ýylda gizlenilen hazynany gözlemeklige bagyş eden Benjamin Geýts atly adam hakda gürrüň berilýär. Ol hatda abraýyna we azatlygyna-da töwekgelçilik edip, özüniň bar wagtyny hem güýjüni ony tapmaklyga sarp edýär. Onuň gözlän zady haçan hem bolsa bir wagt ýitip gidýän bolsa-da, onuň hut yranmaz erjelligi bizi ruhlandyrýar.

Eger biz Hudaýyň Sözüne, Onuň akyldarlygyna, Hudaýlyk maslahatyna we mukaddes gorka edil şonuň ýaly aýgytlylyk bilen sereden bolsak, biz iň bereketli adamlar bolardyk. Biz hiç haçan ýitmejek zady çagyrýarys, bu Hudaýyň hazynasydyr. Ol ony *bizden* gizlemedi-de, *biziň üçin* gizledi. Ol bizi ony tapmaklyga ruhlandyrýar we muny edenimizde bolsa begenýär. Şeýle hem, Öz bereketini alanymyzda hem begenýär.

Şol gün ertir gurluşyk meýdançasynda Mukaddes Ruhuň kömegi bilen mende dörän zat – Rebden gorkma bolan çäksiz açlyk – sizde-de eýýäm dörändir diýip umyt edýärin. Ony saklaň we oňa özüňiziň iň esasy baýlygyňyz hökmünde berk ýapyşyň. Şonuň ýaly bolanda siz Hudaýyň söýýän zatlaryny söýersiňiz, Onuň ýigrenýän zatlaryny ýigrenersiňiz, Onuň üçin wajyp bolan zat, siziň üçinem wajyp bolar. Siz adamlary çäksiz söýersiňiz we olary ýok edýän günäni ýigrenersiňiz. Siz öz täsiriňizi ýetirip bilýän ulgamyňyzda dünýäni üýtgedersiňiz we bütin bakyýetiň dowamynda muňa şatlanarsyňyz.

Ýatda saklaň, *ylgawa başlaýşymyz däl-de, ony tamamlaýşymyz wajypdyr.* Munuň tassyklamasy hökmünde beýik umydy döredýän iki parçany getirip bolar:

> “Hudaý *sizi büdremekden goramagy*, şöhratynyň huzurynda uly şatlyk bilen tegmilsiz duruzmagy başarýandyr” (Ýahuda 24).

> “Rebbimiz Isa Mesihiň geljek gününde aýypsyz bolmagyňyz üçin Onuň Özi sizi ahyra çenli berkider” (1 Korintoslylar 1:8).

Gowy tamamlamaklyk – bu gowy ýaşaýşyň iň wajyp jähtidir, oňa ýetmegimiz üçin bolsa, Hudaý bize mukaddes gorkyny sowgat berdi. Bu hazyna bilen sizi tanyşdyrmak meniň üçin hormatdyr. Haýyş edýärin, ony diňe özüňiz üçin saklamaň, ol hemmelere-de ýetýändir. Bu habary töweregiňizdäkiler bilen paýlaşyň. Eger şeýle etseňiz, onda biz ýakyn

günlerde pidalaryň azalýanyny we has sagdyn ýygnagy göreris.

Gelni Giýewimiziň gaýdyp gelerine taýýarlaýan mukaddes gorkynyň kuwwatly üýtgetme hereketiniň bir bölegi bolmak üçin häzir öz saýlawyňyzy ediň. Gyrada synlaýjy bolup galmaň. Mukaddes gorkyny saýlamak bilen siz Giýewimiz bilen çuň ýakynlyga eýe bolarsyňyz, gutulyşyňyz kämil bolar, siz örän hasylly bolup, ebedi mirasy döredersiňiz.

## Muny şahsy kabul ediň

**Mukaddes Kitap aýady.** “Hudaý sizi goramagy we şatlykdan dolduryp, Öz şöhratly huzuryna bütinleý müýnsiz getirmegi başarýandyr, şonuň üçin Rebbimiz Isa Mesih arkaly ýeke-täk Halasgärimiz Hudaýa şan-şöhrat, güýç-gudrat, hökümdarlyk owaldan, häzir we baky ýar bolsun! Omyn” (Ýahuda 24, 25).

**Many.** Gowy tamamlamaklyk – gowy durmuşyň iň wajyp bölegidir. Hudaý Özüniň mukaddes gorky peşgeşiniň üsti bilen sizi soňuna çenli güýçli hem müýnsiz edip saklar.

**Oýlanma.** Durmuşymda mukaddes gorkyny artdyrmak üçin maňa näme etmek gerek? Men mukaddes gorka teşnemi, şoňa görä-de, ony hazyna hökmünde gözleýärinmi? Men oňa iň gymmat zat hökmünde berk ýapyşarynmy? Ony saklamak üçin men yzygiderli näme etmeli?

**Doga-dileg etmek.** Gadyrly Atam, men Saňa ýüzlenýärin, meni Rebbiň Ruhundan, akyldarlyk Ruhundan, pähim Ruhundan, maslahat Ruhundan, güýç Ruhundan, bilim Ruhundan we Rebden gorkma Ruhundan doldur. Mesihiň Gününde çirksiz bolarym ýaly, meni soňuna çenli gora. Isanyň ady bilen doga edýärin. Omyn.

**Toba etmek.** Rebden gorkmaklyk – meniň hazynamdyr.

GOŞUNDY

# HUDAÝÝŇ BEÝIKLIGINE BOLAN GARAÝYŞ

Bir gün Ysraýylyň taryhynda Hudaý Öz halkynyň mukaddes gorkusyny berkitmäge synanyşyp, şeýle sorag berýär:

“Meni kime meňzedersiňiz, kim bilen deňeşdirersiňiz?” (Işaýa 40:25).

Eger taryhdaky bu soragyň üstünde ýüzleý geçip gitmän, çuň oýlanmaly bolan döwri gözlemek zerur bolsa, onda şol döwür biziň döwrümizdir. Şu gün we şu sagatda adamzadyň “beýikligi” yzygiderli sosial torlarda, habar beriş serişdelerinde, telewideniýede we beýleki platformalarda görkezilýär. Zehinli sportsmenleri Golliwudyň owadan ýyldyzlaryny, ukyply sazandalary, meşhur telekeçileri, harizmatik liderleri we beýleki tanymal şahsyýetleri mydama öwüp arşa çykarýarlar. Olary her dürli usulda şöhratlandyrýarlar. Bu zyýansyz zat ýaly bolup görünýän bolsa-da, adamy üznüksiz şöhratlandyrmaklyk Hudaýyň şöhratynyň hakykylygy baradaky pikirlerden biziň ünsümizi sowýar.

Takmynan ýigrimi bäş ýyl mundan ozal özümiziň dört oglumyzy terbiýeleme prosesinde Liza ikimiz muňa duş gelip gördük. Ol wagtlar maglumatyň munuň ýaly akymy ýokdy, sebäbi bizde goşundylar we sosial

torlar ýokdy. Ýöne eýýäm şol wagtlarda biz ogullarymyzyň professional bir basketbolçy bilen aşa gyzyklanýandyklaryny duýduk. Şol wagtlar ol Amerikada iň meşhur sportsmendi. Köpler ony belent tutýardylar, hatda onlarça ýyllar geçeninden soň hem, onuň şöhraty sönmedi.

Biziň maşgalamyz Gündogar kenarda gulluk edýärdi, bizem ummanyň kenaryndaky myhmanhanada ýerleşdik. Biz suwa düşülýän ýerden ýaňyja otagymyza gaýdyp gelipdik. Oglanlar Atlantik ummanyň güýçli tolkunlarynda iki baka zyňlypdylar we togalanypdylar, şonuň üçin olar onuň kuwwatyna geň galypdylar.

Men üç uly oglum bilen gürleşmek üçin oturdym. Men açyk duran süýşürilip ýapylýan aýna gapyny görkezip: “Oglanlar, umman gaty uly, şeýle dälmi?” – diýip soradym.

Olar hor bolup: “Hawa, kaka” – diýdiler.

Men sözümi dowam etdirdim: “Siz onuň diňe bir-iki kilometrini görýärsiňiz, ýöne aslynda umman müňlerçe kilometrlere ýazylyp gidýär”.

Ýyly polotensä dolanyp oturan oglanlar: “Geň galaýmaly!” – diýdiler.

“Ýöne bu umman iň uly umman däl, ondan-da has uly bolan ýene biri bar, onuň ady “Ýuwaş umman. Bu ikisinden başga-da, ýene ikisi bar”.

Biziň ogullarymyz haýran galyp, başlaryny atyp oturdylar, biz bolsa, açyk gapynyň aňyrsyndaky tolkunlaryň güýçli seslerine diň salmagy dowam etdirdik.

Biz ol ýere giden wagtymyzda NBA-nyň oýnunyň gyzgalaňly gidip duran wagtydy. Habar beriş serişdeleri, kabel telewideniýe, biziň ogullarymyz we olaryň dostlary şol basketbol ýyldyzynyň ýeten derejeleri hakda mydama gürrüň edýärdiler. Onuň bir eli bilen basketbol topuny aňsatlyk bilen tutup bilşi meniň ogullarymy haýran galdyrýardy. Ogullarymyň meniň şu wagtjyk gürrüňini eden suwumyň göwrüminiň näderejede ummasyzdygyna belli bir derejede düşünendiklerini bilenim üçin men olardan: “Oglanlar, siziň görýän bar suwuňyzy Hudaýyň ölçändigini, meniň şu wagtjyk gürrüňini eden suwlarymyň hemmesini Onuň Öz aýasynda saklaýandygyny (Işaýa 40:12-ä seret) siz bilýärsiňizmi?” – diýip soradym. Olaryň ýüzlerinde ýasama bolmadyk haýran galma peýda boldy.

Soňra men juda ýönekeý sözler bilen ummanyň diňe bir göwrümi hakda däl-de, eýsem onuň güýji barada hem gürrüň berdim. Men ogullaryma, eger uzynlygy bir km. meteorit Atlantik ummana Nýu-Ýorkyň kenaryndan birnäçe ýüzlerçe km. aňyrsyna düşse-de, munuň Amerikanyň bütin Gündogar kenaryndaky şäherleriň jaýlaryny, Karib howdanynyň we Günorta Amerikanyň

Atlantik kenarlarynyň aglaba bölegini Ýeriň ýüzünden süpürip taşlap biler ýaly tolkunlary döredip biljegini gürrüň berdim. Bu-da entek hemmesi däl! Şol tolkun ummandan çykyp, Ýewropanyň we afrikan döwletleriniň kenar ýakasyndaky şäherleri weýran ederdi. Ýöne Atlantik ummanyň çuňlugy sebäpli bu uly tolkunlar bolmanda şeýle bolardy. Soň men olara şeýle sorag berdim: "Eger ummanlaryň hemme suwlary adamzadyň üstüne inse näme bolardy? Dünýä ummanlarynda ummasyz güýç bar, şeýle-de bolsa, Hudaý şol suwuň her bir damjasyny Öz aýasy bilen ölçedi!"

Soň men gijeki asmanyň gürrüňine geçdim. Men şol wagt berlen gürrüňleriň tasirine doly gurşalan oglanlara: "Mukaddes Kitapda Hudaýyň nähili beýikdigi hakda ýene näme gürrüň berilýänini bilýärsiňizmi?" – diýip soradym. – "Näme, kaka?"

«Onda Hudaýyň Älemi Öz garşy bilen ölçäp bilýändigi hakda gürrüň berilýär" (Işaýa 40:12). Olara elimi uzadyp, men garşymy görkezdim – bu uly barmagyň ujundan kiçi barmagyň ujy arasyndaky aralykdy.

Şol gün men ogullarymdan häzir näme hakda sorajakdygymy soradym: "Siz Älemiň ölçegi barada pikir edip gördüňizmi?" Bu biziň akyl mümkinçiliklerimizden daşdadyr. Belki, Älemiň nähili gözýetmezdigini duýmaga synanyşsak, onda Hudaýyň şöhratyna akyl ýetirmäge çalaja golaýlaşyp bileris.

Meniň ýazjak bolýan zadymyň birneme tehniki häsiýeti bar, ýöne ogullaryma edişim ýaly, ýönekeý hem düşnükli düşündirmäge synanyşýarkam, okamagy dowam etdirmegiňizi sizden tutanýerlilik bilen haýyş edýärin. Bu faktlaryň üstünde pikirlenenimizde, olar bizde Hudaýyň öňünde takwalyk duýgusyny döredýär, sebäbi bize şeýle diýilýär:

> "Gökler Hudaýyň şöhratyny yglan edýär" (Zebur 18:2).

Alymlaryň berýän bahalaryna görä, Älemde milliardlarça galaktikalar bolup, olaryň her biri 100 milliona golaý ýyldyzy özünde saklaýar. Bu galaktikalaryň ölçegi, olaryň aralarynda bar bolan giňişlik bilen deňeşdirende, juda kiçi.

Biziň Günümiz şonuň ýaly galaktikalaryň birinde ýerleşen. Biziň galaktikamyz şeýle uly bolany üçin siz gijeki asmana seredeniňizde, bütin Älemi däl-de, içinde ýaşaýan galaktikamyzyň (bütin Älem bilen deňeşdireniňde) diňe kiçijik bölegini görýärsiňiz. Oňa "Akmaýanyň ýoly" diýilýär. Eger pikirimizi dowam etdirsek, onda siz hatda Akmaýanyň ýolunyň hem hemmesini görmeýärsiňiz. Biziň galaktikamyzdaky ýyldyzlar

ýaraglanmadyk göz bilen görerden juda uzakda ýerleşýär.

Şonuň üçin, geliň, diňe her gije ýaraglanmadyk göz bilen görüp *bilýän* ýyldyzlarymyz hakda gürrüň edeliň. Biziň planetamyza iň golaý bolan ýyldyz, Güni hasaba almasaň, bizden bary-ýogy 4,3 ýagtylyk ýyly aralykda ýerleşýär. Köplere bu asla hiç zat hakda gürrüň bermeýär, şonuň üçin düşündirýärin. Ýagty sekuntda 186 282 km. tizlik bilen hereket edýär – sagatda däl, *sekuntda*! Bu sagatda 670 km. bolýar Biziň uçarlarymyz takmynan sagatda 500 km. tizlikde uçýarlar. Şeýlelikde, munuň akyla sygmajak derejede çaltdygyny siz görýärsiňiz!

Munuň näderejede çaltdygyny göz öňüne getirmek üçin, geliň, Güne reaktiw laýnerinde uçup bolýar diýip aýdalyň. Men ýer şarynyň öz öýümden garşydaş tarapynda ýerleşýän ýerine, Aziýa uçanymda, maňa ýigrimi üç sagat gerek bolýar. Eger men şol uçarda hiç ýerde saklanman, Güne uçan bolsam, bu meniň takmynan ýigrimi bir ýylymy alardy! Indi ýigrimi bir ýyl mundan ozal nirede bolandygyňyz, soň şol wagtdan başlap, şu güne çenli wagtyňyzy uçarda oturyp geçirendigiňiz hakda pikir ediň (siziň ýeriňiz aýnanyň öňündedir diýip umyt edýärin). Awtoulagy gowy görýänler üçin... Onda näme, bu mümkin däl, sebäbi benzin guýmak we dynç almak üçin gerek wagty hasaba almanyňda, muňa takmynan iki ýüz ýyl gerek bolardy! Indi ýagtynyň ýere çenli gelip ýetmegi üçin näçe wagtyň gerekdigini soralyň. Jogap – bary-ýogy 8 minut 20 sekunt!

Güni goýalyň-da, iň golaýdaky ýyldyza geçeliň. Onuň Ýerden 4,3 ýagty ýyl aralykda ýerleşýändigini biz eýýäm bilýäris. Eger biz Ýeriň, Günüň we golaýdaky ýyldyzyň masştaply modelini guran bolsak, onda ol şeýle bolardy. Proporsiýada Ýer burçjagazyň göwrümine çenli kiçelerdi, Gün bolsa, 20 sm. topdan azajyk ulurak bolardy. Şunuň ýaly masştapda Ýerden Güne çenli bolan aralyk bary-ýogy ýigrimi dört metrden ybarat bolardy – futbol meýdanynyň dörtden bir bölegi ýaly bolardy. Şeýle-de bolsa, ýatda saklaň, masştaba laýyk getirilen uçaryň ýigrimi dört metrlik bu aralygy geçmegi üçin 21 ýyldan gowrak wagt gerek bolýar.

Şeýlelikde, eger bu Ýeriň we Günüň modelleri bolsa, onda iň golaýdaky ýyldyzyň biziň burçjagazymyzdan nähili aralykda ýerleşýänini çaklap bilýärsiňizmi? Siziň bir-iki kilometr ýa-da mil diýip pikir etmegiňiz mümkin. Bu beýle däl! Biziň iň golaýdaky ýyldyzymyz burçjagazdan dört müň km. aralykda ýerleşerdi! Bu şuny aňladýar, eger biziň Ýer-burçjagazymyzy Nýu-Ýorkda goýsaň, onda 21 ýyllap uçmasy gerek bolan Gün Nýu-Ýorkda ondan ýigrimi dört metr aralykda ýerleşerdi, biziň masştab modelimizdäki iň golaý

ýyldyz bolsa, Los-Anjelesden aňyrda bir ýerlerde, Ýuwaş ummanyň 1000 km. jümmüşinde ýerleşerdi! Iň golaýdaky şol ýyldyza syýahat etmek üçin, eger saklanman gitseň, takmynan 51 *milliard* ýyl gerek bolardy! Ýagny 51 000 000 ýyl! Şeýle-de bolsa, bu ýyldyzdan ýagty Ýere çenli 4,3 ýylda ýetýär!

Temany jemleýäris. Gijelerine siziň ýaraglanmadyk göz bilen görýän ýyldyz şaryňyzyň köpüsi bizden ýüzden başlap, müňlerçe ýagtylyk ýyllary aralykdadyr. Şeýle-de bolsa, dört müň ýagtylyk ýyly aralykda ýerleşýän bolsa-da, ýaraglanmadyk göz bilen görüp bolýan ýyldyzlaryň birnäçesi hem bar (olaryň biziň kiçijek galaktikamyzdaky iň uzak ýyldyzlar däldigini ýatladýarys). Şol ýyldyzlaryň iň bolmanda birine uçarda baryp ýetmek üçin näçe wagtyň gerek boljagyny sanamaga synanyşjagam däl. Ýöne siz pikir edip görüň: siz gije daşary çykyp asmana seredeniňizde görýän, 4000 ýagtylyk ýyly aralykda ýerleşýän ýyldyzlar aslynda ýyldyz däl-de, aslynda şol ýyldyzy, takmynan, Ybraýymyň Sara öýlenen wagtlarynda terk eden, şol wagtdan bäri hem, 670 million km. tizlikde saklanman hereket edýän, ýöne Ýere diňe şu wagt gelip ýeten ýagtyny görýärsiňiz!

Ýatda saklaň, bu bary-ýogy biziň Akmaýanyň ýoly atly kiçijik galaktikamyzdaky ýyldyzlardyr. Biz beýleki milliardlarça galaktikalara seretmedigem! Galaktikalaryň arasynda örän uly giňişlikleriň bardygyny ýatdan çykarmaň! Mysal üçin, bize örän ýakyn duran Andromeda atly goňşy galaktikamyz bar. Bizde oňa çenli bolan aralyk takmynan 2,3 million ýagtylyk ýylydyr! Pikirlenip bir görüň, sagatda 670 million km. tizlikde hereket edýän ýagta şu galaktikadaky Ýerimize gelip ýetmegi üçin iki million ýyldan gowrak wagt gerek bolýar! Ol bolsa, biziň iň golaý goňşymyz. Mundan başga-da milliardlarça galaktikalar bar ahyry! Biz entek özümiziň düşünje mümkinçiliklerimiziň çäklerinden çykmadykmy?

Ýene bir gezek ýatladýaryn: Işaýa Hudaýyň ummasyz Älemi garyşlary – uly barmakdan kiçi barmaga çenli bolan aralyk bilen ölçändigini aýdýar! Mundan başga-da, Süleýman Hudaýyň Ruhy arkaly: “Hudaý hakykatdan-da ýerde mesgen tutarmy? Seni gök-de, aryş-da sygdyryp bilmez” (1 Patyşalar 8:27) - diýýär. Siz biziň Kim barada gürrüň edýänimize bir düşünýärsiňizmi?

Bu zatlaryň hemmesi barada ogullarymyza biz gürrüň berenimizden soň, NBA-nyň superýyldyzynyň derejesine bolan dogry garaýyş olara gaýdyp geldi. Biziň Ýaradyjymyzyň beýikligi hakdaky pikirlenmelerden soň, olar onuň zehininiň öňünde sagdyn bolmadyk buýsanjy duýmadylar.

Ýöne siziň üçin, okyjy, men ýene birazrajyk öňe gitmek isleýärin. Biziň

Gökdäki Atamyz diňe bir akla gelmejek masştabdaky we proporsiýadaky täsin zatlary ýaratmady. Şol ýaradylan zatlaryň inçelikleri-de Onuň şöhratyny yglan edýär. Tebigatyň bu dünýäsiniň emele gelşini öwrenmek üçin ylym ýyllary we ummasyz serişdeleri sarp edýär. Ýöne ol entek oňa Hudaýyň Öz ýaradan zatlaryna salan akyldarlygynyň diňe bir bölejigini açdy. Jogaby bolmadyk soraglar ýene galdy. Onuň taslamalary we struktura elementleri öňküsi ýaly kalbyňy joşdurýar.

Ähli görnüşdäki ýaşaýşyň esasynda öýjükler ýatandyr. Öýjükler – bu adam, ösümlik, haýwan we beýleki janly-jandarlaryň organizmleriniň gurluşyk toplumydyr. Öz başyna bir inženerlik pikiriniň gudraty bolup durýan adam bedeni özünde takmynan 100 000 000 000 000 000 öýjügi saklaýar (siz bu sana akyl ýetirip bilýärsiňizmi?), özem bu öýjükler örän dürli. Hudaý Öz akyldarlygy bilen bu öýjükleri belli bir wezipäni ýerine ýetirmeklige belledi. Olar ösýärler, köpelýärler we ahyrsoňunda – diňe rejesi boýunça – ölýärler.

Öýjükler ýaraglanmadyk göz bilen görünmeýän bolsalar-da, olar adama belli bolan bölejikleriň iň kiçisi däldir. Öýjükler molekulalar diýilýän köp sanly ownuk strukturalardan ybaratdyr, molekulalar hem elementler diýilýän olardan-da ownuk strukturalardan ybarat. Elementleriň içinde bolsa, atomlar diýilýän ondan-da ownuk strukturalar bar.

Atomlar şeýle kiçi bolup, bu sözlemiň ahyryndaky nokatda olaryň milliardlarçasy bardyr. Atom her neneň kiçi bolsa-da, ol dolulygyna diýen ýaly, boş giňişlikden durýar. Atomlaryň galan bölekleri protonlardan, neýtronlardan we elektronlardan durýar. Protonlar bilen neýtronlar kiçijik we örän berk bolup, atomyň iň merkezinde duran ýadroda ýerleşýär. Şol ýadronyň töwereginde ýagtylygyň tizliginde elektronlar diýilýän kiçijik energiýa dessejikleri aýlanýar. Bu bizi birikdirýän esasy struktura elementleridir.

Atom güýji nireden alýar? Onuň energetik bölejiklerini haýsy güýç bilelikde saklaýar? Alymlar ony *elektomagnit* we *ýadro* güýçleri diýip atlandyrýarlar. Bu bary-ýogy şu wagta çenli-de doly düşündirmesi mümkin bolmadyk häzirkizaman ylmy termindir. Hudaý “hemme zady Öz sözüniň güýji” (Ýewreýler 1:3) bilen saklaýandygyny aýtdy ahyry. Kolosiýalylara ýazylan hatda “hemme zadyň Ol arkaly durandygy” (Kolosiýalylar 1:17) aýdylýar.

Birazajyk durup, bu barada pikir ediň. Ine, şol Ýaradyjyny biz Atam diýip atlandyrýarys we Ol hatda Äleme-de sygmaýan Hudaýdyr. Ol Älemi bir garşy bilen ölçäp bilýär, ýöne şol bir wagtyň özünde-de Ol biziň kiçijik planetamyzyň we onda ýaşaýan janly-jandarlaryň taslamasyny

şeýle ownuk böleklerine çenli oýlap tapypdyr welin, häzirkizaman ylmy derňewlere köp ýyllar geçenden soň hem, ummasyz mukdardaky soraglara jogap berip bilmeýär. Mezmurçynyň şeýle diýip ýüzlenmegi geň zat däldir:

> Seniň gökleriňe – barmaklaryň işine,
> Seniň goýan Aýdyr ýyldyzlaryňa nazar aýlanymda, şeýle diýýärin:
> “Adam näme Sen ony ýatlaryň ýaly?
> Ynsan ogly näme aladasyny ederiň ýaly?” (Zebur 8:4, 5).

Şunuň bilen tamamlamak mümkin diýip pikir edýärin. Eger maňa muny bilmek mümkin bolan bolsa, onda mezmurçy Hudaýyň tagtyny gurşap duran äpet perişdeleriň biriniň pikirini beýan edýär diýerdim. Olar Hudaýyň akyl ýetirip bolmaýan beýikliginiň tükeniksizligi sebäpli mukaddeslige çagyrmagy dowam etdirýärler. Şol perişdeler Hudaýyň ummasyz Älemi bar çylşyrymlylygy bilen bile ýaradyşyny gördüler, soň hem adamlaryň ýaradylyşyna syn etdiler we: “Indi bu näme? Näme üçin Hudaý bu kiçijik planetadaky bu adamjyklara beýle üns berýär?” – diýip ýüzlenendirler.

Meniň bilen bolan gürrüňden soň ogullarym biziň döwrümiziň meşhur adamlarynyň şöhratyndan lezzet almadylar, olar bar ünslerini olara bermediler. Oglanlar biziň planetamyzdaky hemme zadyň, Hudaýymyzyň beýikligi bilen deňeşdireniňde, sönýändigine düşündiler.

Bu goşundy sizde-de şonuň ýaly täsir galdyrandyr diýip pikir edýärin. Hudaýyň Işaýa pygamberiň üsti bilen Öz halkyna: “Siz Meni kime meňzedýärsiňiz we kim bilen deňeşdirýärsiňiz?” (Işaýa 40:25) diýip beren soragynyň esasynda okan zatlaryňyzyň üstünde pikirleniň.

Elbetde, Onuň ýaradylyşynyň gudratlary we akyldarlygy barada ençe kitaplary ýazyp bolar. Ýöne bu ýerde men öz öňümde onuň ýaly maksady goýmaýaryn. Men Onuň elleriniň ýaradan zatlaryna haýran galmak we guwanmak isleýärin, sebäbi olar Onuň beýik şöhratyny yglan edýärler!

# ŞEÝTANYŇ ALY

*Bagyşlamazlygyň ölüm howply duzagyndan azat ýaşamak*




“Şeýtanyň aly” atly kitap imanlylary Hudaýyň erkini amal etmekden çetleşdirmek üçin duşmanyň ulanýan iň mekir tilsimleriniň biriniň – ýalana maýyl bolmaklygyň tebigatyny açyp görkezýär. Köp adamlar şeýtanyň bu duzagyna düşendiklerini hatda aňlaman-da galýarlar.

Aldanmaň! Isa Mesih: «Günä duçar edýän zatlaryň gelmegi gutulgysyzdyr» diýdi (Luka 17:1). Siz bu zatlar babatda hiç zat edip bilmeseňiz-de, olara nähili jogap berjegiňiz size baglydyr. Eger siz günä duçar edýän zatlara dogry garasaňyz, onda gynanmarsyňyz, gaýtam öňküden-de güýçlenersiňiz. Size Hudaý bilen päsgelçiliksiz gatnaşygy saklamaga diňe dogry garaýyş kömek eder.

Jon Biwer şu kitaby arkaly Hudaýyň erkine sadyk galmaga, müňkürlikden we ynamsyzlykdan azat bolmaga ýardam etjek maslahatlary berýär. Siz pida bolan adamyň garaýyşlaryna uçramakdan saklanarsyňyz, kynçylyklary bolşundan has ulaltmazlygy we lapykeçlige duçar bolmazlygy öwrenersiňiz. Siz Hudaýa tabyn bolmagyň iň ýokary derejesini öwreneniňizde, birek-biregi aňsatlyk bilen bagyşlarsyňyz, bozulan gatnaşyklary dikeldersiňiz, siziň durmuşyňyz bolsa we tükeniksiz şatlykdan dolar.

**MessengerX.com** -da elýeter

# BAKYLYKDAN YLHAMLANÝANLAR

*Şindi we bütin bakylykda manysy bolan durmuş*




Ýer ýüzündäki ýaşaýyş – gözden gaýyp bolýan tüsse kimin bolsa-da, biziň köpimiz onuň beýleki tarapynda hiç zat ýok ýaly ýaşaýarys. Emma biziň şindiki durmuş ýörelgämiz bakylykdaky durmuşymyzy kesgitleýändir. Hudaýyň Sözi imanlylaryň dürli derejedäki sylaglary aljakdygy, ynsanyň gazanan zatlarynyň onuň gözüniň alnynda ýanyp ýok boljakdygy we hemme zadyň Isa Mesihiň şalyk sürmegi bilen tamamlanjakdygy barada bize aýdýar.

Jon Biwer 2 Korintoslylar 5:9 – 11-de beýan edilen prinsipleriň esasynda bize ähli imanlylaryň Isa Mesihiň öňünde durup, ýerde ýaşan ýaşaýyşlaryna görä sylag ýa-da jeza aljakdygyny ýatladýar. Biziň köpimiz ömrümizi bakylykda hasaba alynmaýan biderek zatlara sarp edendigimizi bilenimizde, ruhy sargynlyga duçar bolarys.

Şunlukda, biz ömrümizi nädip manylandyryp bileris? Siz «*Bakylykdan ylhamlanýanlar*» atly kitapdan öz çagyryşyňyzy saýgarmagy we Hudaýyň size berenlerini artdyrmagy öwrenersiňiz. Durmuşa bakylyk nukdaýnazaryndan garamak bilen, siz şindi berlen zatlaryň üstünde zähmet çekmäge gujur-gaýrat alarsyňyz.

**MessengerX.com** -da elýeter

# HUDAÝ, SEN NIREDE?!

*Öz çölüňizde güýç we maksat ediniň*




Siz, belki Hudaýyň sesini eşidensiňiz, ýöne indi Ol dymýan ýaly bolup görünýär. Siz, belki imanda hereket edensiňiz, ýöne indi Onuň huzuryny tapyp bilmeýäňiz. Eger şeýle bolsa, çöle hoş geldiňiz – bu ýer Hudaýdan wada almak bilen onuň berjaý bolmagynyň arasyndaky ýerdir.

Ýöne bir oňat habar hem bar: çöl – bu maksatsyz we boş ýer däl. Siz bu çölden dogry geçen ýagdaýyňyzda, Hudaý ony öz çakylygyňyza taýynlamak we ýol şaýyňyzy üpjün etmek üçin ulanýar. Köp adamlaryň näme pikir edýändigine garamazdan, biz bu möwsümden diňe Hudaýa garaşyp geçmeýäris. Siz çölden geçeniňizde, öz roluňyzy ýerine ýetirmeli; siziň roluňyz ähmiýetlidir. Eger siz wagtyňyzy biderek sarp edip, şol bir ýerlere öwran-öwran aýlanmak islemeseňiz, çölüň nämedigini bilmelisiňiz.

Bestselleriň awtory Jon Biwer aýanlykdan doly bu kitabynda Mukaddes Kitabyň açary bilimlerini we çuň manyly wakalaryny siziň bilen paýlaşýar. Olar size gurak we kyn möwsümlerden geçip, Hudaýyň siziň üçin taýynlan zatlarynyň ählisine girmäge kömek eder.

MessengerX.com X -da elýeter

# X: HUDAÝÝŇ SIZE BEREN GÜÝJÜNI KÖPELDIŇ




Siz haçan hem bolsa özüňizi Hudaýyň Şalygynda synlaýjy hökmünde duýupmydyňyz? Siz, belki, haýsydyr bir zatlary etmelidigiňizi bilseňiz-de, kesgitli nämeleri etmelidigiňize doly düşünip bilmeýän bolmagyňyz ahmal. Biziň köpimiz öz durmuşymyz arkaly uly täsirleri ýetirmegi arzuwlaýarys, ýöne, belki, jogapsyz galýan şeýle soraglaryňyzyň bolmagy ahmal:

- Durmuşymda Hudaýyň erkini sypdyrmaýandygymy nädip bilmeli?
- Hudaýyň Şalygyny bina etmekde meniň üýtgeşik ruhy peşgeşlerimiň orny nähili?
- Hudaýyň maňa beren güýjüni ulanýandygyma nädip göz ýetirmeli?
- Eger men “hyzmatda” bolmasam, meniň çagyrylyşym has ähmiýetsiz bolýarmy?
- Hudaýyň merhemetinde ýaýnamak bilen Onuň Şalygy üçin hereket etmegiň arasyndaky deňagramlylygy nädip saklamaly?
- Ynamsyzlygyň we töwekgelligiň bolan ýagdaýynda hem öňe hereket etmek üçin gorkyny nädip ýeňip geçmeli?

Jon Biwer yhlas bilen ýazan bu kitabynda Mukaddes Ýazgylardan jikme-jik öwrenen zatlaryna esaslanýar. Ol siziň öz çakylygyňyz babatda başgaça oýlanmagyňyza, onuň Hudaý üçin näderejede wajypdygyna düşüneriňiz ýaly, ynandyryjy wakalary mysal getirýär. Siz bu kitabyň sahypalarynda Hudaýyň beren ruhy peşgeşlerini köpeltmegi we öz mümkinçilikleriňizi doly ulanmagy öwrenip bilersiňiz!

**MessengerX.com** X -da elýeter

# HORMAT SYLAGY

*Bu unudylan ýagşy häsiýetiň güýjüni açyň*




Mesihileriň biri-de Hudaýy çäklendirmek islemeýär. Ýöne biziň köpimiz hormat babatdaky örän wajyp ruhy esasa äsgermezçilik etmek bilen, öz durmuşymyzda Hudaýyň hereketlerini bilmezden çäklendirýäris.

Hormat – bu biziň medeniýetimizde ýitdi diýseň-de boljak düşünje; emma siz kitabyň sahypalaryndan Hudaýyň Şalygynyň durmuşymyzyň ähli çäklerine aralaşyp bilmegi üçin bu düşünjäniň esas bolup durýandygyny görersiňiz.

Bestselleriň awtory Jon Biwer “Hormat sylagy” atly kitabynda hormatlamaga bolan çagyryşy kabul etmek bilen, Hudaýyň gymmatlyklar ulgamyna laýyk bolup başlaýandygyňyzy we Onuň siz üçin taýynlan zatlaryň ählisini alýandygyňyzy açyp görkezýär.

Bu kitap Mukaddes Ýazgylaryň çuňňur esaslaryny gündeki durmuşda gabat gelip, haýrana galdyrýan wakalary bilen birleşdirip, ýatdan çykyp barýan bu ýagşy häsiýete ter garaýyş bilen garamaga mümkinçilik berer we, iň esasy zat, ony durmuşyňyzyň her bir çäginde ulanmaga höweslendirer.

**MessengerX.com** X -da elýeter

# MessengerX

*Her bir adam üçin şägirtçilige ýol we her ýerde*




- **125-den gowrak dilde mugt;**
- priloženiýada we onlaýnda elýeter;
- siziň ruhy ösüşiňiz üçin niýetlenen materiallar;
- öz taryhyňyzy we şägirtçilik ýoluňyzy yzarlaň.



Messenger-iň şägirdi bolmak üçin resurslaryň doly kitaphanasyny: elektron kitaplary, wideo we audio okuwlary, audiokitaplary, Mukaddes Ýazgylary alyň. Öz ähli enjamlaryňyzda tomaşa ediň, okaň we diňläň.




## MessengerX.com

Ýüklemek App Store

Almak Google Play

Bütin dünýä boýunça App Store и Google Play-da elýeter

# Hudaýdan gorkmak nämäni aňladýar?

Siz öz Ýaradanyňyz bilen has ýakyn gatnaşyk gurmak isleýärsiňizmi? Ol uzakda ýaly, hatda göze ilmeýän ýaly görünýärmi? Jon Biwer Hudaýyň ýanymyzdadygyna ynandyrýar, ýöne Onuň bilen gatnaşygyňyzda nämedir örän möhüm bir zadyň – Rebden gorkmagyň ýetmeýändigi ahmaldyr.

Jon Biwer "Hudaýdan gorkmak" atly kitabynda sizi öz gutulyşyňyzy gorky we titreme bilen amala aşyrmagyň manysyna täzeçe garamaga çagyrýar. Bu köp zatda ýatdan çykarylan ýagşy gylyk bolup – doly derejeli we miweli durmuşa tarap adaty bolmadyk ýoldur. Siz mukaddes gorkynyň nämedigini öwrenersiňiz:

- ol Hudaý bilen ýakyn gatnaşykda bolmak üçin möhümdir;
- bizi beýleki gorkulardan we aladalardan azat edýär;
- biziň içki isleglerimizi we niýetlerimizi arassalaýar;
- bizi hakyky paýhasa, düşünmeklige we bilime alyp barýar.

Mukaddes hormat Hudaýyň biziň üçin niýetlän durmuşyny açýar. Diňe bu gowy gylygy özümizde ösdürip, köplere ýetip bolmajak ýaly görünýän rahatlygy, howpsuzlygy we şatlygy tapýarys. Ýaradanymyzyň huzurynda gorkydan gysylmagyň deregine, sizi durmuşyň iň ýokary derejesine çykarjak we sizi baky üýtgedýän Hudaýdan gorkmagy kabul ediň.



**JON BIWER** – Hudaýyň Sözüne batyrgaý, eglişiksiz çemeleşmegi bilen tanalýan gullukçydyr. Şeýle hem, ol halkara derejede iň köp satylýan kitaplaryň awtory bolup durýar, onuň kitaplary millionlarça tiražda satylyp, 125-den gowrak dile terjime edilendir. Jon we onuň aýaly Liza – "Messenger International" gullugyny esaslandyryjylardyr, bu gullugyň maksady – bütin dünýädäki şägirtlige düýpli täsir etmekden we Mesihiň yhlasly, tutanýerli şägirtlerini terbiýeläp ýetişdirmekden ybaratdyr.

MessengerX

Mugt göçürip almak we wideo akymlary üçin **MessengerX.com** saýta giriň

Has köp zat isleýärsiňizmi? Skanirläň

Messenger INTERNATIONAL

Bu kitap – awtordan sowgat
Satuwa degişli däl